TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

## YZZEDDIN IBN ESIR

# KÄMIL TARYH

عزّ الدين ابن الاثير

# الكامل في التاريخ

## II

**Arap dilinden terjime eden
we çapa taýýarlan
Rahman Ilmämmedow**

AŞGABAT «MIRAS» 2005

**UOK 950**
**I 12**
**I 12 Ibn Esir Y.**
Kämil taryh, II jilt. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 – 344sah.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**R.Geldiýew**, *dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty*

*XIII asyrda ýaşap geçen beýik taryhçy alym Yzzeddin ibn Esiriň «Kämil taryh» atly kitaby dünýä taryhyny öwrenmekde iň ygtybarly çeşmeleriň biri hasaplanýar. Ömrüniň agramly bölegini türkmen hökümdarlarynyň hemaýatkärliginde geçiren Ibn Esiriň türkmen serkerdeleriniň ýörişlerine, söweşlerine taryhçy hökmünde gatnaşandygy has-da gyzyklydyr. Ol birnäçe wagtlap Mosul atabegleri bilen halypanyň arasynda ilçi bolýar. Ol öz ýazgylarynda beýan edýän wakalarynyň köpüsine gözli şaýat bolan şahsdyr.*

*Ibn Esiriň «Kämil taryh» atly köp jiltli eseriniň esasan türkmen halkynyň taryhy bilen baglanyşykly bölümleri saýlanyp terjime edildi.*

*Türkmen halkynyň taryhyna degişli gyzykly maglumatlary özünde jemleýän bu kitap Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy zamanasynda ilkinji gezek türkmen dilinde neşir edilip, giň okyjylar köpçüligine ýetirilýär.*

**TMMMM №28**

**TDKP №4** **2005** **KBK 63,3(5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2005 ý.
Ibn Esir Y., II jilt, 2005 ý.
Ilmämmedow R., terjime, çapa taýýarlama, 2005 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň
Ilkinji we Ömürlik Prezidenti
Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň
howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň il-günüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany

dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, *«**Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyklaryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-***

***babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr*».** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

Eziz halkym!

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

## 451-NJI HIJRI ÝYLY
*(17.02.1059 — 05.02.1060 ý.)*

## GAZNA HÖKÜMDARY FERRUHZADYŇ ÖLÜMINIŇ WE DOGANY YBRAÝYMYŇ HÖKÜMDAR BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň sapar aýynda Gazna hökümdary Ferruhzat ibn Mesut ibn Mahmyt ibn Söbüktegin ýogaldy. Gullary 450-nji ýylda ony öldürmek üçin oňa garşy dildüwşük guraýarlar. Ferruhzat hammamdaka gullary onuň üstüne hüjüm etdiler. Ferruhzat ýanyndaky gylyjy bilen olardan gorandy. Soň beýleki döwlet adamlary gelip, ony halas etdiler we gullary öldürdiler.

Ferruhzat bu ýagdaýdan soň ölüm gürrüňini köp edip ugrady we dünýä durmuşyny taşlady. Bir ýyllap şeýle ýagdaýda gezdi. Bu ýyl hem içinden sanjy keseli döräp ýogaldy. Onuň ýerine dogany Ybraýym ibn Mesut ibn Mahmyt geçdi. Ybraýym dogry ýoldan ýöredi. Hindistanda gazawat üçin gerekli taýýarlyklary gördi we atasy bilen kakasynyň basyp alyp bilmedik ýerlerini-de eýeledi. Özi hem rejep, meret we oraza aýlarynda agyz beklärdi.

## SOLTAN YBRAÝYM BILEN ÇAGRY BEG DAWUDYŇ ARASYNDA GAZANYLAN YLALAŞYGYŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Ybraýym ibn Mesut ibn Mahmyt ibn Söbüktegin bilen Horasanyň häkimi Dawut ibn Mikaýyl ibn Seljugyň arasynda ylalaşyk gazanyldy. Ylalaşyga görä, her haýsy öz golastyndaky ýerlere häkim bolmalydy. Öz aralaryndaky ýer üçin dawa-jenjeller ýatyryldy.

Bu ylalaşygyň sebäbi şeýledi. Iki tarapyň ýolbaşçylary hem oýlanyşyp gördüler. Iki hökümdar hem biri-birlerini ýeňip bilmejekdigine, mal-mülklerini ýersiz-ýere harçlajakdyklaryna, esgerleri ýadatjakdyklaryna, ilatyň emläginiň talanjakdygyna we nähak ýere öldüriljekdigine gözleri ýetip, ýaraşyk üçin ylalaşdylar. Netijede, ylalaşyk we şertnama taýýarlandy. Ilat muňa begendi, kynçylyklardan halas bolmaklary olary şatlandyrdy.

## ÇAGRY BEG DAWUDYŇ ÖLÜMININ WE OGLY ALP ARSLANYŇ HÖKÜMDAR BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň rejep aýynda soltan Togrul begiň dogany Çagry beg Dawut ibn Mikaýyl ibn Seljuk ýogaldy. Başga bir gürrüňe görä, ol 452-nji ýylyň sapar aýynda ýogaldy diýilýär. Çagry beg ýogalanda ýetmiş ýaş töweregindedi. Horasanyň häkimi bolan Çagry beg Söbükteginogullarynyň (gaznalylaryň) garşysyna çykyp, olar bilen söweşip, olary Horasandan kowup çykarypdy. Onuň ölüminden soň Horasana ogly Alp Arslan häkim boldy. Çagry begiň yzynda birnäçe ogul galdy. Bularyň arasynda Alp Arslany, Ýakudy, Süleýmany we Gurt begi agzap bileris. Soltan Togrul beg Çagry begiň ölüminden soň Süleýmanyň ejesine öýlendi we özünden soň tagta Süleýmanyň geçmegini wesýet etdi. Onuň bilen baglanyşykly hadysalary soňra aýdarys.

Çagry beg haýyrsöýer, adalatly, ýagşy häsiýetli, Allanyň özüne beren nygmatlary üçin Alla şükür edýän ynsandy. Çagry begiň Saragt kazysy Abdyssamat arkaly dogany soltan Togrul bege iberen haty hem muňa aýdyň mysaldyr. Çagry beg hat ýazyp: «Men seniň basyp alan we eýelän şäherleriňi weýran edendigiňi, ilatyny ol ýerden çykarandygyňy eşitdim. Allanyň bendelerine we şäherlerine garşy eden bu işiň bilen Allanyň emirlerine ters hereket edýändigiň äşgärdir. Bu hili hereketler seniň erbet täsir galdyrmagyňa we ilatyň senden sowaşmagyna sebäp bolar.

Öz bilşiň ýaly, biz otuz kişi bilen duşmanyň üç ýüzüsiniň garşysyna çykdyk we olary ýeňdik. Biz üç ýüz kişi bilen olaryň üç müň kişilik goşunyny ýeňdik, üç müň kişi bilen olaryň otuz müň kişili goşunyny dep etdik. Ýaňy-ýakynda hem Şamälik bilen çaknyşdyk. Onuň goşuny örän köp bolsa-da, ony derbi-dagyn etdik we Horezmdäki ülkesini eýeledik. Ol bizden gaçyp, bäş ýüz parsah[1] uzak ýere gitdi. Ýöne onda-da, biz ony ýeňdik we ony ýesir tutup öldürdik. Horasan, Tabarystan we Sistan ülkelerini basyp aldyk. Başda biz kiçi we tabyn ýagdaýdadyk. Indi bolsa, özümize tabyn hökümdarlar bolan uly döwlet bolduk. Allanyň bize beren munça nygmatyna beýle bigadyrlyk etmeli däldiris» diýdi.

Togrul beg hem ilçiden doganyna şeýle jogap ýazdy: «Eý, doganym! Sen Horasany eýelediň. Ol ýeri ösen ülkedi. Ol ýeri weýran etdiň. Ol ýerde derrew düzgün-tertibi ýola goýmagyň gerek. Men bolsa menden öňküler tarapyndan weýran we haraba edilen ülkä geldim. Maňa duşmanlar tarapyndan daşy gurşalan bu ülkede düzgün tertibi ýola goýmak örän kyn bolar. Esgerler hem bialaç şäherleriň üstünden geçenlerinde, şäherler

[1] Parsah – 5544 metre deň bolan uzynlyk ölçegi.

aýak astyna salynýar. Şäherleri bu zyýanlardan goramak mümkin däl».

Çagry beg bilen baglanyşykly aýdylan zat köp. Ýöne biz sözümizi uzaltmajak bolup, bulary beýan etmedik.

## SOLTANYŇ WASYTA GITMEGINIŇ, ESGERLERINIŇ AMALA AŞYRAN ISLERINIŇ WE DUBEÝS BILEN ARASYNYŇ DÜZELMEGIMIŇ BEÝANY

Soltan Togrul beg Bagdatdaky işlerini bitirensoň, Wasyt şäherine gitdi we şäheriň talanandygyny gördi. Şol mahal Hazarasp ibn Bengir hem soltanyň ýanyna geldi. Hazarasp soltan Togrul beg bilen Dubeýs ibn Mezýedi ýaraşdyransoň, ony hem Togrul begiň hyzmatyna saldy. Soň bilelikde Bagdada gitdiler. Sadaka ibn Mansur ibn Hüseýin hem olar bilen bilelikde Bagdada gaýtdy.

Soltan Togrul beg Wasyty iki ýüz müň dinara Abu Aly ibn Fazlana, Basrany hem (ylalaşylan möçber bilen) Agar Abu Sagt Sabur ibn Muzaffara ykta[1] hökmünde berdi. Soltan soň Dejle[2] derýasyndan geçip, Bagdadyň gündogar ýakasyna, ol ýerden hem Batyha töwereklerine çenli gitdi. Esgerler şol mahal Wasyt, Basra we Ahwaz aralygyndaky ýerleri taladylar.

452-nji ýylyň sapar aýynda soltan ýanyna Abylfath ibn Werramy, Hazarasp ibn Bengir ibn Ýýady, Dubeýs ibn Mezýedi, Abu Aly ibn Mälik Abu Kalyjary, Sadaka ibn Mansur ibn Hüseýini we beýlekileri alyp Bagdada gaýtdy. Ol ýerde halypa bilen duşuşdy. Halypa uly zyýapat berdi we bu zyýapata soltan, emirleri we beýleki adamlary gatnaşdylar. Soltan Togrul beg hem uly zyýapat berdi we emeldarlary çagyryp, olara halat-serpaý ýapdy. Soň 452-nji ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda

---

[1] Ykta – hökümdar tarapyndan emirlere berilýän mülk ýeri.

[2] Dejle – Yrakda bir derýanyň ady, Tigr.

soltan Jebele tarap ýöredi. Emir Porsugy hem Bagdada şihne edip belledi. Şeýle-de Bagdady Abylfath Muzapber ibn Huseýine dört ýüz müň dinara ykta hökmünde berdi.

## 452-NJI HIJRI ÝYLY
*(06.02. 1060 — 25.01. 1061 ý.)*

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl soltan Togrul beg Mahmyt ibn Ahram Hafaja halatserpaý ýapdy, Hafaja ogullarynyň emirligini, Kufe häkimligini we Sakýyl Fyraty oňa berdi. Soltanyň ol ýerdäki ýakyn adamlary her ýyl dört müň dinar tölenmegine kepil geçdiler. Şeýle hem soltan Rejep ibn Menigi ol ýerden kowdy.

Bu ýyl ýaşy segsenden geçen Bagdadyň howpsuzlyk guramasynyň müdiri Abu Muhammet Nesewi ýogaldy.

Bu ýylyň boş aýynda Zenjanda soltan Togrul begiň aýaly Hatyn ýogaldy. Soltan onuň ölümine gaty gynandy. Ony Reý şäherinde jaýladylar.

## 454-NJI HIJRI ÝYLY
*(15.01.1062 — 03.01.1063 ý.)*

## SOLTAN TOGRUL BEGIŇ HALYPANYŇ GYZY BILEN NIKALAŞMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Togrul beg bilen halypa Kaýym Biemrilläniň gyzynyň nikasy gyýyldy. Öň 453-nji (1061-nji) ýylda Reýiň kazysy Abu Sagdyň araçylygy bilen gudaçylyga gelnipdi. Halypa bu işe närazy bolupdy. Abu Muhammet Temimini jogap bermek üçin iberdi we bu işi goýbolsun etmegini teklip etdi. Eger razy bolmasa, onda bu işiň amala aşmagy üçin soltanyň

galyň hökmünde üç ýüz müň dinar bilen Wasyty we daş-töweregini bermegini sorady.

Abu Muhammet Temimi soltanyň ýanyna gelende bu gudaçylygy goýbolsun etmegi we ötünç bilen baglanyşykly meseläni wezir Amydylmülke aýtdy. Onda wezir:

— Soltan ýalbaryp haýyş edensoň, onuň teklibiniň ret edilmegi we ötünç soralmagy bigelşik bolar. Teklibiň kabul edilmeginiň deregine, mal-mülk we galyň islenilmegi hem nädogrudyr. Soltan onuň isleýäninden hem has köp berýär ahyry — diýdi.

Temimi:

— Meniň işim saňa aýtmak, sen näme etseň ol dogrudyr — diýdi.

Wezir Amydylmülk hem bu jogapdan soň teklibi kabul edilen hasaplap işe girişdi. Wezir jogaby soltana habar berensoň, soltan begendi. Ilaty ýygnap, maksadynyň halypa arkaly Hezreti pygamberiň neberesi bilen garyndaşlyk açmakdygyny beýan etdi. Şeýdip, soltan özünden başga hiç bir hökümdara nesip bolmadyk bagta ýetdi.

Soltan Amydylmülke halypanyň aýaly Arslan Hatyn bilen bilelikde ýola şaýlanmagy we ýanyna ýüz müň dinar pul bilen şaý-sep almagy üçin buýruk berdi. Soltan şeýle-de Feramurz ibn Käkeweýhi, emirleri we Reý şäheriniň emeldarlaryny hem wezir bilen bilelikde Bagdada iberdi.

Amydylmülk halypa Kaýym Biemrilläniň ýanyna baryp halypanyň aýaly Hatyny öýüne eltdi, özüniň we ýanyndakylaryň gelendigini habar berdi. Öýlenmek meselesi bilen baglanyşykly ýagdaýy halypa aýdansoň, halypa muny kabul etmedi.

Halypa:

— Eger biziň bu meselede ötünjimizi kabul etmeseňiz, Bagdady terk edip giderin — diýdi.

Onda Amydylmülk oňa:

— Eger kabul etmejek bolsaňyz, hiç hili şert öňe sürmezden ret etmelidiňiz. Öňde goýan şertleriňiz kabul edilensoň, ýüz döndermek, gan dökülmegi üçin sebäp bolup biler — diýdi we çadyrlaryny Nehrewana çykardy.

Ýöne kazyl-kuzat[1] we şyh Abu Mansur ibn Ýusup ony saklady we halypa:

— Amydylmülküň beýle ýagdaýda yzyna gitmeginiň netijesi erbet bolar — diýdiler.

Halypanyň weziri Ibn Darest Amydylmülk üçin zyýapat berdi. Amydylmülk hem zyýapata gelende metjidiň içinde: «Mugawyýa Alynyň daýysydyr» diýlip ýazylan ýazgyny gördi we derrew ony aýyrmaklaryny buýruk berdi.

Halypalyk diwanyndan Humartegin Tugraýa hat ýazyldy we Amydylmülke arz-şikaýat etdiler. Humartegin hem hatyň jogabynda Amydylmülke sypaýyçylyk we mähirlilik görkezilmegini maslahat berdi. Halypa hem Abydylmülke hat ýazyp:

— Biz ýagdaýy seniň ygtyýaryňa goýýarys we bu meselede seniň dindarlygyňa we dogruçyllygyňa ynam bildirýäris — diýdi.

Amydylmülk hem bir gün wezirlerden, kazylardan we şaýatlardan ybarat topar bilen halypanyň ýanyna geldi. Mejlise özi ýolbaşçylyk etdi, ondan başga hiç kim geplemedi. Ol halypa garap:

— Hojaýynymyz möminleriň emiriniň wepaly guly bolan şahyn şa Rukneddiniň (soltan Togrul begiň) isleglerini ýetirmek meselesi bilen öň gelendigimi bu ýerdäki jemagata habar bermegiňi haýyş edýärin — diýdi.

Halypa Kaýym Biemrillä sözi bulaşdyrjak bolup:

— Bu meselede ýeterli derejede jogap ýazyldy — diýdi.

[1] Kazyl-kuzat – kazylar kazysy.

Onuň bu sözünden soň Amydylmülk gaharlanyp, mejlisi terk etdi we dört tirkeşigiň dördünji aýynyň ýigrimi altysyna Bagdatdan çykyp gitdi. Ýanyndaky getiren zatlaryny hem Hemedana alyp gaýtdy. Soltana hem:

— Bu işiň bozulmagyna Humartegin Tugraýy bilen halypanyň dildüwşügi sebäp boldy — diýip habar ýollady.

Soltan Humartegine gaharlandy. Ol hem alty sany hyzmatkäri bilen gaçyp gitdi. Soltan kazyl-kuzat bilen şyh Abu Mansur ibn Ýusuba hat ýazyp, ikisine hem igendi:

— Men halypa üçin doganymy hem öldürdim. Onuň indi maňa edýän sylagy şumy? Men ähli zadymy oňa pida etdim, iň ýakynlarymy oňa bolan söýgim üçin öldürdim — diýdi.

Başga-da käbir zatlary agzap, oňa gaharlandy. Olar hem hatyň jogabynda işiň beýle netijesi sebäpli ötünç soradylar.

Tugraýydan habar alsak, ol Berujirtde ele salyndy. Ybraýym Ýynalyň ogullary Togrul bege:

— Ol biziň kakamyzy öldürdi, biz hem ony öldürmek isleýäris — diýdiler.

Amydylmülk hem bu meselede Humartegin Tugraýyny öldürmekleri üçin olara rugsat berdi. Ybraýym Ýynalyň perzentleri hem Humartegini öldürdiler. Togrul beg onuň ýerine Sawtegini belledi.

Amydylmülk halypa agzyna gelenini diýdi. Togrul beg hem halypanyň doganynyň gyzy bolan aýaly Arslan Hatyny yzyna, özüniň ýanyna getirilmegini isledi. Ýagdaý tas umumy pitnä sebäp bolupdy.

Halypa işiň oňuna däldigini görüp, bu nika razy boldy we Amydylmülküň adyna gyzyň wekilçiligini berdi. Wekilçilik haty Abylganaýym ibn Muhallebandan iberildi we 454-nji ýylyň meret aýynda Töwriziň eteginde nika gyýyldy.

Bu halypalar üçin adaty bolmadyk ýagdaýdy. Buweýhiler apbasly halypalaryny özleriniň tabynlygynda saklap, zulum et-

seler-de, ynançlary halypalaryň düýp ynançlaryna ters bolmagyna garamazdan, bu hili isleg-arzuwda bolmandylar. Togrul begiň eden bu işini etmändiler.

Nika gyýlandan soň, soltan halypa, mirasdüşer şazada, gelne, ejesine we beýleki dogan-garyndaşlaryna köp mukdarda mal-mülk we gymmatbaha zatlar iberdi. Soltanyň ýogalan aýalyna degişli Bakubadaky we Yrakdaky ýerleri hem halypanyň gyzy Seýýide Hatyna berdi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl soltan Togrul beg Deýlem topraklarynda bolan Tyrm galasynyň üstüne ýöriş etdi. Galanyň häkimi Musafyr oňa ýüz müň dinar we müň sany lybas tölemäge razy boldy.

## 455-NJI HIJRI ÝYLY

*(04.01. — 24.12.1063 ý.)*

## SOLTANYŇ BAGDADA GELMEGINIŇ WE HALYPANYŇ GYZY BILEN ÖRÜK ÖÝÜNE GIRMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda soltan Togrul beg Armenýiadan Bagdada tarap ýola rowana boldy. Halypa soltany garşy almak isledi. Ýöne soň soltandan ötünç sorady we soltany garşylamak üçin weziri Ibn Juheýri iberdi.

Soltanyň ýanynda emirlerden Abu Aly Ibn Mälik Abu Kalyjar, Surhap ibn Bedr, Hazarasp, Abu Mansur Feramurz ibn Käkeweýh dagy bardy. Soltanyň esgerleri Bagdadyň günbatar eteginde düşlediler we ilata gaty köp ezýet berdiler.

Amydylmülk halypanyň ýanyna bardy we ýüzbe-ýüz duşuşyp, Seýýidäni bermegini isledi. Şol gijäni hem halypalyk köşgünde geçirdi. Oňa:

— Seniň hatyň şertli. Şonuň üçinem bu nika birleşme dälde, abraýdyr. Eger maksat bu bolsa birleşme halypalyk köşgünde amala aşmalydyr — diýdiler.

Amydylmülk hem:

— Biz muny ederis, ýöne ýeterlik möçberde ýaşamaga öýlerimiz ýok. Soltanyň ýanynda ýörite adamlary, emirleri we hyzmatkärleri bar. Olardan aýra düşmegi mümkin däl — diýdi.

Netijede, sapar aýynyň on bäşine Seýýide Hatyn soltanyň köşgüne getirildi. Seýýide Hatyn altyn bilen gaplanan tagtyň üstünde otyrdy. Soltan gelniň otagyna girdi we ýeri öpüp, oňa hyzmat etdi. Gelin ýüzündäki perdäni aýyrmaýşy ýaly, soltanyň hormaty üçin ýerindenem turmady. Togrul beg oňa şaýseplerden we beýleki zatlardan ybarat birnäçe sowgat berdi. Ol her gün gelip, şeýle ýagdaýda hyzmat edensoň, otagdan çykyp gidýärdi.

Soltan soň weziri Amydylmülke halat-serpaý ýapdy we birnäçe günläp zyýapat berdi. Beýleki emirlere hem halat-serpaý ýapdy. Soltanyň ýüzünde şatlyk alamatlary görünýärdi. Bagdat hem Abu Sagyt Kaýyna ykta hökmünde berildi.

Togrul beg dört tirkeşigiň ikinji aýynda ýatyran mirasdüşerlik salgydy bilen käbir urp-adat salgytlaryny täzeden dikeltdi. Ol Basranyň ykta eýesi bolan Sagt Arabyny tussag etdi we Wasytyň yktasyny iki ýüz müň dinara Abu Japar ibn Sakalyba berdi.

## SOLTAN TOGRUL BEGIŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl dört tirkeşigiň birinji aýynda soltan Bagdatdan Jebele tarap gaýtdy. Reýe baryp, halypanyň aýaly we doganynyň gyzy bolan Arslan Hatynyň ýanyna bardy. Arslan Hatyn halypanyň özüne ýowuz garaýandygyny aýtdy. Soltan hem ony öz ýany bilen alyp gaýtdy. Soltan soň näsaglady we oraza aýynyň sekizine anna güni ýogaldy. Ol ýetmiş töweregi ýaşyndady. Zürýady ýokdy.

Ol ýogalanda, weziri Amydylmülk Kundury ýetmiş parsah uzakdady. Ol soltanyň ölüm habaryny eşidip, derrew ýola çykdy we iki günüň içinde gelip ýetişdi. Soltan heniz jaýlanmandy we ol gelip soltany jaýlady. Halypanyň weziri Fahreddöwle ibn Juheýr soltanyň ölümi sebäpli gelýän gynanç habarlaryny kabul etmek üçin Bagdatda matam tutdy.

Kundury soltanyň şeýle diýendigini gürrüň berýär: «Horasanda gezip ýörkäm düýş gördüm. Düýşümde asmana beýgelýärin. Daş-töweregim duman bilen gurşalandy, hiç zat görmeýärdim. Ýöne ýakymly bir ys duýýardym we maňa:

— Sen Allatagala ýakynsyň, näme islegiň bar bolsa aýt, kabul bolar — diýip ýüzlenýärdiler.

Men:

— Uzyn ömür isleýärin — diýdim.

Maňa:

— Saňa ýetmiş ýaş berildi — diýildi.

Men:

— Eý, Allam, bu maňa ýetmez — diýdim.

Maňa:

— Sen ýetmiş ýaşarsyň — diýildi.

Men:

— Eý, Allam bu maňa ýetmeýär — diýdim.

Maňa:

— Sen ýetmiş ýaşarsyň — diýildi.

Soltan ýogalanda Amydylmülk onuň ýaşyny hasaplady, ýetmiş töweregi ýaşapdy. Onuň hökümdarlygy 7 ýyl 11 aý 12 gün dowam etdi.

## SOLTAN TOGRUL BEG BARADA BEÝLEKI KÄBIR MAGLUMATLAR

Soltan Togrul beg akylly, ýumşak häsiýetli, sabyrly we syr saklaýan adamdy. Bir gezek soltan özüniň ýakyn adamlaryndan biriniň Mälik Abu Kalyjara ýazan we döwlet syrlaryny paş edýän bir hatyny ele saldy. Ýöne muny gizlin saklap, oňa bermeýşi ýaly, oňa hem hiç zat degmedi. Ýöne aradan ep-esli wagt geçensoň, bu meseläni başga birine gürrüň berdi.

Kazyl-kuzat Mawerdi soltan barada şulary gürrüň berdi: «433-nji ýylda halypa Kaýym Biemrillä meni soltanlyga ilçi hökmünde iberdi. Men hem ol ýerden Bagdada halypa bir hat ýazyp, soltanyň ahlak-sypatyny we ýaşaýşyny, ülkesiniň harabaçylyk ýagdaýdadygyny aýtdym. Onuň ähli kemçiliklerini ýazdym. Hat çaparyň elinden gaçypdyr we soltana getirilip berlipdir. Soltan haty okap gördi, maňa hatda ýekeje söz hem aýtmady. Meseläni gizlin saklap, maňa bu meselede hiç zat hem diýmedi. Onuň maňa bolan garaýşynda hem hiç zat üýtgemedi».

Soltan (goý, Alla oňa rehmet etsin!) bäş wagt namazyny geçirmezdi. Baş we hoş günleri agyz beklärdi. Ak eşik geýip gezerdi. Örän jomartdy, onuň jomartlygyny görkezýän hadysalaryň biri hem şu wakadyr: «Dogany Ybraýym Ýynal Anadola gazawata giden mahaly rumlulardan birini ýesir alypdy. Rum hökümdarlarynyň biri ol ýesiri halas etmek üçin dört ýüz müň dinar teklip etdi. Ýöne Ybraýym Ýynal muny kabul etmedi we

ýesiri Togrul bege iberdi. Rum hökümdary Nasruddöwle ibn Merwana hat ýazyp, onuň boşadylmagy üçin Togrul beg bilen görüşmegini isledi. Togrul beg onuň hatyny alansoň, rumly ýesiri fidýe[1] almazdan Ibn Merwanyň ýanyna iberdi. Ýanyna hem bir şaýyny ýolbelet edip goşdy. Onda Rum hökümdary soltan Togrul bege öňki döwürlerde hiç hili meňzeşi görülmedik sowgatlar iberdi. Bu sowgatlaryň arasynda müň sany ýüpek lybas, bäş ýüz sany dürli reňkli lybas, bäş ýüz at, iki ýüz müň dinar, ýüz sany kümüş bölegi, alty ýüz sany eşek, müň sany ak ýüňli, gara gözli we şahly geçi bardy. Şeýle hem ol Nasruddöwle ibn Merwana on ölçeg müşk-anbar iberdi. Rum hökümdary hem emewi serkerdesi Mesleme ibn Abdylmälik tarapyndan Konstantinopolda[2] gurlan metjidiň we minarasynyň gurluşygynyň abatlaýyş işlerine rugsat berdi. Metjidiň içine şemdanlar goýdy, mährabyna ok-ýaý ýasatdy we şertnamany hemme ýere ýaýratdy.

## SOLTAN ALP ARSLANYŇ HÖKÜMDAR BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Togrul beg ýogalansoň, Amydylmülk Kundury soltan Togrul begiň dogany Çagry begiň ogly Süleýmany tagta geçirdi. Togrul beg ony öň şazada diýip yglan edipdi. Süleýmanyň ejesi soltan Togrul begiň nikasyndady. Süleýmanyň adyna hutba okalyp başlananda, emirler nägilelik bildirdiler. Emir Ýagysyýan bilen emir Erdem Kazwyna gitdiler we Horasanyň häkimi bolan Adududdöwle Alp Arslan Muhammet ibn Dawut Çagry begiň adyna hutba okatdylar. Alp Arslanyň ýanynda weziri Nyzamylmülk hem bardy. Ilat Alp Arslanyň soltan bolmagyny isleýärdi. Amydylmülk ýagdaýyň düýbünden tersine gid-

[1] Fidýe – ýesirleriň halas bolmak üçin bermeli töleg puly.

[2] Konstantinopol – Stambul şäheriniň öňki ady.

ýändigini we özüne garşydygyny görüp, Reýde hutbany öňürti soltan Alp Arslanyň, soň hem Süleýmanyň adyna okalmagyny emr etdi.

## 456-NJY HIJRI ÝYLY
*(25.12.1063 — 12.12. 1064 ý.)*

## AMYDYLMÜLKÜŇ TUSSAG EDILMEGINIŇ WE ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Alp Arslan Togrul begiň weziri Amydylmülk Abu Nasr Mansur ibn Muhammet Kunduryny tussag etdi.

Onuň sebäbi şeýledi: Amydylmülk soltan Alp Arslanyň weziri Nyzamylmülküň ýanyna gidip, onuň öňüne bäş ýüz dinar taşlady. Soň hem ötünç sorap çykyp gitdi. Şol mahal ilatyň köpüsi hem Amydylmülk bilen bilelikde gidipdi. Bu ýagdaýdan soň soltan Alp Arslana:

— Amydylmülk soň başyňa bela bolup döräýmesin – diýdiler, ol hem Amydylmülki tutup, Merweruza[1] iberdi. Ol bir ýyllap zyndanda ýatdy. Soň onuň ýanyna iki sany adam iberdiler. Olar gelende Amydylmülk gyzdyryp ýatyrdy. Olar Amydylmülke:

— Eden etmişleriň we günäleriň üçin toba et – diýdiler. Ol hem toba etdi, maşgalasynyň ýanyna baryp, olar bilen hoşlaşdy. Soň şol ýerdäki bir metjitde iki rekat namaz okady. Ol: «Men ogry däl» diýdi.

Onuň donunyň bir ýerini ýyrtyp, onuň bilen gözlerini daňdylar we ony gylyçlap öldürdiler. Ol gurban aýynda öldürildi. Kesilen kellesi halypanyň debiki[2] matasyna we halypalaryň ýanynda saklanýan pygamberiň donuna saraldy. Jesedi bolsa

---

[1] Merweruz – Tagtabazar.

[2] Debiki – Müsürde bir obanyň ady.

Kundura iberilip, ol ýerde kakasynyň ýanynda jaýlandy. Ol öldürilende kyrk töweregi ýaşyndady.

Amydylmülküň soltan Togrul begiň hyzmatyna girmeginiň sebäbi şeýledi: «Soltan Nyşapura gelensoň, arassa arapça bilýän kätip gözledi. Onda Abu Sehmiň kakasy bolan Muwaffak oňa Amydylmülki görkezipdi. Ykbal oňa ýar boldy. Ol arassa gepleýän adamdy. Onuň pyçak bilen saç syrýan bir türkmen hyzmatkäri hakynda düzen şygry hemme ýere ýaýrapdy».

Amydylmülk agtady. Togrul beg ony bir aýala söz aýtmak üçin gudaçylyga iberdi. Ýöne Amydylmülk ol aýala özi öýlenipdi. Soltan hem ony tutup getirdip, biçdi. Ýöne wezipesinden aýyrmady.

Başga bir gürrüňe görä, duşmanlary Amydylmülküň ol aýala öýlenendigi barada gürrüň çykardylar. Ol hem soltanyň özüni öldürmeginden gorkup, janyny halas etmek üçin, özüni biçdirdi.

Amydylmülk şapygylara[1] diýseň duşmandy. Ymam Şapyga[2] dil ýetirerdi. Şapygylara garşy şeýle bir ganym duşmandy welin, Horasan münberlerinden rafyzylara[3] lagnat okamak üçin soltandan rugsat sorady. Soltan hem bu meselede oňa rugsat berensoň, ol rafyzylaryň lagnatlanmagyny buýruk berdi we eşgarylary[4] hem rafyzylaryň arasyna goşup, olara hem lagnat okatdy. Horasan alymlaryndan Ymam Abylkasym Kuşeýri, Ymam Abylmagaly Jüweýni we beýlekiler muňa garşy çykyp, Horasany terk etdiler. Ymamyl-Harameýn[5] Abylmagaly Ju-

---

[1] Şapygylar – dört sünni amaly mezhebiň biri.

[2] Ymam Şapygy – dört sünni amaly mezhebiň biri bolan şapygy mezhebini esaslandyryjy (150-204/767-819).

[3] Rafyzy – şaýy mezhebinden bolan bir akym.

[4] Eşgary – iki sünni ynanç mezhebine degişli bolan ygtykady mezhep. Ymam Eşgary (w. 936) tarapyndan esaslandyrylýar.

[5] Ymamyl-Harameýn - iki mukaddes ýeriň, ýagny Mekgäniň we Medinäniň ymamy.

weýni Amydylmülk dünýäden ötýänçä dört ýyllap Mekgede ýaşap, sapak berdi. Şonuň üçinem oňa Ymamyl-Harameýn lakamy dakyldy. Nyzamylmülk wezir bolansoň, ýurtlaryny terk edenleri yzyna getirtdi we olara hormat-sylag bildirdi. Rowaýat edilişine görä, Amydylmülk soň Ymam Şapyga dil ýetirendigi üçin toba edipdir.

Örän geň galaýmaly zat, Amydylmülk Horezmde biçildi, gany Merwde döküldi, jesedi bolsa Kundurda depin edildi. Kelleçanagyndan galan ähli ýerleri Nyşapurda gömüldi. Kelleçanagy bolsa Nyzamylmülküň ýanyna, Kermana iberildi.

Ybrat alyň, eý, akyl eýeleri! Amydylmülk öldürilmeginiň öň ýanynda jellada: «Nyzamylmülke aýt, türkmenleri wezirleri we diwan işgärlerini öldürmäge öwrenişdirmek bilen, nähili erbet iş etdiň! Beýlekiler üçin gazan guýusyna onuň özi düşer» diýipdir.

## ALP ARSLANYŇ HUTTALAN, HYRAT WE SAGANYÝAN ŞÄHERLERINI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Togrul beg ýogalyp, Alp Arslan hökümdar bolansoň, Huttalanyň galasynyň emiri soltan Alp Arslana çykyp, haraç[1] tölemekden boýun towlady. Soltan hem onuň üstüne ýöriş etdi. Gala dagyň depesinde we örän berk ýerde durandygy üçin, galanyň öňünde durup söweşdi, ýöne maksadyna ýetip bilmedi.

Bir gün soltan Alp Arslanyň hut özi söweşe gatnaşdy we atyndan düşüp, daga çykdy. Ilat hem onuň yzyna düşdi we onuň deňinden geçip, duşmana hüjüm edip çaknyşdylar. Galanyň häkimi galanyň diwarynyň iň beýik ýerine çykyp, ilaty söweşe çagyrýardy. Şol mahal ýesirleriň atan oklarynyň biri oňa

[1] Haraç – ýer salgydy.

degdi we ol ýogaldy. Alp Arslan şeýdip galany eýeledi we gala onuň häkimiýetine girdi.

Hyratdaky agasy [kakasynyň dogany] Fahrulmülk Beýgu ibn Mikaýyl hem oňa garşy gozgalaň turuzdy we tagty ele geçirmek isledi. Alp Arslan uly goşun bilen onuň üstüne ýöriş etdi, onuň daşyny gabady. Gije-gündiz söweşip, ahyry şäheri eýeledi. Soň agasy onuň ýanyna geldi we Alp Arslan hem ony öňki ýerinde goýdy, oňa sylag-serpaý etdi.

Soň soltan Alp Arslan bu ýerden Saganyýana gaýtdy. Saganyýan emiriniň ady Musady, ol hem soltana garşy aýaga galypdy. Soltan ol ýere ýakynlaşanda, Musa ýylçyr daglaryň üstündäki gala çykdy. Ýanynda edermen ýigitlerden ybarat uly goşun bardy. Soltan ol ýere gelip-gelmänkä söweş başlady. Heniz öýle bolmanka, esgerler daga çykdylar we galany basyp aldylar. Musa ýesir alyndy. Soltan onuň öldürilmegini emr etdi. Musa janyny halas etmek üçin köp mukdarda zat bermäge söz berdi. Ýöne soltan: «Bu mahal söwda zamany däl» diýdi. Soltan welaýatyň ähli ýerini basyp alyp, Merwe gaýdyp geldi. Soň ol ýerden Nyşapura gaýtdy.

## HALYPANYŇ GYZYNYŇ BAGDADA GAÝDYP GELMEGINIŇ WE BAGDATDA SOLTAN ALP ARSLANYŇ ADYNA HUTBA OKALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Alp Arslan halypanyň gyzy Seýýidäniň Bagdada gitmegine rugsat berdi. Oňa Amydylmülki halypanyň razyçylygy bolmazdan, ony Bagdatdan Reýe alyp gelendigi üçin tussag edendigini aýtdy. Aýtegin Süleýmana hem Seýýidäniň hyzmatynda Bagdada çenli gitmegini we ol ýerde şihne[1] hök-

[1] Şihne – şäher polisiýasynyň başlygy, ýasawulbaşy.

münde galmagyny buýruk berdi. Abu Sehl Muhammet ibn Hibetullany (Ibn Muwaffagy) hem onuň bilen bilelikde iberdi we hutbanyň öz adyna okalmagy üçin halypa ýüz tutmagyny haýyş etmegi tabşyrdy. Ýöne Abu Sehl ýolda mama keseline ýolukdy we ýogaldy.

Abu Sehl Nyşapurdaky şapygylaryň ýolbaşçylaryndandy. Oraza aýynda her agşam agzaçarda medresedäki fykh[1] talyplaryndan dört ýüz talyba agyz açdyrardy. Arafa gijesi[2] hem olaryň hemmesine bir laý eşik we pul bererdi. Soltan onuň ölüm habaryny eşidensoň, Amyt Abylfath Muzaffar ibn Hüseýini iberdi. Ýöne ol hem ýolda ýogaldy.

Soltan olara Reisilyrakaýn diýen ýere gitmekleri üçin habar ýollady. Olar dört tirkeşigiň ikinji aýynyň on bäşine Bagdada bardylar. Wezir Fahreddöwle ibn Juheýriň ogly Amydeddöwle olary garşy almak üçin öňlerinden çykdy. Soltan özüne «El-Weled El-Mueýýid» diýip hutba okalmagyny teklip edipdi. Onuň bu teklibi kabul edildi we oňa Zyýaeddin Adududdöwle lakamy dakyldy.

Halypa dört tirkeşigiň dördünji aýynyň sekizine umumy kabul edişlik dabarasyny geçirdi we Alp Arslanyň soltanlygynyň tassyklanmagy meselesinde ilçiler bilen görüşdi. Halat-serpaýlar ilatyň huzurynda kabul edildi. Halypa ykrar edilmegini gazanmak üçin diwan işgärlerinden Nakyp Tarrat Zeýnebini soltan Alp Arslanyň ýanyna iberdi. Bular soltanyň ýanyna ol Genjä degişli bolan Nahyçewanda gezip ýörkä geldiler. Soltan özüne iberilen halady geýdi we halypany ykrar etdi.

---

[1] Fykh – yslam hukugy.
[2] Arafa gijesi – gurban aýynyň ony gijesi.

## SOLTAN ALP ARSLAN BILEN GUTALMYŞYŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýyl Alp Arslan biziň döwrümizde[1] Konýa, Kaýsara, Aksaraý we Malatýa häkim bolan hökümdarlaryň atasy bolan seljuk neberesinden Şyhabeddöwle Gutalmyşyň özüne garşy aýaga galandygyny we birnäçe esger ýygnap Reýi, basyp almak maksady bilen hereket edendigini eşidip, uly goşun ýygnap, çölüň üstünden Reýe tarap gaýtdy. Bu goşun Gutalmyşdan öňürti Reýe bardy.

Alp Arslan hem bu ýylyň aşyr aýynyň başynda Nyşapurdan ýola çykdy. Damagana baransoň, Gutalmyşa hat ýazyp, onuň bu edýän işiniň gowy däldigini we telekdigini aýtdy. Bu hili ýalňyşlardan daş durmagyny aýdyp, bu gozgalaňyny derrew ýatyrmaga buýruk berdi. Sebäbi ol garyndaşlyk hak-hukugyny ýerine ýetirýärdi. Ýöne Gutalmyş ýanyndaky esgerleriniň köplügine buýsanýan serkerde hökmünde jogap berdi. Reýiň obalaryny talap, Milh deresine suw goýberip, öň hem hasylsyz bolan bu ýeri öňküsinden hem beter ýagdaýa getirdi. Wezir Nyzamylmülk soltan Alp Arslana:

— Horasanda seniň üçin şeýle bir goşun taýýarladym welin, bular saňa kömek ederler we seni hiç haçan ýalňyz we kömeksiz goýmazlar. Seniň ugruňda nyşanyndan çykmaýan oklar atarlar. Bu goşunyň serkerdeleri alymlar we takwalardyr. Bulara ýagşylyk we haýyr-yhsan edip, saňa iň uly kömekçiler halyna getirdim — diýdi.

Soltan soň Gutalmyşa has hem golaý geldi. Nyzamylmülk hem ýaraglaryny dakyndy we esgerleri ýerli-ýerine ýerleşdirdi. Ahyry iki goşun garşylaşdy.

---

[1] Bu ýerde ýazýzn adam öz döwrüni göz öňünde tutýar.

Gutalmyş ýyldyz ylmyny bilýärdi. Ýyldyzlara seredip gördi, şol gün ykbalynda şumluk gördi. Ýeňiş mümkinçilikleri görünmeýärdi. Şonuň üçinem söweşe päsgel bolmaga synanyşdy. Söweşe päsgel bolmak, çaknyşygy yza çekmek üçin, Alp Arslan bilen öz arasyna suw basan batgalyk ýeri saldy. Soltan Alp Arslan bu batgalyk suwuň içine girdi. Esgerler hem onuň yzyna düşdüler. Alp Arslan we esgerler suwdan sag-salamat çykdylar we Gutalmyş bilen ýüzbe-ýüz bolup söweşe başladylar. Gutalmyşyň goşuny soltanyň goşunynyň öňünde durup bilmedi, derbi-dagyn boldy we esgerleri dagynyk ýagdaýda Girdkuh galasyna gitdiler. Girdkuh Gutalmyşa degişli galady. Gutalmyşyň esgerleriniň bir bölegi gyryldy, bir bölegi hem ýesir alyndy. Soltan ýesirleri öldürmek isledi, ýöne Nyzamylmülk bular üçin şepagat isledi. Alp Arslan hem olary bagyşlady.

Tozan, duman ýatyşyp, esgerler atlaryndan düşensoň, Gutalmyşyň öli ýagdaýda ýerde ýatandygyny gördüler. Onuň nädip ölendigi näbellidi. Onuň gorkudan ölendigini aýtdylar. Dogrusyny Alla biler.

Soltan Gutalmyşyň ölümine aglady, onuň ýasyny tutdy. Ony ýitirendigi sebäpli gaty gynandy. Nyzamylmülk oňa teselli berdi.

Bu ýylyň aşyr aýynyň soňky güni Alp Arslan Reý şäherine girdi.

Örän geň galaýmaly, Gutalmyş türkmen bolsa-da, müneçjimligi bilýärdi we mundan doly baş çykarýardy. Gutalmyş mundan başga-da, millet ylmyny hem bilýärdi. Onuň ölüminden soň perzentleri hem müneçjimligi öwrenmegi, bu ylmyň ussatlaryny ýanlarynda saklamagy dowam etdirdiler. Şonuň üçinem dinlerine zyýan ýetirdiler.

## ALP ARSLANYŇ ANY WE BEÝLEKI HRISTIAN ŞÄHERLERINI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Dört tirkeşigiň birinji aýynyň başynda soltan Reýden Genjä tarap gaýtdy. Rumlar bilen söweşmek we jyhat etmek maksady bilen Merewense bardy. Merentde gezip ýörkä, onuň ýanyna birnäçe gezek Rum gazawadyna çykan Togtegiň atly türkmen emiri geldi. Bu emiriň ýanynda köp sanly türkmen bardy, bular jyhada öwrenişipdiler we ol ýerlere beletdiler. Tugtegin soltany Rum ýurduna ýöriş etmäge höweslendirdi we oňa Rum ýurduna tarap ýoly görkezmäge we ýolbaşçylyk etmäge söz berip, kepil geçdi. Soltan hem onuň bilen birlikde ýola çykdy. Esgerler bilen bilelikde ol sebitlerdäki dar geçelgelerden we dar ýollardan geçip, Nahyçewana bardylar. Soltan Araz çaýyny geçmek üçin gämiler gurulmagyna buýruk berdi. Oňa: «Genjä degişli bolan Hüweý we Selenias şäheriniň ýaşaýjylary tabyn bolmagyň şertini ýerine ýetirmediler we şäherlerine girip, goraga geçdiler» diýdiler. Soltan hem bu sözleri eşidip, Horasanyň häkimini olaryň üstüne iberdi we olary boýun bolmaga çagyrdy. «Eger boýun bolmasalar, ony ederin, muny ederin» diýip, haýbat atdy. Hüweý we Selenias ilaty hem oňa tabyn boldular we soltanyň tarapdarlarynyň we esgerleriniň arasyna goşuldylar. Şeýdip, soltan Alp Arslanyň daş-töwereginde birnäçe hökümdar we ägirt uly goşun ýygnandy.

Soltan esger ýygnama we gämi gurma işini ýerine ýetirensoň, Gürjüstan ýörişine çykdy. Goşundaky ýerine ogly Mälik şa bilen weziri Nyzamylmülki belledi. Nyzamylmülk we Mälik şa şol ýerdäki bir galanyň üstüne ýöriş etdiler. Ilat galadan inip, esgerleriň bir bölegini dyr-pytrak etdi we olaryň bir bölegini gyrdy. Mundan soň Nyzamylmülk bilen Mälik şa hem atlaryndan düşüp, galadakylar bilen söweşe girdiler, üstlerine hüjüm edip, galanyň serkerdesini öldürdiler we şeýdip, musul-

manlar galany eýelediler. Ol ýerden Surmary galasyna gitdiler. Bu galanyň içinde akar suwlar we bossanlar bardy. Olar söweşip, bu galany eýelediler we ilaty galadan daşary çykardylar. Surmarynyň ýanynda başga bir gala hem bardy. Mälik şa ol ýeri weýran etmek isledi, ýöne Nyzamylmülk Mälik şanyň bu işine päsgel boldy, oňa «Bu ýer musulmanlar üçin uç galasydyr» diýip, ol ýeri ynsanlar, mal-mülk we ýaraglar bilen doldurdy. Soň bu galalary Nahyçewan emirine berdi.

Mälik şa we Nyzamylmülk soň Merýem Nişin şäherine ýöriş etdiler. Bu ýerde köp sanly monah, ruhany, hristian hökümdarlary we olara degişli ilat bardy. Bular bu şäheriň ilatyna ýakynlaşmak üçin çäre gözleýärdiler. Merýem Nişin örän berk şäherdi. Galalary belent we mäkäm daşlardan edilendi, gurşun we demirler bilen biri-birine daňlypdy, ýanynda hem uly bir derýa bardy. Nyzamylmülk söweşmek üçin gerek bolan gämileri we beýleki zatlary taýýarlatdy we söweşe girdi. Söweş gije-gündiz dowam etdi. Nyzamylmülk esgerlerini nobat boýunça söweşdirýärdi. Kapyrlar muňa garşy durup bilmediler we ejizlediler. Musulmanlar şäheriň galasyna çenli gelip ýetdiler, merduwanlary galalara söýediler we galanyň çür depesine çenli çykdylar.

Şäher ilaty musulmanlary galanyň üstünde görüp, gaýgygama düşdüler we eden işlerine puşman boldular. Mälik şa bilen Nyzamylmülk şähere girdiler. Buthanalary ýykyp ýumurdylar. Ilat köpüsini gyrdylar. Olaryň köpüsi musulman bolup, öldürilmekden halas boldy.

Alp Arslan soň ogly Mälik şany we Nyzamylmülki ýanyna çagyrdy. Allanyň ogluna nesip eden bu ýeňşine begendi. Mälik şa ýol ugrundaky birnäçe galalary hem basyp alypdy, sansyzsajaksyz hristiany hem ýesir alypdy. Seljuk goşunlary soň Subizşähere ýöriş etdiler. Bu şäheriň ilaty bilen musulmanlaryň arasynda aýylganç söweş başlady. Köp musulman şehit boldy.

Soň Allatagala ýeňşi Alp Arslana nesip etdi we Alp Arslan Subizşäheri eýeledi.

Soň olar Agallal şäherine tarap ýörediler. Bu ýeri berk şäherdi, galalary beýikdi, gündogar we günbatar taraplarynda beýik bir dag bardy. Dagda hem birnäçe gala bardy. Demirgazygynda we günortasynda bolsa geçmesi örän kyn bolan uly bir derýa akýardy. Musulmanlar muny görüp, şäheri eýeläp bilmeris öýtdüler. Şäheriň häkimi gürjüdi, ýokardaky ady agzalan şäherler hem onuňkydy. Soltan derýanyň üstünden uly bir köpri gurdy. Söweş gyzyşdy, ýagdaý gorkunçdy. Şol mahal şäherden iki sany adam çykyp, kömek we aman diledi. Soltandan özleri bilen birnäçe esger ibermegini islediler.

Alp Arslan hem olara saýlama goşundan ybarat goşun iberdi. Bu esgerler diwardan geçip-geçmänkäler, şäherdäki gürjüler tarapyndan gabawa alyndylar we söweşe girdiler. Musulmanlaryň köpüsi gyryldy. Geçidiň darlygy sebäpli musulmanlar gaçmaga mümkinçilik tapmadylar.

Soň gürjüler şäherden çykyp, seljuk goşunlarynyň üsüne çozdular. Örän aýylganç söweş başlady. Soltan şol mahal namaz okaýardy, dat-bidat seslerini eşitse-de, namazyny gutarýança ýerinden turmady. Namazyny gutaransoň, atyna münüp, duşmanyň üstüne eňdi.

Musulmanlar hem «Allahu ekber»[1] sözleri bilen duşmanyň üstüne hüjüm etdiler. Duşman derbi-dagyn bolup, yza gaçyp, şähere girdi. Musulmanlar hem olar bilen bile şähere girdiler. Soltan Alp Arslan hem şähere girip, şäheri eýeledi. Şäheriň ilatynyň bir bölegi hem bir küňräniň içine girip bukuldy. Soltan hem küňräniň daş-töweregine odun üýşürmäge we otlamaga buýruk berdi. Bu buýruk ýerine ýetirildi we küňre içindäkiler

---

[1] Manysy «Alla örän beýikdir».

bilen bilelikde ýandy. Soltan soň goşunyň düşlegine geldi. Musulmanlar bu şäherden sansyz-sajaksyz olja aldylar.

Gije düşensoň, güýçli ýel turdy. Küňräniň ýanan ýerinde ot heniz sönmändi. Ýel ody daş-töwerege ýaýratdy we şäher şol durşuna ýandy. Bu hadysa 456-njy ýylyň rejep aýynda bolup geçipdi. Soltan başga-da bu şäheriň ýanynda bolan berk bir galany hem eýeledi. Ol ýerden Kars we Any şäherine ýöredi. Anynyň ýakynynda bolan Seýlwurda we Newre atly iki obanyň ilaty yslamy kabul etdiler. Monastyrlaryny ýykyp, ýerine metjit gurdular.

Soltan ol ýerden Any şäherine tarap gaýtdy. Şäher örän berk we mäkämdi. Şäheriň dörtden üç bölegi Araz çaýy bilen gurşalypdy. Beýleki tarapynda bolsa örän güýçli akýan bir derýa bardy. Derýa atylan uly daşlar hem togalanyp gidýärdi. Şähere gidýän ýol berk daşdan gurlan galanyň hendeginden geçýärdi. Any örän uly we ösen şäherdi. Ilaty köpdi, bäş ýüz töweregi buthanasy bardy. Soltan Alp Arslan bu ýeri gabawa aldy. Ýöne esgerler bu galanyň berkdigini görüp, ýeňişden umytlaryny üzdüler. Soltan agaçdan diň gurdurdy, içine esgerleri ýerleşdirdi, üstüne manjanyk gurdurdy we mergenleri ýerleşdirdi. Netijede, esgerler diňiň üstünden rumlary görýärdiler. Musulmanlar galany ýykmak maksady bilen öňe gitdiler. Ýöne, birdenkä Allanyň kömegi hökmünde, garaşylmadyk bir ýagdaý emele geldi we galanyň bir burçy öz-özünden ýykyldy. Musulmanlar hem içeri girip, şäher ilatyny gyrdylar, hatda ölülerden ýaňa şäheriň içine girer ýaly bolmady, şonça hem ýesir aldylar.

Bu ýeňiş bilen baglanyşykly buşluk habarlary bütin ülkä ýaýrady. Musulmanlar şatlandylar. Ýeňişnama Bagdatdaky halypanyň köşgünde okaldy. Halypa hem soltana öwgi we dogalar ýazylan hat ýazdy.

Soltan Alp Arslan bir serkerdäni uly goşuna baş edip, Anyda goýup gaýtdy. Gürji hökümdary Alp Arslana ilçi iberip, ýaraşyk isledi. Soltan hem her ýyl jizýe[1] tölemek şerti bilen ýaraşyk teklibini kabul etdi.

Soltan Anydan gaýdyp gelýärkä Yspyhana bardy, ol ýerden Kermana geçdi we bu ýerde dogany Gurt beg tarapyndan garşy alyndy. Soň Kermandan Merwe geçdi we ogly Mälik şany Mawerannahr hökümdary Hanyň gyzyna öýlendirdi. Şol ýerde hem olar örük öýüne girdiler. Soltan beýleki ogly Arslan şany Gaznaly hökümdarynyň gyzyna öýerdi. Şeýdip, iki nesilşalyk, ýagny seljuklar bilen gaznalylaryň arasynda agzybirlik emele geldi.

## 457-NJI HIJRI ÝYLY
*(13.12.1064 — 02.12.1065 ý.)*

## SOLTAN ALP ARSLANYŇ JENT WE SAÝRAN ŞÄHERLERINI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Alp Arslan Jeýhun derýasyndan geçip, Jendiň we Saýranyň üstüne ýöriş etdi. Bu iki şäher Buharanyň töweregiňde ýerleşýärdi. Atasy Seljugyň gubury hem Jentdedi. Ol Jende ýetende, şäheriň hökümdary ony garşy aldy, oňa tabyn boldy. Alp Arslan hem oňa hiç zat degmedi we onuň golastyndaky ýerleri oňa berdi. Jendiň häkimine hem haýyr-yhsan edensoň, ol ýerden Gürgenç-Horezme gitdi, soň hem Merwe gaýtdy.

Bu ýyl Bagdatdaky Nyzamyýe medresesiniň gurluşygyna başlandy.

---

[1] Jizýe – musulman bolmadyklardan alynýan salgyt.

## 458-NJI HIJRI ÝYLY
*(03.12.1065 — 21.11.1066 ý.)*

## SOLTAN ALP ARSLANYŇ OGLY MÄLIK ŞANY MIRASDÜŞER DIÝIP YGLAN ETMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Alp Arslan Merwden Raýegana gitdi we şäheriň eteginde düşledi. Döwletiň emirleri hem ýakyndady. Olardan özünden soň ogly Mälik şany soltan diýip ykrar etjekdikleri barada lebiz aldy. Soň Mälik şany ata mündürdi we eýeriň örtgüsini omzuna alyp, onuň öňünden ýöredi.

Soltan soň ähli emirlerine halat-serpaý ýapdy we golastyndaky ähli ýerlerde onuň adyna hutba okalmagyny emr etdi, olar hem bu emri ýerine ýetirdiler. Soltan ülkäni emirlerine ykta hökmünde berdi. Mazendarany emir Ynanç Beýgu bege, Balhy dogany Süleýman ibn Dawut Çagry bege, Horezmi beýleki dogany Arslan Arguna, Merwi ogly Arslan şa, Saganyýany we Toharystany dogany Ylýasa, Bagşur welaýatyny we daş-töweregini Mesut ibn Ertaşa, Isfirary hem Mewdut ibn Ertaşa ykta hökmünde berdi.

## 459-NJY HIJRI ÝYLY
*(22.11.1066 — 10.11.1067 ý.)*

## KERMAN HÖKÜMDARYNYŇ ALP ARSLANA GARŞY ÇYKMAGYNYŇ WE ÝENE-DE TABYN BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Kerman hökümdary Gara Arslan soltan Alp Arslana garşy aýaga galdy.

Munuň sebäbi hem onuň nadan bir weziri bardy. Nebsi ony hökümdarlyk arzuwyna atardy. Ol eger soltana garşy aýaga

galsa, Alp Arslana garaşly bolman, özbaşdak soltan boljakdygyny, soltanyň hem özüne tabyn boljakdygyny aýdyp, Gara Arslany ynandyrdy. Gara Arslan hem onuň teklibini kabul etdi. Ol hem tabynlykdan çykyp, soltanyň adyna okalýan hutbany ýatyrdy.

Alp Arslan bu habary eşidip, Kermana tarap ýöredi. Kermana ýakynlaşan mahaly Alp Arslanyň öňhatar goşuny Gara Arslanyň öňhatar goşunyna hüjüm etdi. Çaknyşyk başlady. Gara Arslanyň öňhatar goşunlary derbi-dagyn bolup, yza çekildiler. Gara Arslan we goşuny öňhatar goşunlarynyň ýeňlendigini eşidip, gorkup, howsala düşdüler we biri-birlerine seretmän, yza tarap gaçdylar. Gara Arslan gaçyp, Girufta bardy we ol ýerde gizмlendi. Soň Alp Arslana habar ýollap, tabynlygyny bildirdi we günäsini geçmegini isledi. Soltan hem onuň günäsini geçdi. Ýanyna gelen Gara Arslana hödür-kerem edip, sylag-hormat bildirdi. Gara Arslan aglady we ýanyndakylary hem aglatdy. Soltan Alp Arslan hem ony ýene-de ülkesine häkim belledi we oňa bolan garaýşyny üýtgetmedi. Gara Arslan soltana: «Gyzlarymyň şaý-sepleriniň üpjünligi we ähli işleri hem saňa degişlidir» diýdi. Soltan hem kabul etdi we gyzlarynyň her haýsyna ykta we lybaslardan başga ýüz müň dinar altyn hem berdi.

Soň soltan Kermandan Parsa tarap gaýtdy. Istahr şäherine baryp, onuň galasyny basyp aldy we Istahryň häkimini galadan aşak düşürdi. Häkim oňa sowgat-serpaý iberdi. Bularyň arasynda içinde iki ölçeg müşk bolan pöwrizeden ýasalan bir jam bardy. Jamyň ýüzünde Jemşit şanyň ady ýazylandy. Pars sebitindäki ähli galalar soltana tabyn boldular. Diňe Behenzat diýen gala galdy. Nyzamylmülk bu galanyň üstüne ýöriş etdi. Galanyň duran dagynyň etegine baryp, gabawa başlady we mergenlere uran her bir nyşanlary üçin bir owuç dinar, daş atan her kime hem gymmatbaha bir lybas berdi. Şeýdip, on alty günden soň galany eýeledi. Soltan Alp Arslan ýeňişden soň Nyzamyl-

mülküň ýanyna geldi. Bu ýeňiş sebäpli Nyzamylmülküň soltanyň ýanyndaky abraýy we derejesi has hem beýgeldi. Soltan onuň derejesini iň ýokary derejä çykardy we ygtyýarlyklaryny artdyrdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň boş aýynda Nyzamyýe medresesiniň gurluşygy tamamalandy we bu ýerde Şyh Abu Yshak Şirazynyň sapak bermegine karar berildi. Ilat wagyz diňlemek üçin ýygnandy we Şyha garaşdylar. Ýöne Şyh gelmedi. Ony gözlediler, ýöne tapyp bilmediler. Şyh Abu Yshagyň gelmezlibiniň sebäbi şeýledi: «Bir çaga Şyhyň ýanyna gelip: «Sen zor bilen alnan, basylyp alnan ýerde nädip ders bermekçi?» diýipdir. Şyh hem ol ýerde ders bermegi goýbolsun edipdir. Wagt geçip, ilat onuň gelmegine garaşyp, umytlary kesilensoň, Şyh Abu Mansur ibn Ýusup «Kitäbuş-şämil» atly kitabyň awtory Abu Nasr ibn Sabbagy maslahat berip: «Munça ilatyň bir alymyň dersini diňlemän, bu ýerden dargamagy dogry däldir» diýdi. Medresäniň açylyşyna wezirden başga gelmedik galmandy. Ýagdaý şeýle bolansoň, Abu Nasr ders bermäge başlady. Şyh Abu Yshak Şirazy hem mundan soň peýda boldy. Bu habary eşiden Nyzamylmülk Amyt ibn Sagdyň üstüne gygyrdy. Ol hem tä Şyh Abu Yshak Şirazy medresede ders bermäge başlaýança ýanyndan aýrylmady. Ibn Sabbag Nyzamyýede ýigrimi gün ders berdi.

## 460-NJY HIJRI ÝYLY
*(11.11.1067 — 30.10.1068 ý.)*

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň rejep aýynda Abylapbas Hawafy soltan Alp Arslan tarapyndan Bagdada amyl (häkim) bellenildi...

## 462-NJI HIJRI ÝYLY
*(20.10.1069 — 08.10.1070 ý.)*

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Emiriljuýuş Bedr uly goşun bilen Müsürden Sur şäherine ýöredi we ol ýeri gabawa aldy. Kazy Aýneddöwle ibn Abu Ukaýl bu ýeri kynçylyk bilen eýeläpdi. Emiriljuýuş bu ýeri gabawa alansoň, kazy Aýneddöwle Siriýadaky türkmenleriň ýolbaşçysy bolan emir Garly bege habar ýollap, kömek isledi. Garly beg hem on iki müň atly bilen ýola çykyp, Saýda şäherini gabawa aldy. Bu ýer Emiriljuýuşa degişlidi. Bedr muny eşidip, Sur şäherinden çekildi. Türkmenler hem yzyna gitdiler. Türkmenler gidensoň, Bedr Sur şäherini gury ýerden we deňizden ýene-de gabady.

Ilaty kyn ýagdaýa saldy. Hatda ilat bir ratl[1] çöregi ýarym dinara aldy. Ýöne Bedr maksadyna gowuşmazdan yzyna gaýtdy.

Bu ýyl ilatyň elinde soltanyň adyna basylan galp pullaryň sany köpelensoň, Bagdatda dinar basylýan zikgehana halypanyň wekilleriniň eline geçdi we dinarlara şazadanyň ady ýazyldy. Söwda işlerinde «emiri» atly bu dinarlardan beýleki pullar ulanyşykdan galdyryldy.

---

[1] Ratl –agyrlyk ölçegi.

Bu ýyl Mekgäniň emiri Muhammet ibn Abu Haşymyň ilçisi bilen emiriň ogly soltan Alp Arslanyň ýanyna geldi. Mekgede hutbanyň halypa Kaýym Biemrilläniň we soltan Alp Arslanyň adyna okalýandygyny, şaýy-fatymy halypasynyň adyna hutba okalmagyň ýatyrylandygyny we «haýýe alä haýril- amel»[1] görnüşindäki şaýy azanynyň terk edilendigini aýtdy. Soltan hem oňa üç ýüz müň dinar pul we gymmatbahaly halat berdi. Şeýle hem her ýyl oňa on müň dinar bermeli edildi we şeýle diýdi: «Eger Medine emiri Muhenna hem şeýle görnüşde hereket etsedi, oňa häzir ýigrimi müň dinar we her ýyl bäş müň dinar bererdim» diýdi.

## 463-NJI HIJRI ÝYLY
*(09.10.1070 — 28.09.1071 ý.)*

## HALAPDA SOLTANYŇ WE HALYPA KAÝYM BIEMRILLÄNIŇ ADYNA HUTBA OKALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Mahmyt ibn Salyh ibn Mirdas Halapda möminleriň emiri Kaýym Biemrilläniň we soltan Alp Arslanyň adyna hutba okatdy.

Mahmyt soltan Alp Arslanyň döwletiniň ykbalyny, güýjüni we häkimýetiniň hemme tarapa ýaýrandygyny görüp, Halabyň ilatyny ýygnady we olara: «Bu täze we güýçli döwletdir. Biz olar sebäpli gorky içinde ýaşaýarys, sebäbi olar mezhepleriňiz sebäpli siziň ganyňyzy halal hasaplaýarlar. Biziň etmeli iň dogry zadymyz, sözüň we mal-mülküň peýda bermejek wagty geçmezden öňürti olaryň adyna hutba okatmakdyr» diýdi. Şäheriň

[1] Haýýe alä haýril-amel – şaýy mezhebinde sünni mezhebinden tapawutlylykda azanyň sözleriniň yzyna bu sözler, ýagny «haýyrly amala geliň» diýen sözler goşulýar.

atly-abraýlylary hem bu teklibi kabul etdiler. Azançylar gara lybas geýip, Kaýym Biemrilläniň we soltanyň adyna hutba okadylar. Ilat hem metjitdäki gamyşdan bolan namazlyklary aldy we: «Bu Aly ibn Abu Talybyň gamyşlary. Abu Bekr hem gamyş getirsin, ilat hem onuň üstünde namaz okasyn» diýdiler.

Halypa hem Nakybun-Nukaba Tarrat ibn Muhammet Zeýnebiden Mahmyda halat-serpaý iberdi. Mahmyt hem halady geýdi. Ibn Sinap Hafajy we Abylfytýan ibn Haýýus ony öwdüler.

## SOLTAN ALP ARSLANYŇ HALABY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Alp Arslan Halabyň üstüne ýöriş etdi. Onuň ýoly Diýarbekiriň üstünden geçýärdi. Muny eşiden Diýarbekir emiri Nasr ibn Merwan soltany garşy almaga çykdy we oňa ýüz müň dinar bilen sowgat-serpaý berdi. Soltan bu puluň ilatdan güýç bilen alnandygyny eşidip, yzyna gaýtaryp berilmegini emr etdi.

Soltan soň Amyda geldi. Amydyň galasynyň berkdigini görüp, oňa elini sürtdi, soň bolsa haýyr üçin eli bilen gursagyna sürtdi.

Soltan soň Urfanyň üstüne ýöriş etdi, şäheri gabady. Ýöne hiç zat gazanyp bilmedi. Ol ýerden hem Halaba ýöredi. Nakybun-Nukaba Abylfawarys Tarrat hem halypa Kaýym Biemrilläniň adyna ilçilik wezipesi bilen öň Halaba gelipdi we halatlar getiripdi. Mahmyt oňa: «Senden soltanyň ýanyna gidip, meni bagyşlamagyny haýyş etmegiňi isleýärin» diýdi. Ol hem soltanyň huzuryna çykyp, Halabyň häkiminiň Kaýym Biemrilläniň iberen halatlaryny geýendigini we adyna hutba okadandygyny aýtdy. Soltan Nakybun-Nukaba: «Olar henizem «Haýýe alä haýril-amel» görnüşinde şygyr azanyny okamagy dowam edýärkäler, hutba okatmaklarynda näme peýda bar? Hökman me-

niň huzuryma çykyp, ýer öpsün» diýdi. Ýöne Mahmyt muny etmedi.

Mundan soň şäheriň dumly-duşy gabawa alyndy. Şäherde gytçylyk başlady. Çaknyşyklar gitdigiçe artdy. Soltan bir gün hüjüme geçip, şähere ýakynlaşdy. Şol mahal manjanyklardan atylan bir daş atyna gelip degdi. Mahmyt rejäniň geň däldigini aňyp, bir gije ejesi Meniga binti Wessap Numeýri bilen soltanyň huzuryna bardy. Mahmydyň ejesi soltana: «Ine, oglum! Oňa näme etseň et» diýdi. Ýöne soltan hiç zat diýmedi we Mahmyda halat ýapyp, Halaby oňa berdi. Mahmyt hem soltana köp mal-mülk iberdi.

## WIZANTIÝA HÖKÜMDARYNYŇ AHLATA ÝÖRIŞINIŇ WE ÝESIR ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Wizantiýa hökümdary Roman Diogen rumlulardan, ýewropalylardan, ruslardan, peçeneklerden, gürjülerden we ol taraplardaky beýleki milletlerden düzülen iki ýüz müň kişilik uly goşun bilen goh-galmagal bolup ýörişe çykdy. Ol yslam ülkelerine tarap ýönelip, Ahlat taraplarynda bolan Malazgirde çenli geldi. Bu habar soltan Alp Arslana ol Genjede Hüweý şäherinde gezip ýörkä gowuşdy. Soltan Halapdan ýaňy gaýdyp gelipdi. Wizantiýa hökümdarynyň ýanynda köp sanly esgeriň bardygyny eşitdi. Esgerleriň uzakdadygyny, duşmanyň bolsa ýakyn ýerdedigi sebäpli, esgerleri ýygnap bilmedi. Ýanyndaky goş-golamyny aýalyndan we Nyzamylmülkden Hemedana iberensoň, ýanyndaky on bäş müň atly bilen derrew duşmanyň üstüne ýöriş etdi. Soltan esgerlerine: «Men Allanyň razyçylygy üçin sabyr bilen söweşjek, eger sag galsam, bu Allanyň keremidir. Eger şehit bolsam, oglum Mälik şa şazadadyr» diýdi we duşmanyň üstüne ýöriş etdi.

Duşmana ýakynlaşanlarynda, soltan öňhatar goşunyny çykardy. Bu öňhatar goşun Ahlatyň töwereginde, öňhatarynda rus bölümleri bolan on bäş müň kişiden ybarat Wizantiýa güýçleri bilen çaknyşdy we söweşe girdiler. Bu çaknyşyk netijesinde rus goşuny ýeňildi, serkerdeleri ýesir alnyp, soltanyň ýanyna getirildi. Soltan hem onuň burnuny kesdirdi we ele salnan haçy Nyzamylmülke iberip, halypa ibermegini tabşyrdy. Iki goşun biri-birlerine ýakynlaşanlarynda soltan Wizantiýa hökümdaryna ilçi iberip, ýaraşyk teklip etdi. Ýöne Wizantiýa hökümdary: «Ýaraşyk diňe Reýde bolar» diýen jogaby berdi. Soltan bu jogapdan täsirlendi we gaty gynandy. Soltanyň bu ýagdaýyny gören ymamy we fakyhy Abu Nasr Muhammet ibn Abdylmälik Buhary Hanapy oňa: «Sen Allanyň ýeňşe ýetirjek we beýleki dinlerden üstün etjek diýip wada beren dini üçin söweşýärsiň. Inşalla, Allatagala bu ýeňşi saňa nesip eder. Juma güni öýle wagtyndan soň hutbaçylaryň münberde mujahytlar[1] üçin Alla dileg-doga etjek we dogalaryň kabul boljak mahalynda duşmana hüjüm et» diýdi.

Wagt gelensoň, soltan esgerleri bilen namaz okady we aglady. Onuň aglaýandygyny gören ilat hem aglady. Soltan soň Alladan dileg etdi, olar hem soltan bilen bilelikde dileg edip «Ämin»[2] diýdiler. Soltan esgerlere: «Gitmek isleýän gitsin, bu ýerde ne emir berýän, ne-de gadagan edýän hökümdar bar» diýdi. Soň ok-ýaýyny zyňyp, eline gylyç we topuz aldy. Atynyň guýrugyny öz eli bilen daňdy. Esgerler hem onuň edenini gaýtaladylar. Soltan ak lybas geýip, hoşboý ysly zatlar sepinip: «Eger ölsem, bu kepenim bolsun» diýdi.

Soň soltan Wizantiýa goşunynyň üstüne çozdy, olar hem soltanyň üstüne hüjüm etdiler. Duşmana ýakynlaşanlarynda, soltan atyndan düşüp, sejde etdi, aglap, köp doga-dileg etdi.

---

[1] Mujahyt – din ugrunda söweşýän, gazy.

[2] Ämin – «kabul bolsun» diýmek.

Soň ýene-de ata münüp, duşmanyň üstüne hüjüm etdi. Esgerler hem onuň bilen bilelikde hüjüme geçdiler we duşmanyň goşunynyň içine kürsäp girdiler. Şol mahal hemme ýeri tozan gurşap aldy. Musulmanlar duşmanlaryny isleýişleri ýaly gyrdylar. Allanyň ýeňşi olara nesip etdi. Wizantiýa goşuny bolsa ýeňildi. Sansyz-sajaksyz köp sanly esger gyryldy. Söweş meýdany ölüleriň jesetleri bilen doldy. Şol mahal Wizantiýa hökümdary ýesir alyndy. Wizantiýa hökümdaryny Göwheraýynyň gullaryndan biri ýesir alypdy we tanamandygy üçin öldürmek isläpdi. Ýöne hökümdaryň ýanyndaky hyzmatkäri: «Ony öldürme, ol hökümdar» diýipdi.

Bu gul Göwheraýyn tarapyndan Nyzamylmülke berlipdi. Ýöne Nyzamylmülküň oňa göwni ýetmändi we ony almandy. Göwheraýyn hem ol guly öwdi. Nyzamylmülk hem: «Belki, ol Wizantiýa hökümdaryny ýesir alar we bize getirer» diýipdi. Edil şonuň ýaly hem boldy.

Gul hökümdary ýesir alansoň, ony Göwheraýynyň ýanyna getirdi. Ol hem derrew soltanyň ýanyna gitdi we Wizantiýa hökümdarynyň ýesir alnandygyny habar berdi. Soltan hökümdaryň huzuryna getirilmegini buýruk berdi. Ony getirensoňlar, soltan gamçy bilen hökümdary üç gezek urdy we oňa:

— Saňa ýaraşyk üçin ilçi iberdim, sen bolsa ony ret etmediňmi? — diýdi.

Hökümdar hem:

— Gaharlanmagyňy goý-da, indi näme edesiň gelse et — diýdi.

Soltan:

— Sen meni ýesir alan bolsaň, özüň näme ederdiň? — diýip, onuň özünden sorady.

Hökümdar:

— Gaty erbet ederdim — diýdi.

Soltan:

— Eýse, men saňa näme eder öýdüp pikir edýärsiň? — diýip sorady.

Hökümdar:

— Ýa öldürersiň, ýa yslam ülkelerinde süýräp görene göz edersiň, ýa-da ähtimal, bagyşlarsyň, ýerine hem fidýe we salgyt alarsyň, belki, meni özüňe naýyp bellärsiň — diýdi.

Soltan:

— Men hem mundan başga zat barada pikir hem etmeýärdim — diýdi.

Soltan Wizantiýa hökümdary bilen bir million bäş ýüz müň dinar halas puluny tölemegi, islän mahaly özüne Wizantiýadan esger ibermegi we Wizantiýa ülkesindäki ähli ýesirleri azat etmek şerti bilen ylalaşdylar. Soň ony bir çadyrda myhman aldy, ýol çykdajysy hökmünde oňa on müň dinar berdi. Şeýle-de onuň hatyrasy üçin birnäçe serkerdäni hem azat etdi, ertesi gün hem oňa halat geýdirdi. Bu hal-hereketleri gören Wizantiýa hökümdary halypanyň ýaşaýan ýerini sorady. Özüne ol tarap görkezilensoň, ýerinden turup kellesini ýalaňaçlady, hormat maksady bilen egildi. Soltan onuň bilen elli ýyllyk şertnama baglaşdy. Soň ony ülkesine iberdi, ýolunyň howpsuzlygy üçin hem ýanyna birnäçe esger goşdy. Özi hem ony bir parsah ýere çenli ýola saldy.

Wizantiýalylar bolsa özleriniň ýeňlendiklerini eşidensoňlar, Mihail Wizantiýa tagtyny eýeledi we ülkä hökümdar boldy. Hökümdar Roman Diogen bolsa, Tokat galasyna baransoň, Mihailiň tagta geçendigini eşitdi. Ýüň lybas geýip monah boldy. Mihaile hem habar ýollap, soltan bilen eden ylalaşygyny mälim etdi. Oňa: «Bu ýaraşyga isleseň tabyn bol, isleseň tabyn bolma» diýdi. Mihail hem berilmeli zatlary bermegi kabul etdi. Ondan bu meselede araçy bolmagyny we soltanyň isleglerini bildirmegini isledi.

Roman hem ýanyndaky iki ýüz müň dinar bilen içinde togsan müň dinar gymmatynda gymmatbaha daşlar bolan bir altyn tabagy soltana iberdi we ondan başga berere zadynyň ýokdugy barada ant içdi. Roman soň ermenilere degişli ýerleri we ülkeleri eýeledi. Şahyrlar Malazgirt ýeňşi sebäpli soltan Alp Arslany öwdüler we bu ýöriş barada köp gürrüň etdiler.

## ATSYZYŇ REMLÄ WE KUDUSA HÄKIM BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Mälik şanyň emirlerinden horezmli Uwak ogly Atsyz Siriýa ýöredi. Türkmenleri ýanyna ýygnap, Palestinanyň üstüne ýöriş etdi we Remläni eýeledi. Ol ýerden Kudusa gitdi we şäheri gabady. Kudusda şaýy-fatymy esgerleri bardy. Atsyz bu ýeri we Askalandan galan Ramla bilen Kudus töweregindäki ähli ýerleri eýeledi. Soň bolsa Damaska ýöneldi we şäheri gabady. Damaska degişli obalary weýran edýänçä talady. Şähere azyk iberilmegine päsgel berdi. Ilat kyn ýagdaýa düşdi, ýöne sabyr etdiler we Atsyza Damasky eýelemäge pursat bermediler. Atsyz hem bialaç gabawy aýyrdy. Ýöne özleriniň azyklary gutarýança Damaska degişli ýerleri gysmagy we weýran etmegi dowam etdirdi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Ahmet ibn Muhammediň gyzy Kerime Merweziýe Mekgede ýogaldy. Ol «Sahyhy Buhary» atly hadys kitabyny rowaýat edýärdi.

## 464-NJI HIJRI ÝYLY
*(29.09.1071 — 16.09.1072 ý.)*

## SAGDEDDÖWLE GÖWHERAÝYNYŇ BAGDADA ŞIHNE BELLENILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda soltan Alp Arslan tarapyndan Bagdat şihnesi bellenilen Aýtegin Süleýmany Bagdada geldi. Halypalyk köşgüne gelip bagyşlamagyny haýyş etdi. Bu ýerde birnäçe gün boldy. Ýöne islegi kabul edilmedi.

Halypanyň oňa gaharlanmagynayň sebäbi şeýledi. Aýtegin soltanyň ýanyna gidende, ýerine ogluny wekil goýup, Bagdadyň şihnesi edip belläpdi. Ogly halypanyň gullarynyň birini öldürdi. Bu guluň ganly köýnegi diwan tarapyndan soltana iberildi we Aýteginiň Bagdat şihneliginden boşadylmagy islendi.

Nyzamylmülk Aýtegin Süleýmany goldaýardy. Şonuň üçinem Tikriti onuň yktalarynyň arasyna goşdy. Halypalyk diwanyndan Tikritiň häkimine hat ýazylyp, şäheri oňa bermezligi islendi. Nyzamylmülk we soltan halypanyň onuň Bagdat şihneliginden aýrylmagy üçin tagalla edýändigini görüp, Sagdeddöwle Göwheraýyny Bagdat şihneligine belledi.

Soltan halypa Kaýym Biemrilläniň emrine uýup, Aýtegini boşatdy. Sagdeddini hem ilat gowy garşy aldy. Halypa hem oňa kabul edişlik dabarasyny gurnady.

## MIRASDÜŞER HALYPANYŇ SOLTANYŇ GYZYNA ÖÝLENMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl halypa Kaýym Biemrillä Amydeddöwle ibn Juheýri halatlar bilen bilelikde soltanyň we ogly Mälik şanyň ýanyna iberdi. Soltan öň halypa ilçi iberip, ogly Mälik şany mirasdüşer yglan etmek üçin rugsat sorapdy. Halypa rugsat berdi we Amy-

deddöwle bilen Mälik şa halat-serpaý iberdi. Halypa şeýle hem Amydeddöwleden soltanyň Seferi Hatyndan bolan gyzyny şazada Muktady Biemrillä durmuşa çykarmagyny haýyş etdi. Amydeddöwle hem soltanyň ýanyna baryp, halypanyň ogly üçin onuň gyzyna söz aýtdy. Soltan razylyk berdi. Nika Nyşapuryň eteginde gyýyldy. Nikada halypanyň wekili Amydeddöwle, soltanyň wekili hem Nyzamylmülkdi. Nika mahaly altyn-kümüş seçildi.

Soň Amydeddöwle soltanyň ýanyndan gidip, pars ýurdunda bolan Mälik şanyň ýanyna gitdi, oňa Yspyhanda gabat geldi we halypanyň halat-serpaýyny berdi. Mälik şa olary geýip, kakasynyň ýanyna gitdi. Amydeddöwle hem Bagdada gaýdyp geldi we gurban aýynda şähere girdi.

## SOLTAN ALP ARSLANYŇ FAZLUNYŇ PARSDAKY GALASYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Alp Arslan weziri Nyzamylmülki bir goşun bilen Parsa iberdi. Bu ýerde ol sebitiň iň berk galalarynyň biri bolan gala bardy. Bu ýeriň häkimi Fazlun atly bir adamdy. Fazlun hem bu ýerdedi we soltana tabyn däldi. Nyzamylmülk galanyň öňüne gelip düşledi we gabady. Fazluny hem soltana tabyn bolmagy teklip etdi. Ýöne gala beýikdigi üçin, maksadyna gowuşmady. Şol mahal köp wagt geçmezden galadakylar galany berjekdiklerini bildirip aman soradylar. Bu ýagdaýy ilat örän geň gördi.

Olaryň tabyn bolmaklarynyň sebäbi şeýledi: Galadaky guýularyň hemmesiniň suwlary bir gijede çekildi. Suwsuzlyk olary tabyn bolmaga mejbur etdi. Olar aman dilänsoňlar, Nyzamylmülk olara aman berdi we galany eýeledi. Galanyň häkimi bolan Fazlun galanyň küňresine girip sygyndy. Bu ýeri galanyň iň beýik ýeridi. Bu ýerde beýik bir bina bardy. Fazlun bu ýerde

gizlendi. Nyzamylmülk hem Fazlunyň maşgalasynyň we garyndaşlarynyň ýaşaýan ýerine birnäçe esgeri iberip, olary tutup, öz ýanyna ibermeklerini we mallaryny talamaklaryny isledi. Fazlun bu habary eşidip, ýanyndaky esgerler bilen bilelikde gizlinlikde gaçdy we maşgala agzalaryny goramak üçin gitdi. Nyzamylmülküň öňhatar goşuny bilen duşuşanda, Fazlun gaty gorkdy. Ýanyndaky esgerler gaçdylar, özi hem ol ýerdäki atlaryň arasynda gizlendi. Esgerleriň biri ony ýesir aldy. Nyzamylmülk hem ony soltanyň ýanyna getirdi. Soltan hem oňa aman berip goýberdi.

## 465-NJI HIJRI ÝYLY
*(17.09.1072 — 05.09.1073 ý.)*

## SOLTAN ALP ARSLANYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Alp Arslanyň hakyky ady Muhammet bolup, ol Alp Arslan ady bilen meşhurlyk gazandy. Ol 465-nji ýylyň başynda Mawerannahra tarap sapara çykdy. Mawerannahryň hökümdary Şemsilmülk Tegindi. Soltan Jeýhunyň üstünde bir köpri gurdurdy we bu köprüden ýigrimi gün töweregi peýdalandy. Esgerleriniň sany iki ýüz müň atlydan hem köpräkdi. Alp Arslanyň goşuny dört tirkeşigiň birinji aýynyň altysyna galanyň häkimini tutup getirdiler. Häkimiň ady Ýusup Horezmidi, Ýusup Horezmi iki hyzmatkär bilen bilelikde soltanyň tagtynyň ýanyna getirildi. Soltan dört sany gazyk kakdyryp, onuň elleriniň we aýaklarynyň şol gazyklara daňylmagyny emr etdi. Onda Ýusup Horezmi:

— Eý, muhannes! Meniň ýaly adam şeýdip öldürilermi? — diýdi.

Soltan hem muňa gaharlanyp, eline ok-ýaýyny aldy we iki sany hyzmatkärine:

— Ony goýberiň — diýdi.

Soň Ýusuba bir ok atdy, ýöne ok degmedi we gapdalyndan geçdi.

Onuň şol güne çenli ýekeje atan oky-da nyşanadan sowa geçmeýärdi. Ýusup hem Alp Arslanyň üstüne topuldy. Soltan tagtynda otyrdy. Ýusubyň gelýändigini görüp, ýerinden turmak isledi, ýöne aýagy typdy-da, ýere ýüzin ýykyldy. Ýusup hem soltanyň üstüne topuldy we ýanyndaky pyçagy bilen Alp Arslanyň böwrüne sançdy. Sagdeddöwle dikilgazyk durdy. Ýusup ony hem birnäçe ýerinden ýaralady. Soltan gaçyp beýleki çadyra girdi. Hyzmatkärleriň biri Ýusubyň kellesine gürzi bilen urup öldürdi. Türkmenler ony dogram-dogram etdiler.

Samarkandyň ilaty soltan Alp Arslanyň Jeýhun derýasyndan geçendigini we esgerleriniň geçen ýerlerinde, aýratyn hem Buharada eden işlerini eşidip, üýşüp birnäçe gezek Gurhany hatm etdiler. Soltana göz görkezmegini Alladan dileg etdiler. Alla hem olaryň dileglerini kabul etdi.

Soltan ýaralanansoň, şeýle diýdi: «Men nirä gitsem we haýsy duşmanyň üstüne çozmak islesem, elmydama Alladan kömek dileýärdim. Düýn bir depä çykdym, goşunyň ägirtliginden we esgerlerimiň köplüginden ýaňa aýagyň astyndaky ýer sarsýardy. Öz-özüme: «Men bütin dünýäni sorap oturan hökümdar, maňa hiç kimiň güýji ýetmez» diýdim. Şonuň üçinem Allatagala meni ýaradylanlaryň iň ejiziniň öňünde ejiz etdi. Men Alladan bagyşlamagyny we bu pikirim sebäpli meniň günälerimi ötmegini soraýaryn».

Soltan 465-nji ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynyň onuna ýogaldy. Jesedi Merwe alnyp gidildi we ol ýerde kakasynyň ýanynda ýerlendi.

Soltan Alp Arslan 424-nji ýylda dünýä inipdi. Ol kyrk ýyl we ýene birnäçe aý ömür sürdi. Başga bir gürrüňe görä, bolsa ol 420-nji ýylda doglandyr. Soltan hökmünde adyna hutba okalyp başlan mahalyndan ýogalan senesine çenli hökümdarlyk möhleti dokuz ýarym ýyldan geçýär. Onuň ölüm habary Bagdada ýetende, wezir Fahreddöwle ibn Juheýr matam tutup, onuň ýasyny aldy.

## SOLTAN ALP ARSLANA DEGIŞLI BEÝLEKI KÄBIR MAGLUMATLAR

Onuň doly ady Alp Arslan Muhammet ibn Dawut Çagry beg ibn Mikaýyl ibn Seljukdyr.

Ol jomart, adalatly, akylly adamdy. Onuň erbetlik edenini hiç kim eşiden däldir. Onuň hökümdarlygy hemme ýere ýaýrapdy. Bütin älem oňa bergidardyr. Şonuň üçin hem oňa soltanyl-alem[1] diýilýärdi.

Ol örän merhemetlidi we garyplara şepagatlydy. Allanyň beren nygmatlarynyň tükeniksizligi üçin köp doga-dileg ederdi.

Ol bir gezek Merwden geçip barýarka, harraýynyň garyplaryny gördi. Olaryň halyna aglady we Alladan pazly-keremi bilen özüni baý etmegini isledi. Ol köp sadaka bererdi. Oraza aýynda on bäş müň dinar sadaka paýlardy. Diwanynda ülkesiniň hemme ýerindäki garyplaryň ady ýazylyp, olara kömek üçin aýlyk we peşgeş bellärdi. Ülkesiniň hiç ýerinde jenaýat we talaňçylyk bolmady. Ilatdan diňe esasy salgydy almak bilen çäklenýärdi. Ony hem ýeňillik bolsun diýip ýylda iki möwsüme bölüp alýardy.

Şugullaryň biri bir gezek weziri Nyzamylmülküň garşysyna bir hat ýazypdy. Hatda onuň soltanyň ýurdunda nädereje maly-

[1] Manysy: «Älemiň soltany».

nyň bardygy we nähili salgytlar alýandygy görkezilipdi. Hat soltanyň namaz okaýan ýerine taşlanypdy. Soltan ol haty alyp okady, soň ony Nyzamylmülke berip: «Bu haty al, eger muny ýazanlaryň ýazan zatlary dogry bolsa ahlagyňy gözelleşdir. Ýagdaýyňy düzelt. Eger ýalan aýdýan bolsalar, olaryň günälerini bagyşla we olary şeýle bir möhüm işler bilen meşgullanar ýaly et welin, ilaty aldamaga wagt tapmasynlar» diýdi. Bu şeýle bir ajaýyp häsiýetdir, hiç bir hökümdarda mundan has gowy gylyk-häsiýet görlen däldir.

Soltan Alp Arslana mejlislerde hökümdarlaryň taryhlaryna, ahlaklaryna we terbiýelerine, şerigat hökümlerine degişli kitaplary okalýardy. Alp Arslanyň gözel ahlagy we ýaşaýşy bilen ylalaşyklaryna we şertnamalaryna wepaly bolandygy hökümdarlaryň arasynda eşidilip meşhur bolansoň, başda garşy çyksalar-da, soň tabyn we boýun boldular. Mawerannahryň iň çet uçlaryndan Siriýanyň iň uçdaky ýerlerine çenli uzalan ülkelerdäki ähli hökümdarlar onuň huzuryna gelerdiler.

Soltan esgerleriniň ilatyň malyna el uzatmazlygyna örän üns berýärdi. Bu meselede çynlakaýdy. Ol hyzmatkärleriniň biriniň bir obaly aýalyň köýnegini alandygyny eşidip, derrew ýaňky hyzmatkäri tutup, ony dara çekdirdi. Muny eşiden ilat hem beýlekileriň mallaryna el uzatmakdan we degmekden çekindi.

Soltan Alp Arslan barada aýdara zat köpdür, ýöne bu ýerde hemmesini agzamadyk.

Soltan Alp Arslanyň yzynda özünden soň soltan bolan Mälik şa, Aýaz, Tekeş, Böri Bars, Tutuş, Arslan Argun atly ogullary, Sara we Aýşa atly iki gyzy, jemi sekiz sany çaga, şeýle hem ady näbelli bolan bir gyz çaga galdy.

## SOLTAN MÄLIK ŞANYŇ HÖKÜMDAR BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Alp Arslan ýaralanansoň, ýanynda bolan ogly Mälik şanyň tagta geçmegini wesýet etdi. Esgerleriň hem ony goldajakdyklary hakynda ant içmeklerini emr etdi, hemmesi hem ant içdiler. Bu meselä degişli işleri Nyzamylmülk boýun alypdy. Mälik şa Bagdada habar ýollap, öz adyna hutba okadylmagyny isledi.

Netijede, Bagdadyň metjitlerinde Mälik şanyň adyna hutba okaldy. Soltan Alp Arslan ogly Mälik şa Pars we Kerman taraplaryny dogany Gurt beg ibn Dawuda bermegini, şeýle hem hazynadan oňa belli bir möçberde pul serişdesini we öz aýalyny oňa bermegini wesýet etdi. Gurt beg şol mahal Kermandady. Şol mahal ogly Aýaza hem öz kakasy Dawudyň özüne beren puly möçberinde pul berilmegini wesýet etdi. Ol möçber hem bäş ýüz müň dinardy. Soltan ogly Mälik şa: «Kim meniň wesýetim bilen ylalaşmasa, onuň bilen söweşiň we oňa beren pulumy oňa garşy söweşde ulanyň» diýdi.

Mälik şa Mawerannahr ýurdundan gaýdyp geldi. Esgerler Mawerannahra gidip barýarkalar ýigrimi günüň içinde geçen köprülerini gaýdyp gelýärkäler üç günüň içinde geçdiler. Mälik şa wezirlige Nyzamylmülki belledi, esgerleriniň hakyny hem ýedi ýüz müň dinar artdyrdy. Soň Horasana gaýdyp geldiler we Nyşapura tarap ýola düşdüler. Mälik şa daş-töwerekdäki hökümdarlara we emirlere ilçiler iberip, öz adyna hutba okatmaklaryny we özüne tabyn bolmaklaryny isledi. Aýaz Arslan Balhda galdy. Soltan Mälik şa hem esgerleri bilen Nyşapurdan Reýe gaýtdy.

## SAMARKANT HÖKÜMDARYNYŇ TERMEZI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşigininiň ikinji aýynda Samarkant hökümdary Tegin Termezi eýeledi. Onuň sebäbi şeýledi: Tegin soltan Alp Arslanyň ýogalandygyny we ogly Mälik şanyň hem Horasandan gidendigini eşidip, daş-töweregindäki ýerleri eýelemek isledi. Dört tirkeşigiň ikinji aýynyň birine Termeze ýöredi we ol ýeri eýeledi. Bu ýerdäki ähli zatlary Samarkanda göçürdi.

Aýaz ibn Alp Arslan hem Balhdan Jüzjana[1] gidipdi. Balhyň ilaty hem gorkup, Samarkandyň hökümdary Tegine habar iberip, ondan aman islediler. Tegin hem olara aman berdi. Balh ilaty ol ýerde Teginiň adyna hutba okatdylar. Tegin soň Balha gaýdyp geldi, esgerleri ilatyň malyny taladylar, soň bolsa Termeze geldi. Şol mahal Balhyň garamaýak ilatyndan birnäçesi Teginiň adamlarynyň üstüne topulyp, olary öldürdiler. Muny eşiden Tegin yzyna gaýdyp gelip, şäheriň oda berilmegini emr berdi. Şäheriň emeldarlary onuň ýanyna baryp, onuň rehim etmegini haýyş edip, ötünç soradylar. Tegin hem olary bagyşlady, ýöne baýlaryň ellerinden mal-mülklerini aldy we köp mukdarda olja ýygnady.

Bu habar Aýaza ýetende, ol Jüzjandan Balha geldi we dört tirkeşigiň üçünji aýynyň birine Balha bardy. Ilat hem oňa boýun boldy. Dört tirkeşigiň üçünji aýynyň ýigrimi üçüne bolsa on müň atly bilen ol ýerden Termeze gaýtdy. Ol ýerde Teginiň esgerleri bilen duşuşdy. Netijede, aralarynda söweş boldy we ol ýeňildi. Esgerleriniň köpüsi Jeýhunyň üstünden geçip barýarkalar suwa gark boldular, köpüsi öldürildi. Halas bolan az boldy.

---

[1] Jüzjan – Merkezi Aziýada ýerleşen bir şäheriň ady. Jüzjan Jürjan (Gürgen) şäherinden başgadyr.

## GAZNA HÖKÜMDARYNYŇ ÇIMKENDIŇ ÜSTÜNE ÝÖRIŞ ETMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl dört tirkeşigiň üçünji aýynda uly Gazna goşuny Çimkende geldi. Soltan Mälik şanyň «Emiril-umera» lakamly agasy [kakasynyň dogany] Osman bu ýeriň häkimidi. Ony ýesir aldylar, hazynalary we beýleki zatlary Gazna alyp gitdiler. Uly emirlerden Kümüştegin Bilge beg muny eşidip, olaryň yzlaryndan gitdi. Zamanamyzdaky horezmşalar neberesiniň atalary bolan Anuştegin hem Kümüşteginiň ýanyndady. Olar Çimkent şäherini taladylar.

## SOLTAN MÄLIK ŞA BILEN AGASY GURT BEGIŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Kermanda häkim bolup ýören Gurt beg dogany Alp Arslanyň ýogalandygyny eşidip, ülkäni eýelemek maksady bilen Reýiň üstüne ýöriş etdi. Ýöne Nyzamylmülk bilen soltan Mälik şa ondan has öňürti Reýe bardylar we ol ýerde Gurt begi garşylamaga çykdylar. Olar meret aýynda Hemedanyň töwereginde duşuşdylar. Esgerler Gurt begiň tarapyny tutýardylar. Gurduň sag ganat goşuny soltan Mälik şanyň sag ganat goşunynyň üstüne hüjüm etdi we olary derbi-dagyn etdi. Mälik şanyň tarapynda bolan Şerefeddöwle Müslim ibn Kuraýyş bilen Bahaweddöwle Mansur ibn Dubeýs ibn Mezýet golastyndaky arap we kürt goşunlary Gurt begiň sag ganatyna hüjüm etdiler we olary derbi-dagyn etdiler. Gurt begiň goşuny bütinleý derbi-dagyn boldy. Soltan Mälik şanyň derbi-dagyn bolan esgerleri soň Şerefeddöwle bilen Bahaweddöwläniň goşun düşelgelerini ýagmaladylar we halypanyň ilçisi Nakybyn-Nukeba Tarrat ibn Muhammet Zeýnebiniň hem zatlaryny taladylar.

Şol mahal bir obaly adam soltan Mälik şanyň ýanyna gelip agasy Gurt begiň obada gizlenýändigini habar berdi. Mälik şa hem ony ýanyna getirtdi. Soň bolsa Sagdedöwle Göwheraýyna buýruk berip, ony öldürtdi. Soltan Kermany Gurt begiň perzentlerine berdi we olara halat-serpaý iberdi, şeýle hem bu söweşde görkezen edermenlikleri üçin araplara we kürtlere hem yktalar berdi.

Şerefeddöwle bilen Bahaweddöwläniň bu söweş mahaly soltan Mälik şanyň tarapynda bolmaklarynyň sebäbi şeýledi: soltan Alp Arslanyň Şerefeddöwle bilen arasy ýokdy. Şonuň üçinem halypa Nakybyn-Nukaba Tarrat ibn Muhammet Zeýnebini Mosulda bolan Şerefeddöwläniň ýanyna alyp gaýtdy. Nakybyn-Nukeba hem ony alyp, halypanyň adyndan rehim-şepagat üçin Alp Arslanyň ýanyna gitdi. Ol Zap diýen ýere baranda, Abu Jabyr ibn Saklabyň ýazan syýasy hatyny gördi, olary suwa oklady we Tarrat bilen ýoly dowam etdi. Ýolda Alp Arslanyň ýogalandygyny we ogly Mälik şanyň Gurduň üstüne ýörändigini eşitdiler. Ýollaryny dowam edip, Mälik şanyň ýanyna bardylar. Bahaweddöwle bolsa kakasynyň soltana iberen zatlaryny alyp barýardy. Şonuň üçinem ol söweşde taýýar boldy.

## DÖWLET IŞLERINIŇ NYZAMYLMÜLKE YNANYLMAGYNYŇ BEÝANY

Has soň soltan Mälik şanyň esgerleri ilatyň mallaryna el uzatdylar we: «Soltanyň bize zat bermegine Nyzamylmülk päsgel bolýar» diýdiler. Ilat esgerleriň zulumyna sezewar bolýardy. Nyzamylmülk hem bolýan zatlary soltana gürrüň berdi. Bu bidüzgünçilikleriň döwletiň gowşamagyna, şäherleriň weýran bolmagyna we häkimýetiň güýçden gaçmagyna sebäp bolýandygyny aýtdy. Soltan Mälik şa hem Nyzamylmülke:

— Sen nähili laýyk hasaplasaň, şeýle hem et — diýdi.

Nyzamylmülk hem oňa:

— Men seniň buýrugyň bolmasa, hiç zat edip bilmerin — diýdi.

Onda soltan:

— Uly-kiçi ähli döwlet işlerini saňa tabşyrýaryn, sen atam hökmündesiň — diýdi we ony goldajakdygyna ant içdi. Şeýle hem Nyzamylmülküň ykta ýerleriniň üstüne täzelerini goşdy, bularyň arasynda Nyzamylmülküň doglan ýeri Tus şäheri hem bardy. Oňa halat geýdirdi we atabeg diýip yglan etdi. Nyzamylmülk hem bu wezipede mert, gaýduwsyz we adalatly işläp, özüniň ahlak häsiýetlerini görkezdi. Onuň ýagşy ahlagyna degişli bir waka hem şu hadysadyr: «Bir gezek garyp we naçar bolan bir aýal Nyzamylmülkden kömek isläp geldi. Nyzamylmülk hem ony diňlemäge durdy. Şol mahal hajyplaryň (wezirleriň) biri gelip, Nyzamylmülke onuň ýanyndan gitmegini we onuň arzy-halyny diňlemezligini isledi. Nyzamylmülk hajybyň özüni alyp barşyna: «Men seni munuň ýaly biçärelere kömek et diýip bilmedim. Emirleriň we emeldarlaryň saňa mätäçligi ýokdur» diýdi we ony hajyplyk wezipesinden boşatdy.

## 466-NJY HIJRI ÝYLY
*(06.09.1073 — 26.08.1074 ý.)*

## SOLTAN MÄLIK ŞANYŇ SOLTANLYGYNYŇ TASSYKLANMAGYNYŇ WE HALATLAR BERILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň sapar aýynda Göwheraýyn soltanyň goşun düşleginden Bagdada geldi. Halypa Kaýym Biemrillä onuň üçin kabul edişlik dabarasyny geçirdi. Şazada Muktady Biemrillä hem halypanyň ýanynda oturdy. Halypa Kaýym Biemrillä soltan Mälik şanyň tassyk edýän permanyny Göwheraýyna berdi we

wezir permanyň başky bölegini okady. Halypa hut öz eli bilen daňan baýdagyny hem soltana bermek üçin Göwheraýyna berdi. Şol gün halypalyk köşgüniň giriş-çykyşy hemmelere açyk boldy, ilat munuň haýyrly bolmagy üçin biri-birlerine dileg etdiler.

## SOLTAN MÄLIK ŞANYŇ TERMEZI EÝELEMEGINIŇ WE SAMARKANT HÖKÜMDARY BILEN YLALAŞYGYNYŇ BEÝANY

Samarkant hökümdary Han Tegin soltan Alp Arslanyň ölüminden soň, Termezi eýeläpdi. Soltan Mälik şa hem döwlet işlerini biryüzli edensoň, Termeziň üstüne ýöriş etdi we şäheri gabady. Esgerler manjanyklar bilen şähere daş atdylar, ilat hem gorkup aman diledi. Soltan hem ilata aman berensoň, ilat şäherden çykyp, Termezi soltana berdiler.

Samarkant hökümdary Han Teginiň dogany hem Samarkantdady. Soltan oňa hiç zat degmedi, oňa halat ýapdy, soň ony öz erkine goýberdi. Soltan Termezi emir Sawtegine berip, ony oňarmagyny, galalaryny berk daşlar bilen dikeltmegini, hendekleri has hem çuňlaşdyrmagyny tabşyrdy. Sawtegin hem bu emirleri ýerine ýetirdi.

Soltan Mälik şa ol ýerden Samarkanda ýöriş etdi. Şäheri ele geçirmek isleýärdi. Muny eşiden Tegin soltana habar ýollap, ylalaşyk isledi. Soltany razy etmegi üçin Nyzamylmülke ýalbardy. Termeze çozandygy üçin ötünç sorady. Samarkant hökümdarynyň ylalaşyk teklibi kabul edildi we soltan bilen ylalaşdylar. Soltan Mälik şa ol ýerden Horasana gaýdyp geldi. Soň Reýe geçdi. Balh bilen Toharystan sebitini hem dogany Şyhabeddin Tekeşe ykta berdi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl soltan Mälik şanyň dogany Aýaz ýogaldy. Netijede, soltan agasy Gurtdan dynyşy ýaly, onuň şerinden hem dyndy.

## 468-NJI HIJRI ÝYLY
*(16.08.1075 — 04.08.1076 ý.)*

## ATSYZYŇ DAMASKY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

463-nji ýylda Atsyzyň Remläni we Kudusy eýeläp, Damasky gabandygyny beýan edipdik.

Atsyz her ýyl hasyl möwsümi gelende, Damaska degişli ýerlere hüjüm edip, hasyly eýeleýärdi. Şeýdip, özi we esgerleri güýçlenýärdi. Damaskyň ilaty we goşuny bolsa gün geçdigiçe gowşaýardy. 467-nji ýylyň oraza aýynda Atsyz ýene-de Damaskyň üstüne ýöriş etdi we şäheri gabady. Şäheriň emiri şaýy-fatymy halypasy Mustansyr tarapyndan bellenilen Mualla ibn Haýdardy. Atsyz şäheri eýeläp bilmän, baýram aýynda Damaskdan gaýtdy. Emir Mualla hem gurban aýynda Damasky taşlap gaçyp gitdi.

Muny eşiden Atsyz ýene yzyna gaýdyp geldi. Bu ýylyň meret aýynda şäheriň etegine geldi we gabawa aldy. Şol mahal şäherde azyk gutarypdy.

Eger tapylsa bir halta azyk ýigrimi dinardan satylýardy. Ilat soň şähere aman alyp, Atsyza berdi. Atsyz esgerleri bilen boş (1076-njy ýylyň oguz) aýynda Damaska girdi we 468-nji ýylyň boş aýynyň ýigrimi bäşine anna güni apbasly halypasy Muktady Biemrilläniň adyna hutba okatdy. Netijede, Damaskda Müsür şaýy-fatymy halypalarynyň adyna okalýan hutba ýatyryldy. Atsyz Siriýanyň uly bölegini eýeläpdi we «Haýýe alä haýrilamel» görnüşinde okalýan şaýylaryň azanyny ýatyrdy. Ilat mu-

ňa gaty begendi. Ýöne Atsyz damasklylary ýowuz we berk darady.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl meret aýynyň on üçüne möminleriň emiri halypa Kaýym Biemrillä ýogaldy.

Bu ýylyň içinde Müsüriň şaýy-fatymy halypasy Mustansyr Billä Mekgäniň emiri ibn Abu Hajyma hat ýazyp, birnäçe sowgat iberdi. Ol Mekgede ýene-de öz adyna hutba okalmagyny isläp: «Men öň Kaýym Biemrillä we soltan Alp Arslana ähtnama beripdim we ant içipdim. Indi ikisi hem ýogaldy» diýdi. Şeýdip, ol Mekgede we Medinede öz adyna hutba okadyp başlady.

Bu ýyl Nyzamylmülküň we soltan Mälik şanyň ady belli pelekiýat alymlary bir ýere jemlendiler. Olar Hamal[1] burçunyň[2] başlangyç nokadynyň Nowruz hasaplanmagyny kabul etdiler. Öňler Günüň Hut[3] burçunyň ýarysyna gelen mahaly Nowruz hasaplanýardy. Soň soltanyň girizen üýtgeşmesi senenamanyň başy boldy.

Bu ýyl soltan Mälik şanyň adyna rasathana[4] gurdular. Bu ýerde ady belli alymlar Omar ibn Ybraýym Haýýamy, Abylmuzaffar Ysfyzary, Meýmun ibn Nejip Wasyty we beýlekiler işlediler. Bu rasathana soltan Mälik şanyň 495-nji ýyla – soltanyň ölümine çenli dowam etdi.

---

[1] Hamal - «guzy» diýmek.
[2] Burç – ýyldyzlar topary.
[3] Hut – «balyk» diýmek.
[4] Rasathana – obserwatoriýa.

# 469-NJY HIJRI ÝYLY
*(05.08.1076 — 24.07.1077 ý.)*

## ATSYZYŇ MÜSÜRI GABAMAGYNYŇ WE YZYNA GAÝDYP GELMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Atsyz Damaskdan Müsüre ýöriş etdi we Müsüri gabawa aldy. Ilaty gowy edip ejizletdi we az galsa, şäheri eýeleýärdi. Ilat hem wagyzçy Ibn Jöwheriniň ýolbaşçylygynda metjide ýygnandylar we aglaşdylar. Alla ýalbardylar. Alla hem olaryň dogalaryny kabul etdi. Atsyz hiç zat ýok ýere öz-özi yzyna Damaska gitdi. Damaska baranda tarapdarlary dagady. Damasklylaryň onuň maşgala agzalaryny, wekil goýan adamlaryny we emläklerini gorandygyny görüp, olara minnetdarlyk bildirdi we olardan şol ýyl salgyt almady. Atsyz soň Kudusa geldi. Kuduslylaryň özüniň adamlaryna we wekillerine erbet garandyklaryny görüp, olary mähraby Dawuda (Dawut pygamberi mährabyna) gabady. Şähere ýakynlaşanda ilat oňa garşy aýaga galdy. Atsyz hem olar bilen söweşip, şäheri zulum bilen eýeledi we talady. Köp adamy gyrdy. Hatda Aksa metjidine[1] girenleri hem öldürdi. Diňe Kubbetus-Sähranyň[2] ýanynda duranlara degmedi.

Siriýalylar onuň adyny Aksis görnüşinde aýdýarlar. Ýöne dogrusy Atsyzdyr. Bu at türkmençedir.

---

[1] Aksa metjidi – Kudus şäherinde ýerleşýän, Muhammet alaýhyssalamyň Allanyň huzuryna göterilen ýeri.

[2] Kubbetus-Sähra – Kudus şäherinde ýerleşýän we Beni Ysraýyl pygamberleriniň ybadat eden ýerleri.

# 471-NJI HIJRI ÝYLY

*(14.07.1078 — 03.07.1079 ý.)*

## TUTUŞYŇ DAMASKY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Täjeddöwle Tutuş ibn Alp Arslan Damasky eýeledi. Onuň sebäbi şeýledi: Dogany Mälik şa 471-nji ýylda Siriýany we golastyndaky beýleki ýerlerini oňa ykta beripdi. Şonuň üçinem Tutuş Halaba geldi we gabady. Ilat kynçylyk bilen garşylaşdy. Tutuşyň ýanynda uly türkmen goşuny bardy. Şol mahal Damaskyň häkimi Atsyz Tutuşa habar ýollap kömek isledi we Müsür esgerleriniň Damasky gabandyklaryny habar berdi.

Dogrudan hem, Emiriljuýuş Bedr Müsürden Nasyreddöwle lakamly bir serkerdäniň ýolbaşçylygynda uly goşuny iberipdi we Damasky gabapdy. Tutuşyň gelýändigini eşiden müsürliler derbi-dagyn bolup, Tutuşyň öňünden gaçdylar. Atsyz Tutuşy şäheriň galasynyň öňünde garşy aldy.

Tutuş Atsyzyň özüni has uzaklarda garşy almaga çykmandygy üçin gaharlandy. Atsyz hem Tutuşdan ötünç sorady. Ýöne Tutuş ony derrew tussag etdi we öldürdi. Şäheri hem eýeledi. Ilata hem zat degmedi we adalatly höküm sürdi.

Ibn Hemedany we Yraky ýaly beýleki taryhçylar Tutuşyň Damaska bu ýyl häkim bolandygyny aýdýarlar. Emma Hafyz Abylkasym ibn Asakir Dymaşky «Taryhy Damask» atly eserinde Tutuşyň Damasky 472-nji ýylda eýeländigini aýdýar.

Bu ýyl soltan Mälik şanyň ogly Berkýaryk dünýä indi.

# 472-NJI HIJRI ÝYLY
*(04.07.1079 — 21.06.1080 ý.)*

## GAZNA HÖKÜMDARY YBRAÝYMYŇ HINDISTANDAKY ÝEŇIŞLERINIŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Ybraýym ibn Mesut ibn Mahmyt ibn Söbüktegin Hindistana gazawada çykdy. Ol öňürti Ejwet galasyny gabady.

Bu ýer Lahordan ýüz parsah uzaklykda örän berk we beýik galady. Galanyň içinde on müň sany söweşiji bardy. Olar soltan Ybraýyma garşy söweşdiler we berk gaýtawul berdiler. Soltan olaryň üstüne birnäçe gezek hüjüm edensoň, onuň örän tutanýerlidigini gördüler we 472-nji ýylyň sapar aýynyň ýigrimi birine gorkup boýun egdiler. Hindistan topraklarynda beýik daglaryň depesinde «Rubagy galasy» atly gala bardy. Bu galanyň aşak tarapynda tokaýlyklar, arka tarapynda bolsa deňiz bardy. Söweşmäge örän dar ýer bardy. Bu ýer söweşiji piller bilen doludy we ol ýerde müňlerçe söweşiji bardy. Soltan olaryň üstüne yzly-yzyna çozdy we her dürli söweş usullaryny ulandy. Ahyry hem galany eýeläp, içindäkileri aşak düşürdi.

Dere – Newre diýen ýerde hem atalary örän gadym zamanlarda Afrasyýap Türkmen tarapyndan bu ýerlere ýerleşdirilen horasanlylaryň nebereleri bolan milletlerler bardy. Hiç bir hökümdar olaryň üstüne çozup görmändi. Soltan Ybraýym olaryň üstüne ýöriş etdi we olary yslama çagyrdy, ýöne olar kabul etmediler we soltan bilen söweşdiler. Soltan olary hem ýeňdi, köpüsini gyrdy, halas bolanlar bolsa daş-töwerege gaçdylar. Soltan olardan ýüz müň sany ýesir we gul aldy.

Bu galada bir howuz bardy. Göwrümi ýarym parsahdy, düýbi görünmeýärdi. Bu howuzdan hem adamlar, hem haýwanlar suw içýärdiler. Emma onuň suwy hiç azalmaýardy.

Soltan soň Were atly bir ýere bardy. Ol ýer iki aýlag arasyndady. Soltan ol ýere ýöriş etdi we dört tirkeşigiň üçünji aýynda ol ýere bardy. Ýol tokaýlyk we gaýalykdy. Soltan ol ýerde üç aýlap boldy.

Ilat gyş düşensoň kynçylyga sezewar boldy. Ýöne soltan, tä Allatagala özüne ýeňiş nesip edýänçä, duşmanlar hem zelil bolýança gazawatdan dänmedi. Netijede, sag-aman uly ýeňişler bilen Gazna gaýdyp geldi.

Bu gazawatlaryň senesini takyk bilmeýärin. Ilkinji gazawat şu ýylda bolup geçdi, şonuň üçin galanlaryny hem bu ýylyň içinde beýan etdim.

## ŞEREFEDDÖWLE MÜSLIMIŇ HALAP ŞÄHERINI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Mosulyň häkimi Şerefeddöwle Müslim ibn Kuraýyş Ukaýly Halap şäherini eýeledi. Onuň sebäbi şeýledi: Täjeddöwle Tutuş ibn Alp Arslan Halaby birnäçe gezek gabapdy we şäher ilaty hem gabawda galypdy. Şerefeddöwle olara azyk, galla we beýleki zatlary iberýärdi.

Tutuş bu ýyl hem Halaby gabady. Birnäçe gün bolansoň, ol ýerden Buzaga we Bira gaýtdy. Ol bu ýerleriň ikisini hem eýelänsoň we Azazyň ähli ýerlerini ýakansoň, Damaska gaýdyp geldi.

Täjeddöwle Tutuş Halabyň üstünden gabawy aýransoň, şäher ilaty Şerefeddöwlä habar ýollap, şäheri oňa berjekdiklerini aýtdylar we ony çagyrdylar. Ýöne Şerefeddöwle şähere ýakynlaşanda, şäheri oňa bermekden dändiler. Halabyň häkimi Ibn Hutaýty Apbasy atly bir adamdy. Şol gün onuň ogly awa çykypdy. Türkmenleriň biri hem ony ýesir aldy. Bu türkmen Halap töweregindäki bir galanyň häkimidi. Ony Şerefeddöwlä iberdi. Netijede, Ibn Hutaýty hem oglunyň boşadylmagy şerti

bilen Halaby Şerefeddöwlä berjekdigi barada teklip etdi. Şerefeddöwle hem ony kabul etdi we ony goýberdi. Ibn Hutaýtanyň ogly Halaba gaýdyp gelip, kakasy bilen duşuşansoň, Ibn Hutaýta şäheri Şerefeddöwlä berip, onuň häkimiýetini yglan etdi. Şerefeddöwle şähere häkim bolansoň, soltan Mälik şanyň daýzasynyň ogluny [ýegenini] onuň ýanyna iberip, Halaba häkim bolandygyny habar berdi. Şäheriň yktasyny özüne bermegini sorady. Soltan hem onuň isleglerini kabul etdi we daýzasynyň ogluna Balis şäherini ykta berdi.

## MÄLIK ŞANYŇ KERMANYŇ ÜSTÜNE ÝÖRIŞ ETMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň başynda soltan Kerman ýurduna gaýtdy. Agasynyň ogly bolan Kerman hökümdary soltanşa ibn Gurt beg soltanyň gelýändigini eşidip, ony garşy almaga çykdy. Oňa sowgat-serpaýlar berdi, hyzmat etdi. Soltan Mälik şa onuň Kerman häkimligini tassyklady we oňa gowy garady. Ol 473-nji ýylyň aşyr aýynda Kermandan Yspyhana gaýdyp geldi.

## 473-NJI HIJRI ÝYLY
*(22.06.1080 — 10.06.1081 ý.)*

## TEKEŞIŇ HORASANYŇ BIR BÖLEGINI EÝELEMEGINIŇ WE ÝENE-DE ELINDEN ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynda soltan Mälik şa Reýe gelip, esgerlerini gözden geçirdi. Olaryň arasynda ýagdaýlary göwnüne ýaramadyk ýedi müň esgeri goşundan boşatdy. Olar hem soltanyň dogany Tekeşiň ýanyna gitdiler. Tekeş şol mahal Buşençdedi. Ol goşundan boşadylan esgerleriň goşulmagy bilen

güýçlendi we dogany Mälik şa garşy aýaga galyp, Merweruzy, Merw Şahy Jany, Termezi we beýleki ýerleri basyp aldy. Horasany eýelemek üçin Nyşapura tarap ýöriş etdi.

Aýtmaklaryna görä, soltan Mälik şa ýedi müň esgeriň goşundan çykarylmagyny emr edensoň, Nyzamylmülk oňa: «Bularyň arasynda kätipler, täjirler, senetkärler ýok. Bular esgerlikden başga zat bilmez. Eger olary goşundan çykarsaň, kimdir birine hökman tabyn bolup, biziň başymyza bela bolarlar. Biz hem olara töleýän pullarymyzyň birnäçe essesini olary öz golastymyza almak üçin sarp etmeli bolarys» diýdi. Ýöne soltan Nyzamylmülküň bu pendini almady. Bularyň dogany Tekeşiň ýanyna baranlaryndan soň onuň aýaga galmagyna sebäp bolandyklaryny görende bolsa, weziriň sözüni diňlemändigi üçin puşman etdi, ýöne puşmanlyk peýda bermedi.

Tekeşiň gozgalaňyny eşiden soltan Mälik şa derrew Horasana gitdi we Tekeş Nyşapury eýelemänkä, ondan öňürti ol ýere bardy. Tekeş soltanyň Nyşapura gelendigini eşidip, ol ýerden daşlaşdy we Termeze gaýtdy. Soltan hem onuň üstüne ýöriş etdi we doganyny Termezde gabady. Tekeş soltanyň adamlarynyň birnäçesini ýesir alypdy. Tekeş olary boşatdy we iki dogan ylalaşdylar. Tekeş dogany Mälik şanyň ýanyna geldi, soň bolsa Termezden gitdi.

## 474-NJI HIJRI ÝYLY
*(11.06.1081 — 30.05.1082 ý.)*

## HALYPANYŇ SOLTAN MÄLIK ŞANYŇ GYZYNA SÖZ AÝTMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl halypa weziri Fahreddöwle Abu Nasr ibn Juheýri soltana sawçy iberip, gyzyny isledi. Fahreddöwle hem sawçy hökmünde Yspyhana — soltan Mälik şanyň ýanyna gaýtdy. Ny-

zamylmülk Fahreddöwlä soltan Mälik şanyň aýaly Hatynyň ýanyna özi bilen bilelikde gitmegi teklip etdi we ikisi bile gidip, Hatyndan gyz islediler. Hatyn: «Gaznaly soltany bilen Mawerannahrdaky Garahanly hökümdarlary gyzyma sawçy iberdiler, ony perzentlerine islediler we munuň üçin dört ýüz dinar bermekçi boldular. Eger halypa bu möçberi iberse, ol muňa has laýykdyr» diýdi. Mundan soň halypa Kaýym Biemrilläniň aýaly bolan Arslan Hatyn, soltan Mälik şanyň aýalyna: «Halypa durmuşa çykmagy gyzyňyz üçin at we abraý bolar. Siziň soltanyňyz we beýlekiler, hemmesi halypanyň guly we hyzmatkärleridir, üstesine-de, halypadan pul islenilmez» diýdi. Bu gürrüňlerden soň Mälik şanyň aýaly teklibi kabul etdi we galyň hökmünde elli müň dinar isledi. Şeýle hem Mälik şanyň aýaly halypanyň öz gyzyndan başga aýalynyň bolmazlygyny we her gijäni onuň ýanynda geçirmegini şert edip goýdy. Bular kabul edildi. Soltan razy boldy we Fahreddöwle Bagdada gaýdyp geldi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Tutuş, Şerefeddöwläniň Damaskdan yza çekilmeginden soň, Siriýanyň kenarýakalaryna ýöriş etdi, Antarsusy we beýleki galalary eýeledi. Soň Damaska gaýdyp geldi.

Bu ýyl soltan Mälik şa Juheýr ogullaryndan soň halypanyň weziri bolan Abu Şujagyň Bagdatdan çetleşdirilmegi üçin habar ýollady. Halypa hem ony bir ilçi bilen bilelikde Nyzamylmülküň ýanyna iberdi. Şeýle hem öz eli bilen oňa ýüzlenip, bir hat ýazdy we Abu Şujag barada soltanyň razyçylygyny almagyny isledi. Soltan hem Abu Şujagy bagyşlady we ony Bagdada iberdi.

Bu ýyl soltan Mälik şanyň ogly Dawut ýogaldy. Soltan onuň ölümine gaty gynandy. Onuň jesediniň ýuwulmagyna rugsat bermedi. Hatda jeset yslanyp başlady. Soltan öz janyna

kast etjek boldy, ýöne ýakyn adamlary muňa päsgel boldular. Jeset ýerlenensoň, ol bir ýerde durmady. Awa çykdy. Şäherde ogly üçin aglaşyp, perýat edilmegini emr etdi. Şäherde birnäçe gün ýas tutuldy. Halypanyň weziri hem Bagdatda ýas tutdy we gelýän gynançlary kabul etdi.

## 475-NJI HIJRI ÝYLY
*(01.06.1082-20.05.1083 ý.)*

## ŞYH ABU YSHAGYŇ SOLTANYŇ ÝANYNA ILÇI HÖKMÜNDE GITMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň gurban aýynda halypa Muktady Biemrillä Şyh Abu Yshak Şirazyny ýanyna çagyrdy we ony soltan Mälik şa bilen Nyzamylmülke hat gowşurmak üçin iberdi. Hat Yragyň häkimi Abylfath ibn Abylleýs hakyndaky arz-şikaýatlary içine alýardy. Halypa oňa emeldarlar sebäpli ýurduň başyna gelenleri hem aýtmagyny isledi. Şyh Abu Yshak ýola çykdy. Onuň baran ýerlerinde, şäherli çagalar onuň öňünden çykýardylar, üzeňňisine ellerini sürtýärdiler we bereketli hasaplap, gatyrynyň aýak yzynyň gumundan alýardylar.

Şyh Abu Yshak Bestama gelende, ol ýerdäki sopularyň şyhy Sehleki ony garşylamak üçin öňünden çykdy. Sehleki uly pirdi.

Şyh Abu Yshak onuň öz ýanyna gelýändigini görüp, gatyryndan düşüp, pyýada ýöräp, ony garşy aldy. Sehleki hem ony görüp, ulagyndan ýere düşüp, Şyh Abu Yshagyň elinden öpdi. Abu Yshak hem onuň aýaklaryna ýykyldy. Sehleki ony öz ýerinde oturtdy. Abu Yshak Sehlekiniň ýerinde oturdy. Olar biribirlerine hormat-sylag goýdular. Sehleki Abu Yshaga Şyh Baýezit Bestamydan galan bir bugdaý dänesini berdi. Abu Yshak hem oňa şat boldy.

## 476-NJY HIJRI ÝYLY
*(21.05.1083 — 09.05.1084 ý.)*

## AMYDEDDÖWLE IBN JUHEÝRIŇ HALYPANYŇ WEZIRLIGINDEN BOŞADYLMAGYNYŇ WE KAKASY FAHREDDÖWLÄNIŇ DIÝARBEKIRE GITMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň sapar aýynda Amydeddöwle ibn Juheýr halypanyň wezirliginden boşadyldy. Boşadylan güni hem soltan bilen Nyzamylmülkden halypa ilçi geldi. Ol Juheýr ogullarynyň öz ýanyna iberilmegini isleýärdiler. Halypa hem bu islegi kabul etdi. Juheýr ogullary hem maşgalalary bilen soltanyň ýanyna gitdiler. Soltandan we Nyzamylmülkden hormat gördüler. Soltan Fahreddöwlä Diýarbekiri berdi. Oňa halat ýapdy, goşun berdi. Diýarbekire gidip, ol ýeri merwanylardan almagyny, öz adyna hutba okatmagyny, adyna zikge basdyrmagyny emr etdi. Fahreddöwle hem Diýarbekire gaýtdy.

## HARRAN HALKYNYŇ ŞEREFEDDÖWLÄ GARŞY AÝAGA GALMAGYNYŇ WE HARRANYŇ EÝELENMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Harranyň ilaty Şerefeddöwle Müslim ibn Kuraýşa garşy aýaga galdy we kazylary bolan Ibn Hulba tabyn boldular. Ibn Utaýr Numeýr bilen şäher ilaty bolsa, Harrany türkmen emiri Çubuga bermek isleýärdiler. Şerefeddöwle şol mahal Damaskyň eteginde Tutuşy gabap ýördi. Gozgalaň habaryny eşidip, ol Harrana gaýdyp geldi we Humusyň häkimi Ibn Mulaýyp bilen ylalaşdy. Selimiýäni we Rafeniýäni oňa berdi, soň Harrana tarap gaýtdy. Şäheri manjanyklardan atylan daş ýagşyna tutdy. Diwarlaryň bir bölegini ýykdy. Dört tirkeşigiň üçünji aýyn-

da şäheri zabt etdi we kazy bilen onuň iki ogluny şäheriň diwaryndan asyp goýdy.

## 477-NJI HIJRI ÝYLY
*(10.05.1084 — 28.04.1085 ý.)*

## FAHREDDÖWLE IBN JUHEÝRIŇ, IBN MERWANYŇ WE ŞEREFEDDÖWLÄNIŇ ARASYNDA BOLUP GEÇEN SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Mälik şa aralarynda emir Artyk Ibn Eksibiň hem bar bolan uly goşunyny Diýarbekire iberdi we Fahreddöwlä kömek etmeklerini emr etdi. Fahreddöwle soltanyň esgerleri bilen bilelikde Diýarbekire gidipdi.

Amydyň häkimi Ibn Merwan hem Şerefeddöwläniň ýanyna gidip, Amydy bermek üçin özüne kömek bermegini haýyş etdi. Olar biri-birlerine kömek etjekdikleri barada kasam etdiler. Ýöne bularyň ikisi hem aralaryndaky ata-baba gelýän duşmançylyklary sebäpli ýalan sözleýändir öýdýärdiler. Soň olaryň ikisi Fahreddöwlä garşy söweşmek üçin ylalaşdylar we Amydyň üstüne ýöriş etdiler. Fahreddöwle Amyt tarapynda goşun düşlegi gurupdy. Fahreddöwle olaryň özüne garşy birleşýändiklerini görüp, ylalaşyk isledi we olara garap: «Men sebäpli araplaryň başyna bir bela gelmegini islemeýärin» diýdi.

Türkmenler Fahreddöwläniň niýetine göz ýetirdiler, gijeleýin atlaryna münüp, araplaryň üstüne ýöriş etdiler we olary gabadylar. Aralarynda aýylganç söweş başlady we gitdigiçe gazaplandy. Netijede, araplar ýeňildiler. Wezir Fahreddöwle bilen emir Artyk bolsa bu söweşe gatnaşmadylar. Türkmenler araplaryň emläklerini we mal-mülklerini taladylar. Şol mahal Şerefeddöwle hem ýeňildi we gaçyp, janyny halas etdi. Amyt

galasyna bardy. Fahreddöwle bilen ýanyndakylar hem Şerefeddöwläni gabawa aldylar.

Emir Artyk ýollaryň we galanyň gözegçiligine seredýärdi. Şerefeddöwle oňa käbir zatlary wada berensoň, onuň çykyp gitmegine rugsat berdi. Şerefeddöwle hem dört tirkeşigiň birinji aýynyň ýigrimi birine Amytdan çykyp, Rakga gitdi we Artyga wada beren zatlaryny iberdi. Şol mahal Ibn Juheýr hem Maýýafarykyna gitdi. Fahreddöwle hem Ahlata gaýtdy.

## AMYDEDDÖWLÄNIŇ MOSULY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Mälik şa Şerefeddöwläniň ýeňlendigini we Amytda gabalandygyny eşidip, onuň ýesir alynjagyna hiç hili şeki ýokdy. Soltan Amydeddöwle ibn Juheýre halat-serpaý berdi we ony uly goşun bilen Mosula iberdi. Türkmen begleri hem onuň golastyndadylar. Şeýle-da emir Kasymeddöwle Aksungury hem onuň bilen bile iberdi. Aksungur biziň [Ibn Esir] Mosul hökümdarlarymyzyň atasydyr. Soltan bu hadysadan soň Mosuly oňa ykta beripdi.

Emir Artyk hem ýolda Amydeddöwläniň ýanyndan aýrylyp, soltanyň ýanyna gaýtdy. Amydeddöwle hem dowam edip, Mosula bardy. Mosulyň ilatyna habar iberip, olaryň soltana tabyn bolmaklaryny, gozgalaňdan el çekmeklerini maslahat berdi. Mosullylar hem şäheriň gapysyny açyp, şäheri oňa berdiler. Soltan Mälik şa esgerleri bilen Şerefeddöwläniň ülkesini eýelemek üçin herekete geçdi. Ýöne şol mahal dogany Tekeşiň Horasanda gozgalaň turzandygyny eşitdi.

## TEKEŞIŇ DOGANY SOLTAN MÄLIK ŞA GARŞY ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Tekeş, öň hem belleýşimiz ýaly, dogany soltan Mälik şa bilen ylalaşypdy.

Bu ýyl soltanyň has uzaklardadygy barada pikir edip, ýenede gozgalaň turuzdy. Tekeşiň tarapdarlary düşünişmezlik çykarmak isleýärdiler, şonuň üçinem ony doganyna tabyn bolmakdan boýun towlamaga razy etdiler. Ol hem Saragtyň töweregindäki bir gala çenli Merweruzy we beýleki şäherleri eýeledi. Bu ýerler Mesut ibn emir Ýahyza degişlidi. Mesut öz gaýratlary bilen bu galany berk gala ýagdaýyna getiripdi. Tekeş we onuň adamlary Mesudy bu galada gabawa alypdy. Gala tasdanam eýelenýärdi. Şol mahal Nyzamylmülküň adamlaryndan Nyşapurda bolan Abylfutuh Tusy bilen Horasanyň häkimi Abu Aly ikisi Nyzamylmülküň hatyna meňzedip, Abylfutuhyň Mesut ibn Aýaza bir hat ýazmagyny makulladylar. Hatda Nyzamylmülküň adyndan şeýle diýilýärdi: «Bu haty şu gün Reýden ýazýaryn. Ertir seniň ýanyňa gelýäris, galany gora. Pylan gije duşmanyň üstüne duýdansyz hüjüm etjek».

Soň bolsa ynamdar bir adamy çagyrdylar we oňa köp möçberde dinar berip: «Mesudyň ýanyna git. Pylan ýere baranyňda ýat we ukla. Bu haty diwarlaryň bir ýerinde gizle. Tekeşiň aňtawçylary seni tutup, ýençmeseler, hiç zady boýun alma. Eger ýenjip başlasalar, şu haty çykar we soltandan Reý şäherinde aýrylyşandygyňy aýt. Biz seniň bu hyzmatyň sylagyny bereris» diýdiler. Jansyz bu işi doly ýerine ýetirdi we hadysalar Abylfutuh bilen Abu Alynyň aýdyşy ýaly bolup geçdi. Jansyz tutulansoň, Tekeşiň ýanyna getirildi, ýenjilip ölüm howpy abanansoň, haty çykaryp oňa berdi. Onuň soltan bilen Nyzamylmülküň ýanyndan Reýden aýrylandygyny we soltanyň esgerleri bilen gelýändigini aýtdy. Tekeş we adamlary bu haty okap, jansyzyň

sözlerini eşidip, derrew ýola çykdylar. Hatda çadyrlaryny, mallaryny we ojakdaky gazanlaryny hem ol ýerde taşladylar. Ol ýerde durmadylar we Weneç galasyna tarap gitdiler. Bu örän geň galaýmaly waka boldy. Mesut goşun duşlegine baryp, taşlanylan zatlary aldy. Soltan bolsa üç aýdan soň Horasana geldi. Eger bu hadysa bolmasady, Tekeş Reýe çenli ähli ýeri talardy.

Soltan Horasana baransoň, Tekeşi tutmak üçin yzyna düşdi. Ýöne oňa hiç zat degjek däldigi we jebir-jepa etjekdigi barada imanyndan ant içdi. Soltanyň ýanynda bolanlardan biri bu meseläni ogly Ahmede tabşyrmagyny teklip etdi. Ahmet hem Tekeşiň gözlerine çiş sokmagy emr etdi we Tekeşiň gözlerine çiş sokuldy.

## SÜLEÝMAN IBN GUTALMYŞYŇ ANTAKYÝANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Anadoludaky Konýa, Aksaraý we daş-töwereginiň hökümdary bolan Süleýman ibn Gutalmyş Siriýa ýöriş etdi we Siriýa topraklaryndaky Antakyýa şäherini basyp aldy. Antakyýa 358-nji ýyldan bäri rumlaryň elindedi.

Süleýman şa Antakyýa ýeňşini soltan Mälik şa habar iberip buşlady we bu ýeňşiň onuň adyna amala aşyrandygyny habar ýollady. Sebäbi ol oňa tabyndy. Soltan Mälik şa hem Antakyýanyň ýeňşi bilen baglanyşykly ýeňiş yglan etdi we ilat ony gutlady.

## ŞEREFEDDÖWLÄNIŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ WE DOGANY YBRAÝYMYŇ HÖKÜMDAR BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Süleýman Ibn Gutalmyş Antakyýany eýelänsoň, Şerefeddöwle Müslim habar ýollap, oňa öňki hökümdar Pilaretosyň

özüne iberýän salgydyny isledi we ony soltana garşy aýaga galandygy bilen gorkuzdy.

Şerefeddöwle soň araplardan we türkmenlerden ybarat goşun ýygnady. Türkmen emiri Çubuk hem onuň tarapyndady. Şerefeddöwle gabaw maksady bilen Antakyýanyň üstüne ýöriş etdi. Süleýman hem muny eşidip, onuň üstüne ýöriş etdi. Bular 478-nji ýylyň sapar aýynyň ýigrimi sekizine anna güni Antakyýanyň eteginde duşuşdylar. Söweş mahaly türkmen emiri Çubuk Süleýmanyň tarapyna geçdi. Netijede, araplar ýeňildiler. Şerefeddöwle hem derbi-dagyn bolup ýeňildi, özi hem tutuldy we zyndanda öldürildi.

Bu ýylyň rejep aýynyň ýigrimi bäşine Sanjar şäherinde soltan Sanjar dünýä indi. Oňa Ahmet diýip at dakdylar. Ýöne Sanjar şäherinde doglandygy üçin, oňa Sanjar diýdiler. Ejesi hem «ümmi welet»[1] bolan gyrnakdy.

## 479-NJY HIJRI ÝYLY
*(18.04.1086 — 07.04.1087 ý.)*

## SÜLEÝMAN IBN GUTALMYŞYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Ýokarda aýdylyşy ýaly, Süleýman ibn Gutalmyş Şerefeddöwle Müslimi öldürensoň, Halabyň häkimi Ibn Hutaýty Apbasa habar iberip, şäheri özüne boýun egdirmegini isledi. Ibn Hutaýty hem Süleýmana ilçi iberip, ýagdaý barada soltan Mälik şa habar edip, jogaby gelýänçä möhlet isledi. Ibn Hutaýty şol mahal Damaskyň häkimi Tutuşa habar ýollap, Halaby oňa bermekçidigini wada berdi. Tutuş hem Halaba tarap ýola düşdi. Muny eşiden Süleýman hem derrew ýola çykdy we säher bilen

[1] Ümmi welet – hojaýynyna çaga dogrup beren gyrnak.

taýýarlyksyz ýagdaýda bolan Tutuşyň üstüne ýöriş etdi. Süleýmanyň gelýändigini gören Tutuş derrew goşunyny söweş nyzamyna saldy.

Emir Artyk ibn Eksup hem Tutuşyň ýanyndady. Artyk gatnaşýan ähli söweşinden hökman ýeňiş gazanýan emirdi. Tutuş oňa Kudusy ykta beripdi. Artyk bu söweşde hem Tutuşyň tarapyndady. Ol araplary söweşe höweslendirdi. Netijede, Süleýmanyň adamlary derbi-dagyn boldy. Süleýman mertlerçe söweşdi. Ýöne esgerleriniň derbi-dagyn bolandygyny görüp, öz-özüni pyçaklap öldürdi. Başga rowaýata görä, ol söweşde öldürildi. Şeýdip Tutuş ýeňiş gazandy.

Geçen ýylyň sapar aýynda (1085-nji ýylyň oguz aýy) Süleýman ibn Gutalmyş Şerefeddöwläniň jesedini bir gatyryň üstünde, bir mata dolap, Halaba iberipdi we ilatdan şäheri özüne berilmegini isläpdi.

Bu ýylyň sapar aýynda (1086-njy ýylyň oguz aýy) bolsa Tutuş Süleýmanyň jesedini bir mata dolap, Halaba iberdi we şäheriň özüne berilmegini isledi. Ibn Hutaýty hem ýagdaýy soltana habar berjekdigini we ondan geljek buýruga görä hereket etjekdigini aýtdy. Tutuş hem şäheri gabady we ilaty kyn güne saldy.

Ibn Hutaýty şäheriň diňlerini goramak üçin her birini emirleriň birine berdi. Birini hem Ibn Rawy atly bir adama berdi. Soň hem oňa paýyş sözler aýdyp, ony özünden sowatdy. Ol örän güýçli adamdy. Ilatyň kyn şertlerde ýaşaýandygyny görüp, Tutuşa habar ýollady we ony şäheri eýelemek üçin çagyrdy. Soň hem özara ylalaşyp, bir gije diwarlaryň üstüne ýüpler bilen çykmak barada ylalaşdylar. Tutuş aýdylan gije ol ýere geldi. Ýüpler we merduwanlar bilen şäheriň diwarlaryna çykdy, netijede, şäher eýelendi. Ibn Hutaýta hem gaçyp, emir Artyga sygyndy. Emir Artyk hem Tutuşdan onuň bagyşlanmagyny haýyş etdi. Halabyň galasynda Şerefeddöwle Müslim ibn

Kuraýşyň agasynyň ogly soltan ibn Mälik ibn Bedran bardy. Tutuş galany on ýedi günläp gabady. Soň bolsa dogany Mälik şanyň öňhatar goşunynyň gelýändigini eşidip, ol ýerden gaýtdy.

## SOLTANYŇ HALABY WE KÄBIR BAŞGA ÝERLERI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Täjeddöwle Tutuşdan gorkan Ibn Hutaýty soltan Mälik şa habar ýollap, Halaby özüne berjekdigi barada söz berdi. Soltan hem dört tirkeşigiň dördünji aýynda Yspyhandan ýola çykdy. Öňhatar goşunlaryna serkerde edip emir Porsugy, Bozany we beýleki emirleri bellänsoň, ýoluny Mosula tarap öwürdi. Rejep aýynda ol ýere bardy. Soň ol ýerden aýrylyp, Harrana gaýtdy. Şäheriň häkimi Ibn Şatyr şäheri oňa berdi. Soltan hem Harrany Muhammet ibn Şerefeddöwlä ykta berdi we ol ýerden Urfa tarap gaýtdy. Urfa şol mahal rumlaryň elindedi. Şäheri gabap, eýeledi. Rumlar bu ýeri öň Ibn Utaýyrdan satyn alypdylar. Soltan Urfadan Şaber galasyna gitdi. Galany bir gije-gündiz gabawdan soň eýeledi.

Soň soltan Fyrat derýasyndan geçip Halaba gaýtdy. Ýolda Menbiç şäherini eýeledi. Halaba ýakynlaşanda dogany Tutuş ol ýerden gaçdy.

Tutuş öň şäheri eýeläpdi. Tutuş emir Artyk bilen bilelikde Halapdan çekilip, çöllere gitdi. Artyk Tutuşa soltanyň esgerleriniň üstüne çozuş gurnamagy maslahat berip: «Soltanyň esgerleri-de, ulaglary-da ýadaw halda, garşy durup biler ýaly güýçleri ýok» diýdi. Eger Tutuş şol mahal soltanyň üstüne çozsa-dy, gürrüňsiz ýeňiş gazanardy.

Onda Tutuş: «Men kölegesine sygynýan doganymyň at-abraýyna zeper ýetmegini islemeýärin. Bu hili hereket meniň abraýymy gaçyrar we peselder» diýdi we Damaska gaýtdy.

Soltan Mälik şa Halaba baryp, şäheri eýeledi. Salym ibn Mälik hem Şaber galasyny özüne bermek şerti bilen soltana berdi. Soltan Mälik şa Halaby eýelänsoň, Kasymeddöwle Aksungury ol ýere häkim belledi. Ol hem Halaby dikeltdi we halk bilen gowy gatnaşyk etdi.

## SOLTANYŇ BAGDADA GIRMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň gurban aýynda soltan Mälik şa Halaby we Siriýadaky beýleki şäherler bilen Jeziräni hem eýelänsoň, Bagdada girdi. Bu soltanyň Bagdada ilkinji gezek gelşidi. Hökümet jaýynda düşledi. Ertesi gün Halapda jowgan we top oýnady. Halypa birnäçe sowgatlar iberdi. Halypa hem bulary kabul etdi. Soltan bilen Nyzamylmülk Musa ibn Japaryň gümmezine, Magrufyň, Abu Hanypanyň[1] we Ahmet ibn Hanbalyň[2] guburlaryna zyýarat etdiler. Bu zyýarat sebäpli şahyr Ibn Zikreweýh Wasyty bir kasyda bilen Nyzamylmülki wasp etdi.

Soltan halypanyň ýanyna baranda Nyzamylmülk dik durup, emirleri tanyşdyryp: «Bu guluňyz pylan ogly pylanydyr, ykta ýerleri şulardyr, esger sany şeýleräkdir» diýýärdi. Halypa hem ülkäniň we ilatyň ýagdaýyny düşündirdi. Ilata adalatly bolmagyny maslahat berdi.

Halypa Nyzamylmülke hem halat-serpaý ýapdy. Nyzamylmülk Nyzamyýe medresesine girdi we kitaphanada oturyp, kitaplary gözden geçirdi. Ilat medresede ondan hadys diňledi. Soltan 460-njy ýylyň sapar aýyna çenli Bagdatda galdy, soň Yspyhana gaýtdy.

---

[1] Abu Hanypa – dört sünni mezhebi bolan hanapy mezhebini esaslandyryjy (80-150/700-767).

[2] Ahmet ibn Hanbal - dört sünni mezhebi bolan hanbaly mezhebini esaslandyryjy (164-241/780-855).

# 480-NJI HIJRI ÝYLY
*(08.04.1087 — 26.03.1088 ý.)*

## SOLTANYŇ GYZYNYŇ HALYPANYŇ KÖŞGÜNE ALNYP GIDILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda soltan Mälik şanyň gyzynyň şaý-sepi ýüz otuz düýä we ýetmiş dört gatyra ýüklenip, halypalyk köşgüne getirildi. Düýeleriň üstüne rum ýüpegi, gatyrlara bolsa şahana ýüpekler örtülipdi. Boýunlarynda altyndan we kümüşden jaňlar we monjuklar bardy. Ýükleriň köpüsi altyn-kümüşdendi. Düýeleriň üstünde üç sany kejebe bardy. Gatyrlaryň alty sanysynyň üstünde on iki sany sandyk bardy. Bularyň içindäki zynatlar, lybaslar we şaý-sepler gaty gymmatbahalydy. Gatyrlaryň öňünde dürli-dürli göwherler bilen bezelen altyn eýerli otuz üç sany ýük aty we üstünde birnäçe altyn bolan uly sallançak bardy.

Öňlerinde Sagdeddöwle Göwheraýyn, emir Porsuk we beýleki käbir emirler bardy.

Soltanyň gyzy Hatyn üsti altyn-kümüş bilen bezelen kejebäniň içinde geldi. Kejebäniň daşynda göz gamaşdyryjy ulaglara münüp gelýän iki ýüz sany türkmen kenizegi bardy. Gelin Hatyn şeýle bir dabara bilen halypalyk köşgüne girdi. Bu gije Bagdatda heniz görülmedik, dillerde dessan bir gije bolupdy.

Ertesi gün halypa zyýapat gurnady. Soltanyň emirlerini çagyrdy. Halypa oturylyşyga gatnaşan ähli emirlere we goşun içindäki ähli serkerdelere halat ýapdy. Soltan Mälik şanyň aýaly Türkan Hatyna we beýleki hatynlara hem halat ýapdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl soltan Mälik şanyň Türkan Hatyndan bir ogly boldy. Adyna Mahmyt goýdular. Soltan Mälik şadan soň bu oglunyň adyna hutba okalypdy.

Bu ýyl soltan Mälik şa Halap şäherini we galasyny hyzmatkäri Aksungura berdi we ony bu ýere häkim belledi. Aksungur Halaby adalatly dolandyrdy. Ol soltan Mälik şanyň enekesiniň adamsydy. Soltany ol aýal terbiýeläp, ulaldypdy.

Bu ýyl soltan Mälik şa ogly Abu Şujag Ahmedi şazada yglan etdi we oňa «Mälikil-mülk»[1], «Adududdöwle»[2], «Täjilmille»[3] we «Umdetu emiril-möminin»[4] lakamlaryny dakdy. Soltan Bagdatdan gaýdansoň, halypa habar ýollap, Bagdatda şazada hökmünde onuň adyna hutba okalmagyny isledi. Meret aýynda şazada Ahmediň adyna hutba okaldy, hatynlaryň üstüne altyn seçildi.

Bu ýylyň boş aýynda halypanyň soltanyň gyzyndan bir ogly boldy. Adyna Japar, künýesine Abylfazl goýdular. Bagdat bu ýagdaý sebäpli bezeldi.

Bu ýyl haj emiri Abu Mansur Gutlug wepat boldy. Ol on iki ýyllap haj emiri bolupdy. Araplar bilen onuň arasynda birnäçe hadysa bolup geçipdi. Araplar ondan gorkar ekenler. Emir Gutlug ýogalanda, Nyzamylmülk: «Bu gün müň kişi öldi» diýdi.

---

[1] Mälikil-mülk – mülk eýesi.

[2] Adududdöwle - döwletiň arkadagy.

[3] Täjül-mille – milletiň täji.

[4] Umdetu emiril-möminin – möminleriň emiriniň kömekçisi, ýardamçysy.

# 481-NJI HIJRI ÝYLY
*(27.03.1088 — 15.03.1089 ý.)*

## TÜRKMENLERIŇ HALYPALYK KÖŞGÜNIŇ HAREMHANASYNDAN ÇYKARYLMAKLARYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň ikinji aýynda halypanyň aýaly, ýagny soltanyň gyzy bilen gelen türkmenleriň halypalyk köşgüniň haremhanasyndan çykarylmagy barada buýruk berildi.

Onuň sebäbi şeýledi: Türkmenleriň biri hyzmatkärleriň birinden miwe aldy. Aralarynda miwäniň bahasy barada dawa çykdy. Hyzmatkär hem türkmene paýyş sözler aýtdy. Türkmen hem terezidäki çeküw daşyny alyp, hyzmatkäriň kellesine urup ýardy. Tas, ilat bilen türkmenleriň arasynda uruş ýüze çykypdy. Olar biri-birlerine gygyryşdylar we paýyş sözleri aýtdylar. Halypa hem türkmenleriň köşkden çykarylmaklaryna buýruk berdi. Netijede, türkmenler ýassy wagtynda, erbet ýagdaýda köşkden çykaryldylar.

## GAZNA HÖKÜMDARY YBRAÝYMYŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ WE ONUŇ OGLY MESUDYŇ HÖKÜMDARLYGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl ýeňiji hökümdar Ybraýym ibn Mesut ibn Mahmyt ibn Söbüktegin wepat boldy. Ol Gazna hökümdarydy. Ol adalatly, jomart, gaýratly kişidi. Onuň ýeňişleri barada öň agzapdyk. Ol örän akylly, dogry garaýyşly kişidi, öňdengörüjidi.

Onuň öňden görüjiligine degişli bir mysal: Seljuk soltany Mälik şa ibn Alp Arslan esger çekip, Gaznanyn eýelemek üçin gelýärdi we Isfirarda düşläpdi. Muny eşiden Ybraýym ibn Mesut soltan Mälik şanyň serkerdelerine ýüzlenip bir hat ýazdy.

Olara soltan Mälik şany tutmak üçin we ondan halas bolmak üçin guran meýillerini amala aşyrmak maksady bilen soltany Gazna ýöriş etmäge höweslendirendiklerini beýan etdi we olara haýyr-yhsan bagyş etdi. Iberen çaparyna hem soltana aw mahaly üstüne hüjüm etmegini emr etdi.

Ýaňky çapar hem bu emri ýerine ýetirip, soltanyň üstüne topulýar we özi tutulýar. Soltan ondan özi barada her näçe sorasa-da, ol jogap bermeýär. Soltan ony ýençmegi emr edensoň, ol dil açyp, hälki haty soltana berýär. Soltan Mälik şa bu haty okap serkerdelerinden şübhelenip, yzyna gaýdýar. Serkerdeleri özünden sowaşar öýdüp, olara hem hiç zat aýtmaýar.

Ol her ýyl öz eli bilen bir Gurhan ýazyp, ony başga sowgatlar bilen Mekgä ibererdi. Ybraýym şeýle diýer eken: „Eger atam Mahmydyň ölüminden soň kakam Mesudyň ýerine men bolsadym, ülkämiziň iň çet-gyrasy hem elden çykmazdy. Ýöne indi men olary yzyna almakdan ejiz. Sebäbi ol ýerleri uly goşunly hökümdarlar eýeledi”.

Onuň wepatyndan soň ýerine ogly Mesut hökümdar boldy. Onuň lakamy Jelaleddöwledi. Onuň kakasy Mälik şanyň gyzyna öýlenipdi. Nyzamylmülk bu nika üçin ýüz müň dinar çykardy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl soltan hajylardan alynýan gorag tölegini ýatyrdy.

Bu ýyl soltan Mälik şanyň ogly Ahmet Merwde wepat boldy. Ol mirasdüşer şazada soltandy. Ol 11 ýaşyndady. Bagdatda halypanyň howlusynda adamlar ýedi günläp ýas tutdular, hiç kim ulaga münmedi. Kerhliler oňa ýas tutup, gara geýindiler, gynanç bildirdiler.

# 482-NJI HIJRI ÝYLY
*(16.03.1089 — 05.03.1090 ý.)*

## SOLTAN MÄLIK ŞANYŇ MAWERANNAHRY BASYP ALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Mälik şa Mawerannahry eýeledi.

Munuň sebäbi hem Samarkandyň öňki häkimi Şemsilmülküň dogany Ahmet han ibn Hydyr handy. Ahmet han Mälik şanyň aýaly Türkan Hatynyň doganoglanydy. Ol örän zalymdy, betniýetlidi. Ilat bilen arasynda düşünişmezlik ýüze çykypdy. Ilat ony halamaýardy we Mälik şa hat ýazyp, gizlinlikde onuň üstünden arz-şikaýat etdiler. Onuň gelip şäheri eýelemegini islediler. Fakyh Abu Tahyr ibn Alak Şapygyny soltana ilçi edip iberdiler. Ol mal-mülküniň köpdügi üçin Ahmet handan gorkýardy. Ol söwda we haj bahanasy bilen Mälik şanyň ýanyna geldi. Soltana arz-halyny aýtdy. Şäheri eýelemäge höweslendirdi.

Soltan hem dessine Samarkandy eýelemek üçin Yspyhandan ýola çykdy.

Soltan heniz Yspyhandaka, onuň ýanyna Rum hökümdarynyň ilçisi geldi. Ol tölemeli salgydyny getiripdi. Nyzamylmülk ony hem Mawerannahra alyp gaýtdy. Kaşgara gelip ýetenlerinde, Nyzamylmülk olara yzyna gaýtmaga rugsat berip şeýle diýdi: «Taryh kitaplarynyň Wizantiýa hökümdarynyň soltan Mälik şa salgyt töleýändigini we ilçiniň bu salgydy soltanyň golastyndaky ýerleri görüp, hökümdaryna aýdyp bermegi, onuň hem soltandan has gaty gorkmagy we tabynlykdan çykmak hakda pikir hem etmezligi üçin, Kaşgaryň derwezelerine çenli getirendigini ýazyp, soltandan has hem gorkmaklaryny we çekinmeklerini, biz hakda gürrüň etmeklerini isleýärin».

Soltan Yspyhandan Horasana gaýdanda, ähli şäherlerdäki esgerlerini toplady. Sansyz-sajaksyz goşuny bilen derýadan geçdi. Derýadan geçip, Buhara girip, ýolugra ol ýeri basyp aldy. Soň ol ýerden çykyp, öňünden çykan şäherleri eýeledi. Soň Samarkanda ýöredi. Onuň niýeti şäheriň ilatyny zulumdan halas etmekdi. Şäheri gabady, kynçylyga saldy.

Ahmet han hem şäheriň diwarlaryny emirlerine paýlap berdi. Aýýar atly diwary bolsa Samarkant muhtesibi[1] bolan bir alawy[2] adama berdi. Ol söweşiň tarapdary däldi.

Bu alawy adamyň ogly Buharada ýesir alnypdy. Onuň kakasyna oglunyň ölümi bilen haýbat atyldy. Ol hem söweşden ýüz öwürdi. Bu hem soltanyň bähbidine boldy. Manjanyk bilen atyp, diwary aldy. Soltanyň esgeleriniň diwaryň içine girenlerini gören Ahmet han gaçyp gizlendi. Ony tutup, boýnuna ýüp salyp, soltanyň ýanyna getirdiler. Soltan hem oňa hormat goýup, ony boşatdy we Yspyhana iberdi. Ýanynda goragçylary bardy. Samarkanda Horezmiň häkimi Abu Tahyry häkim belledi.

Soltan ol ýerden Kaşgara ugrady. Oguzkende ýetdi. Şäheriň derwezesiniň öňünden derýa akýardy. Ol ýerden Kaşgaryň hökümdaryna hat ýazyp, öz adyna hutba okalyp, zikge basylmagyny talap etdi. Eger aýaga galsalar, üstüne çozjakdygyny beýan etdi. Şeýdip, olary hem özüne tabyn etdirdi. Häkim soltanyň huzuryna getirildi. Soltan oňa hormat-sylag goýdy, oňa nygmatlar berip, Kaşgary oňa gaýdyp berdi.

Soň soltan Horasana gaýtdy. Ol Samarkantdan uzaklaşansoň, ilat we esgerler (ol esgerlere çigiller diýýärdiler) Abu Tahyr bilen oňuşmadylar we ony kowup çykardylar. Ol hem Horezme gaýtdy.

---

[1] Muhtesip – şäheriň umumy işlere seredýän adam.

[2] Alawy – Hezreti Alynyň tarapdary, şaýy mezhebiniň bir ugry.

## SAMARKANT HALKYNYŇ GARŞY ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Çigilleriň esgerleriň ýolbaşçysynyň ady Aýneddöwledi. Ol Kaşgar hökümdarynyň dogany Ýakup Tegin bilen habarlaşdy. Onuň elinde galasy bardy. Onuň galasyna Atbaşy diýilýärdi. Aýneddöwle hem Ýakuby Samarkanda çagyrdy.

Ikisi birleşdiler, ýöne Ýakup onuň bilen işiniň ýöremejegini aňdy. Onuň ilata zulum edendigini bahana edip, ilaty oňa garşy öjükdirdi we ony öldürmek üçin rugsat aldy. Bu habarlary eşiden Mälik şa yzyna Samarkanda gaýtdy.

## SAMARKANDYŇ IKINJI GEZEK BASYLYP ALYNMAGY

Samarkandyň özüne garşy aýaga galandygyny we Aýneddöwläniň öldürilendigini eşiden Mälik şa Samarkanda gaýdyp geldi. Ol Buhara gelende Ýakup Samarkantdan gaçyp, Fergana gitdi we öz ýurduna bardy.

Onuň yzynda galan esgerleri soltanyň ýanyna aman diläp geldiler. Ony Tawawys diýen ýerde garşyladylar. Soltan hem Samarkanda gelip, şäheri eýeledi. Ol ýerde emir Ineri goýup, özi hem Ýakubyň yzyndan gitdi. Oguzkende baryp düşledi. Esgerlerini hem ony gözlemäge iberdi.

Soltan Ýakubyň dogany bolan Kaşgar hanyna hem hat ýollap, ony tutmak we öz ýanyna ibermek üçin elinden gelenini etmegini isledi. Şol mahal Ýakubyň esgerleri oňa garşy aýaga galyp, onuň hazynalaryny taladylar. Ony dogany Kaşgar hanynyň ýanyna gaçmaga mejbur etdiler. Muny eşiden soltan Kaşgara habar ýollady we Ýakubyň Kaşgarda doganynyň ýanyndadygyny bildi. Eger ony öz ýanyna ibermese, onda üstüne çozjakdygyny we özüne duşman hasaplajakdygyny aýtdy. Kaşgar

hany, bir tarapdan, soltandan gorkýardy, beýleki tarapdanam, aralarynda hökümdarlyk meselesinde çekeleşik bolan hem bolsa, özüne sygnan doganyny soltana bermekden çekinýärdi we utanýardy.

Soň ol dogany Ýakubyň gözleýändigini we tussag etmekçidigi hakynda habar ýollady. Soň hem ony tutup, ogluny bir topara baş edip, köp sanly sowgat-serpaýlar bilen Ýakuby soltanyň ýanyna iberdi. Şeýle hem eger soltan Mälik şa razy bolsa, bir galada Ýakubyň gözlerine çiş sokup taşlamaklaryny, eger razy bolmasa, soltana eltip tabşyrmagyny buýurdy.

Ady agzalan gala baranlarynda Kaşgar hanynyň ogly agasynyň [kakasynyň doganynyň] gözlerine çiş sokmakçy we kakasynyň aýdanyny ýerine ýetirmekçi boldy, Ýakubyň ellerini arkasynda daňyp, ýere ýatyrdy. Çişi gyzdyryp, gözlerine sokjak bolanda, erbet goh-galmagal eşitdiler.

Bu işi goýbolsun edip, aralarynda maslahat etdiler, soň ýene çiş sokmakçy boldular. Ýöne käbirleri muňa garşy çykdylar. Ýakup hem olara: «Maňa öz ýagdaýyňyzdan we näme etmekçi bolýandygyňyzdan habar beriň. Eger maňa bir zat etseňiz, puşman ederdiňiz » diýdi.

Ýakuba Togrul ibn Ýynalyň segsen parsah uzaklykdan on müňlerçe esger bilen gelip, Kaşgarda doganyny talandygyny we ülkesine gidendigini aýtdylar. Onda Ýakup olara: «Maňa etjek bolýan zadyňyz, sizi Alla ýakynlaşdyrjak iş däl. Üstesinede, siz muny meniň doganymyň emrine uýup, ýerine ýetirýärsiňiz. Onuň hanlygy gutardy ahyry» diýdi. Şeýle hem Ýakup olara köp möçberde haýyr-yhsan wada berdi. Olar hem ony goýberdiler.

Soltan bu ýagdaýlary, ýagny Togrul ibn Ýynalyň eden işlerini, Kaşgara çozup, onuň hanyny tussag edendigini we özüniň ýakynlaşmagyna garamazdan, Kaşgary eýeländigini görüp, ýagdaýyň üýtgemeginden, at-abraýyna zeper ýetmeginden çe-

kindi. Şeýle hem eger Togrulyň üstüne çozsa, onuň gaçjakdygyny, onuň yzyndan özüniň kowalamajakdygyny we bialaç yzyna gaýtjakdygyny bilýärdi. Kaşgar hanynyň dogany Ýakubyň ýagdaýy hem şeýle ýagdaýdady.

Netijede, soltan Täjilmülki Ýakubyň ýanyna iberip, onuň bilen arasyny sazlamakçydygyny aýtdy. Täjilmülk hem soltanyň aýdýanlaryny ýerine ýetirdi. Şeýdip, soltan bilen Ýakup ylalaşdylar. Soltan hem Horasana gaýtdy.

Ýakuby Togrulyň garşysyna goýdy we Togrulyň güýçlenip, ülkäni eýelemegine päsgel boldy. Olaryň her haýsy bir ýerde iş alyp bardylar.

## SOLTANYŇ HALYPANYŇ AÝALY BOLAN GYZYNYŇ KAKASYNYŇ ÝANYNA GAÝDYP GELMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan halypa habar iberip, gyzyny öz ýanyna ibermegini isledi. Onuň sebäbi şeýledi:

Soltanyň gyzy kakasyna habar ýollap halypadan arz-şikaýat etdi. Halypanyň özüne känbir üns bermeýändigini aýtdy. Halypa hem soltanyň islegine görä aýalynyň atasy öýüne gitmegine rugsat berdi. Soltanyň gyzy dört tirkeşigiň birinji aýynda ýola çykdy. Ýanynda halypanyň ogly Abylfazl Japar ibn Muktady Biemrillä hem bardy. Şeýle-de käbir döwlet işgärleri hem bardy. Soltanyň gyzynyň kejebesiniň ýany bilen Sagdeddöwle Göwheraýyn hem-de halypalyk köşgüniň emeldarlary gitdiler. Wezir hem olary ýola samak üçin Nehrewana çenli gaýtdy we yzyna döndi.

Hatyn Yspyhana gelip, meret aýyna çenli ol ýerde galdy we ol ýerde ýogaldy. Wezir hem onuň ýasyny tutmak üçin ça-

dyr gurdy. Bagdatdaky we Yspyhandaky şahyrlar onuň üçin mersiýeler[1] ýazdylar.

## 484-NJI HIJRI ÝYLY
*(23.02.1091 — 11.02.1092 ý.)*

## SOLTANYŇ BAGDADA GELMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň oraza aýynda soltan Bagdada geldi. Ol Bagdada ikinji gezek gelýärdi. Hökümetiň myhmanhanasynda düşledi. Ýanyndaky adamlary hem başga ýerlerde ýerleşdiler. Dogany Täjeddöwle Tutuş, Halabyň häkimi Kasymeddöwle Aksungur we beýleki emirler onuň ýanyna geldiler. Bagdatda uly toý tutuldy. Adamlar Bagdadyň munuň ýaly bezelendigini heniz görmändiler. Şahyrlaryň köpüsi bu gijäni wasp edýän goşgular ýazdylar.

## 485-NJI HIJRI ÝYLY
*(12.02.1092 — 31.01.1093 ý.)*

## TUTUŞYŇ HUMUSY WE SIRIÝANYŇ KENARLARYNDAKY BEÝLEKI ŞÄHERLERI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Bagdatda gezip ýörkä, dogany Täjeddöwle Tutuş Damaskdan, Kasymeddöwle Aksungur Halapdan, Bozan hem Urfadan ýanyna geldiler. Soltan olara yzyna gaýtmaga rugsat berensoň, Aksungur bilen Bozana esgerleri bilen bilelikde şaýy-fatamy halypasy Mustansyryň Siriýanyň kenarlaryndaky şäherlerini eýelemek isleýän Täjeddöwle Tutuşyň hyzmatyna gir-

---

[1] Mersiýe – elegiýa, gynançnama.

meklerini we bilelikde Müsüre ýöräp, ol ýeri eýelemekleri barada buýruk berdi.

Olar bilelikde Siriýanyň üstüne ýöriş etdiler. Tutuş Humusyň eteginde düşledi. Şäheriň häkimi Ibn Mulaýyp hem ol ýerdedi. Ibn Mulaýybyň we neberesiniň musulmanlara ýetirýän zyýany uludy. Olar Humusy gabadylar. Ilaty kyn ýagdaýa saldylar. Netijede, Tutuş Humusy eýeledi. Ibn Mulaýyby we iki ogluny hem ýesir aldy. Ol ýerden Arka galasyna gitdi we ol ýeri hem eýeledi. Soň Efamyýe galasyna ýöriş etdi we ol ýeri hem eýeledi. Efamyýede Müsür halypasynyň bir hadymy[1] bardy. Ol iman diläp galadan düşdi. Tutuş hem oňa aman berdi we Trablusyň üstüne ýöriş etdi. Gabawa almak maksady bilen şäheriň öňünde düşledi. Trablusyň häkimi Jelalylmülk ibn Ammar Tutuşyň ýanyndaky goşunyň diňe hile ýoly bilen daşlaşdyryljakdygyna göz ýetirdi. Ol Tutuşyň ýanyndaky emirlere habar ýollap, Tutuşy bu niýetinden dändirmekleri üçin tagalla etdirjek boldy, ýöne olar muny etmediler.

Kasymeddöwle Aksunguryň ýanynda Zerrin Kemer atly wezir bardy. Ibn Ammar oňa ilçi iberdi, oňa sowgat-serpaý iberdi, gabawy aýyrmagy üçin kömekçi bolmagyny isledi. Ol hem Kasymeddöwle Aksungur bilen bilelikde Tutuşyň gabawy aýyrmagy üçin tagalla etdi. Ibn Ammar Aksungura otuz müň dinar pul bilen şonçarak hem sowgat iberdi. Şeýle hem soltan Mälik şanyň Trablusyň häkimligini özüne berýändigini aňladýan permanlar bilen soltanyň ol ýerdäki naýyplaryna ýardamçy bolup, olar bilen bile iş alyp barmagy we olar bilen söweş etmekden daş durmagyny emr edýän permanlaryny görkezdi. Aksungur hem Täjeddöwle Tutuşa garap:

— Men elinde beýle permanlar bolan adam bilen söweşmerin — diýdi. Täjeddöwle hem oňa gaharlandy we oňa:

[1] Hadym – hyzmatkär, häkim, orunbasar.

— Sen maňa tabyn dälmi? — diýdi.

Onda Aksungur oňa:

— Men eger sen soltana garşy çykmasaň we emrine uýsaň saňa tabyn — diýip jogap berdi.

Aksungur hem ertesi gün ol ýerden gaýtdy. Täjeddöwle hem ol ýerden gitmäge mejbur boldy we öýkeläp, Trablusdan gaýtdy. Bozan hem öz şäherine gitdi. Netijede, iş netijesiz gutardy.

## SOLTAN MÄLIK ŞANYŇ ÝEMENI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bagdatdaka soltan Mälik şanyň ýanyna gelenleriň biri hem türkmenleriň emiri Çubukdy. Ol Garmysynyň we onuň töwereginiň häkimidi. Soltan oňuň hem özi bilen Hyjaza we Ýemene gitmegini isläpdi. Cubuk Göwheraýyn Sagdeddöwle bilen ol ýerdäki şäherleri basyp almaga gitmelidi. Emir Türşek hem olara goşuldy. Olar Ýemene çenli gelip ýetdiler. Ýemeni basyp aldylar. Ýemenlileri erbet taladylar, her hili pyssy-pyjurlygy etdiler. Soň Adeni eýelediler. Emir Türşek ol ýerde keselläp, ýedi günden soň aradan çykdy. Ol ýetmiş ýaşyndady. Ony Bagdada getirip, Abu Hanypanyň guburynyň ýanynda ýerlediler. Goý, Alla oňa rehmet etsin.

## NYZAMYLMÜLKÜŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň oraza aýynyň onuna wezir Nyzamylmülk Abu Aly Hasan ibn Aly ibn Yshak Nihawendiň töwereklerinde öldürildi. Nyzamylmülk soltan bilen Yspyhanda gezip ýördi we Bagdada gelýärdiler. Wezir Nihawendiň ýakynlaryna gelende, agzaçardan soň, öz çadyryna barýarka, batynylardan deýlemli bir ýaş ýigit şepagat ýa-da kömek isleýän ýaly bolup oňa ýa-

kynlaşdy we ýanyndaky hanjary bilen ony pyçaklap öldürdi. Soň gaçyp barýarka, aýagy çadyryň ýüpüne ilteşip ýykyldy, ony tutup, dessine öldürdiler. Soltan hem Nyzamylmülküň çadyryna gidip, esgerlerini we beýleki adamlaryny köşeşdirdi.

Nyzamylmülk Alp Arslanyň soltanlygyndan öňki döwürde agasy [kakasynyň dogany] soltan Togrul begiň döwründe Horasanyň hökümdary bolan mahallary wezirliginden daşgary otuz ýyllap wezir boldy. Ol indi garrapdy, 408-nji (1017-1018-nji) ýylda dünýä inipdi.

Nyzamylmülküň öldürlmeginiň sebäbi şeýledi:

Nyzamylmülk agtygy Osman ibn Jemalylmülki Merwiň reýisligine belledi. Soltan Mälik şa hem uly hyzmatkärlerinden we uly emirleriň biri bolan emir Kudany şihne hökmünde Merwe iberdi. Kudan bilen Osmanyň arasynda bir meselede düşünişmezlik we dawa-jenjel çykdy. Bu dawa-jenjel ýaş bolmagy, wezipesine we atasyna daýanyp şihnäni tussag etmegi bilen gutarýar. Osman soňra Kudany göýberýär. Kudan hem arz-şikaýat etmek üçin, göni soltanyň ýanyna gaýtdy. Soltan Mälik şa hem Täjeddöwle we Mejdilmülk Balasany dagydan wezir Nyzamylmülke bir hat iberýär. Soltan hatda şeýle diýýärdi: «Eger sen maňa soltanlykda şärik, mülkümde ortagym bolsaň, munuň hem bir kadasy bardyr. Eger sen meniň naýybym we maňa tabyn bolsaň, onda naýyplyk we tabynlyk şertlerine uýmalysyň. Seniň ogullaryň her haýsy bir sebiti eýeledi we uly welaýata häkim boldy. Munuň bilen hem kanagat etmän, döwlet işlerine garyşyp başladylar, ony-muny etmäge başladylar» diýdi we sözi has hem uzatdy. Olaryň ýanynda emir Ýelberdi hem bardy. Ýelberdi soltanyň ýakyn adamlaryndandy we ynamly emirdi. Soltan oňa: «Olar her näçe gizleseler-de, Nyzamylmülküň aýdan sözlerini sen maňa ýetir» diýdi.

Iberilen topar getirip, haty Nyzamylmülke berdi. Nyzamylmülk hem olara: «Soltanyňyza aýdyň: «Eger meniň soltanly-

gyňda we mülküňde ortakdygymy bilmeýän bolsaň, onda bil. Sen bu günki mertebäňe we ykbalyňa meniň garaýyşlarym we meýillerim bilen geldiň. Kakasy öldürilen gün işlerini nädip alyp barandygymy neberesinden we beýlekilerden sora, olar pylan we pylan kişilerdir» diýdi we özüne garşy çykanlaryň adyny agzady. Soň bolsa: «Oňa garşy çykanlary nädip tankyt edendigimi ýadyna salmaýarmy? Şol mahal maňa ýakyn durýardy we garşy çykmaýardy. Haçan-da işleri ýola salanymda, hemmeleri oňa tabynlyga salanymda, tertip-düzgüni ornaşdyranymda, ýakyn we daş şäherleri eýelänimde, ýakyn we daş hemmeler oňa tabyn boldy. Indi hem ol meniň etmedik günälerimi maňa ýükleýär, maňa aýdylýan töhmetleri eşidip başlady» diýdi. Soň ýene-de: «Meniň adymdan oňa aýdyň: «Kellesindaki ol täjiň barlygy bu döwet galama baglydyr. Bu ikisiniň ylalaşmagy islenilýän ähli zadyň bagy we ähli görnüş oljanyň sebäbidir. Bu döwetiň gapagyny ýapsam, onuň täji hem ýok bolar. Eger haýsydyr bir üýtgetmä we çalşyryş kararyna gelen bolsa, onda bu üýtgeşme amala aşmazdan, gerek çärelerini görsün. Gapy kakylmazdan öňürti başyna geljek belalar barada pikir etsin we habardar bolsun» diýdi we sözi uzatdy. Soň hem olara: «Soltana meniň aýdan zatlarymdan isläniňizi aýdyň. Sebäbi onuň haýbatlary we ýazgarmalary meni gaty gynandyrdy we ejizletdi» diýdi.

Bu topar Nyzamylmülküň ýanyndan çykansoň, ol ýerde bolup geçen zatlary soltandan gizlemäge we weziriň doly tabynlyk içindedigini we günäsizdigini aýtmak meselesinde ylalaşdylar. Hemmesi öýli-öýüne dagady. Gijäniň ýarysy bolupdy. Ýelberdi göni soltanyň ýanyna gitdi we bolup geçenleri oňa gürrüň berdi. Topardaky beýleki adamlar ertir irden soltanyň ýanyna geldiler, soltan olara garaşyp otyrdy. Olar Nyzamylmülküň ötünç sorandygyny, tabynlykda dowam edýändigini

aýtdylar. Soltan olara: «Nyzamylmülk beýle diýmedi. Ol şeýle diýdi» diýip, ähli bolan zatlary aýdyp berdi.

Olar Nyzamylmülküň hakyny we geçmişdäki eden hyzmatlaryny göz öňünde tutup, muny gizlin saklamagyny haýyş etdiler. Ýöne soňunda Nyzamylmülke garşy käbir ätiýaçlyk işleri görlüp başlandy we ol öldürilip, bu iş tamam boldy. Nyzamylmülküň ölüminden otuz bäş günden soň soltan Mälik şa hem öldi. Şeýdip döwlet dagady, gylyç ýere gaçdy. Nyzamylmülküň sözi onuň keramatyna ýoruldy.

Şahyrlar Nyzamylmülk barada birnäçe mersiýe ýazdylar. Nyzamylmülk barada aýdylanlaryň iň meşhurlarynyň biri hem Şibleddöwle Mukatyl ibn Atyýýanyň şu jümleleridir:

Nyzamylmülk Allanyň abraý dürüdi,
Zaman onuň beýik gadryn bilmedi.

Wepalylygy üçin Alla hem ony,
Ýene sadabyna—yzyna saldy.

Öldürilenden soň biri Nyzamylmülki düýşünde görýär we ondan:

— Ýagdaýlaryň nähili? – diýip soraýar.

Ol hem:

— Kelläme demir hanjar bilen urulmadyk bolsady (öldürilme hadysasy), ähli işlerim zerarly soraga çekilerdim — diýip jogap berenmiş.

## SOLTAN MÄLIK ŞANYŇ ÖLÜMINIŇ BEÝANY WE OŇA DEGIŞLI KÄBIR BEÝLEKI MAGLUMATLAR

Soltan Mälik şa Nyzamylmülk öleninden soň Bagdada gaýdyp, oraza aýynyň ýigrimi dördüne şähere girdi. Wezir Amy-

dyddöwle ibn Juheýr ony garşylady. Täjilmülk uly ukyba eýedigini görkezdi. Soltan Täjilmülk üçin wezirlik halatlarynyň taýýarlanmagyna emr berdi. Nyzamylmülki şugullan oldy. Halatlar taýar bolansoň, olary geýip, wezirlik wezipesine çykmakdan başga zat galmandy.

Şol mahal soltan awa çykdy we baýram aýynyň üçüne syrkawlap geldi. Onda ölüm alamatlary görnüp başlady. Mülküniň giňligi we esgerleriniň köplügi ony ölümden halas edip bilmedi.

Ol aw etini iýensoň, syrkawlady we gan aldyrdy. Keseli agyrlaşdy. Gyzgyny galyp, ony ýakyp-ýandyryp barýardy. Ol anna gijesi wepat boldy. Meret aýynyň 15-i günüdi.

Soltan Mälik şa hassalygy agyrlaşansoň, döwlet emeldarlary onuň mal-mülküni halypalyk köşgüne äkitdiler. Soltan ýogalansoň, «Jelaly Hatyn» lakamly aýaly Türkan Hatyn onuň ölümini gizledi we jesedini saklady. Halypa Muktady Biemrillä soltanyň gyzyndan bolan ogly Japary halypanyň ýanyna iberdi. Soltanyň tabydyny alyp, Bagdada tarap ýola çykdy. Emirlere gizlinlikde mal-mülk paýlady we ogly Mahmydy goldajakdyklary barada olara lebiz etdirdi. Bu işleri Türkan Hatynyň adyndan Täjilmülk ýerine ýetirýärdi. Türkan Hatyn soň Mosulyň emiri bolan Kywameddöwle Kürbugany soltanyň möhüri bilen Yspyhana iberdi. Kürbuga galanyň goragçysynyň aşak düşmegini isledi we şäheri eýeledi. Munuň soltanyň emridigini aýtdy.

Mälik şa ýaly jynaza namazy okalmadyk we hiç kimiň dady-perýat etmedik başga, soltany eşidilen däldir.

Soltan Mälik şa 447-nji ýylda doguldy. Beden taýdan sagdyndy, daýaw we görmegeýdi. Hytaý serhetlerinden Siriýa kenarlaryna, demirgazykdaky yslam ülkeleriniň iň çet-bujaklaryndan Ýemen ýurdunyň iň çet gyrak-bujaklaryna çenli uzalan meýdanda adyna hutba okatdy. Wizantiýa hökümdarlary oňa jiz-

ýe tölediler. Näme islese, şonam ýerine ýetirerdi. Onuň hökümdarlyk ýyllary umumy parahatçylyk we adalat içinde geçdi.

Soltan Mälik şanyň nusgalyk häsiýetleriniň biri hem şu ýagdaýdyr: «Dogany Tekeş Horasanda özüne garşy aýaga galansoň, ony ýatyrmak üçin gidende, Aly ibn Musa Ryzanyň Tusdaky gümmezine baryp zyýarat etdi. Gümmezden çykansoň Nyzamylmülkden:

— Näme diýip dileg etdiň? — diýip sorady.

Ol hem:

— Allanyň seni ýeňiji etmegi üçin dileg etdim — diýdi.

Soltan Mälik şa bolsa:

— Men beýle dileg etmedim. «Eý, Allam! Haýsymyz musulmanlar üçin haýyrly bolsak, ony ýeňiji et!» diýip dileg etdim — diýdi.

Rowaýat edilmegine görä, bir daýhan aglap, soltan Mälik şanyň ýanyna geldi, ondan kömek isledi. Ol:

— Birnäçe dirhemim bardy, oňa-da bir garpyz aldym. Başga pulum ýokdy. Üç sany türk menden ol garpyzy güýç bilen aldy — diýdi.

Soltan hem oňa:

— Otur — diýdi.

Soň bolsa bir hyzmatkäre: «Meniň garpyz iýesim gelýär (wagt öýlän mahalydy)» diýdi we esgerlerden garpyz getirmegini sorady. Hyzmatkär hem gidip bir garpyz getirdi. Soltan garpyzy kimden alan bolsa, şol adamy-da getirmegini isledi. Ýaňky adam gelensoň, soltan ol esgerden:

— Bu garpyzy nireden aldyň? — diýip sorady.

Esger hem:

— Gullarym getirdi — diýdi.

Soltan onuň gullarynyň ýanyna getirilmegini emr etdi. Esger hem gidip olaryň gaçmalydyklaryny aýtdy, soň bolsa «Olary tapmadym» diýdi. Soltan daýhana garap: «Sen şu gulumy al,

äkit. Men garpyza derek saňa muny bagyş etdim. Senden garpyzy alanlary hem tapyp getir. Eger ony goýberäýseň, walla, onda kelläňi alaryn» diýdi.

Daýhan ol guly alyp gitdi. Gul ýolda oňa üç ýüz dinar berip, ondan azat boldy. Daýhan soň soltanyň ýanyna gelip: «Ony üç ýüz dinara özüne satdym» diýdi. Soltan ondan:

— Sen muňa razymy? — diýip sorady. Ol hem:

— Hawa — diýdi. Soltan hem: «Onda razy hökmünde git» diýdi.

Başga bir rowaýatda aýdylyşyna görä, soltanyň emirlerinden biri Hyratda Abdyrahman atly bir alymyň öýüne myhman bolupdyr. Bu emir serhoş ýagdaýda bir gün soltana:

— Abdyrahman şerap içýär, butlara çokunýar, haramy halal hasaplaýar — diýdi.

Ýöne soltan ynanmady. Ertesi gün ol emir açyldy. Soltan gylyjyny eline alyp, ol emire:

— Pylan adam barada maňa hakykaty aýt, ýogsam öldürerin — diýdi.

Emir hem soltandan aman diledi. Soltan hem oňa aman berdi. Onda emir:

— Abdyrahmanyň gowy öýi we owadan aýaly bardy. Seniň ony öldürmegiňi isledim, şeýdip hem men onuň öýüni we aýalyny almak isledim — diýdi.

Soltan hem ol emiri ýanyndan kowdy. Abdyrahman barada aýdylanlara ynanmandygy üçin, Alla şükür etdi we köp möçberde sadaka paýlady.

# MÄLIK ŞANYŇ OGLY MAHMYDYŇ HÖKÜMDARLYGYNYŇ WE ONUŇ ULY OGLY BERKÝARYGYŇ HÖKÜMDARLYGYNA ÇENLI BOLAN HADYSALARYŇ BEÝANY

Ýokarda hem aýdyşymyz ýaly, soltan Mälik şa aradan çykansoň, aýaly Türkan Hatyn onuň ölümini gizlin tutupdy. Soň emirlere gizlinlikde özüniň dört ýaşly ogly Mahmydyň hökümdarylygyna razylygyny bildirdi. Halypa hem hat ýazyp oglunyň adyna hutba okalmagyna razy boldy, ýöne käbir şertleri goýdy. Ol şerte görä, hutba halypanyň adyna okalmalydy, soltanlyk Mahmydyň adyna, goşun serkerdeligi, ýurduň we ilatyň dolandyryşy emir Inere degişli bolmalydy, ol bu meselede Täjilmülküň görkezmelerinden ugur almalydy. Häkimleri bellemek we salgyt ýygnamak işleri hem Täjilmülke degişli bolmalydy. Döwleti Türkan Hatynyň adyndan ýöreden şahsyýet – bu Täjilmülkdi.

Halypanyň bu şertleri özünde jemleýän haty Türkan Hatyna gelip ýetende, ol bulary kabul etmek islemedi. Onda oňa: «Seniň ogluň heniz çaga, şerigat onuň hökümdarlygyny kanuny hasaplamaýar» diýildi. Bu meselede Türkan Hatyna bulary aýdan Ymam Gazalydy. Türkan Hatyn Gazalynyň bu sözlerinden soň, halypanyň şertlerini kabul etdi we oňa boýun egdi. Soň oglunyň adyna hutba okatdy we oňa Nasyreddünýä weddin diýip, lakam goýdy. Hutba baýram aýynyň ýigrimi ikisine anna güni okaldy. Mekge-Medinede hem Mahmydyň adyna hutba okaldy.

Soltan Mälik şa ýogalansoň, Türkan Hatyn soltanyň iň uly ogly Berkýarygy tussag etmek üçin Yspyhana adam iberdi. Onuň ogly Mahmyt bilen soltanlyk meselesinde bäsleşmeginden çekinýärdi. Berkýaryk tussag edildi. Ýöne soltan Mälik şa-

nyň ölüm habary ýaýransoň, Nyzamylmülküň gullary Yspyhanda Nyzamylmülke degişli ýarag ammaryna çozdular, ähli ýaraglary aldylar we gozgalaňa başladylar. Berkýarygy hem zyndandan çykaryp, onuň adyna hutba okadyp, hökümdar saýladylar. Berkýarygyň ejesi Zübeýda Çagry begiň ogly Ýakutynyň, ýagny Mälik şanyň agasynyň gyzydy. Zübeýda Hatyn Mahmydyň ejesi Türkan Hatynyň öz ogly Berkýaryga erbetlik etmeginden gorkýardy. Ýöne Nyzamylmülküň gullary ony bu gaýgydan dyndardylar.

Türkan Hatyn Bagdatdan Yspyhana gaýtdy. Esgerler hem Täjilmülkden özlerine pul talap etdiler, ol hem olara söz berdi. Olar Berjin galasyna baranlarynda, Täjilmülk mal-mülk aljak diýip gala girdi, soň Türkan Hatyna garşy gidip we esgerlerden gorkup, ol galadan çykmady. Esgerler hem ondan aýrylyp, hazynany taladylar, ýöne hiç zat tapmadylar. Sebäbi ol hemme zady öňünden meýilnama görä gurapdyr we hazynany gizläpdir.

Türkan Hatyn Yspyhana baranda, Täjilmülk onuň yzyndan ýetdi we galanyň häkiminiň özüni tussag edendigini we ondan gaçyp gaýdandygyny aýdyp, ötünç sorady.

Berýaryk barada aýtsak, Türkan Hatyn bilen ogly Mahmyt Yspyhana ýakynlaşanlarynda, ol Nyzamylmülküň gullary bilen Yspyhandan çykyp, Reýe tarap gaýtdy. Nyzamylmülküň tarapdarlaryndan bolan Ärguş hem olara goşuldy. Ýanynda hem birnäçe emir bardy. Olar gullar bilen ylalaşyp, birleşdiler. Olar Täjilmülki halamaýardylar, şonuň üçinem Berkýarygy goldadylar. Sebäbi Täjilmülk Nyzamylmülküň duşmanydy we onuň ölüminde günäkärlenýärdi. Nyzamylmülke degişli esgerler bileleşensoň, Taberek galasyny gabap, güýç bilen eýelediler. Türkan Hatyn hem Berkýaryk bilen söweşmek üçin olaryň üstüne esger iberdi. Iki goşun Berujerdiň töwereginde söweşe başladylar. Türkan Hatyna degişli esgerleriň we emirleriň köpüsi Berkýarygyň tarapyna geçdiler we onuň hökümdarlygyny

kabul etdiler. Bularyň arasynda emir Ýelberdi, Kümüştegi Jandar dagylar bardy.

Şeýdip, olar has hem güýçlendiler. Gurban aýynyň soňky on gününde bularyň arasynda aýylganç söweşler boldy. Netijede, Türkan Hatyn ýeňlip, Yspyhana gaýtdy. Berkýaryk hem olaryň yzyndan gaýdyp, olary Yspyhanda gabawa aldy.

## TÄJILMÜLKÜŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Täjilmülk Türkan Hatynyň tarapyndady we ol hem söweşe goşulypdy. Ol söweşden soň Berujerde gaçdy, ony ol ýerde tutdular we Berkýarygyň ýanyna getirdiler. Berkýaryk şol mahal Yspyhany gabap ýördi. Ol Täjilmülküň ukyply adamdygyny bilýärdi, şonuň üçinem ony özüne wezir bellemekçi bolýardy. Şol mahal Täjilmülk hem Nyzamylmülküň emirlerini köşeşdirmek we olary öz tarapyna çekmek üçin işe girişdi. Olara mal-mülkden başga iki ýüz müň dinar paýlady. Şeýdip, olaryň göwnünden turdy.

Bu habar Nyzamylmülküň naýyby Osmana gelip ýetende gahary geldi. Dessine Nyzamylmülküň gullaryna ganhoryň ölüminden başga zada razy bolmazlyklaryny tabşyrdy. Gullar hem Osmanyň aýdanyny etdiler we Täjilmülki bölek-bölek edip taşladylar. Bu hadysa 486-njy ýylyň aşyr aýynda bolup geçdi. Onuň barmaklarynyň birini Bagdada alyp gitdiler.

## 486-NJY HIJRI ÝYLY
*(01.02.1093 — 20.01.1094 ý.)*

## YZZYLMÜLK IBN NYZAMYLMÜLKÜŇ BERKÝARYGA WEZIR BOLMAGY

Yzzylmülk Abu Abdylla Hüseýin ibn Nyzamylmülk Horezmde ýaşaýardy. Ol hem Horezme, hem-de ol ýerlere häkimdi. Horezmiň döwlet işleri ondan soralýardy. Kakasy öldürilmezden öňürti soltana hyzmat etmek maksady bilen onuň ýanyna gelipdi. Şol mahal Nyzamylmülk-de, Mälik şa-da ýogaldy. Yzzylmülk şondan bäri Yspyhanda ýaşaýardy.

Berkýarygyň esgerleriniň köpüsi Nyzamylmülke degişli gullar boup, Yspyhany gabansoň, Yzzylmülk hem doganlary bilen Yspyhandan çykdy. Berkýaryk ony öz ýanyna çagyrdy we oňa sylag-hormat goýup, ony özüne wezir belledi.

## TUTUŞ IBN ALP ARSLANYŇ ÝAGDAÝYNYŇ BEÝANY

Tutuş ibn Alp Arslan Damaskyň we onuň şäherleriniň häkimidi. Mälik şanyň ölüminden soň, soltanlygyň özüne berilmegi üçin Damaskda taýýarlyk görüp ugrady. Esgerlerini ýygnady we Halap tarapyna ýöredi. Ol ýerde Kasymeddöwle Aksungur bardy. Aksungur Mälik şanyň ogullarynyň arasyndaky düşünişmezligi görüp, özüniň hem Tutuşyň öňünde durup bilmejekdigine gözi ýetip, onuň bilen ýaraşdy. Aksungur Antakyýanyň häkimi Ýagysyýana, Urfa we Harranyň häkimi Bozana ilçi iberip, Mälik şanyň ogullarynyň arasyndaky dawa sebäpli, Täjeddöwle Tutuşa boýun bolmaklaryny maslahat berdi. Olar hem razy boldular we goşuldylar. Öz şäherlerinde Tutuşa hutba okatdylar. Soň Rahba gitdiler we ol ýeri gabadylar. Bu ýylyň

aşyr aýynda Rahba eýe boldular. Tutuş özüni garaşsyz soltan diýip yglan etdi.

## TUTUŞYŇ DIÝARBEKIRI, GENJÄNI EÝELÄP, ŞAMA GAÝDYP GELMEGINIŇ BEÝANY

Arap ýurtlaryndaky işlerini birýüzli eden Täjeddöwle Tutuş Mosuly we töwereklerini eýeledi. Soň dört tirkeşigiň ikinji aýynda Diýarbekire gaýtdy. Maýýafarykyny we Diýarbekiri Ibn Merwanyň elinden aldy. Ol ýerden hem Genjä gaýtdy. Onuň habaryny doganynyň ogly Rukneddin Berkýaryk eşitdi. Ol hem Reý, Hemedan ýaly birnäçe ýerleri basyp alypdy. Ol agasynyň öňünden, öz şäherlerini goramaga çykdy. Iki goşun ýakynlaşanlarynda Kasymeddöwle Aksungur Bozana: «Biz bu adama (Tutuşa) öz hojaýynymyzyň neberesine näme edýändigini görmek üçin boýun bolduk ahyry. Indi bolsa onuň ogly ýüze çykdy. Men onuň tarapynda bolmak isleýärin» diýdi.

Olaryň ikisi Tutuşdan aýrylyp, Berkýaryga goşuldylar. Muny gören Tutuş hem Şama tarap gaýtdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň meret aýynda Berkýarygyň daýysy we soltan Mälik şanyň agasy Ysmaýyl ibn Ýakuty ibn Dawudy öldürildi.

Bu ýyl Tutuş Mosuly araplaryň elinden aldy. Bu ýyl Müsür şaýy-fatymy goşuny Sury gabawa aldy we eýeledi.

Bu ýylyň oraza aýynda soltan Berkýaryk emir Ýelberdini öldürdi. Ýelberdiniň kakasy soltanyň uly emirleriniň biridi. Ol soltanyň ejesi barada erbet sözleri aýdypdy.

# 487-NJI HIJRI ÝYLY
*(21.01.1094 — 10.01.1095 ý.)*

## BERKÝARYGA HUTBA OKALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynyň onuna anna güni Bagdatda soltan Berkýaryk ibn Mälik şa üçin hutba okaldy. Ol 486-njy ýylda gelipdi. Ol halypanyň ýanyna öz adyna hutba okalmagy üçin ilçi iberdi. Bu kabul edildi we onuň adyna hutba okalyp, Rukneddin lakamyny berdiler.

Berkýaryga berlen halatlary wezir Amydeddöwle ibn Juyeýr getirdi. Soltan halatlary geýdi. Halypa hem Berkýarygyň soltanlygyny tassyklady. Ýöne bu tassyklamadan soň, halypanyň birden ýüregi durdy we ýogaldy, ýerine hem ogly Muztazhir Billä halypa boldy. Berkýaryk bu ýylyň dört tirkeşiginiň ikinji aýyna çenli bu ýerde bolup, soň Mosula gaýtdy.

## KASYMEDDÖWLE AKSUNGURYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ WE TUTUŞYŇ JEZIRÄ, DIÝARBEKIRE, GENJÄ, HEMEDANA EÝE BOLUP, BAGDATDA OŇA HUTBA OKALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň üçünji aýynda, şu wagtky Mosuldaky Şehit Zeňňi ibn Aksunguryň nesli bolan hökümdarlaryň atasy Kasymeddöwle Aksungur öldürildi.

Sebäbi hem şeýledi: Täjeddöwle Tutuş Genjeden derbi-dagyn edilip gelensoň, yzygiderli esger ýygnady. Onuň esgerleri diýseň köpeldi. Bu ýyl ol soltanlygy eýelemek üçin Damaskdan Halaba tarap ýola çykdy. Muny eşiden Kasymeddöwle Aksungur bilen Bozan güýçlerini birleşdirdiler. Soltan Berkýaryk hem olara Mosulyň häkimi emir Kürbuga bilen goşun iberdi. Aksungur, Bozan we Kürbuga üçüsi bileleşensoňlar,

Tutuşyň üstüne çozdular. Olar Halaba alty parsah uzaklykda bolan Tel soltanyň golaýynda Nehr Sebin diýen ýerde Tutuş bilen söweşe başladylar. Söweşde Aksunguryň ganaty derbi-dagyn bolup gaçdy. Özi hem tutulyp, ýesir alyndy we Tutuşyň ýanyna getirildi. Tutuş Aksungura:

— Eger sen meni ýeňen bolsaň, näme ederdiň? — diýdi.

Aksungur:

— Öldürerdim — diýdi.

Tutuş:

— Men hem saňa maňa bermekçi bolan jezaňy berýärin — diýdi we ony öldürdi.

Tutuş Aksungury öldürensoň, Halaba tarap gaýtdy. Kürbuga bilen Bozan ondan öňürti Halaba bardylar. Olar şäheri Tutuşdan goradylar. Tutuş Halaby gabawa aldy we tä ol ýeri eýeleýänçä, ol ýerden aýrylmady. Şerif galasynda ýaşaýanlar ol ýeri Tutuşa berdiler. Tutuş ol ýerden girip, Bozany we Kürbugany ýesir aldy. Tutuş Bozanyň golastyndaky Harran we Urfa şäherlerini özüne bermegini isledi. Ýöne ol razy bolmady. Tutuş hem Bozanyň kellesini aldy. Şäherleriň ikisini hem eýeledi.

Kürbugany bolsa, Humusa iberip, tussag etdi. Kürbuga Tutuş öldürilensoň, onuň ogly Mälik Ryzwan tarapyndan erkinlige goýberilýänçä, zyndanda ýatdy.

Tutuş Harrany we Urfany eýelänsoň, Jezirä gidip, ol ýeri hem eýeledi. Soň Hemedana baryp, ol ýeri eýeledi. Ol ýerde Nyzamylmülküň ogly Fahrylmülki gördi. Fahrylmülk şol mahal Horasandady we soltan Berkýaryga hyzmat etmek maksady bilen ol ýere gelipdi. Mahmyt ibn soltan Mälik şanyň Yspyhandaky serkerdelerinden bolan emir Kamaç Fahrylmülküň emlägini talapdy. Fahrylmülk hem ondan gaçyp, Hemedana gelipdi. Tutuş öňürti ony öldürmek isledi, ýöne Ýagysyýan onuň üçin şepagat isledi we Tutuşa ilatyň Nyzamylmülki halaýandygy üçin, özüne wezir bellemegini maslahat berdi. Tutuş hem muny

kabul etdi we ony özüne wezir belledi. Soň ol Diýarbekiri we Ahlaty eýeläp, ol ýerden hem Genjä gidip, ol ýeriň hemmesini eýeledi.

Tutuş soň Bagdada ilçi iberip, halypa Muztazhir Billäden özüniň adyna hutba okalmagyny isledi. Şol mahal Bagdadyň şihnesi Aýtegin Jepdi. Ol hem bu meselede ýer depip durdy. Ahyvry Berkýarygyň agasyndan Tutuşdan ýeňlendigi barada habar gelensoň, bu teklip kabul edildi.

## BERKÝARYGYŇ AGASY TUTUŞ TARAPYNDAN DERBI-DAGYN EDILMEGINIŇ WE YSPYHANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň baýram aýynda Berkýaryk agasy Tutuş tarapyndan derbi-dagyn edildi. Berkýaryk Nasibinde gezip ýörkä, agasynyň Genjä gelýändigini eşidip, Nasibinden çykyp ugrady. Mosulyň ýokarsyndan Dejle derýasyny geçdi we Erbile gitdi. Ol ýerden hem Surhap ibn Bedriň şäherine gaýtdy. Onuň agasy bilen arasynda dokuz parsah galypdy. Berkýarygyň diňe müň esgeri bardy. Agasynyň bolsa elli müň goşuny bardy.

Agasynyň serkerdesi emir Ýakup ibn Abak Berkýarygyň üstüne çozdy we ony derbi-dagyn etdi. Onuň daş-töweregini talady. Onuň ýanynda diňe Porsuk, Kümüştegin Jandar we Ýaryk ýaly uly emirler galdy. Berkýaryk Yspyhana gaýtdy. Berkýaryk Yspyhana ýakynlaşanda, dogany Mahmyt onuň öňünden çykyp garşy aldy.

Şol mahal Berkýarygyň dogany Mahmydyň ejesi Türkan Hatyn ýogalandygy üçin, şäherdäkiler Berkýarygy şähere girizmediler. Ýöne soň ony hile bilen tutmak üçin, Yspyhana girmegine rugsat berdiler. Berkýaryk şähere ýakyn gelende, dogany Mahmyt ony garşy aldy. Berkýaryk şähere girensoň, onuň daşyny gabadylar. Edil şol mahal Mahmyt gyzzyrma keseline

ýolukdy. Emirler Berkýarygyň gözüne çiş sokmak islediler. Ýöne Mahmydyň tebibi Emineddöwle Ibn Tilmiz olara: «Mälik Mahmyt şu mahal keselläp ýatyr, gutuljaga hem meňzemeýär. Görýän welin, siz, Tutuşyň ülkäni eýelemegini isleýän ýaly. Eger islemeýän bolsaňyz, onda howlukmaň! Sebäbi eger Mahmyt ýogalaýsa, onda Berkýarygy soltan saýlarys. Eger Mahmyt sagalaýsa welin, onda çiş sokmak siziň ygtyýaryňyzdadyr» diýdi.

Mahmyt baýram aýynda ýogaldy. Berkýaryk doganynyň ýasyny tutdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Müsür goşunynyň serkerdesi Emiriljuýuş Bedriljemaly Müsürde ýogaldy. Ýaşy segsenden geçipdi.

Bu ýyl dört tirkeşigiň birinji aýynda soltan Berkýaryk agasy Tekeşi bogup öldürtdi. Onuň ogluny hem kakasy bilen bilelikde ýok etdi. Soltan Mälik şa öň özüne garşy aýaga galan Tekeşi tutup, gözlerine çiş sokupdy we Tikrit galasynda zyndana salypdy. Berkýaryk soltan bolansoň, ony Bagdada ýanyna getirtdi. Nirä gitse, ony hem ýany bilen alyp gitdi. Soň Berkýaryk agasy Tutuşyň ony öz ýanyna çagyrýandygy baradaky haty ele saldy. Başga bir rowaýata görä, Tekeş Balha gitmäge niýetlenýärdi. Sebäbi balhlylar ony soltan etmek isleýärdiler. Şonuň üçinem Berkýaryk ony öldürdi. Tekeş boglup öldürilensoň, jesedini Samarradan Bagdada alyp gitdiler we Abu Hanypanyň ýanynda ýerlediler.

Bu ýyl dört tirkeşigiň dördünji aýynda emir Iner bilen Gurt begiň ogly Turan şanyň arasynda söweş bolup geçdi. Mahmyt ibn Mälik şanyň ejesi Türkan Hatyn Jelalyýe goşun bilen emir Ineri Pars sebitini Turan şanyň elinden almak üçin iberipdi. Ýöne emir Iner Pars sebitini gowy dolandyryp bilmedi, şonuň

üçinem esgerler ondan aýrylyp, Turan şa goşuldylar we emir Ineri derbi-dagyn etdiler. Turan şa bu hadysadan bir aý soňra söweş mahaly degen bir ok zerarly ýogaldy.

Bu ýylyň oraza aýynda Türkan Hatyn Jelalyýe ýogaldy. Türkan Hatyn türkmen han Afrasyýabyň neslinden Tamgaç hanyň gyzydy.

## 488-NJI HIJRI ÝYLY

*(11.01. — 30.12.1095 ý.)*

## SAMARKANDYŇ HÖKÜMDARY AHMET HANYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda Samarkandyň hökümdary Ahmet han öldürildi. Esgerleri ony halamaýardylar we ony «zyndyk» hasaplaýardylar.

Onuň sebäbi şeýledi: soltan Mälik şa Samarkandy eýeläp, Ahmet hany ýesir alansoň, deýlemli bir topary oňa gözegçilik etmegi tabşyrdy. Bu deýlemliler hem oňa öz ynançlaryny kabul etdirmek üçin tagalla etdiler. Ahmet han Samarkanda gaýdyp gelensoň, dinsizligini aňladýan käbir zatlary görnüp başlady. Adamlary hem onuň bu hal-hereketlerini halaman, ony öldürmäge niýetlendiler. Kaşan galasynyň goragçysy Togrul Ýynal begiň Ahmet han bilen söweşmek üçin, gozgalaň turuzmagyny haýyş etdiler. Netijede, ony öldürmäge pursat tapyljakdy. Togrul Ýynal beg hem gozgalaň turuzdy. Ahmet han gelip galanyň öňünde düşlänsoň, esgerler bu mümkinçiligi amatly pursat hasaplap, ony tutdular we Samarkanda yza gaýtdylar. Kazylary we alymlary çagyrdylar. Kazyýetde ony zyndyk diýip günäkärlediler. Ýöne Ahmet han muny inkär etdi. Bir tarap hem muňa

şaýat boldy. Alymlar hem onuň öldürilmegine pitiwa[1] berdiler we ony bogup öldürdiler. Ýerine agasy Mejdi geçirip, oňa tabyn boldular.

## ÝUSUP IBN ABAK BAGDATDA

Bu ýylyň sapar aýynda Tutuş Ýusup ibn Abak Türkmeni Bagdada şihne belledi we Bagdada iberdi. Ýöne onuň ýanynda türkmenler bardy. Ony Bagdada goýbermediler. Onuň garşysyna Sadaka ibn Mezýet çykdy. Ol Hilläniň häkimidi. Onuň Tutuş bilen arasy ýokdy, oňa hutba okatmaýardy. Ibn Abak Sadakanyň gelýändigini eşidip, Horasan ýoluna çykyp, Bajisrany talady. Bagkubada esgerler bilen çaknyşdy. Olary hem ýeňdi we şäheri talady. Onuň ýanyndaky türkmenleriň sany has hem köpeldi. Ol Bagdada gaýdyp geldi.

Sadaka Hillä gaýdyp gelensoň, Ýusup ibn Abak Bagdada girdi. Ol Bagdady talamak isledi. Ýöne onuň ýanyndaky emirleriň biri muňa päsgel boldy. Soň oňa Tutuşyň öldürilenliginiň habary geldi. Ol hem Bagdatdan Mosula, soň hem Halaba gaýtdy.

## BERKÝARYK BILEN TUTUŞYŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ WE TUTUŞYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň sapar aýynda Tutuş ibn Alp Arslan öldürildi. Munuň sebäbi hem, ol soltan Berkýarygy derbi-dagyn edipdi. Soň ol ýerden Hemedana gaýdypdy. Oňa emir ahyr[2] hem goşulypdy. Tutuş ol ýerden gaýdanda, ol hem Tutuşyň hazynalaryny ele salmak üçin, onuň yzyna goşuldy. Tutuş gaýdyp gelip, ony ýazgardy. Soň oňa aman berip, onuň bilen bile gaýtdy.

---

[1] Pitwa bermek – karar, höküm çykarmak.
[2] Emirahyr – atlara jogapkär emir, atbakar.

Tutuş Berkýarygyň keselländigini eşitdi we Yspyhana ýöredi. Emirahyr hem Jerbezekany basyp almakçy bolýandygyny aýdyp, ondan rugsat aldy. Tutuş oňa rugsat berdi. Ol hem Yspyhana gelip, Tutuşyň gelýändigini habar berdi.

Tutuş hem bu ýagdaýy eşidip, Jerbezekany talady we Reýe gitdi. Yspyhandaky emirlere hat ýazyp, özüne boýun bolmaklaryny isledi.

Emirler soň Berkýaryk bilen Yspyhandan çykyp ugradylar we Jerbezkana ýetenlerinde, hemme ýerlerden esgerler gelip, ony garşyladylar. Olaryň sany otuz müňe ýetdi. Olar Reýiň golaýynda bir ýerde çaknyşdylar. Tutuşyň esgerleri derbi-dagyn boldy. Özi hem ýaralanyp, öldürildi. Aýdylyşyna görä, Tutuşy Halabyň häkimi Aksunguryň aryny almak üçin öldüripdir.

Wezir Fahrylmülk ibn Nyzamylmülk hem ýesir alyndy we bu söweşde Tutuşyň ýanyndady. Söweşden soň ony goýberdiler.

## KAKALARYNYŇ ÖLÜMINDEN SOŇ OGULLARY MÄLIK RYZWAN BILEN DOGANY DUKAKYŇ ÝAGDAÝLARYNYŇ BEÝANY

Täjeddöwle Tutuş adamlaryna ogly Mälik Ryzwana tabyn bolmaklaryny wesýet edipdi. Tutuş öldürilen söweşine gitmänkä, ogly Ryzwana Jebel sebitinden ýazan hatynda Yraga gitmegini we häkimiýet köşgünde ýaşamagyny emr etdi. Ryzwan hem uly goşun bilen ýola çykdy. Bularyň arasynda Ilgazy ibn Artyk hem bardy. Ol Tutuşyň ýanyna gidipdi. Ýöne Tutuş Ilgazyny ogly Ryzwanyň ýanynda galdyrypdy. Ryzwanyň goşunynda ýer eýelänleriň biri hem emir Wessap Ibn Mahmyt Ibn Salyh ibn Merdasdy. Olardan başga hem birnäçe emirler bardy. Ryzwan Hit şäherine ýakynlaşanda, kakasynyň ölüm habaryny aldy we dessine Halaba gaýdyp geldi. Ejesi hem ýanyndady. Ol

gelip Halaby eýeledi. Halabyň häkimi Abylkasym Hasan ibn Aly Horezmidi. Tutuş Halaby oňa beripdi. Şäher we galany hem oňa tabşyrdy.

Tutuş beýleki ogly Dukagy bolsa, agasy soltan Mälik şanyň ýanyna Bagdada iberipdi we soltanyň gyzyna guda bolupdy. Dukak soltan Mälik şanyň ölüminden soň, Jelalyýe Hatyn we ogly Mahmyt bilen Bagdatdan Yspyhana gaýtdy. Yspyhanda gizlinlikde soltan Berkýarygyň ýanyna bardy we onuň hataryna goşuldy. Soň ýene kakasynyň tarapyna geçdi. Tutuşyň öldürilen söweşinde kakasynyň tarapyndady. Kakasy öldürilensoň, Dukak Tutuşyň Aýtegin Halaby atly guly tarapyndan Halaba alnyp gidildi. Dukak dogany Ryzwanyň ýanynda ep-esli mahallap galdy. Damask galasynyň häkimi emir Sawtegin gizlin ýagdaýda Dukak bilen habarlaşdy we ony Damaska häkim bolmaga çagyrdy. Dukak hem Halapdan gizlin ýagdaýda Damaska gaýtdy. Dogany Ryzwan onuň yzyndan birnäçe esger iberse-de, olar ýetip bilmediler. Dukak Damaska gelensoň, emir Sawtegin Dukagy uly şatlyk bilen garşy aldy. Dukak Damaska gelensoň, Ýagysyýan oňa habar iberip dogany Ryzwandan garaşsyz Damask hökümdarlygyny gurmagy maslahat berdi.

Şol mahal Mugtamydeddöwle Tugtegin Damaska geldi, ýanynda Tutuşyň ýesirleri bilen emirleri bardy. Olar ýesirlikden boşapdylar. Sebäbi Tugtegin Tutuş bilen bilelikde Reý söweşine goşulyp, ýesir düşüpdi. Olar Damaska gelende, Mälik Dukak olary gowy garşy aldy. Tugtegin hem ejesine öýlenendigi sebäpli, Dukagy goldady we ol ülkä häkim boldy. Soň Tugtegin emir Sawtegini öldürdi. Muny eşiden Ýagysyýan hem Abylkasym Horezmi bilen bilelikde Antakyýadan geldi. Ol Abylkasymy Dukaka wezir belläp, Damask hökümdarlygyny döretdi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň gurban aýynda horasanly emirleriň biri köp sanly esger ýygnap, Nyşapuryň üstüne ýöriş etdi we şäheri eýeledi.

Bu ýyl Berkýaryk weziri Mueýýidilmülki boşadyp, ýerine dogany Fahrylmülki belledi.

## 489-NJY HIJRI ÝYLY
*(31.12.1095 — 18.12.1096 ý.)*

## ÝUSUP IBN ABAK BILEN MIJEN HALABYNYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda Ýusup ibn Abak öldürildi. Täjeddöwle Tutuş ony Bagdada iberipdi. Ol Bagdadyň töweregindäki obalary talapdy.

Onuň sebäbi şeýledi: Ýusup ibn Abak Tutuşyň öldürilmeginden soň Halaba gidipdi. Halapda Mijen atly emir bardy. Onuň adamlary köpdi. Ol Jenahuddöwläniň ýanyna gelip: «Ýusup ibn Abak Ýagysyýan bilen hat alyşýar, maksady bozgakçylyk etmek, pitne çykarmak» diýdi we Ýusuby öldürmek üçin rugsat sorady. Jenahuddöwle hem oňa rugsat berdi. Mijen Jenaheddöwläniň harby goşun bilen özüne kömek bermegini isledi. Ýusup hem oňa goşun iberdi. Mijen hem Ýusubyň bolýan otagyna gitdi. Gapydan içeri girip, ony tutup öldürdi. Öýündäki ähli zatlaryny talady we häkimi boldy. Hatda Mälik Ryzwandan aýry özbaşdak häkimýet gurmak isledi. Ol Jenaheddöwlä: «Mälik Ryzwan seni öldürmegimi buýruk berdi, sen öz janyňdan seresap bol» diýdi.

Jenaheddöwle hem muny eşidip, Humusa gaçdy. Bu ýer oňa degişlidi. Mijen şähere ýene özi häkim bolup galansoň,

Ryzwan hem oňa bolan garaýşyny üýtgetdi we şäheri terk etmegimi isledi. Ýöne Mijen çykmady we adamlary bilen garşy durdy. Eger Ryzwan söweşe başlajak bolsa, ol hem söweşmekçidi. Mijen soň adamlaryna Ryzwanyň ähli emlägini talamagy emr edip, özi bir ýerde gizlendi. Ony gözläp üç günden soň tapdylar. Ony tutansoňlar, jebir-jepa berip, çagalary bilen öldürdiler.

## KÜRBUGANYŇ MOSULY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň boş aýynda Kywameddöwle Kürbuga Mosuly eýeledi. Tutuş Aksungur bilen Bozany öldüren mahaly Kürbugany ýesir alypdy. Tutuş ony ýesir alansoň, gaýynatasy emir Iner bilen aralaryny düzedip biljekdigi barada oýlanyp, ony öldürmändi. Sebäbi emir Bozany öldürende, eýelän şäherleri ýaly, onuň elinde şäher ýokdy. Tutuş Bozany öldürende, onuň elindäki şäherleri, ýagny Urfa bilen Harrany eýeläpdi.

Kywameddöwle Kürbuga Tutuş öldürilýänçä zyndanda ýatdy. Mälik Ryzwan Halaba häkim bolansoň, soltan Berkýaryk Ryzwana habar iberip, Kürbugany we dogany Altyndaşy goýbermegini emr etdi. Kürbuga bilen Altyndaş goýberilensoňlar Harrana tarap ýola çykdylar. Olara köp sanly esger hem goşuldy. Iki dogan Harrana gelip şäheri eýelediler. Nasibinde bolan Muhammet ibn Şerefeddöwle ibn Kuraýyş, Serwan Wehip we Abylheýja Kürdi dagylar Kürbuga bilen Altyndaşa habar iberip, emir Aly ibn Şerefeddöwlä garşy olardan kömek soradylar. Aly şol mahal Mosuldady. Täjeddöwle Tutuş Mudaýýa söweşinden soň, ony Mosula häkim belläpdi.

Kürbuga olaryň kömek tekliplerini kabul edip ýanlaryna gitdi. Muhammet ibn Şerefeddöwle Nasibinden iki mil uzaklykda ony garşylady. Kürbuga bilen dogany Altyndaşdan özüne zyýan ýetirjekdikleri barada wada aldy. Ýöne Kürbuga ant

içenden soňam, Muhammet ibn Şerefeddöwläni tussag etdi. Ony ýanyna Nasibine alyp gitdi. Şäher ilaty oňa boýun bolmady. Kürbuga Nasibini kyrk günläp gabansoň eýeledi. Ol ýerden gidip, Mosuly gabady, ýöne hiç zat edip bilmänsoň, Banede gitdi. Ol ýerde Muhammet ibn Şerefeddöwläni bogup öldürtdi we ýene Mosuly gabamak üçin gaýdyp geldi.

Mosuldan bir parsah uzaklykda düşledi. Mosulyň gündogar tarapyny Altyndaşa berdi. Mosulyň emiri Aly ibn Müslim Jeziretil-Omaryň häkimi emir Çökermişden[1] kömek isledi. Çökermiş hem derrew oňa kömege ugrady. Ýöne Altyndaş muny eşidip, Çökermişiň ýoluny kesdi we onuň bilen söweşdi. Çökermiş ýeňildi we derbi-dagyn bolup, Jeziretil-Omara gaýdyp bardy we Kürbuga tabyn boldy. Mosuly gabamakda oňa kömek etdi.

Mosulyň emiri Aly kyn ýagdaýa düşensoň, şäherden çykyp, Sadaka ibn Mezýediň ýanyna Hillä gaýtdy. Kürbuga dokuz aýlyk gabawdan soň Mosuly eýeledi. Mosulyň ilaty Altyndaşyň özlerini talamagyndan gorkýardy. Ýöne Kürbuga oňa päsgel bolýardy. Altyndaş hem şäheriň emeldarlaryny tussag edip başlady. Soň Kürbuga Altyndaşy tutup, onuň öldürilmegini isledi. Altyndaş Mosula girişleriniň üçünji güni öldürildi. Kürbuga ol ýere bir adamy naýyp belläp, yzyna gaýtdy.

## 490-NJY HIJRI ÝYLY
*(19.12.1096 — 08.12.1097 ý.)*

## ARSLAN ARGUNYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda Arslan Argun ibn Alp Arslan Merwde öldürildi. Ol soltan Mälik şanyň doganydy we Horasanyň häkimidi.

[1] Jigermiş diýlip hem okalýar.

Onuň öldürilmeginiň sebäbi hem ol öz hyzmatkärlerine rehimsizdi. Olara köp jebir-jepa berýärdi. Olar hem ondan gaty gorkýardylar. Hyzmatkärler dildüwişdiler. Arslan Argun hem hyzmatkärleriň birini ýanyna çagyrdy. Hyzmatkär onuň ýanyna baranda, ol ýekedi. Arslan Argun ol hyzmatkäre gijä galandygy üçin gygyrdy. Ol hem ondan ötünç sorady. Arslan Argun bagyşlamady we ony ýençdi. Şol wagt başga bir hyzmatkär eli pyçakly girip, Arslan Arguny öldürdi. Soň ýaňky hyzmatkäri tutup, «Näme üçin beýle işi etdiň?» diýip soranlarynda, ol: «Adamlary onuň zulmundan halas etmek üçin» diýip jogap beripdir.

## BERKÝARYGYŇ HORASANY EÝELEMEGINIŇ WE OL ÝERI DOGANY SANJARA BERMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Berkýaryk dogany soltan Sanjar bilen bile goşun ýygnady. Bu goşuny agasy Arslan Argun bilen söweşmek üçin iberdi. Emir Kamajy hem soltan Sanjara atabeg, Abylfath Aly ibn Hüseýin Tugraýyny hem wezir belledi. Olar Damgana ýetenlerinde, Arslan Argunyň öldürilendigini eşitdiler. Şol ýerde düşlediler. Soň soltan Berkýaryk hem gelip ýetdi we olar bilelikde Nyşapura tarap gitdiler. Dört tirkeşigiň üçünji aýynyň bäşine ol ýere geldiler we Nyşapury söweşsiz eýelediler. Şeýle hem Horasanyň beýleki ýerlerini eýelediler we Balha gitdiler.

Arslan Argun öldürilensoň, esgerleri ýerine onuň kiçi oglunу hökümdar bellediler. Ol ýedi ýaşyndady. Soltanyň gelýändigini eşidip, Toharystanyň dagyna gaçdylar we aman dilediler. Soltan hem olara aman berdi we Arslan Argunyň ogluna hormat goýup, Mälik şanyň döwründe kakasyna berlen ýerleri oňa berdi. Arslan Argunyň ogly soltanyň ýanyna on bäş müň atly bilen gelipdi. Soltan şol gün Arslan Argunyň oglunyň ýanyndan gitdi, her taýpa öz emiri bilen galdy. Şeýdip, Arslan Argu-

nyň ogly kakasynyň hyzmatkäri bilen ýeke özi galdy. Soltan Berkýarygyň ejesi ony öz ýanyna aldy, oňa hyzmatkär belledi.

Berkýaryk ol ýerden Termeze gitdi, ol ýeri eýeledi we ol ýerde ýedi aý galdy. Soň Mawerannahra ilçi iberdi we onuň adyna Samarkantda we beýleki ýerlerde hutba okaldy.

## EMIR EMIRANYŇ HORASANDA BAŞ GALDYRMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Berkýaryk Horasanda gezip ýörkä, Emir Emiran lakamly emir Muhammet ibn Süleýman oňa garşy aýaga galdy. Ol soltan Mälik şanyň agasynyň ogludy. Emir Emiran Balha gidip, Gazna hökümdaryndan kömek sorap, ýüz tutdy. Gazna hökümdary hem oňa uly goşun we birnäçe pil berdi, öňünde hem bir şert goýdy. Şerte görä, ol Horasandaky basyp alan ýerlerinde onuň adyna hutba okatmalydy. Emir Emiran şeýdip güýçlendi. Soltan Sanjar hem Horasandan onuň üstüne atly goşun sürdi. Emir Emiranyň mundan habary ýokdy. Soltan Sanjar duýdansyz onuň üstüne hüjüm etdi, olaryň arasynda bolan bir sagat çemesi söweşden soň, Emir Emiran ýesir alyndy we soltan Sanjaryň ýanyna getirildi. Ol hem onuň gözüne çiş sokdurdy.

## EMIR KUDANYŇ WE ÝARYKDAŞYŇ SOLTANA GARŞY ÇYKMAGYNYŇ WE SOLTANYŇ EMIR HEBEŞINI HORASANA HÄKIM BELLEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl emir Kudan we emir Ýarykdaş soltan Berkýaryga garşy aýaga galdylar. Munuň sebäbi hem Kudan emir Kamajyň goşunyndandy. Soltan Merwdekä emir Kamaç wepat boldy.

Emir Kudan gorkup başlady. Şol ýerde syrkawlady. Soltan Merwden Yraga gitdi, soň ýene Merwe gaýdyp geldi.

Soltanyň emirleriniň arasynda Ekinçi atly bir emir bardy. Soltan ony Horezme häkim belledi we oňa emir Horezmşa lakamyny dakdy. Ekinçi esger ýygnap, on müň atly bilen soltanyň ýanyna gaýtdy. Onuň üç ýüz atly esgeri ondan öňürti Merwe gaýtdy. Olar şerap içmek bilen meşgullandylar. Emir Kudan we emir Ýarykdaş ikisi emir Horezmşany öldürmek üçin dil düwüşdiler. Olar bäş ýüz atly bilen onuň üstüne döküldiler we söweşdiler. Horezmşa hem Horezme gaçyp gaýtdy. Horezmşa soltan Berkýaryk özüni tutmak üçin olaryň ikisini ulanypdyr diýip pikir etdi.

Bu habary soltan Berkýaryk eşitdi. Emma emir Iner özüne garşy aýaga galansoň, Yrak tarapyna gitdi. Emir Daz Hebeşini bolsa uly goşunly emir Kudan we Ýarykdaş bilen söweşmek üçin iberdi. Bular ilki Hyratdan, soň bolsa Jeýhun derýasyndan geçdiler. Emir Daz olaryň üstüne çozdy. Ýarykdaş Kudanyň gelmegine garaşmady we ýeke özi söweşe başlady. Netijede, ol ýeňildi, özi hem ýesir alyndy.

Bu habar emir Kudana ýetende, esgerleri oňa garşy çykdylar we onuň zatlaryny taladylar. Onuň ýanynda diňe ýedi sany esger galdy. Ol bu esgerler bilen gaçyp, Buhara gaýtdy. Şäheriň häkimi ony öňürti tussag etdi, soň bolsa oňa sylag-hormat goýdy. Şeýdip, emir Kudan onuň ýanynda galdy. Ýöne soň emir Kudan Balha soltan Sanjaryň ýanyna gitdi. Soltan Sanjar hem ony gowy garşy aldy. Ol Soltan Sanjara tabyn boljakdygy barada söz berdi. Ýöne ylahy ýazgyt, gysga wagtdan soň emir Kudan ýogaldy.

Ýarykdaş hem tä emir Daz Hebeşi öldürilýänçä, ýesirlikde galdy.

## HOREZMŞALAR DÖWLETINIŇ BAŞLANYŞYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Berkýaryk emir Daz Hebeşi ibn Altyndagy Horasana emir edip belledi. Öň hem belleýşimiz ýaly, emir Kudan ýogalypdy. Ondan soň Horezme emir Muhammet ibn Anuştegin häkim boldy. Onuň kakasy Anuştegin Bilge beg atly bir seljuk emiriniň guludy. Bilge beg ony Garşystan şäherinden bolan bir emirden satyn alypdy. Şonuň üçin oňa Anuştegin Garşyha hem diýilýärdi. Onuň wezipesi ulalyp, dürli işleri ýerine ýetirmäge başlady. Ol ýollary gowy bilýärdi, gylyk-häsiýeti gowudy. Onuň bir ogly boldy we oňa Muhammet diýip at dakdy. Ol okap, kämilleşdi, bilim-terbiýe aldy, at-abraýy galdy. Onuň tebigy ukyplylygy bardy.

Emir Daz Hebeşi Horasana häkim bolanda, Horezmşa Ekinçi öldürilipdi. Emir Daz Hebeşi hem Horezme häkim goýmaga adam gözläp başlady. Ol Muhammet ibn Anuştegini saýlady. Ony Horezme häkim belledi. Oňa Horezmşa lakamyny dakdy. Ol wagtyny biderek geçirmeýärdi, ilat bähbitli işleri edýärdi, alymlara we dindarlara golaý durdy. Ady ýagşylykda ýaýrady, at-abraý artdy.

Soltan Sanjar Horasana häkim bolanda, Muhammet Horezmşanyň Horezme we daş-töweregine häkimligini tassyklady. Şeýdip, Horezmşa özüniň gahrymanlygyny we ukyplylygyny görkezmäge mümkinçilik tapdy. Soltan Sanjar hem onuň at-abraýyny galdyrdy.

Soň türkmen hökümdarlarynyň biri birnäçe esger ýygnap, Muhammediň ýok mahaly Horezme çozdy. Öň kakasy Horezmşa bolan Togrul Tegin ibn Ekinçi soltan Sanjaryň ýanyndady. Ol muny eşidip gaçyp, Horezmiň golaýynda bolan türkmenlere goşuldy. Horezmşa Muhammet muny eşidensoň, derrew Horezme gaýtdy. Soltan Sanjara habar ýollap, kömek sora-

dy. Soltan Sanjar şol mahal Nyşapurdady. Ol dessine esgerleri bilen oňa kömek bermäge ugrady, ýöne Muhammet oňa garaşmady. Muhammet Horezme golaýlanynda, türkmenler Maňgyşlaga gaçdylar. Togrul Tegin hem Handehan şäherine gaçdy. Şeýdip, Horezmşa olaryň şerinden halas boldy.

Horezmşa Muhammet ýogalansoň, onuň ýerine ogly Atsyz geçdi. Ol asudalyk saýawanyny has doly açdy we adalaty ornaşdyrdy. Ol kakasynyň döwründe söweşlere gatnaşypdy, Maňgyşlak şäherini eýeledi.

Ol kakasynyň ýerine geçensoň, soltan Sanjar ony özüne has hem golaýlaşdyrdy, oňa sylag-hormat goýdy. Onuň bilen ylalaşyk baglaşdy. Söweşlerde we saparlarda oňa kömek etdi. Netijede, onuň hem gahrymanlyk we ukyplylyk görkezmäge mümkinçiligi peýda boldy. Soltan Sanjar oňa has hem uly wezipeleri ynandy. Ol Tekeşi we tatarlary (mongollary) derbi-dagyn eden ogly Muhammediň neberesiniň ilkinji hökümdarydyr.

## RYZWAN BILEN DOGANY DUKAGYŇ ARASYNDA BOLUP GEÇEN SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýyl Mälik Ryzwan Damaskyň üstüne ýöriş gurady. Dogany Dukak Damaskyň häkimidi. Ryzwan Damasky onuň elinden almakçy bolýardy. Ol şähere golaýlaşanda, şäheriň diwarlarynyň örän berkdigine we eýelemegiň kyn boljakdygyna göz ýetirip, ol ýerden Nablusa gaýtdy. Soň hem eýelemek maksady bilen Kudusa gitdi, ýöne bu mümkin bolmady. Esgerleri onuň ýanyndan gitdiler. Ol Antakyýanyň emiri Ýagysyýan we Jenaheddöwle bilen bile yza gaýtdy.

Ýagysyýan soň Ryzwanyň ýanyndan Dukagyň ýanyna gitdi. Onuň eden işleri üçin ony dogany Ryzwany Halapda gabamaga küşgürdi. Dukak hem birnäçe esger ýygnap, ýola çykdy. Muny eşiden Ryzwan hem Suruçda bolan Artyk ogly Sökmene

ilçi iberip, kömek isledi. Sökmen türkmenlerden ybarat bolan uly goşun bilen kömege geldi. Dukak doganynyň üstüne ýöriş etdi. Iki dogan Kinnesrinde çaknyşdylar. Netijede, Dukak ýeňildi, çadyrlary we ähli zatlary talandy. Ryzwan hem Halaba gaýdyp geldi. Soň ikisi Damaskda we Antakyýada hutbada öňürti Ryzwanyň adynyň aýdylmagy barada karara geldiler.

Bu ýyl Mälik Ryzwan golastyndaky ýerleriň köpüsinde Müsür şaýy-fatymy halypasy Mustagly Biemrillä Alawynyň adyna hutba okatdy.

Emma soň Antakyýanyň emiri Ýagysyýan bilen Artykogly Sökmen Ryzwanyň ýanyna gelip, munuň kän bir gowy iş däldigini aýtdylar we onyň tankyt etdiler. Ol hem hutbany ýene-de apbaslylaryň adyna okatdy we Bagdada ilçi iberip, eden işleri üçin ötünç sorady.

## 491-NJI HIJRI ÝYLY

*(09.12.1097 — 27.11.1098 ý.)*

## SANJAR BILEN DÖWLETŞANYŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Döwletşa seljuk hökümdarlarynyň ogullarynyň biridi. Ol Togrul begiň dogany Beýgunyň esgerlerini öz daş-töweregine jemledi. Olar Toharystandadylar. Olar Welwaliji, Kemneji eýelediler. Soltan Sanjar esgerleri bilen olaryň üstüne ýöriş etdi. Ol rejep aýynda Balha gelip, şähere girdi. Soň Döwletşa bilen söweşmek üçin Balhdan çykdy. Soltan Sanjaryň esgerleriniň öňünde durar ýaly däldi. Sähel söweşden soň, Döwletşa derbidagyn boldy, özi hem ýesir düşdi. Ony soltan Sanjaryň ýanyna getirdiler. Soltan Sanjar ony zyndana atdy. Soň onuň gözüne çiş sokdular. Soltan Sanjar soň esgerleri bilen Termeze çozup, ol ýeri eýeledi. Termezi Togrul Tegine berdi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl ýewropalylar Antakyýany, Magarratun-Nugmany eýelediler.

Bu ýyl halypa soltan Berkýaryga ilçi iberip, haçlylara garşy kömek isledi. Şeýle hem oňa bu meselä üns bermegini haýyş etdi.

## 492-NJI HIJRI ÝYLY
*(28.11.1098 — 17.11.1099 ý.)*

## EMIR INERIŇ GOZGALAŇY WE ONUŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Berkýaryk Horasana gidensoň, emir Iner Pars sebitiniň ähli ýerlerine häkim belledi. Şabangaralylar taýpalaryň arasyndaky düşünişmezlikden peýdalanyp, Pars ýurduny eýelediler. Emir Iner Parsa gelende, şabangaralylar Kermanyň häkimi Eýran şa ibn Gurtdan kömek islediler. Olar birleşip, emir Inere garşy söweşdiler we ony ýeňdiler. Emir Iner gaçyp, Yspyhana gitdi. Soltan Berkýaryga habar ýollap, Horasana — özüne goşulmaga gitmek üçin rugsat sorady. Soltan hem Jebel sebitinde ýaşamagyny emr etdi we ony Yragyň häkimligine belledi. Ol sebitdäki beýleki esgerlere habar ýollap, emir Inere boýun bolmaklaryny isledi. Netijede, emir Iner Yspyhanda galdy we Genjedäki ykta ýerine gitdi. Yzyna gelýärkä, Yspyhanda batynylygyň ýaýrandygyny gördi we batynylar bilen söweşdi. Yspyhan dagynyň üstündäki bir galany eýeledi.

Şol mahal Mueýýidilmülk ibn Nyzamylmülk hem emir Inere goşuldy. Bagdatda bolan Mueýýidilmülk ol ýerden Hillä gaýtdy. Sadaka ony gowy garşylady. Mueýýidilmülk hem emir Ineriň ýanyna gaýtdy. Emir Iner bilen duşuşansoň, Mueýýidil-

mülk we beýleki emirler ony soltan Berkýaryk bilen gorkuzdylar. Berkýaryk bilen ylalaşmagynyň özüne garşy çykmakdygyny aýdyp, ony soltan Berkýarykdan daşlaşdyrmaga synanyşdylar. Şeýle hem Genjede bolan Gyýaseddin Muhammet ibn Mälik şa bilen habarlaşmagy maslahat berdiler. Emir Iner hem soltana garşy çykmaga niýetlendi we muny yglan etdi. Özi-de soltandan has hem gorkup başlady. Esgerleriň içinden gahrymanlyklary we mertlikleri bilen meşhur bolan on müň sany atlyny ýygnap, Yspyhandan Reýiň üstüne ýöriş etdi. Soltan Berkýaryga hem habar ýollap, eger Mejdilmülk galasyny, özüne berse, oňa tabyn boljakdygyny, eger bermese, onda garşy çykjakdygyny habar berdi.

Emir Iner hepdäniň belli günlerinde agyz beklärdi. Bir gün ol agzyny açyp otyrdy. Agzaçar naharyny iýip gutaryp gelýärkä, atlylaryň arasyndan Horezmli üç sany türkmen üstüne hüjüm etdiler. Biri çyrany döwdi, biri şemi söndürdi, biri hem gelip, hanjar urup, öldürdi. Soň onuň zatlaryny taladylar.

## LAGNAT SIŇEN ÝEWROPALYLARYŇ (HAÇLYLARYŇ) KUDUSY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Kudus Täjeddöwle Tutuşyňkydy. Tutuş ony emir Sökmen ibn Artyk Türkmene ykta beripdi. Ýewropalylar Antakyýada türkleri ýeňdiler. Türkler güýçden düşdüler we bölündiler. Müsürliler türkleriň güýçden gaçandygyny görüp, türkleriň üstüne çozdular. Olaryň öňhatar güýçleri Afzal ibn Bedriljemalydy. Ol Kudusy gabady. Emir Sökmen, Ilgazy ibn Artyk, olaryň agasynyň ogly Sunç, doganlarynyň ogly Ýakut dagylar hem onuň bilen Kudusdady. Şähere tarap kyrkdan gowrak manjanyk gurdular we diwaryň birnäçe ýerini ýykdylar we şäherliler bilen söweşdiler. Gabaw kyrk günden hem gowrak dowam etdi. Soň

türkler aman dilediler we 489-njy ýylda Bedriljemaly Kudusy eýeledi.

Afzal Bedriljemaly Sökmene, Ilgaza we ýanyndakylara köp sylaglar berdi. Olar soň Fyratdan geçip, Damaska gitdiler. Sökmen Urfada galdy. Ilgazy hem Yraga gitdi.

Müsürliler Kudusa Iftihareddöwle atly kişini naýyp bellediler. Ol şu wagta çenli ol ýerde galypdy. Ýewropalylar Akkany gabap alyp bilmänsoňlar, onuň üstüne çozdular. Kudusa gelenlerinde ol ýeri kyrk günläp gabawa aldylar. Olar iki sany diwar gurdular. Diwarlar Syhýun tarapyndady we musulmanlar diwarlary ýakdylar. Içindäki ähli kişini öldürdiler.

Haçanda ýakyp bolansoňlar, şäheriň beýleki tarapynyň basylyp alnandygynyň habary gelip, kömek islendi. Ýewropalylar şäheriň demirgazyk tarapyny hem meret aýynyň dolmagyna ýedi gün galanda, anna güni eýelediler. Adamlar gylyçdan geçirilip başlandy. Ýewropalylar ýedi günläp şäherdäki musulmanlary gyrdylar. Musulmanlaryň köpüsi Dawut pygamberiň mährabyna girip, bukuldylar. Olary hem üç günläp öldürdiler. Soň olara aman berip, gije Askalana çykardylar.

Ýewropalylar Aksa metjidinde hem ýetmiş müň kişini gyrdylar. Olaryň köpüsi musulmanlaryň ymamlarydy, alymlarydy, takwalarydy. Olar öz ýurtlaryndan aýrylyp, bu mukaddes ýere gelipdiler. Aksa metjidinden her biriniň agramy üç müň üç ýüz dirhem bolan kyrk sany kümüş şemdan, agramy kyrk rytl kümüş bolan çyra, kiçi şemdanlardan ýüz elli töweregi şemdan we başga-da san-sajaksyz olja edindiler.

## SOLTAN MUHAMMET IBN MÄLIK ŞANYŇ TANALYP BAŞLANMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Muhammet bilen Sanjar enebir dogandyr. Mälik şa wepat bolanda, Muhammet Bagdatda onuň ýanyndady. Ol do-

gany Mahmyt we Mälik şanyň aýaly Türkan Hatyn bilen Yspyhana gaýtdy. Berkýaryk Yspyhany gabawa alanda, Muhammet gizlendi we dogany Berkýarygyň goşunynda bolan ejesiniň ýanyna gaýtdy. Soň dogany soltan Berkýarygyň ýanyna gaýtdy we 484-nji ýylda onuň bilen Bagdada geldi. Berkýaryk oňa Genje we onuň töwereklerini berdi. Emir Gutly Tegin oňa atabeg bellendi. Muhammet häkimligini güýçlendirensoň, emir Gutly Tegini öldürdi. Soň bolsa Arrany welaýatyny we Genjäniň hemme ýerini eýeledi. Mundan soň Muhammediň güýji äşgär bolup ugrady.

Soltan Mälik şa Arrany we daş-töweregini Fazlun ibn Abylaswar Rawwadydan alypdy we hadym Serhenk Sawtegine beripdi. Fazluna hem Astrabady ykta beripdi. Ýöne Fazlun ýylda belli bir möçberde salgyt tölemegi kepil geçip, ülkäsine gaýtdy. Biraz güýçlenensoň hem, soltana garşy çykdy. Soltan hem emir Bozany onuň üstüne iberdi. Emir Bozan onuň bilen söweşdi, özüni hem ýesir aldy. Onuň ülkesini aralarynda Antakyýanyň emiri Ýagysyýanyň hem bar bolan emirler toparyna berdi. Ýagysyýan ýogalansoň, ogly kakasynyň bu ülkedäki ykta ýerlerine geldi. Fazlun hem 484-nji ýylda Bagdatda Dejläniň kenaryndaky bir metjitde agyr ýagdaýda ýogaldy.

Mueýýidilmülk Ubeýdylla ibn Nyzamylmülk emir Ineriň ýanynda bolup, ony soltan Berkýaryga garşy çykmaga çagyrýardy. Emir Iner öldürilensoň, Mueýýidilmülk mälik Muhammediň ýanyna gelip, ony doganyna garşy çykmaga we soltanlyga eýe bolmaga yrdy. Mälik Muhammet hem onuň aýdanlaryny ýerine ýetirdi. Ülkesinde Berkýarygyň adyna okalýan hutbany ýatyrdy we soltan hökmünde öz adyna okadyp başlady. Müeýýidilmülk hem özüne wezir belledi. Şol mahallar birdenkä Mejdilmülk Balasany hem öldürildi. Esgerler soltan Berkýarykdan gorkup başladylar we soltan Muhammediň ýanyna git-

diler. Hurrakan diýen ýerde onuň yzyndan ýetip, oňa goşuldylar. Olar bilelikde Reýe tarap gitdiler.

Şol mahal esgerleriniň ýanyndan gidendigini gören Berkýaryk hem çaltlyk bilen Reýe gaýtdy. Ol ýerde emir Ýynal ibn Anuştegin Husamy hem onuň ýanyna geldi. Ýynal uly emirleriň biridi. Şeýle hem Yzzylmülk ibn Nyzamylmülk hem abhaz hökümdarynyň gyzy bolan ejesi bilen soltan Berkýarygyň ýanyna geldi. Yzzylmülküň ýanynda köp sanly esger bardy. Soltan Berkýaryk dogany Muhammediň gidendigini eşidip, derrew Reýden Yspyhana gaýtdy, ýöne şäher ilaty oňa gapylary açmady. Ol hem bu ýerden Huzystana gaýtdy.

Soltan Muhammet boş aýynyň ikisine Reýe gelende, dogany Berkýarygyň ejesi Zübeýda Hatyny ol ýerde tutdy. Zübeýda ogly bilen gitmän, yza galypdy. Mueýýidilmülk ony zyndana saldy, şeýle hem onuň bäş müň dinar berjekdigine degişli dil hat alansoň, ony öldürmek isledi. Ýakyn adamlary ony öldürmezligi maslahat berdiler, emma ol olary diňlemedi. Onda Müeýýidilmülke: «Esgerler onuň ogluny gowy görýärler. Olar Zübeýda Hatyny halamaýandyklary üçin, ondan aýryldylar. Sen ony öldürseň, esgerler derrew Berkýarygyň hataryna geçerler. Sen bu esgerlere ynam bildirme, sebäbi olar kim özlerine ýagşylyk edene, ynam bildiren mahaly haýynlyk ederler» diýdiler. Emma onda-da Müeýýidilmülk olaryň sözlerine gulak asmady we Zübeýda Hatyny gala çykaryp, bogdurtdy. Zübeýda hatyn şol mahallar kyrk ýaşyndady.

Soň soltan Berkýaryk Müeýýidilmülki ýesir alanda, onuň ýanyndan ejesiniň bäş müň dinar bermeli diýlip ýazylan dilhatyny tapdy. Berkýarygyň ony öldürmeginiň iň uly sebäbi hem bu ýagdaýdy.

## BAGDATDA MUHAMMEDE HUTBA OKALMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Muhammediň işleri oňup, güýçlenip başlanda, Sagdeddöwle Göwheraýyn Bagdatdan onuň ýanyna gaýtdy. Onuň Berkýaryk bilen arasy ýokdy. Göwheraýyn Mosulyň häkimi Kürbuga, Jeziräniň häkimi Çökermiş, Kinkeweriň häkimi Surhap ibn Bedr we beýlekiler bilen bilelikde soltan Muhammediň ýanyna gaýtdy. Olar onuň bilen Kumda sataşdylar. Sagdeddöwle ol ýerden Bagdada gaýtdy we soltan oňa serpaý ýapdy. Kürbuga we Çökermiş onuň hyzmaty üçin Yspyhana gitdiler. Göwheraýyn Bagdada gelensoň, halypa soltan Muhammet üçin Bagdatda hutba okatdy. Soltan Muhammede Gyýaseddünýä weddin diýip lakam goýdular.

## 493-NJI HIJRI ÝYLY

*(17.11.1099 — 05.11.1100 ý.)*

## HUTBANYŇ BAGDATDA ÝENE-DE BERKÝARYGYŇ ADYNA OKALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Bagdatda hutba ýene Berkýarygyň adyna okalyp başlady. Munuň sebäbi hem Berkýaryk geçen ýyl Reýden Huzystana gidipdi. Onuň ýanyndakylaryň haly harapdy. Onuň esgerleriniň emiri Ýynal ibn Anuştegin Husamydy. Beýleki emirler hem onuň ýanyna geldiler. Ol Wasyta gaýtdy. Onuň esgerleri ilata zulum edip, şäheri taladylar. Hulläniň häkimi Sadaka ibn Mezýet hem oňa goşulypdy. Soltany öldürmekçi bolan bir topar tutuldy. Olar tutulyp, gala salyndylar. Olar emir Sermeziň soltany öldürmek üçin iberendigini boýun aldylar. Olaryň içinden biri öldürildi, galanlaryny tussag etdiler. Soltan ol ýerden Bag-

dada gidip, sapar aýynyň on ýedisine şähere girdi. Sapar aýynyň ortasyna, ol gelmezden iki gün öňürti oňa hutba okaldy.

## IKI SOLTANYŇ, ÝAGNY BERKÝARYK BILEN MUHAMMEDIŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ WE HUTBANYŇ BAGDATDA ÝENE-DE MUHAMMEDIŇ ADYNA OKALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Berkýaryk Bagdatdan Şährizura ýöredi. Ol ýerde üç gün boldy, türkmenlerden we beýleki milletlerden bolan birnäçe adamlar oňa goşuldylar. Soň şol ýerden dogany Muhammet bilen söweşmek üçin onuň üstüne ýöriş etdi. Şol wagt Hemedanyň häkimi Berkýaryga hat ýazyp, onuň Hemedana gelip, doganynyň emirlerine ykta ýerlerine eýe bolmaga çagyrdy. Emma ol muny etmedi we doganynyň üstüne ýöriş etdi. Rejep aýynyň dördüne ikisiniň arasynda söweş başlady. Bu soltan Berkýaryk bilen soltan Muhammediň arasyndaky Sefidrudda bolan ilkinji çaknyşykdy. «Sefidrud» ak derýa diýmekdir. Ol ýer Hemedandan birnäçe parsah uzaklykda ýerleşýärdi.

Muhammediň ýanynda ýigrimi müň töweregi esger bardy. Özi hem emir Sermez bilen merkez ganatda ýerleşýärdi. Sag ganatda emir ahyr we ogly Aýaz, çep ganatda bolsa Müeýýidilmülk we Nyzamylmülke degişli esgerler bardy. Garşy tarapda bolsa, merkezde soltan Berkýaryk bilen weziri Egaz Abylmahasyn, sagda Yzzeddöwle ibn Sadaka ibn Mezýet we Sirhap ibn Bedr, çepde bolsa Kürbuga we beýleki emirler bardy. soltan Berkýarygyň çep ganatynda bolan Göwheraýyn soltan Muhammediň çep ganatyna hüjüm etdi. Bu ýerde Müeýýidilmülk we Nyzamylmülke degişli esgerler bardy, olar bölünişip, yza çekildiler. Berýarygyň esgerleri olaryň çadyrlaryna girip, taladylar. Muhammediň çep ganaty hem Brkýarygyň sag ganatyna

hüjüm etdi. Berkýarygyň esgerleri dagady. Soltan Muhammediň sag ganatyndaky emirler Berkýarygyň merkezine hüjüm etdiler. Berkýaryk hem derbi-dagyn boldy. Muhammet ýerinde durdy. Göwheraýyn şol mahal soltan Muhammediň gaçan esgerlerini kowalap, yzyna gelýärdi, birdenkä atdan ýykyldy. Horasanly bir esger gelip, onuň kellesini aldy we ony öldürdi. Muny gören esgerler gaçdylar, Berkýaryk diňe elli sany atlysy bilen galdy.

Bu söweşde Berkýarygyň weziri Egaz Abylmahasyn hem ýesir alyndy. Mueýýidilmülk ony gowy garşy aldy, oňa aýratyn bir çadyr berdi. Ony Bagdadyň häkimligine bellejekdigine söz berdi we ony Bagdada iberdi. Mueýýidilmülk oňa Bagdatda hutbanyň ýene-de Muhammediň adyna okalmagyny halypa aýtmagy tabşyrdy. Halypa hem muny kabul etdi we rejep aýynyň on dördüne anna güni Bagdatda soltan Muhammediň adyna hutba okaldy.

## SOLTAN BERKÝARYGYŇ ÝEŇLIŞDEN SOŇKY, ŞEÝLE HEM DOGANY SANJARDAN HEM ÝEŇLIP, DERBI-DAGYN BOLANYNDAN SOŇKY ÝAGDAÝYNYŇ BEÝANY

Soltan Berkýaryk dogany Muhammetden ýeňlensoň, az sanly, ýagny elli atly bilen galdy. Soň Reýe ýöneldi. Reýe ilçi iberip, özüniň islegini beýan etdi, ilat ony çagyrdy. Ilat onuň töweregine ýygnandy. Soň ol Isferaýyn şäherine gaýtdy. Damgandaky emir Daz Hebeşi ibn Altyndag bilen habarlaşdy, ol hem ony öz ýanyna çagyrdy. Onuň Nyşapura gelmegini maslahat berdi, hatda ony ol ýere getirdi. Emir Dazyň golastynda Horasanyň köp ýerleri, Tabarystan we Gürgen bardy. Soltan Berkýaryk Nyşapura gelende, ýolbaşçylaryň köpüsini tussag

edip, soň goýberdi. Emma Horasanyň häkimi Abu Muhammet bilen Abylkasym ibn Abylmagaly Jüweýnini goýbermedi. Abylkasym tussagda ýogaldy.

Soltan Berkýaryk yzyna gaýdyp gelensoň, emir Dazy ýanyna çagyrdy, ýöne ol Balhyň esgerleri bilen soltan Sanjaryň ülkesine barýandygyny aýdyp, özüne kömek ibermegihaýyş etdi. Soltan Berkýaryk hem müň atly bilen oňa kömege geldi. Soltan Sanjaryň uly emirlerinden galanlaryň soltan Berkýarygyň gelendiginden habarlary ýokdy. Uly emirler birdenkä Berkýarykdan gorkup, yza çekilmesinler diýip, kiçi emirlere muny habar bermediler.

Emir Dazyň ýanynda ýigrimi müň atly bardy. Bularyň arasynda bäş müň sany batyny (ysmaýyly)[1] pyýada esger bardy. Soltan Berkýaryk dogany soltan Sanjar bilen Nuşejanyň eteginde söweşe başlady. Soltan Sanjaryň sag ganatynda emir Bozguş, çep ganatynda bolsa emir Gündeňiz, merkezde bolsa emir Rüstem bardy.

Berkýaryk Rüstemiň üstüne hüjüm etdi, ony ýaralady we öldürdi. Emir Rüstemiň we soltan Sanjaryň esgerleri muny görüp yza çekildiler. Soltan Berkýarygyň esgerleri hem talaňçylyga başladylar. Bozguş bilen Gündeňiz soltan Berkýarygyň üstüne hüjüm edip, ony derbi-dagyn etdiler. Netijede, Berkýarygyň esgerleri ýeňildi.

Soltan Berkýaryk dogany soltan Sanjaryň esgerlerini derbidagyn eden mahaly, onuň ejesini hem ýesir alypdy. Soltan Sanjar ony onuň ejesi Zübeýda Hatynyň deregine öldürer öýdüp gorkdy. Ýöne Berkýaryk ony ýanyna çagyrdy we oňa: «Men seni doganym Sanjaryň meniň ýesir alan esgerlerimi goýber-

[1] Batyny (ysmaýyly) – şaýy mezhebiniň ysmaýyly mezhebinden bolan syýasy topar. Batynylar Gurhanyň mälim manysyndan başga gizlin manylaryň bardygyny öňe sürüp, şol manylardan ugur alýandyklaryny aýdýarlar. Olara taglymyýe hem diýilýär.

megi üçin ýesir aldym. Men seni ejemiň deregine öldürmek üçin tutmadym» diýdi. Soltan Sanjar esgerlerini goýberensoň, Berkýaryk hem onuň ejesini goýberdi.

## 494-NJI HIJRI ÝYLY
*(06.11.1100 — 25.10.1101 ý.)*

## IKI SOLTANYŇ — BERKÝARYGYŇ WE MUHAMMEDIŇ ARALARYNDAKY BOLUP GEÇEN SÖWEŞIŇ WE MUEÝÝIDILMÜLKÜŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl dört tirkeşigiň dördünji aýynyň üçüne soltan Berkýaryk bilen soltan Muhammediň arasynda ikinji çaknyşyk ýüze çykdy. Öň hem aýdyşymyz ýaly, 493-nji ýylda soltan Berkýaryk dogany soltan Muhammetden ýeňlipdi we şäherme-şäher selpäpdi. Ilki Yspyhana gelipdi, emma ol ýere girmändi, ol ýerden hem Huzystana gidipdi. Ol ýerden hem Esger Mukram şäherine geldi. Olary Porsugyň ogullary bolan iki emir, ýagny Zeňňi we Ilbeg getirdiler. Olaryň ikisi soltan Berkýaryga goşulyp, Esger Mukramda iki aý boldular. Soň ol ýerden hem Hemedana gaýtdy. Emir Aýaz hem oňa goşuldy.

Soltan Muhammet hem doganyny garşy almaga çykdy. Esgerler ýakynlaşanda Awa şäheriniň häkimi Surhap ibn Keýhysrow soltan Berkýarykdan aman diledi. Ol hem oňa aman berdi we hormat goýdy.

Bularyň arasyndaky çaknyşyk dört tirkeşigiň dördünji aýynyň üçüne boldy. Soltan Berkýarygyň ýanynda elli müň goşun bardy, dogany soltan Muhammediň bolsa on bäş müň goşuny bardy. Iki tarap uzynly gün söweşdiler. Iki tarapdan hem öldürilýänler bardy. Muhammediň esgerleri soňabaka Berkýarykdan aman diläp, onuň tarapyna geçip başladylar. Olaryň

arasyndaky söweş günüň ahyryna çenli hem dowam etmedi we soltan Muhammediň esgerleri ýeňildi.

Berkýarygyň ýeňşine sebäp bolan zat hem şu wakady: Berkýarygyň pyýada goşuny galkana mätäçdi. Söweşiň başlan güni ir bilen Hemedandan on iki ýük ýarag geldi. Bularyň sekizi hem galkandy. Olary esgerler paýlady. Galkanlar we beýleki ýaraglar gelensoň, Berkýaryk Alla şükür edip, iki rekat namaz okady.

Bu söweşde Mueýýidilmülk bir gul tarapyndan ýesir alyndy we ony Berkýarygyň ýanyna getirdiler. Berkýaryk ony hut öz eli bilen öldürdi.

Berkýaryk bu söweşden soň, Reýe gaýtdy. Ol ýerde Mosulyň emiri Kürbuga bilen Nureddöwle Dubeýs hem soltanyň ýanyna geldiler.

## SOLTAN MUHAMMEDIŇ ÝEŇLIŞINDEN SOŇ DOGANY SANJAR BILEN BIRLEŞMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Muhammet dogany soltan Berkýarykdan ýeňlensoň, Horasana dogany soltan Sanjaryň ýanyna gaýtdy. Olaryň ikisi enebir dogandy. Biraz wagt Gürgende ýaşady. Ol doganyndan mal-mülk we başga zatlary almak isledi. Olar soň birleşdiler we ylalaşyp ant içdiler.

Soltan Muhammediň ýanynda iki sany emir bilen üç ýüz atlydan başga zat galmandy. Ylalaşykdan soň, ol dogany soltan Sanjaryň ýanyna gaýtdy. Iki dogan Gürgende sataşdylar we ol ýerden Damgana gaýtdylar. Horasanly esgerler Damgany weýran edipdiler, şäher ilaty hem olardan gorkup, Girdkuh galasyna gaçypdy.

Soň iki dogan Reýe gaýtdylar. Ol ýerdäki Nyzamylmülke degişli gullar olaryň hataryna goşuldy. Şeýdip, olaryň sany has hem artdy.

## SOLTAN BERKÝARYGYŇ ÝAGDAÝYNYŇ WE ONUŇ BAGDADA GIRMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Berkýaryk dogany Muhammedi derbi-dagyn edensoň, oňa köp esger goşuldy, hatda onuň atly goşuny ýüz müňe ýetdi. Emma soň azyk kynçylygy sebäpli, esgerler öz şäherlerine gaýtdylar. Dubeýs ibn Sadaka kakasynyň ýanyna gaýtdy. Şol mahal Mälik Mewdut ibn Ysmaýyl ibn Ýakuty Genjede Berkýaryga garşy aýaga galypdy. Berýaryk hem Kürbugany on müň atly bilen onuň üstüne iberdi.

Berkýarygyň goşunyna emir Aýaz hem gelip goşulandan soň, atly esgerleri ýene-de on bäş müň adam köpeldi. Ol goşlaryny we çadyrlaryny iberipdi, özi hem boş aýynyň on ýedisine Bagdada geldi. Halypany ýolda garşylamak üçin, Emineddöwle ibn Müslaýany onuň öňünden iberdi. Gurban baýramy bolanda halypa münberi soltanyň howlusyna iberdi. Onuň üstünde Şerif Abylkerem hutba okady we iki rekat namaz okady. Berkýaryk syrkaw bolany üçin gelip bilmedi.

## SADAKA IBN MEZÝEDIŇ BERKÝARYGA GARŞY ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Hilläniň häkimi Sadaka ibn Mezýet soltan Berkýarygyň tabynlygyndan çykdy. Onuň adyna okalýan hutbany ýatyryp, ýerine soltan Muhammediň adyna hutba okatdy.

Munuň sebäbi şeýledi: soltan Berkýarygyň weziri Egaz Abylmahasyn Dehistany bir gezek Sadaka: «Seniň ýanyňda soltanyň hazynasyna degişli bir million dinar bilen öňki ýyllara degişli şunça dinar galdy. Olary ýa iber, ýa-da seniň üstüňe goşun çekerin we olary senden zor bilen alarys» diýdi. Sadaka hem bu habary alyp, Berkýarygyň adyna okalýan hutbany ýatyryp, soltan Muhammediň adyna okatdy.

## SOLTAN MUHAMMEDIŇ BAGDADA GELMEGINIŇ WE SOLTAN BERKÝARYGYŇ OL ÝERDEN GITMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň gurban aýynyň ýigrimi ýedisine soltan Muhammet we Sanjar Bagdada geldiler. Soltan Muhammet Hemedany we beýleki ýerleri ele geçirensoň, Bagdada ýöriş etdi. Ol Hulwana ýetende, Ilgazy ibn Artyk esgerleri bilen onuň hyzmatyna goşuldy, onuň esgerleri on müň atlydy, galanlary pyýadady.

Soltan Berkýaryk bu habary eşidende, agyr syrkawdy. Emeldarlar gije-gündiz onuň ýanyna gelip, ýaramaz habar getirýärdiler. Emirler howatyrlanýardylar. Gorkdular we gaçdylar. Ony tagtyrowan[1] bilen günbatar tarapa alyp gidip, Remlä getirdiler. Hemmeler Berkýarygyň janyndan umyt üzdüler. Ýanyndakylar onuň ölüminiň ýakynlanyna doly göz ýetiripdiler. Oňa kepen biçmek we ýerlemek üçin maslahat etdiler.

Soltan Muhammet hem Bagdada gelip ýetdi. Hökümet köşgünde düşledi. Halypa ony gelendigi bilen gutlady we oňa diwanda hutba okaldy.

## BATYNY BOLAN KERMAN HÄKIMINIŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ WE ÝERINE BAŞGA BIRINIŇ HÖKÜMDAR BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Tiran şa ibn Turan şa ibn Gurt beg «ysmaýyly» ady bilen tanalýan türkmenleri öldürdi. Olar batyny taýpasyndan däldiler. Olar sünni bolup, Ysmaýyl atly bir emire tabyndyklaryüçin «Ysmaýyly» diýilýärdi. Turan şa bu türklerden iki müň adamyň elini kesipdi. Kuzystanda kätip bolan Abu Zura atly bir

[1] Tagtyrowan – göterip äkidilýän tagt.

adam Tiran şanyň ýanyna ilçi hökmünde gelip, ony batynylyga höweslendiripdi. Tiran şa hem muny kabul edipdi.

Soň Arslan şa Ibn Kerman şa ibn Gurt beg Abu Zurany we Muhammet Behsutun atly bir emiri tutup, bularyň ikisini hem öldürdi we Kerman şäherine eýe boldy.

## EMIR BOZGUŞUŇ KUHYSTANY WE TABESI GABAMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Sanjaryň uly emirleriniň biri emir Bozguş uly goşun ýygnady, esgerleri ýarag we gerek-ýarak zatlar bilen üpjün edensoň, ysmaýylylaryň[1] üstüne ýöräp talady we şäheri harabaçylyga öwrüp, köp sanly batynyny öldürdi. Tabes şäherini gabawa saldy, manjanyklar bilen daş atdy, diwarlaryň köp bölegini ýykdy. Tabesiň ilaty güýç-kuwwatdan gaçdy. Bozguş tas şäheri eýeläpdi. Ýöne batynylar oňa köp mukdarda mal-mülk hödürläpdiler. Ol hem razylaşyp, olar bilen iş salyşmagy goýbolsun etdi. Batynylar hem derrew diwarlaryň ýykylan ýerlerini dikeltdiler. Şähere ýarag, azyk ýygnadylar. Soň 497-nji ýylda Bozguş olary ýene-de gabady.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl soltan Berkýaryk batynylaryň öldürilmegine emr etdi. Batynylar «ysmaýylylar» ady bilen hem tanalyp, öňler olara karamatylar hem diýilýärdi.

Sebäbi hem olaryň hemme ýere ýaýrap köpelmekleri olaryň Yspyhan şihnesi emir Sermez, Nyzamylmülküň emirleri emir Ärguş, emir Kümüş ýaly soltan Muhammede tabyn, Berkýaryga bolsa garşy bolan döwlet işgärlerini öldürip başlamaklarydy.

---

[1] Ysmaýyly – şaýy mezhedinden bolan topar.

Netijede, hemmeler bu işleri Berkýarykdan görüp başladylar we ony batynylara meýilli hasapladylar.

Soltan Berkýaryk hem doganyndan ýeňiş gazanansoň batynylary öldürmegi emr etdi.

Ramhurmuz we Errejan şäherleriniň häkimi bolan Çawly Sakawy hem köp ýerlerdäki batynylary gyrdy.

## 495-NJI HIJRI ÝYLY
*(26.10.1101 — 14.10.1102 ý.)*

## SOLTAN BERKÝARYK BILEN SOLTAN MUHAMMEDIŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ WE OLARYŇ ÝARAŞYGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň sapar aýynda soltan Berkýaryk bilen Muhammediň arasynda üçünji gezek söweş boldy. 494-nji ýylda soltan Muhammediň Bagdada gelşini, soltan Berkýarygyň hem syrkaw halda Wasyta gaçyp gidişini aýdypdyk. Soltan Muhammet aşyr aýynyň on dördüne çenli Bagdatda boldy. Ol ýerden ol we dogany soltan Sanjar her haýsy öz ýurtlaryna gitdiler. Sanjar Horasana gaýtdy. Muhammet Hemedana gitdi. Muhammet Bagdatdan çykansoň, Berkýarygyň halypanyň Wasytdaky ekerançylykly ýerlerini eýeländiginiň habary geldi. Halypa hem çapar iberip soltan Muhammedi yzyna Bagdada çagyryp, oňa öz eşiden zatlaryny gürrüň berdi. Halypa soltan Muhammet bilen soltan Berkýarygyň üstüne gitmekçi boldy. Emma Muhammet oňa: «Möminleriň emiriniň gitmegi gerek däl. Men bu wezipäni özüm gowy ýerine ýetirerin» diýdi. Soň yzyna gaýtdy. Bagdatda Abdylmagaly Muzaffar ibn Abdyrazzagy gazna müdiri, Ilgazyny hem şihne belledi.

Emma öň hem aýdyşymyz ýaly, soltan Berkýaryk 494-nji ýylda Bagdatdan çykyp gaýdypdy. Onuň Wasyta gelýändigini

eşiden ilat, ondan gorkup, aýal-ebtat, çaga-çugalaryny, mal-mülklerini alyp, gaçyp, gämä münüp, Zubeýdiýe şäherine ýerleşdiler. Soltan wasytlylara aman berdi, olara zat degmedi.

Soň soltan Muhammediň Bagdatdan çykyp gelýändigi eşidildi. Her tarapda dört müň sany atly goşun bardy. Soltan Berkýarygyň goşuny bilen soltan Muhammediň goşuny ilkinji gün duşuşdylar. Emma howanyň sowuklygy üçin, ikinji gün ikisi hem yza öwrüldiler. Soň ýene garşy geldiler. Soň her tarapdan biri çykýardy we beýleki tarapdan hem biri onuň bilen söweşe çykýardy. Olar ýakynlaşanlarynda biri-biri bilen gujaklaşyp, dostlaşýardylar, ýaraşýardylar we yzyna gaýdýardylar.

Soň Muhammediň esgerlerinden emir Paltaçy we beýlekiler çykyp, soltan Berkýarygyň emirleri emir Aýazyň we wezir Egazyň ýanyna geldiler we ýaraşyk şertnamasy baglaşyldy. Netijede, ynsanlar zyýandan halas boldular.

Ylalaşyga görä, şeýle netijä gelnipdi. Berkýaryk soltan bolup galdy, Muhammet hem Mälik lakamyny aldy we üç nobat çalmaly[1] edildi. Şeýle hem Muhammede Jezire, Genje, Diýarbekir we Mosul berildi. Iki goşun hem dört tirkeşigiň birinji aýynyň birine gitdiler.

## SOLTAN BERKÝARYK BILEN MUHAMMEDIŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ (ŞERTNAMANYŇ BOZULMAGYNYŇ) BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşigininiň üçüni aýynda iki soltanyň arasynda dördünji gezek çaknyşyk boldy.

Emir Ýynal Anuştegin Husamy soltan Berkýarykdan aýrylyp, galalarda we daglarda ýaşaýan batynylar bilen söweşýärdi. Şol wagt hem ol soltan Muhammediň ýanyna geldi. Ol sol-

[1] Nobat çalmak- saz bilen garşy almak.

tan Muhammet bilen Reýe gitdi we soltan Muhammet özüne bäş nobat çalynmagyny isledi. Ýanynda esgerleri hem toplanypdy. Ol sekiz gün boldy. Dokuzynjy gün soltan Berkýaryk onuň garşysyna çykdy. Olaryň arasynda Reýiň ýanynda söweş başlady. Her tarapdan on müň atly töweregi söweşiji bardy. Ebetiň häkimi emir Surhan ibn Keýhysrow emir Ýynalyň üstüne hüjüm edende, ol derbi-dagyn boldy. Yz ýany bilen hem Muhammediň beýleki esgerleri hem derbi-dagyn boldy. Olaryň köpüsi Tabarystana tarap gitdiler. Bu söweşde ýekeje adamdan başga adam öldürilmedi.

## SOLTAN MUHAMMEDIŇ YSPYHANDA GABAWA ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Muhammet Reýde bolup geçen söweşden soň, ýeňlip, ýetmiş atly bilen Yspyhana gaýtdy. Şäher onuň golastyndady, şäherde naýyby bilen emir Ýynal we beýleki käbir emirleri bardy. Dört tirkeşigiň birinji aýynda Yspyhana girip, şäheriň diwarlarynyň täzeden oňarylmagyny emr etdi. Şäheriň diwarlary 429-njy ýylda Togrul begden gorkýandygy üçin, Alaeddöwle ibn Käkeweýh tarapyndan gurlupdy. Soltan Muhammet şeýle hem hendeklerden tä suw çykýança gazylmagyny buýruk berdi. Her derwezäni hem bir emire berdi.

Soltan Berkýaryk dogany Muhammediň Yspyhana gidendigini eşidip, onuň yzyndan gidip, dört tirkeşigiň üçünji aýynda Yspyhana geldi. Onuň on bäş müňden hem köp atly esgeri bilen ýüz müňden hem köp pyýada esgeri bardy. Ol şäheri gabawa aldy.

Soltan Muhammet hem şäherde kynçylyk başlansoň, şäheri terk etmäge niýetlendi. Onuň maksady täzeden esger ýygnap, Berkýarygy gabawa salmakdy. Bu maksat bilen ýanyna ýüz elli sany atlyny we emir Ýynaly alyp, şäherden çykdy.

Berkýaryk hem doganynyň gidendigini eşidip, emir Aýazy köp sanly esger bilen onuň yzyndan iberdi. Olar hem onuň yzyndan ýetip bilmän, yzlaryna gaýtdylar.

## ILGAZY BILEN BAGDAT ILATYNYŇ ARASYNDA ÝÜZE ÇYKAN HADYSANYŇ BEÝANY

Bu ýylyň rejep aýynda Bagdat şihnesi Artykogly Ilgazynyň esgerleri bilen Bagdadyň ilatynyň arasynda örän elhenç hady-salar bolup geçdi.

## KÜRBUGANYŇ ÖLÜMI, TÜRKMEN MUSANYŇ, SOŇRA BOLSA ÇÖKERMIŞIŇ MOSULA EÝE BOLMAKLARYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň boş aýynda Kywameddöwle Kürbuga Hüweý şä-heriniň töwereginde ýogaldy. Geçen ýyl soltan Berkýaryk ony Genjä iberipdi. Kürbuga Genjäniň agramly bölegini eýeläp, Hüweý şäherine çenli gelipdi.

Kürbuganyň ölüminden soň, Sungurja bilen esgerleriň uly bir bölegi Mosula gelip, şäheri eýelediler. Ol ýerde üç günläp boldular. Mosulyň emeldarlary öň Kürbuganyň Hysny Keýfadaky naýyby türkmen emiri Musa habar ýollap, şäheri berjekdiklerini habar etdiler. Ol hem tizlik bilen Mosula gelipdi. Sungurja onuň Mosula gidendigini eşitdi, ýöne özüne hyzmat maksady bilen gelendir öýtdi. Sungurja Mosulyň ilaty bilen Musany garşylady, ikisi atdan düşüp, biri-birlerini gujaklap, Kürbuga üçin gözýaş dökdüler.

Sungurja ýolda Musa:

— Men merhum hojaýynymyzdan galan zatlar, mal-mülk siziň golastyňyzda bolarmyka diýýän — diýdi.

Musa hem oňa:

— Biz kim, mal-mülke eýe bolar ýaly? Soltan öz islänini häkim bellär — diýdi.

Bu gürrüňden soň, ikisiniň arasynda dawa başlady. Sungurja gylyjyny çykaryp, Musanyň kellesine urup, ony ýaralady. Musa ýere ýykyldy. Musanyň ýanynda öňki Diýarbekir emiri Mansur ibn Merwanyň ogly bardy. Ol hem gylyjy bilen Surgurjanyň kellesine urup, ikä ýardy. Soň Musa Mosula girdi we Surgurjanyň adamlaryna halat-serpaý ýapyp, Mosuly golastyna aldy.

Bu habary eşiden Jeziret ibn Omaryň häkimi Çökermiş Mosulyň üstüne ýöriş etdi we şäheri birnäçe günüň içinde eýeledi.

## SAMARKANDYŇ HÄKIMI KADYR HANYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Biz öň soltan Sanjaryň dogany soltan Muhammet bilen Bagdada gidip, soň Horasana gaýdyp gelendigini aýdypdyk. Ol Nyşapura gelende, dogany soltan Muhammet üçin Horasanyň ähli ýerinde hutba okatdyrdy. Soltan Sanjar Bagdatda gezip ýörkä, Samarkandyň häkimi Kadyr han ibn Jebraýyl ibn Omar Horasany eýelemegi ýüregine düwdi. Ýer ýüzüni doldurjak esger ýygnady. Aýdylyşyna görä, onuň musulman we kapyrdan ýüz müň söweşijisi bardy. Ol soltan Sanjaryň şäherine göz dikipdi.

Soltan Sanjaryň emirleriniň içinde Gündogdy atly bir emir bardy. Ol Kadyr han bilen habarlaşardy. Soltan Sanjar gaýdyp gelensoň, ol onuň syrkawdygyny Kadyr hana habar berdi. Ol ölüm howply keselläp ýatyrdy. Soltan Berkýaryk bilen soltan Muhammediň arasyndaky çaknyşyk Kadyr hanyň arzuwyny has hem güýçlendiripdi. Ol Horasany we Yragy eýelemegi ýüregine düwdi we ýörişe çykdy. Bu habary eşiden mahaly soltan Sanjar sagalypdy we şäheri goramak üçin onuň bilen söweşe

çykdy. Onuň goşunynyň arasynda ady agzalan Gündogdy hem bardy. Soltan Sanjar alty müň atly bilen Balha bardy. Olaryň ikisiniň, ýagny soltan Sanjar bilen Kadyr hanyň arasynda on bäş günlük ýol galanda, Gündogdy esgerleri bilen Kadyr hanyň tarapyna gaçyp gitdi. Olaryň ikisi biri-birlerine wepaly boljakdyklary barada kasam içdiler.

Kadyr hanyň goşuny has hem öňe tarap gitdi. Iki goşun biri-birlerine golaýlaşansoňlar, Soltan Sanjar Kadyr hana ilçi iberip, öňki wadalaryny ýerine ýetirmegini ýatlatdy. Ýöne Kadyr han onuň sözlerini diňlemedi. Soltan Sanjar hem Kadyr hana jansyz iberdi we onuň ähli işlerinden habardar boldy. Soltan Sanjar jansyzlary arkaly Kadyr hanyň Balhda düşländigini eşitdi. Kadyr han şol mahal üç ýüz atly bilen awa çykypdy. Muny eşiden soltan Sanjar dessine emir Bozguşy onuň üstüne iberdi. Bozguş derrew ýola çykdy. Ol Kadyr han awda gezip ýörkä, onuň bilen söweşe başlady. Kadyr hanyň ýanyndakylar söweşde berk durup bilmediler we derbi-dagyn boldular. Gündogdy bilen Kadyr han ýesir alyndy. Bozguş olaryň ikisini hem Sanjaryň ýanyna getirdi. Kadyr han onuň öňünde eglip ýer öpdi. Sanjar oňa: «Bize hyzmat we gulluk etseň hem, indi seniň jezaň diňe gylyçdyr» diýdi. Soň hem ony öldürtdi.

Gündogdy alajyny tapyp, tussaglykdan gaçdy, janynyn halas etdi we bir akabanyň içi bilen iki parsah ýoly ýöräp geçirdi. Ol ýolda iki sany uly ýylan öldürdi. Tarapdarlary onuň barjak ýerini bilýärdiler. Gündogdy olar bilen otuz müň atly bolup Gazna gitdi.

Başga bir gürrüňe görä, soltan Sanjar köp sanly esger ýygnady we Kadyr han bilen söweşdi. Söweşde köp adam gyryldy. Bu söweşde Kadyr han we esgerleri ýeňildi. Kadyr han hem ýesir alyndy. Soltan Sanjar hem ony öldürdi.

Soltan Sanjar soň Termezi gabawa aldy. Gündogdy hem ol ýerdedi. Ol aman diledi. Soltan Sanjar hem oňa aman berdi.

Gündogdy hem Termezi oňa berdi. Soltan Sanjar oňa ülkesini terk etmegi buýurdy. Ol hem Gazna gitdi. Ol Gazna baransoň, Gazna hökümdary Alaeddöwle ony gowy garşy aldy. Şeýdip, ol Alaeddöwläniň ýanynda uly abraýa eýe boldy.

## MUHAMMET HANYŇ SAMARKANDA HÖKÜMDAR BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Sanjar Muhammet Arslan han ibn Süleýman ibn Dawut Çagry begi Merwden getirip, Kadyr hanyň ölüminden soň, Samarkanda häkim belledi. Muhammet han Mawerannahrdaky garahanlylaryň neslindendi. Onuň ejesi Mälik şanyň gyzydy. Atalary ony hökümdarlykdan çetleşdirensoň, ol Merwe gelipdi.

Kadyr han öldürilensoň, soltan Sanjar Muhammet hany Samarkanda han edip belledi. Oňa köp sanly esger berdi. Ol Jeýhun derýasyndan geçdi. Ähli esgerler oňa tabyn boldular. Onuň at-abraýy artdy, goşunynyň sany köpeldi. Hagu beg atly bir emir oňa garşy çykdy we onuň bilen söweşe girip, tagta göz dikdi.

Muhammet onuň bilen köp söweşdi, soltan Sanjardan kömek hem diledi. Muhammet ülkä han bolansoň, soltan Sanjaryň maslahatlaryna gulak asyp, ilatyň ganynyň dökülmeginiň öňüni aldy.

## 496-NJY HIJRI ÝYLY
*(15.10.1102 — 04.10.1103 ý.)*

## ÝYNALYŇ REÝI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Reýde hutba soltan Berkýarygyň adyna okalýardy. Soltan Muhammet Yspyhandan çykanda, ýanynda Ýynal ibn Anuş-

tegin Husamy hem bardy. Ýynal Reýe gidip, ol ýerde öz adyna hutba okatmak üçin soltan Muhammetden rugsat sorady. Soltan hem oňa rugsat berdi. Ýynal dogany Aly ibn Anuştegin bilen Reýe tarap gitdi.

Olar bu ýylyň sapar aýynda Reýe bardylar. Berkýarygyň Reýdäki naýyplary soltan Muhammede tabynlygyny arz etdiler. Ýynal Reýde soltan Muhammediň adyna hutba okatdy we şäheri eýeledi. Ol dört tirkeşigiň birinji aýynyň ortalaryna çenli Reýde galdy. Şol mahal emir Porsuk ogly Porsuk soltan Berkýarygyň ýanyndan gidip, emir Ýynalyň üstüne ýöriş etdi. Reý derwezesiniň öňünde söweşdiler. Netijede, Ýynal bilen dogany Aly ýeňildi.

## KÜMÜŞTEGIN KAÝSARYNYŇ BAGDADA ŞIHNE BELLENILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynyň on bäşine Kümüştegin Kaýsary Bagdada şihne hökmünde geldi. Ony soltan Berkýaryk iberipdi. Berkýaryk Yspyhandan Hemedana gelensoň, Kümüştegini Bagdada şihne belledi.

## BERKÝARYK BILEN MUHAMMEDIŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň üçünji aýynda soltan Muhammet bilen soltan Berkýarygyň arasynda bäşinji gezek söweş boldy. Öň Genjä gaçyp giden Muhammet täze goşun ýygnady. Iki tarap Hüweý töwereklerinde söweşe başladylar we Muhammet dogany Berkýarykdan ýeňlip, gaçmaga mejbur boldy.

## TUTUŞYŇ OGLY DUKAGYŇ RAHBA ŞÄHERINI BASYP ALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynda Damaskyň häkimi Dukak ibn Tutuş Rahba şäherini basyp aldy. Rahba öň Alp Arslanyň gullaryndan bolan Gaýmazyň elindedi. Kürbuga wepat bolanda, bu ýere Gaýmazy goýupdy. Dukak atabegi Tugtegin bilen Damasky basyp aldy. Ýöne Dukak soň ol ýerden gaýtdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl garahanly nesilşalygyndan bolan Sagyr beg Mawerannahrda uly goşun ýygnady we soltan Sanjar tarapyndan Samarkant hökümdary bellenilen Muhammet hanyň üstüne ýöriş edip, onuň bilen hökümdarlyk üçin söweşe girdi. Muhammet han onuň öňünde ejiz galdy we soltan Sanjara habar ýollap, ondan kömek sorady. Soltan Sanjar hem dessine Samarkanda ýöriş etdi. Sagyr beg ondan gorkup gaçdy. Soltan Sanjara habar ýollap, bagyşlamagyny haýyş etdi. Soltan Sanjar hem ony bagyşlady. Sagyr beg soň soltan Sanjaryň ýanyna geldi. Soltan Sanjar hem Muhammet han bilen Sagyr begi ýaraşdyrdy. Ikisi hem biri-birlerine ähtiýalan bolmajakdyklary barada ant içdiler Soltan Sanjar soň Horasana gaýtdy we 497-nji ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda Merwe geldi.

# 497-NJI HIJRI ÝYLY
*(05.10.1103 — 22.09.1104 ý.)*

## BILGE IBN BÄHRAM IBN ARTYGYŇ ANY ŞÄHERINI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda Artyk ogly Ilgazynyň inisi bolan Bilge ibn Bähram ibn Artyk Any we Hadise şäherlerini eýeledi. Seruç şäheri onuňkydy. Ýöne haçlylar onuň elinden alypdylar. Bilge hem Seruçdan çykyp, Ana gitdi we ol ýeri eýeledi.

## SOLTAN BERKÝARYK BILEN SOLTAN MUHAMMEDIŇ ÝARAŞYGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda Mälik şanyň ogullary soltan Berkýaryk bilen Muhammediň arasynda ýaraşyk boldy.

Munuň sebäbi hem iki tarapyň arasyndaky dowamly söweşler bolup, köp gan dökülipdi we ýurt weýran bolýardy. Esgerler ýadaw, hazyna boşdy. Bu ýagdaý hem duşmanyň bähbidinedi.

Soltan Berkýaryk şol mahal Reýdedi we Jebelde, Tabarystanda, Huzystanda, Parsda, Diýarbekirde, Jezirede we Mekge-Medinede onuň adyna hutba okalýardy.

Soltan Muhammet bolsa Genjededi we Arranda, Armeniýada, Yspyhandan we Tektitden galan Yragyň ähli ýerinde hutba onuň adyna okalýardy.

Batyhanyň ýarysynda Berkýaryga, ýarysynda bolsa Muhammede hutba okalýardy. Basrada-da olaryň ikisine hem hutba okalýardy.

Horasanda bolsa Gürgenden tä Mawerannahra çenli soltan Sanjara we Muhammede okalýardy.

Şertnama görä, Berkýaryk dogany Muhammediň nobat çaldyrmagyna garyşmaly däldi; Muhammede degişli ýerlerde Berkýarygyň ady tutulmaly däldi; ikisiniň arasyndaky işleri wezirler alyp barmalydy; esgerler islän tarapyna geçip bilýärdi; Sefidrudda, tä Babyl Ebwaba, Diýarbekire, Jezirä, Mosula we Siriýa çenli bolan ýerler soltan Muhammede degişli bolmalydy

## DUKAGYŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ WE ÝERINE OGLUNYŇ GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň oraza aýynda Dukak ibn Tutuş ibn Alp Arslan wepat boldy. Ol Damaskyň häkimidi. Atabeg Tugtegin onuň kiçi oglunyň adyna hutba okatdy. Ol bir ýaşyndady. Onuň adyny ýaýratdy. Soň hutba okamak onuň adyndan aýrylyp, Tutuşyň ogly Bekdaşyň, ýagny bu çaganyň agasynyň adyna okaldy. Ol 12 ýaşyndady. Tugtegin soň oňa Rahbany eýelemegi maslahat berdi, Bekdaş hem gidip, Rahbany eýeledi. Ýöne Tugtegin ony şähere salmady, ol hem özüne degişli galalara gitdi. Tugtegin soň ýene hutbany Dukagyň kiçi oglunyň adyna okatdyrdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň sapar aýynda Urfadaky haçlylar Rakka bilen Jaber galasyna ýöriş etdiler. Ilatyň köpüsini ýesir alyp, mal-mülkleri taladylar. Şeýle hem haçlylar Siriýadaky Jubeýl we Akka şäherlerini eýelediler.

Bu ýyl Mugyneddin Sökmen bilen Şemseddöwle Çökermiş haçlylar bilen uly söweşlere girdiler. Haçlylar yslam ülkeleriniň käbir ýerlerini eýeläpdiler. Musulman hökümdarlar bolsa, biri-birleri bilen söweşip ýördüler. Musulmanlaryň arasynda deňgaraýyşlyk ýokdy.

Bu ýyl soltan Sanjar weziri Mujyr Abylfath Tugraýyny wezipeden boşatdy. Onuň sebäbi şeýledi: Soltan Sanjaryň esgerleriniň baş serkerdesi bolan emir Bozguşa: «Sen bu soltan bilen hiç hili netije gazanyp bilmersiň» diýlip ýazylan hat taşlanyldy. Soltan Sanjara hem emir Bozguşyň esgerleriniň sanynyň köpdügi üçin: «Sen emir Bozguş bilen hiç hili netije gazanyp bilmersiň» diýen manyda hat ýazyldy. Netijede, ähli kätipleri ýygnadylar we bulary olara gökezdiler. Olar hem bu hatyň wezir Tugraýynyň kätibine degişlidigini aýtdylar. Dogrudanam, hat onuňky bolup çykdy we ol öldürildi. Soltan Sanjar wezir Tugraýyny hem tutup, öldürmek isledi. Ýöne Bozguş oňa: «Onuň eden hyzmatlarynyň haky üçin ony goýber» diýdi. Soltan Sanjar hem ony Gazna sürgüne iberdi. Emir Bozguş Horasan esgerlerinden we meýletinlerden ybarat uly goşun ýygnap, batynylar (ysmaýylylar) bilen söweşmek üçin, olaryň şäheri bolan Tabesiň üstüne ýöredi. Ol Tabesi we daş-töweregindäki obalary we galalary weýran etdi. Birnäçe batynyny öldürdi we ýesir aldy. Olara uly zyýan ýetirdi. Soň soltan Sanjaryň adamlary batynylara indi gala gurmazlyk, ýarag satyn almazlyk we hiç kimi batynylyga çagyrmazlyk şerti bilen aman soramagy maslahat berdiler Ilatyň köp bölegi olara aman berilmegine we olar bilen ylalaşyk gazanylmagyna gaharlandylar we munuň üçin soltan Sanjary günäkärlediler. Bozguş ol ýörişden soň ýogaldy. Şeýdip, ol ömrüni gazawat bilen soňlady. Goý, Alla oňa rehmet etsin!

## 498-NJI HIJRI ÝYLY
*(23.09.1104 — 12.09.1105 ý.)*

## SOLTAN BERKÝARYGYŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň ikinji aýynyň ikisine soltan Berkýaryk ibn Mälik şa wepat boldy. Ol Yspyhanda inçekesel we babasil keseline ýolugypdy. Ol ýerden hem ony tagtrowana salyp, Bagdada tarap alyp gitdiler. Ol Berujerde ýetende, ýagdaýy has hem agyrlaşdy. Ol ýerde kyrk günläp ýatdy. Keseli basmarlady. Özüniň ýagdaýynyň peselendigini gören soltan ogly Mälik şany hökümdar belledi. Ol heniz bäş ýaşyň içindedi. Hemme emirleri ýygnap, olara Mälik şany soltanlygyň şazadasy diýip yglan edendigini habar berdi. Emir Aýazy hem oňa atabeg belledi. Olaryň ikisine boýun bolmagy tabşyrdy. Olaryň ikisine soltanlygy goramak üçin kömek bermeklerini sargady. Hemmesi hem razy bolup, tabyn boljakdyklaryny beýan etdiler. Ähli mal-mülk oglunyň mülküne berildi. Hemmesi muňa kasam etdiler. Soň Bagdada tarap gitdiler. Haçan-da Berujertden on iki parsah geçensoňlar, soltan Berkýarygyň ölüm habary geldi. Berkýaryk Yspyhana gitmek üçin galypdy.

Emir Aýaz onuň ölüm habaryny eşidensoň, weziri Hatyr Mebýuza soltanyň tabydyny Yspyhana alyp gitmegini tabşyrdy. Ony Yspyhana getirip, gyrnagynyň gurduran gümmezinde jaýladylar. Bu gyrnak hem Berkýarykdan birnäçe gün soň ýogaldy we ony soltanyň guburynyň ýanynda ýerlediler. Emir Aýaz otag, çadyr, saýawan we soltanlygyň beýleki alamatlaryny ýasadyp, olary Berkýarygyň ogly Mälik şanyň nyşanlary hökmünde goýdurdy.

Şeýle hem bu ýylyň dört tirkeşigininiň ikinji aýynda sogap güni diwanda Mälik şanyň adyna hutba okaldy. Indiki anna güni bolsa, Bagdadyň metjitlerinde onuň adyna hutba okaldy.

## SOLTAN MUHAMMEDIŇ BAGDADA GELIP, DOGANYNYŇ OGLY WE EMIR AÝAZ BILEN ÝARAŞYGYNYŇ BEÝANY

Soltan Berkýarygyň ölümi hakyndaky habary dogany soltan Muhammet Mosuly gabawda saklaýan mahaly eşitdi. Ol muny eşidensoň, ýas tutup oturdy. Soň Mosulyň häkimi Çökermiş bilen arasyny sazlady. Ol ýerden hem Bagdada gaýtdy. Onuň ýanynda Sökmen Kutby, Çökermiş we beýleki emirler bardy.

Soltanyň gelýändigini eşiden emir Aýaz şäheriň eteginde hemme emirleri ýygnap maslahat etdi. Olar bilen soltanlygy goramak, söweşmek üçin kasam etdirdi. Hemmesi hem Mälik şa ibn Berkýaryga tabyndygyny ykrar etdiler.

Soltan Muhammet Bagdada gelende günbatar tarapynda düşledi. Oňa günbatar tarapda hutba okadylar.

Bagdadyň gündogarynda bolsa Mälik şa üçin hutba okaldy. Mansur metjidiniň ymamy bolsa şeýle diýdi: «Eý, Allam, zamananyň soltanyna kömek et!» Başga hiç zat diýmedi.

Soň Bagdadyň kazylar kazysy, emeldarlar we Aýazyň weziri soltan Muhammediň ýanyna geldiler. Wezir Sagdylmülk:

— Aýaz öňki zatlaryň gaýtalanmagyndan gorkýar. Ol Mälik şanyň şazadalygynyň, özüniň we ýanyndaky emirleriň ykrar edilmegini isleýär — diýdi.

Soltan oňa:

— Mälik şa meniň oglumdyr. Doganym bilen onuň arasynda hiç hili tapawut ýok — diýdi.

Soň emir Aýaz olar bilen şertnama baglaşdy. Soň kasam kabul edildi we ertesi gün Aýaz soltan Muhammediň ýanyna baryp, onuň bilen duşuşdy.

Bu ýylyň dört tirkeşigininiň dördünji aýynyň on üçüne emir Aýaz öldürildi. Ony soltan Muhammet öldürtdi.

Ony Abu Hanypanyň gubury ýerleşýän gonamçylykda ýerlediler.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl soltan Muhammet Mosulda Çökermişi gabady. Netijede, Çökermiş soltana tabyn boldy.

Bu ýyl Artyk ogly Sökmen ýogaldy. Bu ýylyň meret aýynda soltan Muhammet Kasymeddöwle Sungur Porsugy Yraga şihne belledi.

Bu ýylyň meret aýynda Antakyýanyň häkimi Tankret bilen Halabyň mäligi Ryzwanynyň arasynda söweş boldy. Bu söweşde Ryzwan ýeňildi.

## 499-NJY HIJRI ÝYLY
*(13.09.1105 — 01.09.1106 ý.)*

## MEŇŇIBARSYŇ SOLTAN MUHAMMEDE GARŞY ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl aşyr aýynda Meňňibars ibn Börübars ibn Alp Arslan özüni görkezmäge başlady. Ol Muhammediň agasynyň ogludy. Ol soltan Muhammede garşy aýaga galdy we Nihawentde öz adyna hutba okatdy. Porsuk ogullary hem onuň bilen habarlaşyp, oňa boýun bolup, kömek berjekdiklerine söz berdiler.

Soltan Muhammet Zeňňi ibn Porsugy tussag edipdi. Zeňňi hem ogullaryna hat ýazyp, olara Meňňibarsa tabyn bolmakdan

daş durmagy tabşyrdy. Sebäbi onuň ýany howpludy. Onuň tussag etmeginden habardar bolmaklaryny sargady.

Porsuk ogullaryna Zeňňiniň haty gelip gowşanda, olar haty Meňňibarsa iberdiler we özleriniň oňa tabyndyklaryny habar berdiler. Meňňibars hem olaryň ýanyna gaýtdy. Olar Meňňibarsyň daşyna ýygnanyşyp, onuň ýakyn adamlaryny Huzystanda tussag etdiler. Onuň tarapdarlary dargady. Meňňibarsyň özüni hem tutup, soltanyň ýanyna Yspyhana, soltanyň dogany Tekeşiň ogullary bilen getirdiler. Soltan hem Zeňňini tussaglykdan boşatdy, ony öňki wezipesine belledi. Porsuk ogullaryna hem öňki ýerlerini berdi.

Bu ýylyň sapar aýynda Damaskyň häkimi atabeg Tugtegin bilen ýewropaly rysarlardan bolan Komasyň arasynda çaknyşyk boldy.

Tugtegin ýewropalylaryň üstüne çozup, olar bilen söweşdi. Aralarynda eýmenç söweş boldy. Ýewropalylar derbi-dagyn edildiler.

## TUGTEGINIŇ BASRANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

497-nji ýylda Bekdaş ibn Tutuş Damaskdan çykyp, ýewropalylara gatylypdy. Onuň ýanynda Aýtegin hem bardy. Ol Basranyň häkimidi. Olaryň ikisi Rahba gitdiler. Soň yzlaryna gaýdyp geldiler. Olaryň güýji gowşansoň, Tugtegin Basra çozup, şäheri gabady. Şäherde Aýteginiň adamlary bardy. Olar Tugtegine belli bir wagtyň içinde şäheri özlerine goýmak üçin şertnama baglaşmaga razy etmek üçin ilçi iberdiler. Ol hem muny kabul etdi, özi hem Damaska gaýtdy.

Soň bu ýyl Tugtegin gelip, Basra şäherini eýeledi. Ilata gowy garady. Wadasynda wepaly boldy. Olara hormat goýdy. Şäherliler hem oňa doga-dileg etdiler. Ilat ony gowy görüp, oňa meýil etdiler.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň sapar aýynda Damaskyň häkimi atabeg Tugtegin bilen bir haçly grafyň arasynda söweş bolup geçdi.

Bu ýylyň oraza aýynda Mälik Ryzwan ibn Tutuş Nasibini gabawa aldy.

Bu ýyl Anadoly seljuk soltany Gylyç Arslan ibn Gutalmyş haçlylaryň elindäki Urfany gabamak üçin geldi. Çökermişiň Harrandaky adamlary Gylyç Arslana habar ýollap, şäheri oňa berjekdiklerini habar berdiler. Gylyç Arslan hem gidip, şäheri eýeledi.

## 500-NJI HIJRI ÝYLY
*(02.09.1106 — 21.08.1107 ý.)*

## ÇAWLY SAKAWYNYŇ MOSULY GABAMAGYNYŇ, ŞÄHERIŇ HÄKIMI ÇÖKERMIŞI ÝESIR ALMAGYNYŇ WE ÇÖKERMIŞIŇ ÖLÜMINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda soltan Muhammet Mosuly we Çökermişiň elindäki ýerleri Çawly Sakawa ykta berdi. Çawly Bagdada gelip, dört tirkeşigiň birinji aýynyň birine Mosula tarap ýöredi. Netijede, Çawly bilen Çökermişiň arasynda söweş bolup geçdi we Çökermiş ýeňlip, ýesir düşdi.

Esgerler dagap, Çökermiş ýesir düşensoň, bu habar Mosula gelip ýetdi. Emirler hem Çökermişiň on bir ýaşly ogly Zeňňini emir bellediler we onuň adyna hutba okatdylar. Çökermiş hem bir zyndanda tussag ýatan ýerinde ýogaldy.

Galanyň goragçysy Çökermişiň Guzogly atly emiridi. Ol emir Sadaka, Kasymeddöwle Porsuga we Rum ýurdunyň hökümdary Gylyç Arslana – olaryň hemmesine hat ýazyp, olaryň haýsy biri öňürti gelse, şäheri berjekdiklerini bildiripdi.

## GYLYÇ ARSLANYŇ MOSULY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Öň hem aýdylyşy ýaly, Mosulyň häkimi Çökermişiň adamlary emir Sadaka, Kasymeddöwle Porsuga we Rum ýurdunyň hökümdary Gylyç Arslana – olaryň hemmesine hat ýazyp, olaryň haýsy öňürti gelse, şäheri berjekdiklerini bildiripdiler. Emir Sadaka Muhammediň tabynlygynda galdy. Gylyç Arslan Çawly Sakawyň Mosuldan çykyp, Nasibine ýetendiginiň habaryny eşidende, Mosula tarap ýöredi. Porsuk hem Bagdadyň şihnesidi. Ol hem Mosula gaýtdy. Ol ýere Çawly gidensoň gelip ýetdi.

Gylyç Arslan hem Nasibine gelip ýetdi we ol ýerde düşledi. Onuň ýakyn gelendigini eşiden Çawly Mosuldan Sanjara gitdi. Mosullylar we Çökermişiň esgerleri Nasibine gelen Gylyç Arslana ilçi iberip, özleriniň oňa tabyndygyna kasam itdiler. Gylyç Arslan hem Mosula gelip, rejep aýynyň ýigrimi bäşine ol ýeri eýeledi. Mosulda onuň adyna hutba okaldy.

Gylyç Arslanyň ýanynda Amydyň häkimi emir Ybraýym ibn Ýynal Türkmen, Hartebirtiň häkimi Muhammet ibn Çubuk Türkmen hem bardy.

## GYLYÇ ARSLANYŇ ÖLDÜRILIP, ÇAWLYNYŇ MOSULY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Öň hem aýdylyşy ýaly, Gylyç Arslan Mosuly eýelänsoň, Çawly Mosuldan Sanjara, ol ýerden hem Rahba gaýtdy. Rejep aýynda ol ýere gelip ýetdi we oraza aýynyň ýigrimi dördüne Rahbany gabady. Rahbanyň häkimi Muhammet ibn Sebbakdy. Dukak ol ýeri basyp alan wagty, ony häkim belläpdi.

Çawly Şamyň häkimi Mälik Ryzwana ilçi iberip, kömek sorady. Ryzwan hem kömege gelensoň, gabaw has-da güýçlendi. Çawly hem Rahbany basyp aldy.

Gylyç Arslan hem bu habarlary eşidip, Çawlynyň üstüne ýöriş etdi. Çawlynyň dört müň atlysy bardy. Onuň ýanynda Mälik Ryzwan we esgerleri bardy. Olar boş aýynyň ýigrimisine garşylaşdylar. Gylyç Arslan eline gylyç alyp, özi söweşe girdi. Hatda Çawlynyň ýanyna gelip, oňa gylyç saldy, emma bedenine degmedi. Çawlynyň esgerleri Gylyç Arslanyň esgerlerini derbi-dagyn etdiler. Muny gören Gylyç Arslanyň ýaraşygyň hem bolmajagyna gözi ýetdi we özüni derýa oklap, gark boldy. Çawly hem Mosuly eýeledi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň aşyr aýynyň onuna Nyzamylmülküň iň uly ogly Fahreddin öldürildi.

Bu ýylyň baýram aýynda soltan Muhammet weziri Sagdylmülk Abylmahasyny tussag etdi, soň bolsa ony Yspyhanyň derwezesinde asyp goýdy. Onuň ýerine Ahmet ibn Nyzamylmülki wezir belledi.

## 502-NJI HIJRI ÝYLY
*(11.08.1108 — 30.07.1109 ý.)*

## MEWDUDYŇ WE SOLTANYŇ ESGERLERINIŇ MOSULY EÝELEMEGINIŇ WE MEWDUDYŇ HÖKÜMDARLYGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň sapar aýynda Mewdudyň we soltanyň esgerleri Mosul şäherini eýelediler. Ol ýeri Çawlynyň elinden aldylar. Soltan Muhammet basyp alan ýerleriniň hemmesini öz ýurduna geçirýärdi we ol köp şäherlere, mal-mülke eýe bolupdy. Munuň sebäbi hem soltan Bagdada gelip, arap emiri Sadakanyň şäherini basyp aljak bolanda, Çawlydan birnäçe gezek ilçi iberip, kö-

mek isläpdi. Emma ol hiç gelmeýärdi. Soltan hem emir Sadakany ýeňip, özüni öldürensoň, Çawlynyň üstüne Mosula ýöredi. Ol ýeri onuň elinden aldy.

Netijede, Mewdut Mosula we oňa bagly ýerlere häkim boldy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň sapar aýynda Çawly Sakawy bilen Antakyýanyň häkimi Tankretiň arasynda söweş bolup geçdi. Çawly bu söweşde ýeňildi. Çawly ýeňlensoň, Rahba tarapyna gitdi, şähere ýakynlaşanda, birnäçe atly bilen ol ýerde gije düşledi.

Soň Çawly eline kepenini alyp, soltanyň ýanyna bardy. Soltan hem oňa aman berdi. Emirler hem gelip Çawlyny gutladylar.

Bu ýyl Tugtegin bilen haçlylaryň arasynda örän elhenç söweş bolup geçdi. Soň iki tarap ylalaşdylar.

Ýene bu ýylyň meret aýynda Tugtegin haçlylardan ýeňildi.

## 503-NJI HIJRI ÝYLY
*(31.07.1109 — 19.07.1110 ý.)*

## MUHAMMET HAN BILEN SAGYR BEGIŇ ARASYNDA BOLUP GEÇEN SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýyl Sagyr beg türkmenlerden esger ýygnap, Samarkandyň we onuň töwereginiň häkimi Muhammet hanyň üstüne ýöriş etdi. Muhammet han hem kömek sorap, soltan Sanjara ilçi iberdi. Oňa köp sanly goşun kömege geldi. Ol hem Sagyr begiň üstüne çozdy. Iki goşun Hasap töwereginde çaknyşdylar. Sagyr beg we esgerleri ony ýeňdiler. Muhammet han hem soltan Sanjaryň goşunyny yzyna gaýdyp berdi.

# 505-NJI HIJRI ÝYLY
*(10.07.1111 — 27.06.1112 ý.)*

## YSLAM ESGERLERIŇ JEMLENIP, ÝEWROPALYLARYŇ ÜSTÜNE ÝÖRIŞ ETMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl soltanyň görkezmesi boýunça ähli yslam esgerleri ýewropalylar bilen söweşmek üçin jemlendiler. Bu esgerler: Mosulyň häkimi emir Mewdut, Töwriziň we Diýarbekiriň häkimi emir Sökmen Kutby, Hemedan we töwerekleriniň häkimleri Porsuk ogullary Ilbegi bilen Zeňňi, Meraganyň häkimi emir Ahmedil, Erbiliň häkimi emir Abu Heýja, Mardiniň häkimi emir Ilgazy hem-de Bekjiýýe emirleri Mälik Mesut we Mewdut dagylar goşulyp birleşdiler. Diňe Ilgazy ýokdy, ol ogly Aýazy iberipdi. Bu goşun birleşip Sanjara gitdi. Ýewropalylaryň birnäçe galalaryny basyp aldylar. Olaryň köpüsini gyrdylar. Urfa şäherini gabadylar we ony alyp bilmän yzyna öwrüldiler.

## HAÇLYLARYŇ SUR ŞÄHERINI GABAMAKLARYNYŇ BEÝANY

Yslam goşuny dagansoň, haçlylar Sur şäherine gidip, ol ýeri gabadylar we Kudus koroly Boduin bilen bile herekete geçdiler. Esger ýygnap, Suruň eteginde düşlediler we dört tirkeşigiň üçünji aýynyň ýigrimi bäşine şäheri gabamaga başladylar. Agaçdan üç sany diň gurdular. Diňleriň her haýsynyň boýy ýetmiş arşyndy we her haýsynda müň adam bardy. Onuň üstüne manjanyk gurdular. Olary şähere ýakynlaşdyryp, içindäki adamvlary çykardylar.

Sur şäheri şol mahal şaýy-fatymy halypasy Amyr Biehkämilläniň golastyndady. Şäher ilaty Tugtegine habar ýollap, kömek islediler.

Haçlylar, tä hasyl möwsümi gelýänçä, şäheri gabadylar, soň bolsa Tugteginiň hasyllary eýelemeginden gorkup, baýram aýynyň 10-unda Surdan aýrylyp, Akka gitdiler. Tugtegin hem esgerleri bilen Sura geldi. Suruň ilaty hem oňa pul we başga zat berdiler. Ilat soň ýykylan diwarlary dikeltdi, hendekleri arassalady.

## 507-NJI HIJRI ÝYLY

*(18.06.1113 — 06.06.1114 ý.)*

## ÝEWROPALYLAR BILEN SÖWEŞIŇ, OLARYŇ ÝEŇILMEGINIŇ WE MEWDUDYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda musulmanlaryň esgerleri bir ýere ýygnanyşdylar. Olaryň arasynda Mosulyň häkimi Mewdud ibn Altyntegin, Sanjaryň häkimi Temirek, Damaskyň häkimi Tugtegin we emir Aýaz ibn Ilgazy bardy.

Aşyr aýynyň on üçüne olaryň aralarynda ýewropalylar bilen Tabaryýede uly çaknyşyk boldy. Ikisi hem aýylganç söweşýärdiler. Ahyry ýewropalylar derbi-dagyn bolup, köpüsi gyryldy we köpüsi hem ýesir alyndy. Ýesirleriň arasynda hökümdarlary Boduin hem bardy. Onuň ýaraglaryny alyp, beýleki ýesirleri Tabaryýýe derýasynda gark etdiler. Musulmanlar köp olja aldylar.

Musulmanlar soň Bisana gitdiler. Ýewropalylary Akkadan tä, Kudusa barýança taladylar. Ol ýerleri ýykyp-ýumurdylar. Haçlylaryň köpüsini öldürdiler.

Soň emir Mewdut esgerlerine yza dolanmaga we dynç almaga rugsat berdi. Özi hem ýakyn adamlary bilen dört tirkeşigiň birinji aýynyň ýigrimi birine Tugteginiň ýanynda ýaza çenli bolmak üçin Damaska geldi. Ol dört tirkeşigiň birinji aýynda anna güni juma namazyny okamak üçin metjide girdi. Ýanynda Tugtegin hem bardy. Haçan-da namazdan boşansoňlar, ol Tugtegin bilen el tutuşyp, metjidiň daşyna çykdy. Şol wagt bir batyny gelip, Mewduda pyçak urup, ony dört ýerinden ýaralady. Batynyny şol ýerde tutup öldürdiler. Kellesini kesdiler, ony hiç kim tanamady we ýakdylar.

Mewdudyň agzy beklidi. Ony Tugteginiň öýüne alyp gitdiler. Oňa iýdirip-içirjek boldular, emma ol: «Men agzym bekli Alla gowuşjak» diýdi. Ol şol gün hem wepat boldy. Alla oňa rehmet etsin!

## SOLTAN SANJAR BILEN MUHAMMET HANYŇ ARALARYNDA DAWANYŇ ÝÜZE ÇYKMAGYNYŇ WE ÝARAŞMAKLARYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Sanjara köp habarlar getirildi. Muhammet han ibn Süleýman ibn Dawudyň raýatlaryň malyna elini uzadandygy, olara köp zulum edendigi, hatda, onuň şerinden ýaňa şäherleriň dargap başlandygy aýdyldy.

Soltan Sanjar hem oňa garşy söweşmek üçin taýýarlanyp, esgerlerini ýygnady we Mawerannahra tarap ýöredi. Muhammet han soltan Sanjardan gorkusyna emir Kamajy oňa ilçi edip iberdi. Ol soltan Sanjaryň iň uly emiriniň biridi. Ol soltan Sanjar bilen Muhammet hany ýaraşdyrmalydy. Muhammet han şeýle hem Horezmşa ilçi iberip, soltanyň razyçylygyny alyp bermegini haýyş etdi. Ol özüniň ýalňyşandygyny boýun aldy. Soltan Sanjar hem özüniň razyçylygyny berdi. Ýöne onuň gepleşik üçin öz ýanyna gelip, tabynlygyny bildirmegini talap etdi.

Muhammet han özüniň eden işi sebäpli ondan gorkýandygyny, şonuň üçinem Jeýhun derýasyny ara salyp, onuň ýanyna gelmäge razydygyny aýtdy. Adamlary hem muny kabul etmegini we başga zatlar bilen meşgullanmagyny haýyş edip aýtdylar. Soltan Sanjar öňürti kabul etmedi, soň bolsa razy boldy.

Soň soltan Sanjar Jeýhun derýasyna geldi, Muhammet han hem derýanyň gündogar tarapyna geldi. Muhammet han pyýada ýöräp, ýeri öpdi. Soltan Sanjar hem ulaglydy. Soň her haýsy öz çadyryna gitdiler we ýurtlaryna döndüler.

## 508-NJI HIJRI ÝYLY

*(07.06.1114 — 26.05.1115 ý.)*

## AKSUNGUR PORSUGYŇ ÝEWROPALYLAR BILEN SÖWEŞMEK ÜÇIN ŞAMA GITMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Muhammet emir Aksungur Porsugy Mewdudyň ölüm habaryny eşidensoň, Mosula we onuň töweregine häkim edip iberdi. Ogly Mälik Mesudy hem onuň bilen uly goşun jemläp iberdi. Olara ýewropalylar bilen söweşmegi tabşyrdy. Beýleki emirlere hem oňa boýun bolmagy tabşyrdy. Olar Mosula baryp ýetdiler. Ymadeddin Zeňňi ibn Aksungur hem olara goşuldy.

Gurban aýynda Porsuk on bäş müň atly bilen Urfa hüjüm etdi. Ýewropalylar oňa garşy durdular. Käbir musulmanlar bihabarlykda tutuldylar we dokuz kişini diwardan asyp goýdular. Mundan soň söweş has hem erbetleşdi. Musulmanlar gyzyp söweşdiler. Ýewropalylardan elli sany atly rysar öldürdiler. Soň ol ýerde iki aý we birnäçe gün boldular. Soň musumanlaryň azygy gutaryp, Urfadan Sumeýsata gitdiler. emir Porsuk kakasy gelmänligi üçin, ogly Aýazy tussag etdi we Mardiniň töweregini talady.

Şeýle hem Maraşyň we käbir haçly şäherleriň häkimleri Porsuga tabynlygyny bildirdiler.

## PORSUK BILEN ILGAZYNYŇ SÖWEŞMEGINIŇ WE ILGAZYNYŇ ÝESIR DÜŞMEGINIŇ BEÝANY

Emir Porsuk Ilgazynyň ogly Aýazy tussag edensoň, Ilgazy ol ýerden Hysny Keýfa gaýtdy. Hysny Keýfanyň häkimi onuň dogany Sökmeniň ogly Rukneddöwle Dawutdy. Ondan kömek sorady. Olar türkmenlerden köp sanly esger ýygnap, Porsugyň üstüne hüjüm etdiler. Olar bu ýylyň ahyrynda Porsuk bilen çaknyşdylar. Aralarynda aýylganç söweş boldy we Porsuk ýeňildi. Ilgazynyň ogly Aýaz tussaglykdan boşadyldy. Soltan oňa ilçi iberip, haýbat atdy. Ol hem Şamyň häkimi Tugteginiň ýanyna gitdi. Ol ýerde birnäçe günläp boldy.

Tugtegin hem soltandan howp edýärdi. Sebäbi Mewdudyň ölümi onuň boýnuna atylýardy. Şonuň üçinem Ilgazy ol ýerden Ristene, soň hem Diýarbekire gitdi. Hemme türkmenler hem onuň ýany bilen gaýtdylar. Olar Ristende düşläp dynç aldylar. Olaryň üstüne Humusyň häkimi Gyrhan ibn Garaja çozdy. Ilgazynyň adamlary bölündiler. Gyrhan hem olary ýeňip, Ilgazyny we birnäçe emiri ýesir aldy. Soň ol soltana habar ýollady we Tugtegin gelmänkä, esger ibermegi üçin howlukmalydygyny aýtdy.

Tugtegin bu habary eşidip, Humusa gaýdyp geldi. Ilgazynyň goýberilmegi üçin ilçi iberdi. Gyrhan muny kabul etmedi we oňa: «Eger Tugtegin yzyna gitmese, Ilgazyny hökman öldüreris» diýdi. Ilgazy hem Tugtegine habar ýollap: «Iň gowusy, sen Şama git» diýdi. Ol hem Şama gaýtdy.

Gyrhan hem soltanyň esgerlerine garaşýardy. Soltanyň esgerleri gelip ýetişmän eglenensoň, ol öz adamlarynyň Tugtegine habar bermeginden we Humus şäheriniň Tugtegine berilme-

ginden gorkup ugrady. Ilgazyny boşatmaga we ýaraşyga razy boldy. Ýöne onuň ogly Aýazy girewine aldy.

Olaryň ikisi aralarynda şertnama baglaşdylar. Ilgazy ogly Aýazy olara berdi we Humusdan çykyp, Halaba gaýtdy. Emma Ilgazy daşyna türkmenleri ýygnap, ýene-de Humusa gaýdyp geldi we ogly Aýazy talap etdi. Gyrhany, tä, soltanyň esgerleri gelýänçä gabady we öň aýdylyşy ýaly, soň yzyna gaýtdy.

## ALAEDDÖWLE IBN SÖBÜKTEGINIŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ WE ÝERINE OGLUNYŇ GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň baýram aýynda Gaznanyň hökümdary soltan Alaeddöwle Abu Sagt Mesut ibn Abu Muzaffar Ybraýym ibn Mahmyt ibn Söbüktegin Gaznada ýogaldy. Ýerine ogly Arslan şa geçdi. Onuň ejesi soltan Alp Arslanyň aýal dogany bolup, seljuk şazenanydy. Arslan şa doganlaryny tussag etdi we zyndana saldy. Bähram şa atly dogany gaçyp, soltan Sanjaryň ýanyna bardy. Sanjar Arslan şa ilçi iberip doganynyň hem hukugyny göz öňünde tutmagyny isledi, ýöne ol soltany diňlemedi. Soltan Sanjar hem Bähram şany tagta çykarmagyň alajyny gözläp başlady.

Arslan şa muny eşidip, soltan Muhammede habar iberip, dogany soltan Sanjardan şikaýat etdi. Soltan Muhammet hem soltan Sanjara ilçi iberip, Arslan şa bilen ylalaşmagyny we onuň üstüne çozmazlygy maslahat berdi. Şeýle hem ol ilçä: «Eger soltan Sanjaryň Arslan şanyň üstüne çozmaga niýetlenendigini we taýýarlyk görýändigini görseň, oňa päsgel berme. Bu haty hem oňa berme, sebäbi beýle hereket ony ejizleder, gowşadar we ol yzyna dönmez. Sebäbi doganymyň dünýä häkim bolmagy meniň üçin has oňatdyr» diýdi. Ilçi soltan Sanjaryň ýanyna baransoň, onuň esgerleriniň Gazna ýöriş etmek

üçin taýýarlyk görýändigini we goşun serkerdeligine emir Ineri belländigini bildi. Mälik Bähram şa hem onuň ýanyndady. Soltan Sanjaryň goşuny ýola çykyp, Busta çenli geldi. Sistanyň häkimi Abylfazl Nasr hem olara goşuldy.

Arslan şa bu habary eşidip, uly goşun iberdi. Soltan Sanjar bilen Abylfazl ony ýeňip, mal-mülküni taladylar. Halas bolan esgerler örän perişan ýagdaýda Gazna gaýdyp geldiler. Arslan şa hem soltan Sanjara tabyn boldy we emir Inere habar ýollap, soltan Sanjary yza gaýtmaga razy etse, oňa uly sowgatlar berjekdigini wada berdi, ýöne emir Iner muňa razy bolmady.

Soltan Sanjar emir Inerden soň hut özi herekete geçip, Arslan şanyň üstüne ýöremäge niýetlendi. Arslan şa hem agasy (kakasynyň dogany) Nasyryň aýalyny soltan Sanjaryň ýanyna iberdi. Nasyryň aýaly soltan Sanjaryň aýal doganydy. Alaeddöwle Abu Sagyt onuň adamsyny öldüripdi we oňa öýlenipdi. Indi Arslan şa ony ilçi hökmünde soltan Sanjara iberýärdi. Ol aýal iki ýüz müň dinar we sowgatlar bilen dogany soltan Sanjaryň ýanyna baryp, Bähramy dogany Arslan şa bermegini haýyş etdi.

Bu hatyn Arslan şadan öýke-kinelidi. Şonuň üçinem soltan Sanjara Arslan şanyň aňsatlyk bilen ýeňip biljekdigini aýdyp, Gazna topraklaryna ýörişe höweslendirdi. Arslan şa doganlarynyň bigünä ýere birini öldüripdi, biriniň hem gözüne çiş sokupdy.

Mundan soň soltan Sanjar ýörişe başlady. Ol Busta ýetende, adamlarynyň birini Arslan şa ilçi hökmünde iberdi. Arslan şa ony tussag edip, bir galada zyndana saldy. Muny eşiden soltan Sanjar çaltlyk bilen herekete geçdi. Arslan şa soltan Sanjaryň üstüne gelýändigini eşidip, ilçini boşatdy. Soltan Sanjar Gazna topraklaryna geldi. Gazna bir parsah ýol galanda, Şäherabat diýen ýerde Arslan şa bilen soltan Sanjar söweşe girişdiler. Arslan şanyň golastynda otuz müň atly we köp sanly pyýada goşun

bardy. Şeýle hem goşunda ýüz ýigrimi müň sany pil bardy, her piliň üstünde dört adam bardy. Piller soltan Sanjaryň goşunynyň merkezine hüjüm etdi. Soltan Sanjaryň özi hem merkezdedi. Merkezdäki esgerleriň derbi-dagyn bolandygyny gören soltan Sanjar türkmen gulamlaryna[1] pilleri ok ýagşyna tutmagy buýruk berdi. Üç müň sany gulam öňe çykyp, hemmesi birden pillere tarap ok ýagdyrdylar we birnäçe pili öldürdiler. Bu ýagdaýdan soň piller merkezden çep ganata tarap öwrüldiler. Bu ýerde Sistanyň häkimi Abylfazl bardy. Piller onuň üstüne topulansoňlar, çep ganatdakylar gorkdular we ejizlediler. Abylfazl olary köşeşdirdi, ülkeleriniň daşdygyny ýatladyp, ýeňlişden gorkmazlyklaryny ýatlatdy. Özi hem atyndan düşüp, pilleriniň iň ulusyna we iň öňdäkisine hüjüm etdi. Piliň aşagyna girip, onuň garnyny ýardy. Ýene-de iki sany pili hem öldürdi.

Sag ganatda bolan Emir Iner çep ganatda bolup geçen söweşi görüp, Gazna esgerleriniň arkasyndan hüjüm etdi. Çep ganata goşulyp, olara kömek berdi. Gazna goşuny derbi-dagyn boldy. Pilleriň üstündäki oturanlar özlerini zynjyrlar bilen pillere daňypdyrlar. Olar gylyç hüjümlerine sezewar bolansoňlar, özlerini aşak okladylar, ýöne daňylgy bolandyklary üçin, pilleriň üstünden sallanyp durdular.

Soltan Sanjar 510-njy ýylyň baýram aýynyň ýigrimisine Gazna girdi. Bähram şa hem ýanyndady. Baýlyklaryň saklanýan ýeri berk bir galady. Bu ýeri Gaznadan dokuz parsah uzakdady. Örän beýikdi. Ol ýere çykmak mümkin däldi.

Arslan şa dogany hem hazynadary[2] Tahyry bu ýerde tussag edipdi. Tahyr Bähram şanyň dostudy. Bähram şanyň aýalyny hem ol ýerde tussag edipdi. Arslan şa ýeňlensoň, Tahyr galanyň goragçysyny öz tarapyna çekdi. Oňa we esgerlerine köp mukdarda pul berdi. Ol galany soltan Sanjara berdi.

---

[1] Gulam – hyzmatkär.

[2] Hazynadar – hazyna seredýän emir.

Arslan şanyň soltan Sanjaryň ilçisini tussag eden Gazna galasyna geler bolsak, Arslan ilçini goýberensoň, gulamlary ol ýerde galypdy. Olar hem söweşmezden tabyn boldular.

Bähram şa bilen soltan Sanjaryň arasynda gelnen ylalaşyga görä, Bähram atasy Mahmyt ibn Söbükteginiň tagtynda ýeke özi oturmalydy, Gaznada hutba önürti halypa, soň Soltan Muhammede, soň soltan Sanjara, soň bolsa Bähram şanyň adyna okalmalydy. Gazna giren mahallary soltan Sanjar atyň üstünde, Bähram şa bolsa onuň öňünde pyýada ýöredi. Mahmyt ibn Söbükteginiň tagty getirildi we Bähram şa onuň üstüne çykyp oturdy. Soltan Sanjar hem yzyna gaýtdy. Hutbada Sanjar «Mälik», Bähram şa bolsa atalarynyň däp-dessurlaryna laýyklykda, «Soltan» lakamy bilen agzalýardy. Munuň ýaly geň hadysa heniz görülmändi.

Sanjaryň adamlary üçin soltan Bähram şadan we ilatdan sansyz-sajaksyz pul ýygnady. Gazna soltanlarynyň köşklerindäki diwarlarda kümüş tagtalar bardy. Şeýle hem bag-bakjalarda akýan kümüşden akabalar bardy. Bularyň köpüsi sökülip, talandy. Soltan Sanjar muny eşidip, talaňçylygy bes etmegi buýurdy, hatda birnäçe adamy dardan asdy. Ilat hem talaňçylykdan el çekdi.

Soltan Sanjaryň eline bäş sany täç düşdi. Bularyň her haýsynyň bahasy iki million dinardan hem geçýärdi. Soltan Sanjar mundan başga-da göwherler bilen bezelen müň üç ýüz sany altyn-kümüşden ýasalan tagta olja aldy. Soltan Sanjar Gaznada kyrk günläp galdy we Bähram şa tagtyna gowuja ýerleşensoň, Horasana gaýtdy. Mundan öňürti Gaznada hiç bir seljuk soltanynyň adyna hutba okalmandy. Soltan Mälik şa şeýle güýçli bolmagyna we köp ýere häkim bolmagyna garamazdan, Gaznany eýelemek üçin ýöriş etmändi. Ol muňa niýetlenen mahaly, her gezek Nyzamylmülk pespäl berýärdi.

Arslan şa ýeňlenden soň, Hindistana gitdi. Esgerleri hem onuň ýanyndadylar. Şeýdip, ol ýene güýçlendi. Soltan Sanjar

Horasana gaýdyp gelensoň, Arslan şa ýene-de Gazna geldi. Bähram şa onuň gelýändigini eşidip, Bamyýana gitdi we ýagdaýy soltan Sanjara habar berdi. Soltan Sanjar hem oňa kömek iberdi.

Arslan şa Gaznada diňe bir aý boldy, soň dogany Bähram şanyň yzyna düşdi. Şol mahal soltan Sanjaryň goşunynyň gelýändigini eşitdi. Ol gorkup, Ewginan daglaryna çykdy. Dogany Bähram şa bilen soltan Sanjaryň esgerleri hem onuň bilen yzyna düşdüler. Ilata habar iberip, haýbat atdylar. Ilat käbir kynçylyklara sezewar bolansoň, Arslan şany soltan Sanjaryň serkerdesine tutup berdiler. Ol hem ony soltan Sanjaryň ýanyna alyp gitmek isledi. Ýöne Bähram şa soň başyna bela bolar öýdüp gorkdy we serkerdä köp möçberde pul berip, doganyny satyn aldy. Soň ony öldürtdi we Gaznada kakasynyň ýanynda ýerledi. Arslan şa şol mahal ýigrimi ýedi ýaşyndady. Ol 512-nji ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda öldürildi.

## 509-NJY HIJRI ÝYLY
*(27.05.1115 — 15.05.1116 ý.)*

## SOLTANYŇ ESGERLERINIŇ ÝEWROPALYLARDAN ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Öň hem aýdylyşy ýaly, Ilgazynyň we Tugteginiň özüne garşy aýaga galmalaryny we ýewropalylaryň güýçlenendigini eşiden soltan Muhammet uly goşun taýýarlady. Porsugy oňa ýolbaşçy edip belledi. Porsuk Hemedanyň häkimidi. Onuň ýanynda Juýuş beg, Gündogdy hem-de Mosul we Jezire goşunlary bardy. Soltan olara ilki bilen Ilgazy we Tugtegin bilen söweşmegi, soňra hem ýewropalylara hüjüm etmegi sargady.

Bu goşun ýewropalylardan ýeňildi we rejep aýynda soltan Muhammet Bagdada geldi.

# 510-NJY HIJRI ÝYLY

*(16.05.1116 — 04.05.1117 ý.)*

## AHMEDIL IBN WEHSUZANYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda Damaskyň häkimi atabeg Tugtegin soltan Muhammediň Bagdatdaky köşgüne geldi. Ýanynda köp sanly emir bardy. Genjedäki Maraga we beýleki käbir ýerleriň häkimi bolan Ahmedil ibn Wehsuzan Rawwady Kürdi hem olaryň arasyndady. Ahmedil Tugteginiň ýanynda otyrka, özüne zulum edilýändigini aýdýan bir adam aglap geldi we elindäki şikaýatnamany soltana uzatdy. Ahmedil haty aljak bolanda, ol adam elindäki hanjar bilen oňa topuldy. Ahmedil hem ony özüne çekdi. Ýöne şol mahal onuň batyny bir ýoldaşy Ahmedile hüjüm edip, hanjar bilen ony urdy. Ol batynylaryň ikisini hem gylyjy bilen urup öldürdi, emma üçünji bir batyny hem Ahmedile topulyp ony pyçaklady. Tugtegin we ol ýerdäkiler, bu ýerde asyl maksadyň Tugtegindigini we bu işiň soltanyň emri bilen ýerine ýetirilendigi barada pikir etdiler. Ýöne bularyň üçüsini hem batynydygy belli bolansoň, pikirleriniň ýalňyşdygyna göz ýetirdiler.

Bu ýyl Çawly Sakawy hem ýogaldy.

## 511-NJI HIJRI ÝYLY
*(05.05.1117 — 23.04.1118 ý.)*

## SOLTAN MUHAMMEDIŇ WEPAT BOLUP, ÝERINE OGLY MAHMYDYŇ GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň gurban aýynyň ýigimi dördüne soltan Muhammet ibn Mälik şa ibn Alp Arslan wepat boldy. Ol meret aýynda syrkawlapdy. Ata münüp bilmeýärdi we keseli erbetleşdi.

Gurban aýynyň ortalaryna ýetende, soltanyň ýagdaýy agyrlaşdy. Ogly Mahmydy onuň ýanyna getirdiler. Gujaklaşdylar we aglaşdylar. Oňa hökümdarlyk tagtyna geçmegi tabşyrdy. Ilatyň işlerine seretmegi sargady. Ol şol wagt ýaňy 14 ýaşyndady. Soltanyň ogly kakasyna: «Bu gün ýyldyz hasaby boýunça mübärek gün hasaplanmaýar» diýdi. Kakasy hem oňa: «Dogry aýdýaň, ýöne ol seniň kakaň üçin şeýle. Emma seniň üçin bu gün mübärek gün boldy» diýdi. Soň Mahmyt başyna täç geýip tagta çykdy.

Gurban aýynyň ýigrimi dördüne sogap güni emirler çagyryldy we soltanyň ölendigi habar berildi. Onuň ogluna eden wesýetleri okaldy. Aýyň ýigrimi bäşine hem soltan Mahmydyň adyna hutba oklady.

## HALAP HÄKIMINIŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ WE ILGAZYNYŇ HALABY EÝELEMEGINŇI BEÝANY

Bu ýyl Hadym Lulu öldürildi. Ol Halap galasynyň we onuň töwereginiň häkimligine Mälik Ryzwandan soň geçipdi. Ol Mälik Ryzwanyň ogly Alp Arslanyň atabegidi. Ol wepat bolansoň, ýerine Mälik soltanşa ibn Ryzwan geçipdi. Soltanşa özüne atabeg edip, Şemsilhawasy belledi. Bir aýdan soň, ony hem aýryp, ýerine Abylmagalyny belledi. Soň ony hem aýyrdy.

Halaplylar ýewropalylardan gorkýardylar. Şonuň üçinem olar şäheri Ilgaza tabşyrdylar.

## 512-NJI HIJRI ÝYLY
*(24.04.1118 — 13.04.1119 ý.)*

## SOLTAN MAHMYDYŇ YRAKDAKY ÝAGDAÝYNYŇ WE PORSUGYŇ BAGDAT ŞIHNELIGINE BELLENMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Muhammet wepat bolansoň, onuň ýerine ogly Mahmyt geçipdi. Onuň weziri Rebip Abu Mansurdy. Ol halypa Mustazhir Billä ilçi ýollap, Bagdatda onuň adyna hutba okadylmagyny isledi we aşyr aýynyň üçüne anna güni Bagdatda onuň adyna hutba okaldy. Şol wagt Bagdadyň şihnesi Behruzdy. Onuň ýerine Porsuk şihnelige bellendi.

## 513-NJI HIJRI ÝYLY
*(14.04.1119 — 01.04.1120 ý.)*

## MÄLIK TOGRULYŇ DOGANY SOLTAN MAHMYDA GARŞY ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Mälik Togrul ibn Muhammet kakasy wepat bolanda Serjahan galasyndady. Ol 503-nji ýylda dünýä inipdi. Kakasy oňa dört ýaşyndaka ykta ýer beripdi. Sawa, Awa we Zenjan şäherleri onuňkydy. Onuň atabegi emir Şirgirdi. Şirgiriň basyp alan galalary netijesinde, Togrulyň mülki köpeldi. Soltan Mahmyt emir Gündogdyny Togrulyň üstüne iberip, ony özüne atabeg bellemegini, işlerini ýöretmegini isledi. Togrul bu çakylygy eşidip, kabul etdi we Gündogdy onuň doganyny terk etdi. Togrul we Gündogdy bu meselede birleşdiler.

## SOLTAN SANJAR BILEN SOLTAN MAHMYDYŇ ARASYNDAKY BOLUP GEÇEN SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda soltan Sanjar bilen inisi (agasynyň ogly) Soltan Mahmydyň arasynda örän elhenç söweş bolup geçdi. Indi bu söweşi beýan edeliň:

Soltan Sanjaryň Gazna ýörişini, ol ýeri eýelemegini we Gaznadaky bolup geçen wakalary 508-nji ýylyň hadysalarynyň arasynda beýan edipdik. Soltan Sanjar soň Gaznadan Horasana geçipdi. Ol dogany Soltan Muhammediň ýogalandygyny, ýerine hem ogly we özüniň giýewisi Mahmydyň geçendigini eşidip, doganynyň ölümine gaty gynandy. Gaýgy-gama bürenip, ýas tutdy. Onuň ölümi sebäpli çadyr gurup, gynanç bildirmeleri kabul edip başlady. Şäheri ýedi günläp ýapyk saklady. Hutbaçylara Soltan Muhammediň batynylar bilen eden söweşleri, şerigata laýyk gelmeýän salgytlary ýatyryşy we beýleki ahlak-sypatlary barada gürrüň bermekligi buýruk berdi.

Soltan Sanjaryň lakamy Nasyreddindi. Dogany Soltan Muhammet ýogalansoň, oňa «Mugyzzeddin» lakamy berildi. Bu kakasy Mälik şanyň lakamydy. Soltan Sanjar soň Jebel, Yrak we inisi Soltan Mahmydyň tabynlygyndaky beýleki ýerleri almaga niýetlendi. Weziri Abu Japar Muhammet ibn Fahrylmülk Abylmuzaffar ibn Nyzamylmülki öldürendigine ökündi. Onuň wezirini öldürmeginiň sebäbi şeýledi: Wezir emirleri äsgermeýärdi. Şonuň üçinem emirler ony halamaýardylar we onuň üstünden soltana arz etdiler. Soltan Sanjar şol mahal Gaznadady. Ol emirlere wezirini öldürmekçidigini, ýöne muny Gaznada ýerine ýetirip bolmajakdygyny aýtdy.

Soltan Sanjar hem bu sebäpler üçin ondan sowaşdy we oňa bolan garaýşyny üýtgetdi. Wezir başda soltan Sanjara Gaznanyň üstüne ýöriş etmegini maslahat beripdi, ýöne Busta baransoňlar, Gazna soltany Arslan şa wezire eger soltan Sanjary

yzyna gitmäge razy etse, oňa bäş ýüz müň dinar berjekdigini wada berensoň, soltan Sanjara onuň bilen ylalaşyp, yza dolanmaklygyň maksada laýyk boljakdygyny aýtdy. Wezir öň Mawerannahrda hem şeýle hereket edipdi. Aýdylyşyna görä, ol Gaznadan köp mukdarda pul alypdyr.

Şeýle hem emirleri özünden sowadyp, käbir ýagdaýlarda Soltan Sanjary hem howsala düşüripdir. Şeýdibem, özüniň öldürilmegine sebäp bolupdyr. Soltan Sanjar Balhdan gaýdyp gelen dessine wezirini tussag edip, öldürip, emlägini öz haýryna geçirdi. Weziriň sansyz-sajaksyz altyn-kümüşi we bir million puly bardy. Soltan Sanjar ony öldürensoň, ýerine Nyzamylmülküň doganynyň ogly Ibn Fakyh lakamly Şyhabyl-Yslam Abdyrazzagy wezir belledi. Ýöne ol Abu Japar Muhammediň eýe bolan abraýyna eýe bolup bilmedi. Soltan Sanjar dogany Soltan Muhammediň ölüm habaryny eşidip, wezirini öldürenine puşman etdi. Sebäbi ol ähli işlerini onuň ilatyň ýanyndaky at-abraýy bilen ýerine ýetirýärdi.

Soltan Mahmyt soň Şerefeddin Anuşirwan ibn Halyt bilen Fahreddin Togaýürek ibn Ýezeni soltan Sanjara ibermegi we her ýyl iki ýüz müň dinar tölegi wada berdi. Ilçiler soltan Sanjaryň ýanyna baryp, Soltan Mahmydyň hatyny we habaryny oňa ýetirdiler. Muny eşiden soltan Sanjar hem dessine Reýe ýöremek üçin taýýarlyga başlady. Anuşirwan oňa söweşmegi goýbolsun etmegi maslahat berensoň, soltan Sanjar oňa: «Doganymyň ogly heniz çagadyr, weziri we atabegi ony ele aldylar» diýdi.

Soltan Mahmyt agasy soltan Sanjaryň gelýändigini we emir Ineriň öňhatar goşunlarynyň Gürgene barandyklaryny eşidip, öň soltan Muhammediň emir hajyby bolan Emir Aly ibn Omara (ol soň Soltan Mahmydyň hem emir hajyby bolýar) ýörişe çykmaga emr berip, oňa uly goşun berdi. Olar on müň sany atly bolup, emir Ineriň serkerdeligindäki soltan Sanjaryň öňha-

tar goşunlary bilen duşuşýançalar, öňe tarap gitdiler. Emir Aly ibn Omar emir Inere ilçi iberip, Soltan Muhammediň soltan Sanjara hormat goýýandygyny, onuň aýdanlaryny berjaý etmegi, onuň garaýyşlaryny kabul etmegi wesýet edendigini aýtdy.

Soltan Muhammet soltan Sanjaryň ogly Mahmydyň soltanlygyny ykrar edip, ony gorar öýdýärdi. Ol: «Soltan Muhammet bu meselede bizden ähtnama we ykrar hem aldy, şonuň üçinem biziň oňa garşy çykmagymyz dogry däldir. Üstesine-de, siz biziň üstümize geldiňiz, biz muňa sabyr-çydam edip bilmeris. Seniň ýanyňda bäş müň sany atly bardygyny eşitdim. Men häzir size olardan has az güýç ibersem, siz bize garşy durup bilmersiňiz» diýdi.

Emir Iner bulary eşidip, Gürgenden yzyna gaýtdy. Soltan Mahmydyň esgerleri olaryň yzyndan kowalap, zatlarynyň birnäçesini we birnäçe adamy ýesir aldylar.

Soltan Mahmyt Reýe barypdy we ol ýerdedi. Emir Aly ibn Omar onuň ýanyna gaýdyp geldi. Soltan Mahmyt oňa eden işleri üçin minnetdarlyk bildirdi. Esgerlerini hem gutlady.

Soltan Mahmyda Reýde galmak teklip edildi we oňa: « Horasan emirleri seniň Reýdedigiňi bilseler, serhetden geçmezler we öz welaýatlaryndan aýrylmazlar» diýildi. Ýöne Mahmyt ol teklibi kabul etmedi we Reýde durman, Gürgene tarap gitdi.

Emir Meňňibars Dubeýsiň dogany Mansur ibn Sadaka, Bekjiýe emirleri we käbir beýleki emirleriň serkerdeliginde on müň atly goşun bilen Mahmydyň ýanyna geldi. Soltan Hemedana tarap ýola çykdy. Weziri Rebip ýolda Hemedanda ýogaldy. Soltan Mahmyt Abu Talyp Sümeýremini wezir edip belledi. Agasy Sanjaryň Reýe gelendigini eşidip, onuň bilen söweşmek üçin üstüne ýöredi. 513-nji ýylyň dört tirkeşiginiň üçünji aýynyň ikisine Sawanyň töwereklerinde duşuşdylar. Soltan Mahmydyň esgerleri soltan Sanjaryň goşunynyň öňünde çöl bardygyny bilýärdiler. Çöli sekiz günde geçdiler. Olar öňürti

baryp, suwy eýelediler. Horasan esgerleriniň sany ýigrimi müň adamdy. Ýanlarynda on sekiz sany pil bardy. Pilleriň iň ulusynyň ady Bahzudy. Soltan Sanjaryň goşunyndaky uly emirler şulardy: Sistanyň häkimi Abylfazlyň ogly Horezmşa Muhammet, Emir Iner we Emir Kamaç. Ýezdiň häkimi we soltan Muhammet bilen soltan Sanjaryň gyz doganynyň adamsy Alaeddöwle Gerşasp ibn Feramurz ibn Käkeweýh hem oňa goşuldy. Alaeddöwle Soltan Muhammediň iň ýakyn adamsydy. Soltan Mahmyt tagta geçensoň, ol ondan daş durupdy.

Soltan Mahmyt hem onuň ülkesini, soň onuň özüni hem Parsyň häkimi bolan Garaja Saka berdi. Alaeddöwle soltan Sanjaryň ýanyna gitdi. Ol soltan Sanjary ýagdaýdan habardar etdi we Mahmydyň elindäki ýerleri nädip eýeläp boljakdygyny, emirleriň mal-mülk almak üçin Soltan Mahmyda eden işlerini, emirleriň biri-birleri bilen düşünişmezlik içindediklerini aýdyp, ony Mahmydyň elindäki şäherleri almaga höweslendirdi.

Soltan Mahmydyň otuz müň esgeri bardy. Uly esgerleri şulardy: emir hajyp emir Aly ibn Omar, Omar Meňňibars, atabeg Guzogly, Porsuk ogullary, Sungur Buhary, Garaja Saky. Soltan Mahmydyň ýanynda ýüz müň ýük ýarag bardy.

Mahmydyň esgerleri özleriniň sanlarynyň artykdygyna, gahrymançylyklaryna we atlylarynyň köplügine buýsanyp, agasy soltan Sanjaryň esgerlerini gowşak hasapladylar. Söweş başlansoň, Mahmydyň esgerleriniň köplügini gören Horasan esgerleriniň ýüregine gorky düşdi.

Soltan Sanjaryň sag we çep ganaty dargady. Esgerler derbidagyn boldy. Zatlarynyň köpüsi talandy, Sewat ilaty olaryň köpüsini gyrdy.

Soltan Sanjar esgerleri bilen pilleriň öňünde durdy. Öňde bolsa Soltan Mahmyt bilen atabegi Guzogly bardy. Sanjar ýagdaýyň özüniň bähbidine däldigini görüp, pilleri söweşe salmaly boldy. Ýanyndakylar soltan Sanjara gaçmagy maslahat berdi-

ler. Ýöne ol: «Ýa ýeňiş, ýa ölüm, yza gaçmak ýok» diýdi. Piller öňe hüjüm edenlerinde, Mahmydyň atlylarynyň münüp oturan atlary ürküp, yza tesdi. Soltan Sanjar şol mahal Mahmydyň başyna bir iş geler öýdüp gorkdy we adamlaryna: «Pilleri hüjüm etdirip, çagany gorkuzmaň» diýdi. Ol şeýle diýensoň, pilleri sakladylar. Soltan Mahmyt bilen merkezde onuň ýanynda duranlar derbi-dagyn boldular. Atabeg Guzogly ýesir düşdi. Öň Guzogly soltan Sanjara hat ýazyp, inisini özüne ibermegi wada beripdi. Soltan Sanjar oňa gaharlandy. Guzogly muňa güýjüniň ýetmändigini aýdyp, ötünç sorady. Emma soltan Sanjar ony öldürdi.

Guzogly örän zalym emirdi. Hemedan ilatyna köp zulumlar edipdi. Şonuň üçin Alla onuň jezasyny tiz berdi.

Soltan Sanjar ýeňiş gazanansoň, gaçyp giden esgerlerini yzyna getirmek üçin adam iberdi. Bu habar Bagdada on günde gelip ýetdi. Emir Dubeýs ibn Sadaka halypa Müsterşit Billä habar ýollap, hutbany soltan Sanjaryň adyna okatmagyny isledi. Şeýdip, dört tirkeşigiň üçünji aýynyň ýigrimi altysyna hutba soltan Sanjaryň adyna okaldy. Soltan Muhammediň adyna okalýan hutba ýatyryldy.

Soltan Muhammet bu ýeňlişden soň Yspyhana gitdi, ýanynda weziri Abu Talyp Sumeýremi, emir Aly ibn Omar we Garaja Saky bardy.

Soltan Sanjar bolsa Hemedana gitdi we esgerleriň inisi Mahmydyň daşyna jemlenişýändiklerini eşidip, oňa ýaraşyk teklip etdi. Soltan Sanjaryň ejesi hem oňa inisi bilen ýaraşmagy maslahat berip: «Gaznany we onuň töweregini, şeýle-de Maweranahry eýelediň. Köp ýere häkim bolduň. Hemmesini öz eýelerine berdiň, doganyň ogluny hem olaryň biri kabul et» diýdi.

Soltan Sanjaryň ejesi Soltan Mahmydyň enesidi. Şonuň üçin soltan Sanjar ejesiniň bu sözlerini kabul etdi. Soň soltan

Sanjaryň ýanyndaky esgerler köpeldi. Mysal üçin, Porsuk bularyň biridir. Porsuk Genjede Mälik Mesudyň ýanyndady. Soltan Sanjar özüne goşulan esgerler bilen has hem güýçlendi. Mahmydyň ilçisi soltan Sanjar Horasana gelmese, ylalaşjak däldigini aýtdy. Soltan Sanjar muňa razy bolmady. Ol Hemedandan Kereje gelip, ýene-de Soltan Mahmyda ilçi iberdi we ýaraşyk baglaşmak isledi. Eger ýaraşsa, ony özüne mirasdüşer bellejekdigini wada berdi. Netije-de Mahmyt razylaşdy. Inisi hem bu ylalaşygyň şertlerine wepaly boljakdygy barada ant içdi.

Soltan Mahmyt meret aýynda agasy Soltan Sanjaryň ýanyna gitdi we soltan Sanjaryň ejesi bolan enesiniň myhmany boldy. Agasy oňa sylag-hormat edip, gowy garşy aldy. Soltan Mahmyt hem soltan Sanjara uly sowgatlar getirdi. Emma soltan Sanjar bulary kabul eden ýaly bolup görünse-de, olary kabul etmedi. Olaryň içinden diňe bäş sany arap atyny aldy. Soltan Sanjar Horasana, Gazna, Mawerannahra we golastyndaky beýleki ýerlere perman iberip, özünden soň Soltan Mahmydyň adyna hutba okamaklaryny isledi. Şeýle mazmunly haty Bagdada hem ýazdy. Reýden beýleki eýelän ýerleriniň hemmesini Mahmyda berdi. Mahmyt ýene aýaga galmasyn diýip, Peý şäherini öz elinde galdyrdy.

## ILGAZYNYŇ HAÇLYLAR BILEN SÖWEŞMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl haçlylar Halap taraplaryna çozdular. Buzagany eýeläp, Halaby weýran etdiler. Halaçlylar Bagdada habar ýollap, kömek islediler. Emma kömek gelmedi. Halabyň häkimi emir Ilgazy Mardinde esger toplaýardy we söweşe taýýarlanýardy. Ol ýigrimi müň töweregi esger ýygnady. Onuň ýanynda Usama ibn Mübärek ibn Şebi Kelaby, emir Dogan Arslan bardy, olar

Bedlis we Arzyrum häkimleridi. Ilgazy olar bilen Şama gidip, ýewropalylar bilen söweşe girdi.

Olaryň arasynda aýylganç söweş boldy. Ilgazy ýewropalylary hemme taraplaýyn gabawa saldy. Olaryň köpüsi öldürildi, ençemesi hem ýesir alyndy.

Ýesirleriň arasynda ýetmiş töweregi serkerde bardy. Olary Halaba alyp gitdiler. Olar öz janlary üçin üç ýüz müň dinar tölärmen boldular. Emma kabul edilmedi. Musulmanlar köp sanda olja aldylar. Şeýle hem Antakyýanyň häkimi Sirgalyň kellesini kesip, Bagdada alyp gitdiler. Bu waka dört tirkeşigiň birinji aýynyň ortasynda bolup geçdi.

## MEŇŇIBARSYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Bagdadyň şihnesi emir Meňňibars öldürildi. Onuň öldürilmeginiň sebäbi şeýle: Ol soltan Mahmyt ýeňenden soň, Bagdada gaýtdy. Horasan ýolundaky birnäçe ýerleri talady we Bagdada girmek isledi. Dubeýs ibn Sadaka oňa böwet boldy. Ol yza çekildi.

Soltan Sanjar bilen soltan Mahmydyň arasynda ylalaşyk baglaşyldy. Soltan Sanjar Meňňibarsy ýanyna çagyrdy. Meňňibarsyň elinde gylyç we kepen bardy. Soltan Sanjar oňa:

— Men hiç kimi jezalandyrjak däl — diýdi. Soň ony soltan Mahmydyň ýanyna getirip:

— Bu seniň guluň, al, isläniňi et — diýdi. Ol bolsa ony öldürdi.

Şeýle hem bu ýyl emir Alp ibn Omar öldürildi. Ol soltan Muhammediň hajybydy.

Bu ýyl Aly ibn Sökmen Basra şäherini eýeledi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Soltan Sanjar Mujahideddin Bähruzyň Yrak şihneligine bellenilmegini emr etdi. Yrakda Dubeýs ibn Sadakanyň naýyby şihne bolup işleýärdi. Ol bu wezipeden boşadyldy.

## 514-NJI HIJRI ÝYLY
*(02.04.1120 — 21.03.1121 ý.)*

## MÄLIK MESUDYŇ DOGANY SOLTAN MAHMYDA GARŞY ÇYKMAGYNYŇ WE SÖWEŞMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda soltan Mahmyt bilen Mälik Mesudyň arasynda söweş bolup geçdi. Mesudyň elinde Mosul we Genje bardy.

Bu söweşiň sebäbi şeýle: Dubeýs ibn Sadaka Mesudyň atabegi Juýuş bege habar ýollap, Mesudy soltanlyk dawasyna küşgürdi. Oňa kömek berjegini wada berdi. Mälik Mesut hem soltana garşy aýaga galdy.

Iki goşun Esedabat töwereginde çaknyşdylar. Bu waka dört tirkeşigiň birinji aýynyň ortasynda bolupdy. Iki goşun ertirden agşama çenli söweşdiler.

Soltan Mahmydyň öňhatar goşunlarynyň serkerdesi Aksungur Porsuk Mesudyň goşunlaryny derbi-dagyn etdi. Mälik Mesuda aman berildi.

## ILGAZYNYŇ BU ÝYLKY SÖWEŞLERI

Bu ýyl halypa Müsterşit Billä ýewropalylar bilen bolan söweşlerde gazanan ýeňişleri üçin Nejmeddin Ilgaza sylag-serpaý ýapdy. Soň Ilgazy bilen Tugtegin ikisi birleşip, ýewropalylary

Kinnesrinde gabawa saldylar. Gabaw gije-gündizläp dowam etdi.

## 515-NJI HIJRI ÝYLY
*(22.03.1121 — 11.03.1122 ý.)*

## MOSULYŇ PORSUGA YKTA BERILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň sapar aýynda soltan Mahmyt Mosul şäherini we onuň töweregindäki Jezire, Sanjar ýaly ýerleri emir Aksungur Porsuga ykta berdi. Sebäbi Porsuk soltan Mahmyda köp hyzmat edipdi.

## SÜLEÝMAN IBN ILGAZYNYŇ KAKASYNA GARŞY ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Süleýman ibn Ilgazy ibn Artyk Halapda kakasyna garşy aýaga galdy. Ol ýaňy ýigrimi ýaşyna ýetipdi. Ol muny ýanyndakylaryň küşgürmegi bilen etdi.

Bu habary eşiden kakasy haýal etmän, ýola çykdy. Hatda Süleýman onuň hüjümini duýman galdy. Ol kakasynyň öňünden çykyp, ötünç sorady. Ony tutup, tä bu işi öwredenleriň kimdigini aýdýança, ony tussaglykda saklady. Olaryň biri Ilgazynyň kakasynyň emiri Nasyr eken, onuň gözlerine çiş kakylyp, dili kesildi. Biri hem Hama şäherinden bolup, Ilgazynyň öň Halapda ýolbaşçy bolan ýakyn adamsydy. Onuň hem elaýagy kesilip, gözüne çiş sokulyp öldürildi.

Soň ogluny getirdiler, ol serhoşdy. Ony hem öldürmek isledi. Emma ata ýüregi muňa dözmedi, ony boşatdy. Ol Damaska gaçyp gitdi. Tugtegine sygynjak boldy. Emma Tugtegin kabul

etmedi. Ilgazy Halapda Abdyljepbaryň ogly Süleýmany häkim belläp, Mardine gaýtdy.

Bu ýyl soltan Mahmyt Maýýafarykyny emir Ilgaza ykta berdi.

## 516-NJY HIJRI ÝYLY
*(12.03.1122 — 28.02.1123 ý.)*

## SOLTAN MAHMYDYŇ WEZIRI SUMEÝRINIŇ WE EMIR JUÝUŞ BEGIŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Mahmydyň weziri Kemal Abu Talyp Sumeýremin öldürildi. Ol soltan bilen Hemedana gitmäge niýetlenipdi. Bir batyny gelip, ony pyçaklady. Batyny hem öldürildi.

Bu ýyl Mosulyň häkimi emir Juýuş beg öldürildi. Ol soltan Mahmydyň tabynlygyndan çykyp, soň ýene gaýdyp gelipdi. Soltan Mahmyt oňa Genjäni ykta berip, goşun serkerdesi edip belläpdi. Emir Juýuş bilen beýleki emirleriň aralarynda düşünişmezlik we dawa ýüze çykdy. Muny beýleki emirler soltana ýetirdiler. Soltan hem ony oraza aýynda Töwriziň derwezesinde asyp öldürdi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň aşyr aýynda Mälik Togrul dogany Mahmyda tabyn boldy. Ol öň onuň tabynlygyndan çykypdy.

Bu ýylyň oraza aýynda Ilgazy ibn Artyk Maýýafarykynda wepat boldy. Onuň ogly Husameddin Demirdaş Mardin galasyna eýe boldy. Beýleki ogly Süleýman Maýýafarykyny eýeledi. Halaba onuň doganynyň ogly Bedreddöwle Süleýman ibn Abdyljepbar ibn Artyk bardy. Ol bu ýerde tä agasy gelip, elinden alýança höküm sürdi.

## 517-NJI HIJRI ÝYLY
*(01.03.1123 — 18.02.1124 ý.)*

## SOLTAN MAHMYDYŇ GÜRJÜLERDEN ÜSTÜN ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl gürjüleriň yslam ýurtlaryna ýetirýän zyýany artdy. Olar ilata köp zyýan ýetirdiler. Aýratyn hem Derbentşirwanyň ilatyndan bir topar adam gelip, gürjülerden soltana arz-şikaýat etdiler. Özleriniň ýurtlaryny goramakdan ejizdiklerini beýan etdiler. Soltan hem gürjüleriň üstüne ýöriş etdi. Gürjüler Şemahy şäherine ýetipdiler. Soltan ol ýere baryp, meýdanda düşledi. Gürjüler olar bilen garşylaşanlarynda, esgerler gorkup başladylar.

Şol wagt wezir Şemsilmülk Osman ibn Nyzamylmülk soltana yzyna gaýtmagy maslahat berdi. Şirwanlylar bu habary eşidip, soltana garap şeýle diýdiler: «Biz sen barkaň, olar bilen söweşeris. Eger sen gitseň, onda musulmanlar pese düşer we heläk bolar».

Soltan hem olaryň sözüni kabul edip, şol ýerde galdy.

Esgerler gijäni gorkynyň içinde geçirdiler. Olar söweşmek niýetindediler. Allatagala olara kömek etdi. Gürjüler bilen gypjaklylaryň arasynda dawa ýüze çykdy we duşmançylyk başlandy. Şol gije biri-birini öldürdiler. Derbi-dagyn bolup gitdiler. Allatagala möminlere kömek etdi. Soltan hem Şirwanda birnäçe gün bolup, dört tirkeşigiň dördünji aýynda Hemedana geldi.

Bu ýyl soltan Mahmyt weziri Şemsilmülk Osman ibn Nyzamylmülki tussag etdi we öldürdi. Sebäbi wezir soltana gürjüler bilen bolan söweşmän, yza gaýtmaklygy teklip edipdi we soltan bilen tersleşipdi.

# 518-NJI HIJRI ÝYLY
*(19.02.1124 — 06.02.1125 ý.)*

## BILGE IBN BÄHRAMYŇ ÖLDÜRILIP, ÝERINE DEMIRDAŞYŇ HALABA HÄKIM BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň sapar aýynda Halabyň häkimi Bilge ibn Bähram ibn Artyk Menbejiň häkimi Hassan Baalabegi tussag etdi. Şähere hüjüm edip, ony eýeledi. Galasyny gabady. Şol wagt ýewropalylar olaryň üstüne hüjüm etdi. Ýewropalylar ýakynlaşanlarynda esgerleri bilen olaryň öňünden çykmaga gitdi. Olar bilen söweşdiler. Köpüsini öldürip, ýeňip yzyna gaýtdy. Galanyň gabawyny dowam etdirdi. Gabawda söweş mahalynda bir ok gelip, Bilge ibn Bährama degdi we ol ýogaldy. Kimiň atandygy belli bolmady. Esgerleri aljyrap dargadylar. Hassan hem tussaglykdan boşady.

Husameddin Demirdaş ibn Ilgazy ibn Artyk agasy Bilgäniiň ýanyndady. Ol ölenden soň, ony Halaba getirdi. Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynyň ýigrimisine şäheri eýeledi. Menbejiň galasyndan hem gabaw aýryldy we häkimi Hassan gaýdyp yzyna bardy. Demirdaş hem Halapda häkim bolup galdy.

Bu ýylyň gurban aýynda Mälik Aksungur Porsuk Halaby we onuň galasyny eýeledi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Porsuk Yrak şihneliginden boşadyldy, ýerine Sagdeddöwle Barangiri Zekewi geçdi.

Bu ýylyň gurban aýynda Aksungur Porsuk Halap şäherini we galasyny eýeledi.

# 519-NJY HIJRI ÝYLY
*(07.02.1125 — 26.01.1126 ý.)*

## MÄLIK TOGRUL BILEN DUBEÝS IBN SADAKANYŇ YRAGA GITMEGINIŇ WE YZLARYNA GAÝDYP GELMEGINIŇ BEÝANY

Öň hem belleýşimiz ýaly, Dubeýs ibn Sadaka Şamdan çykyp, Mälik Togrul begiň ýanyna gaýtdy. Ol gelende, Togrul oňa sylag-hormat goýup, uly emirleriň biri edip belledi. Dubeýs oňa Yraga gitmegi teklip etdi. Olar Yraga tarap ýola çykdylar.

Muny eşiden yraklylar Yragyň şihnesi Zekewiniň ýolbaşçylygynda uly goşun bilen olaryň öňünden çykdylar.

Şol sebäpli Togrul Horasan ýoluna tarap öwrüldi. Emma onuň esgerleri dargady. Alaçsyz yza çekildiler. Togrul bilen Dubeýs hem soltan Sanjara sygyndylar.

## PORSUGYŇ KEFERTABY EÝELEMEGINIŇ WE ÝEWROPALYLARDAN ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Porsuk esger ýygnap, Şama ýöriş etdi. Kefertap şäherini gabady. Ol ýeri ýewropalylaryň elinden aldy. Sol ýerden hem Azaz galasyna gitdi. Ol ýeriň häkimi Žoskelindi. Ol ýeri hem gabady. Ýewropalylar bir ýere ýygnandylar we Porsuk bilen söweşe başladylar. Musulmanlar ýeňildiler we köpüsi bolsa ýesir alyndy.

## 520-NJI HIJRI ÝYLY
*(27.01.1126 — 16.01.1127 ý.)*

## PORSUGYŇ ÖLDÜRILIP, ÝERINE OGLY MÄLIK YZZEDDINIŇ GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň boş aýynyň sekizine Mosulda Kasymeddöwle Aksungur Porsuk öldürildi. Ol Mosulyň häkimidi. Ol juma namazyny okap, metjitden çykanda bir batyny gelip, ony pyçaklap öldürdi.

Ol öldürilende, ogly Yzzeddin Mesut Halaby ýewropalylardan goraýardy. Kakasynyň dostlary oňa habar ýolladylar. Ol gurban aýynyň başynda Mosula girdi. Ol kakasynyň dostlaryna gowy garady. Weziri Abu Galyby öňki ýerinde wezirlikde galdyrdy. Emirler we esgerler oňa boýun boldular.

Ol soltan Mahmydyň hyzmatyna boýun boldy. Hiç kim ondan närazy bolmady.

## HALYPA MÜSTERŞIT BILLÄ BILEN SOLTAN MAHMYDYŇ TERSLEŞMEGINIŇ BEÝANY

Bagdadyň şihnesi Ýaranguş Zekewi bilen halypanyň naýyplarynyň arasynda dawa ýüze çykypdy. Halypa hem muňa gatyşypdy. Bu ýylyň rejep aýynda Zekewi öz janyndan gorkup, Bagdatdan çykyp soltan Mahmydyň ýanyna gaýtdy. Soltana halypanyň üstünden arz-şikaýat etdi.

Soltan hem Bagdada tarap ýöredi. Halypa gorkup, çaga-çugalaryny, mal-mülküni alyp, şäherden çykdy. Soltan Bagdada gelensoň, halypa bilen ýaraşyk şertnamasyny baglaşdy.

## TUGTEGIN ATABEG BILEN ÝEWROPALYLARYŇ ŞAMDA SÖWEŞMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl ýewropaly şazadalar we jeňbazlar birleşip, Damask taraplaryna gaýtdylar we Merjussyfarda düşlediler. Musulmanlaryň işi agyrlaşyp, gorkup başladylar. Atabeg Tugtegin Diýarbekirdäki we beýleki ýerlerdäki türkmen emirlerine hat ýazdy. Bular hem ýygnanyşyp, ýewropalylaryň üstüne hüjüm etdiler. Tugtegin öz ýerine ogly Täjilmülk Börini goýdy.

Olar ýewropalylar bilen gurban aýynyň ahyrynda garşylaşdylar we söweşe başladylar. Aralarynda aýylganç söweş boldy. Tugtegin atyndan ýykyldy. Esgerler ol öldümikä diýip pikir etdiler we gaçyp başladylar. Tugtegin hem atyna münüp gaçdy. Ýewropalylar olary kowalap gitdiler. Yzda galan türkmenler galan ýewropalylary öldürdiler we çadyrlaryny taladylar. Ýaňky ýewropalylar yzlaryna gaýdyp gelseler, hemme zatlaryny talaň salnan ýagdaýda, adamlaryny hem öldürilen ýagdaýda gördüler.

## 521-NJI HIJRI ÝYLY

*(17.01.1127 — 05.01.1128 ý.)*

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Soltan Sanjar Alamutyň batynylaryna güýçli zarba urdy we olaryň köpüsini öldürdi. Aýdyşlaryna görä, on müňden gowrak batyny öldürildi.

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda soltan Mahmyt Yragyň şihneligine Ymadeddin Zeňňini belledi.

Bu ýyl Yzzeddin Mesup ibn Mesup wepat boldy. Ol Mosulyň häkimidi. Rahba şäherinde wepat boldy.

Ondan soň häkimlige Ymadeddin Zeňňi hödürlendi. Muny soltan hem kabul etdi. Netijede, Mosul we onuň töwereginiň häkimligine Ymadeddin Zeňňi bellenildi.

Soltan Sanjaryň weziri Mugynylmülk Abu Nasr Ahmet ibn Fazyl bu ýyl batynylar tarapyndan öldürildi. Weziriň batynylar bilen bolan söweşde bitiren işleri we hyzmatlary örän uludy. Bu sebäpden Alla tarapyn oňa şehitlik nesip etdi.

## 522-NJI HIJRI ÝYLY

*(06.01. — 24.12.1128 ý.)*

## SOLTAN SANJARYŇ REÝE GELMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Sanjar Horasandan uly goşun bilen Reýe gaýtdy. Munuň sebäbi şeýledi: Dubeýs hem Togrul onuň ýanyna gelipdiler. Olar soltan Sanjaryň ýanyna gelip, ony Yraga ýöriş etmäge çagyrdylar we Yragy eýelemegiň örän aňsatdygyny aýtdylar. Soltan Mahmyt bilen halypa Müsterşidiň özüne garşydygyna ony ynandyrdylar. Soltan Sanjar olar bilen razylaşdy we Reýe tarap gitdi. Soltan Mahmyt Hemedanda gezip ýördi. Soltan Sanjar soltan Mahmyda habar ýollap, onuň kime tabyndygyny (özünemi ýa-da, Dubeýsiň aýdyşy ýaly, tabynlykdan çykdymy) bilmek isledi. Ilçi soltan Mahmydyň ýanyna gelende, ol hem agasy (kakasynyň dogany) soltan Sanjaryň ýanyna gaýtdy. Soltan Sanjar ony gowy garşy aldy we oňa sylag-hormat etdi. Gurban aýynyň on bäşine çenli Onuň ýanynda boldy. Soň soltan Sanjar Horasana gaýtdy. Dubeýsi hem Mahmyda tabşyrdy. Ol hem oňa sylag-hormat edip, öz öňki ýerlerini berdi. Mahmyt hem Hemedana gaýtdy. Mahmyt bilen Dubeýs bilelikde ilki Hemedana, soň bolsa Yraga geldiler. Soltan Mahmyt 523-nji ýylyň aşyr aýynyň dokuzyna Bagdada bardy.

Soltan Mahmyt wezir Abylkasym Enesabadyny tussag etdi. Soltan Sanjar Reýdäki duşuşyklary mahalynda ony goýbermegini aýdypdy, şonuň üçinem Mahmyt ony goýberdi. Soltan Sanjar Abylkasymy Mahmyda çykan gyzyna wezir belledi. Soltan onuň bilen bile Bagdada baransoň, aşyr aýynyň ýigrimi dördüne ony ýene-de özüne wezir edip aldy. Bu onuň ikinji wezirligidi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň aşyr aýynyň birine Ymadeddin Zeňňi ibn Aksungur Halap şäherine we galalaryna eýe boldy.

Bu ýylyň sapar aýynyň sekizine Damakskyň häkimi atabeg Tugtegin ýogaldy. Tugtegin Mälik Tutuş ibn Alp Arslanyň guludy. Onuň ölüminden soň, ýerine ogly Täjilmülk Böri geçdi. Täjilmülk Tugteginiň iň uly ogludy we kakasy hökümdarlygy oňa wesýet edipdi.

## 523-NJI HIJRI ÝYLY

*(25.12.1128 — 14.12.1129 ý.)*

## SOLTAN MAHMYDYŇ BAGDADA GELMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda soltan Mahmyt agasy soltan Sanjaryň ýanyndan gaýdyp Bagdada geldi.

Onuň ýanynda Dubeýs ibn Sadaka bardy Ol Dubeýsi halypa Müsterşit Billä bilen ýaraşdyrmak üçin alyp gelýärdi. Dubeýs soltandan yza galyp, Bagdada geldi. Soltanyň bolýan ýerine bardy. Soltan halypanyň Dubeýsden razy bolmagyny isledi. Emma halypa Dubeýse ýurdundan ýer bermegini ret etdi.

Soltan dört tirkeşigiň üçünji aýynda Bagdatdan Hemedana gaýtdy.

## DUBEÝSIŇ YRAKDAKY ETMIŞLERINIŇ WE SOLTANYŇ BAGDADA GAÝDYP GELMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Mahmyt Hemedana gaýdyp gelýärkä, ýolda aýaly wepat boldy.

Ol Sanjaryň gyzydy. Ol aýal Dubeýs bilen bile hereket edýärdi we Dubeýsiň tarapdarydy. Ol ölensoň Dubeýsiň hem işleri dargady.

Soň soltan agyr syrkawlady. Dubeýs onuň kiçi ogluny alyp, Yraga gaýtdy. Halypa Dubeýsiň gelýändigini eşidip, esger ýygnamaga başlady. Bagdat şihnesi Bähruz şol wagt Hillede gezip ýördi we ol ýerden hem gaçyp gitdi. Dubeýs bolsa oraza aýynda Hillä girdi. Soltan Mahmyt bu habarlary eşidende, emir Gyzyl bilen emir Ahmedili ýanyna çagyryp: «Öň siziň ikiňiz Dubeýs üçin kepil geçipdiňiz. Men siziň Dubeýsi ýanyma getirmegiňizi isleýärin» diýdi. Ahmedil Yraga onuň şerini ýurtdan çykarmak we Dubeýsi soltanyň ýanyna getirmek üçin gaýtdy. Soň soltan hem Yraga gaýtdy. Dubeýs muny eşidip, soltana köp möçberde sowgat-serpaý, üç ýüz at ýüki altyn, iki ýüz müň dinar iberip, halypanyň özünden razy bolmagyny isledi, halypa muny kabul etmedi. Soltan Mahmyt boş aýynda Bagdada geldi. Ony wezir Zeýnebi we beýleki abraýly kişiler garşy aldylar. Bulary eşiden Dubeýs çöle çykdy. Basra hüjüm edip, soltana we halypa degişli bolan köp sanda mal olja aldy. Soltan Mahmyt onuň üstüne özüniň on müň atlysy bilen çozdy. Ol Basradan aýrylyp, çöle tarap çekildi.

## ÝEWROPALYLARYŇ DAMASKY GABAMAGY WE ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Mezdekany Ysmaýylynyň[1] öldürilendigini eşidip, Ýewropalylaryň hemmesi uly bir güýç bilen Damaskyň garşysyna birleşdi. Olaryň arasynda Kudusyň, Antakyýanyň, Trablusyň häkimleri we beýleki ýewropalylar hem-de rysarlar bardy. Olara deňiz ýoly bilen söwda-satyga barýanlar hem goşulýardy. Atlylar iki müň töweregidi, pyýada goşunyň bolsa sany-sajagy ýokdy. Damaska gelip, ony gabadylar.

Täjilmülk Böri bu habary eşidip hemme araplary we türkmenleri ýygnady. Olardan sekiz müň atly ýygnandy. Iki goşun ýagyşly bir gün sataşyp, söweşe girişdiler. Musulmanlar olary derbi-dagyn etdi.

Bu ýyl Ymadeddin Zeňňi ibn Aksungur Hama şäherini eýeledi. Ol Mosulyň häkimidi.

## 524-NJI HIJRI ÝYLY
*(15.12.1129 — 03.12.1130 ý.)*

## SOLTAN SANJARYŇ SAMARKANT ŞÄHERINI MUHAMMET HANDAN ALMAGYNYŇ WE MAHMYT IBN MUHAMMET HANYŇ HÖKÜMDAR BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda soltan Sanjar Samarkandy eýeledi.

Munuň sebäbi şeýle: Ol Samarkandy birinji gezek basyp alanda, Arslan han ibn Süleýman ibn Bugra han Dawudy han belläpdi. Emma ol ysmaz bolupdy. Şonuň üçin onuň ýerine og-

[1] Mezdekany Ysmaýyly ýewropalylaryň tarapdarydy.

ly Nasyr han bolup geçipdi. Nasr han hem örän edermen we mert adamdy. Samarkantda alawy bir alym bardy. Ähli işleri ol çözerdi. Bu alym bilen şäheriň reýisi[1] ikisi Nasr hany öldürmek meselesinde ylalaşdylar we bir gije ony öldürdiler. Nasr hanyň kakasy şol mahal ol ýerdedi. Oglunyň öldürilmegi oňa gaty agyr degdi. Onuň Türküstan ýurdunda başga bir ogly bardy. Ol habar ýollap, ony ýanyna çagyrdy. Ogly Samarkanda gelende, ýaňky alym bilen reýis ony garşy almak üçin öňünden çykdylar. Muhammet hanyň ogly ol alymy şol mahal öldürdi, reýisi hem tussag etdi.

Onuň kakasy Arslan han öň soltan Sanjara hat ýazyp, ondan kömek sorapdy. Özleriniň alawylara we şäher reýisine güýçleriniň ýetmeýändigini aýdypdy. Soltan goşun ýygnap, Samarkanda ýöriş etdi. Alawy alym bilen reýisi birýüzli edensoň, Arslan han soltan Sanjary çagyranyna puşman etdi we soltana alawylary we reýisi ýeňendigi barada habar ýollady. Özüniň hem ogly bilen onuň tabynlygyndadygyny aýtdy we Horasana yzyna dönmegini haýyş etdi.

Soltan Sanjaryň muňa gaty gahary geldi we şäherde birnäçe gün galdy. Günlerde bir gün soltan Sanjar awa çykdy we on iki sany eli ýaragly adam gördi. Ol olary tutup gyssady. Olar hem Muhammet hanyň özlerini soltan Sanjary öldürmek üçin iberendigini boýun aldylar. Soltan Sanjar olary öldürdi we Samarkandy güýç bilen basyp aldy. Şäheri talady. Muhammet han bir gala gaçyp gizlendi. Soltan onuň günäsini geçensoň, ol galadan çykdy. Soltan Sanjar oňa hormat goýup, ony gyzynyň (ýagny soltan Sanjaryň aýalynyň) ýanyna iberdi we ol şol ýerde tä ölýänçä ýaşady.

Soltan Sanjar Samarkantda birnäçe gün bolup, mal, ýarag we hazyna toplady. Soň şäheri Hasan Tegine ynandy we Hora-

---

[1] Reýis – ýolbaşçy, başlyk.

sana gaýdyp geldi. Hasan Teginden soň soltan Sanjar ol ýere naýyp edip Mahmyt ibn Muhammet han ibn Süleýman ibn Dawudy belledi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Ymadeddin Zeňňi Esaryp galasyny eýeledi we haçlylary derbi-dagyn etdi. Şeýle hem ol Serji we Dara şäherlerini eýeledi.

Bu ýyl soltan Sanjaryň soltan Mahmyda durmuşy çykan gyzy Hatyn çölde ýogaldy.

Bu ýylyň gurban aýynda Mälik Mesut ibn Muhammet Horasandaky, agasy soltan Sanjaryň ýanyndan aýrylyp, Sawa şäherine gaýtdy. Şol mahal onuň maksadynyň soltan Mahmyda garşy çykmakdygy we ony soltan Sanjaryň özüniň iberendigi barada gürrüňler ýaýrady. Muny eşiden soltan Mahmyt howsala düşdi we dessine Bagdatdan Hemedana gitdi. Ol Kermanşahana baransoň, dogany mälik Mesut gelip, oňa tabyndygyny aýtdy. Gürrüňler ýalan bolup çykdy. Soltan oňa Genjäni we onuň daş-töweregini ykta berdi.

## 525-NJI HIJRI ÝYLY
*(04.12.1130 — 22.11.1131 ý.)*

## DUBEÝSIŇ TUSSAG EDILIP, YMADEDDIN ZEŇŇÄ GOWŞURYLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynda Damaskyň häkimi Täjilmülk Böri ibn Tugtegin Humusyň häkimi emir Dubeýs ibn Sadakany tussag edip, ony atabeg Şehit Ymadeddin Zeňňi ibn Aksungura gowşurdy.

Dubeýs Täjilmülk özüni öldürer öýdüp gorkdy. Emma Täjilmülk oňa gowy garady, mal-mülk, ýarag berdi. Oňa uly hökümdarlar ýaly garady. Soň halypa öz adamlaryny iberip, Dubeýs ibn Sadakany öz ýanyna getirtdi. Ony bagyşlady we goýberdi. Dubeýs hem Zeňňiniň ýanynda durmady we onuň bilen Yraga gitdi.

## SOLTAN MAHMYDYŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ WE OGLY DAWUDYŇ HÖKÜMDARLYGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň baýram aýynda soltan Mahmyt ibn Muhammet Hemedanda wepat boldy. Ol weziri Abylkasym Ensabazydan we beýleki emirlerden gorkýardy.

Onuň ölüminden soň, weziriň we atabegi Aksungur Ahmediliň görkezmesi bilen tagta ogly Dawut geçirildi. Onuň adyna Jebeliň we Genjäniň hemme ýerinde hutba okaldy.

Soltan Mahmyt wepat bolanda ýigrimi ýedi ýaşyndady. Ol on iki ýyl dokuz aý ýigrimi gün hökümdarlyk sürdi. Ol örän ýumşak, sahy, akylly, öňdengörüjidi. Ilatyň malyna göz dikmezdi.

## 526-NJY HIJRI ÝYLY
*(23.11.1131 — 11.11.1132 ý.)*

## SOLTAN MESUDYŇ WE IKI MÄLIK, ÝAGNY SELJUK ŞA BILEN DAWUDYŇ ÝAGDAÝLARYNYŇ WE YRAKDA SOLTANLYGYŇ MESUDA GEÇIŞINIŇ BEÝANY

Soltan Mahmyt ibn soltan Muhammet wepat bolandan soň, Jebelde we Genjede onuň ogly Mälik Dawuda hutba okalyp başlandy. 425-nji ýylyň boş aýynda Mälik Dawut Hemedandan

çykyp, Genjä ugrady. Ol agasy soltan Mesudyň Gürgenden gaýdyp, Töwrize gelip, ol ýeri eýeländigini eşitdi. Dawut onuň üstüne ýöriş edip, ony gabady. Aralarynda söweş ýüze çykdy. Soň özara düşünişdiler.

Dawut yzda galdy. Soltan Mesut Töwrizden çykyp, esgerlerini ýygnap, Hemedana geldi. Bagdatda öz adyna hutba okalmagy üçin habar ýollady. Bu kabul edilmedi.

Soň soltan Mesut Mosulyň häkimi Ymadeddin Zeňňä habar ýollap, kömek isledi. Ol kömek bermäge söz berdi. Şeýdip Mesudyň soltanlyga dalaşy has güýçlendi.

Mälik Seljuk şa ibn soltan Muhammet Huzystanyň we Pars ýurdunyň häkimi atabeg Garaja Sakyny alyp, uly goşun bilen Bagdada gaýtdy.

Seljuk şa soltan Mesutdan öňürti ol ýere baryp ýetdi. Halypa oňa sylag-hormat goýdy.

Soň soltan Mesut gelip, özüne hutba okalmagyny isledi. Eger kabul etmeseler, üstlerine çozjakdygy bilen haýbat atdy. Onuň talabyny kabul etmediler. Apbaslylaryň hemme goşunlary ýygnandy. Halypa bilen Seljuk şa birleşip, Mesut tarapyndan bolan Ymadeddin Zeňňiniň üstüne çozdular. Ony ýeňdiler. Ol ýeňlip, Tikrite gaçdy.

Soň aralarynda şertnama baglaşdylar. Oňa görä, Mesut soltan, Seljuk şa bolsa mirasdüşer şazada bolmalydy. Bu meselede ylalaşdylar.

## SOLTAN SANJAR BILEN SOLTAN MESUDYŇ ARASYNDAKY ÇAKNYŞYGYŇ BEÝANY

Soltan Mahmyt wepat bolandan soň, soltan Sanjar Jebel şäherine gitdi. Onuň ýanynda Togrul ibn soltan Muhammet bardy. Ol Reýe baryp, ol ýerden hem Hemedana gaýtdy. Halypa

Müsterşit bilen soltan Mahmyt muny eşidip, goşun taýýarlap başladylar.

Halypa olaryň tarapyndady. Halypa taýýarlyklaryny gutardy. Garaja Saky bilen Seljuk şa soltan Sanjara ýakynlaşdylar, halypa yzraga galdy.

Yragyň ähli ýerinde soltan Sanjaryň adyna okalýan hutba ýatyryldy. Şol mahal Ymadeddin Zeňňi bilen Dubeýsiň Bagdada golaý gelendikleri eşidildi. Dubeýs ol ýerde soltan Sanjaryň Hilläni özüne ykta berendigini eşitdi. Ol halypa ilçi iberip, özüni bagyşlamagyny haýyş etdi. Emma halypa muny kabul etmedi. Ymadeddin Zeňňi bolsa soltan Sanjaryň Bagdadyň şihneligini özüne berýändigini habaryny aldy. Muny eşiden Müsterşit hem esgerleri bilen Bagdada gaýtdy we goraga taýýarlandy.

Soň soltan Mesut Datmerje geldi. Ol olary soltan Sanjaryň öňhatar goşunlary garşy aldylar. Soltan Mesut Kermana gaýtdy. Soltan Sanjar Esedabatda ýüz müň atly bilen düşledi. Soltan Mesut bilen dogany Seljuk şa bolsa Kaw we Mahy atly iki daga gitdiler. Soltan Sanjar hem Kinkewere gitdi. Soltan Sanjar olaryň gidendigini eşidip, yzlaryndan gaýtdy. Iki goşun Dineweriň eteginde duşuşdylar. Soltan Sanjaryň sag ganatynda soltan Muhammediň ogly Togrul, Kamaç we Emir Emiran, çepinde emirler bilen Horezmşa Atsyz bardy. Mesudyň sag ganatynda Garaja Saky we emir Gyzyl, çepinde bolsa Ýaranguş Bazdar we Ýusup Çawuş bardy.

Olaryň arasynda söweş başlandy. Ol gün dillere dessan boldy. Garaja merkeze hüjüm etdi. Soltan Sanjar on müň atly bilen merkezdedi, öňünde hem piller bardy. Garaja hüjüm edensoň, Togrul bilen Atsyz onuň yzynda galdy. Ol mertlerçe söweşdi. Onuň köp esgeri gyryldy, ençemesi ýesir alyndy. Özi hem erbet ýaralandy. Muny gören soltan Mesut söweşden gaçyp gutuldy.

Bu söweşde Ýusup Çawuş we Hüseýin Özbeg ýaly emirler öldürildi. Bu söweş rejep aýynyň sekizine bolup geçdi.

Soltan Sanjar olary derbi-dagyn etdi. Soň soltan Mesut soltan Sanjaryň ýanyna gelip, özüni bagyşlamagyny haýyş etdi. Soltan Sanjar hem ony görüp gujaklady, oňa hormat goýdy. Ony özüne garşy aýaga galany üçin ýazgardy. Soň oňa Genje şäherini gaýdyp berdi.

Soltan Sanjar soltanlyk tagtyna dogany soltan Muhammediň ogly Mälik Togruly çykardy. Hemme ýerde onuň adyna hutba okaldy. Soltan Mahmydyň weziri Abylkasym Ensabazy oňa wezir edip belledi. Soň 526-njy ýylyň oraza aýynyň ýigrimisine Nyşapura geldi.

## YMADEDDIN ZEŇŇINIŇ BAGDADA EDEN ÝÖRIŞINIŇ WE ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Halypa Bagdatdan çykansoň, soltan Mesudyň ýeňlendigini eşitdi we yzyna Bagdada gaýtdy. Oňa Ymadeddin Zeňňi bilen Dubeýs ibn Sadakanyň Bagdada gelendigini aýtdylar. Soltan Sanjar olaryň ikisine hat ýazyp, olara Yragy basyp almagy tabşyrypdy. Halypa hem çaltlyk bilen Bagdada gaýtdy. Goşun jemläp, Zeňňi bilen Dubeýsiň üstüne hüjüm etdi. Aralarynda söweş başlandy. Dubeýs bilen Zeňňiniň esgerleriniň köpüsi öldürilip, ençemesi ýesir aldy. Özleri hem ýeňildi. Soltan hem şol gijäni geçirip, ertesi Bagdada geldi.

## DAMASK HÄKIMI TÄJILMÜLK BÖRINIŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň rejep aýynda Damaskyň häkimi Täjilmülk Böri ibn Tugtegin wepat boldy. Sebäbi bir batyny ony ýaralapdy. Şonuň netijesinde güýçden düşüp, haly peseldi we rejep aýy-

nyň ýigrimi birine wepat boldy. Ol ölmezinden öň, ogly Şemsilmülk Ysmaýyly hökümdar belledi. Baalbek şäherini we onuň töweregini bolsa ogly Şemseddöwle Muhammede wesýet etdi. Böri örän gaýratly we edermendi. Atasy ýaly gaýduwsyzdy. Şahyrlaryň köpüsi ony şygyrlarynda wasp etdiler.

Bu ýyl Damaskyň häkimi Şemsilmülk Ysmaýyl Lebwe we Ras galalaryny eýeledi.

## SOLTAN TOGRUL BILEN MÄLIK DAWUDYŇ SÖWEŞMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň oraza aýynda Mälik Togrul bilen onuň doganynyň ogly Mälik Dawut ibn Mahmydyň arasynda söweş boldy.

Sebäbi soltan Sanjar Togruly soltanlyk tagtynda oturdypdy. Öň hem belleýşimiz ýaly, soltan Sanjar soň Horasana gaýdypdy. Çünki oňa garşy Mawerannahr hökümdary Ahmet han aýaga galypdy. Ol bu pitnäni ýatyrmak üçin yzyna dönüpdi. Ol Horasana gelip ýetende, Mälik Togrul agasy Togrula garşy aýaga galdy. Genjeden we Genjeden esger ýygnap, Hemedana gaýtdy. Oraza aýynda Hemedana ýakyn Wahan diýen ýerde düşledi.

Togrul oňa tarap hereket etdi. Iki tarap goşunlaryny saga we çepe bölüpdi. Soltan Togrulyň sag ganatynda Ibn Porsuk, çepinde Gyzyl bardy. Öňhataryň serkerdesi Garasungurdy. Dawudyň sag ganatynda Ýaranguş Zekewi bardy. Ol söweşmedi. Muny gören türkmenler onuň çadyryny taladylar we hemmesini dyza çökerdiler. Dawudyň esgerleriniň arasynda dawa ýüze çykdy. Muny gören atabeg Aksungur Ahmedil gaçyp gitdi. Esgerler hem dyr-pytrak bolup, onuň yzyndan gitdiler. Togrul Ýaranguş Zekewini we birnäçe emirleri ýesir aldy.

Mälik Dawut ýeňlenden soň, utanyp gezdi, boş aýynyň başynda bolsa atabegi Ahmedil bilen Bagdada gaýtdy. Soltan oňa

hormat goýup, soltanlyk myhmanhanasynda myhman aldy. Mälik Mesut Genjede gezip ýördi. Ol Dawudyň ýeňilendigini eşidip, Bagdada gaýtdy.

## 527-NJI HIJRI ÝYLY
*(12.11.1132 — 31.10.1133 ý.)*

## ŞEMSILMÜLKÜŇ BANÝASY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň sapar aýynda Damaskyň häkimi Şemsilmülk ýewropalylardan Banýas şäherini aldy. Sebäbi ýewropalylar Şemsilmülki äsgermediler we aralaryndaky şertnamany bozmaga başlapdylar. Olar Beýrutda Damaskly täjirleriň mallaryny elinden aldylar. Täjirler Şemsilmülke arz etdiler. Ol alnan zatlaryň yzyna berilmegini isläp, habar ýollady. Emma olar boýun towladylar. Şemsilmülk goşun ýygnap, bu ýylyň aşyr aýynyň ahyrynda olaryň üstüne gitdi. Sapar aýynyň başynda olar bilen söweşe başlady.

Ol şäheriň diwaryny ýykyp-ýumrup, güýç bilen basyp aldy. Şäherdäki ýewropalylar gala gaçyp gitdiler. Şäherde köp sanly ýewropaly öldürildi we ençemesi hem ýesir alyndy. Mallary talandy. Galada gije-gündizläp aýylganç söweşdiler. Sapar aýynyň dördüne Şemsilmülk ol ýeri eýeledi, ýöne ilata aman berdi. Soň yzyna Damaska gaýtdy.

## MUSULMANLAR BILEN ÝEWROPALYLARYŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýylyň sapar aýynda Kudusyň häkimi bolan ýewropaly hökümdar Halaba we onuň töweregine ýöriş etdi. Onuň öňünden Halap naýyby emir Eswar çykdy. Onuň goşunyna türk-

menleriň hem köpüsi goşuldy. Olar Kinnesrinde söweşdiler. Iki tarapdan hem köp adam öldürildi. Musulmanlar ýeňildiler we Halap tarapa gaçdylar. Ýewropalylaryň hökümdary Halap tarapa gitmäge ikirjiňlendi. Eswar ýanyndaky esgerleri ýygnap, täzeden olaryň öňünden çykdy. Olardan bir topary bilen söweşdi. Olaryň köpüsini öldürdi we ençemesini ýesir aldy. Galanlary bolsa ýurtlaryna tarap gaçyp gitdiler. Bu çaknyşyk ýeňiş bilen gutardy. Eswar Halaba gelip girdi, onuň ýanynda ýesirler we söweşjeň serkerdeler bardy.

## SOLTAN MESUDYŇ SOLTANLYGA DÖNÜŞINIŇ WE MÄLIK TOGRULYŇ ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Öň soltan Mesudyň agasy soltan Sanjardan ýeňlendigini, Genje şäherine gaýdyp gelendigini, soltanlygyň Mälik Togrula geçendigini, Togrulyň onuň doganynyň ogly Mahmyt bilen söweşip, ony ýeňendigini we Bagdada girendigini aýdypdyk. Soltan Mesut Dawudyň ýeňlendigini eşidensoň, Bagdada tarap hereket etdi. Olar ýakynlaşanlarynda, Dawut onuň hyzmatynda boldy. Iki bolup, Bagdada girdiler.

Bu ýylyň sapar aýynda Mesut soltanlyk köşgünde düşledi. Onuň adyna hutba okaldy, Dawudyň hem adyna hutba okaldy. Halypa bularyň ikisine-de sylag-serpaý ýapdy. Olar halypanyň ýanyna girdiler we halypa olara hormat goýdy. Soň olar Genjä esger ibermeli boldular we halypa hem olara esger berdi.

Mesut we Dawut Maragany we Genjäniň beýleki şäherlerini eýeledi. Soň Erdebili gabadylar, ilatyň köpüsini gyryp, şäheri basyp aldylar.

Soň ol dogany Mälik Togrul bilen söweşmek üçin Hemedana gaýtdy. Muny eşiden Togrul olaryň öňünden çykdy we söweşe başladylar. Togrul ýeňlip, Reýe tarap gaýtdy. Soltan Me-

sut meret aýynda Hemedany eýeledi, Ahmedil Aksungur hem öldürildi. Ony bir batyny öldürdi.

Togrul ol ýerden Kuma ýetensoň, yzyna, Yspyhana dolandy. Ol ýerde gala girip, gizlenjek boldy. Mesut bolsa ony gabajak bolup, yzyndan galmady. Togrul ol ýerden Pars ýurduna gaýtdy. Mesut Yspyhany basyp aldy. Ol ýerden Togrulyň yzyndan Pars ýurduna gaýtdy. Togrul ol ýerden Reýe tarap ýola düşdi. Ýolda weziri Abylkasym Ensabazy öldürildi. Ony emir Şirgiriň guly öldürdi.

Soltan Mesut onuň yzyndan ýöräp ugrady. Zikrawar diýen ýerde garşylaşdylar we olaryň arasynda söweş başlandy. Söweş gyzyşansoň, Mälik Togrul derbi-dagyn edildi we esgerleriniň suwlary gutaryp, guýy gazyp başladylar. Onuň esgerleriniň köpüsi we birnäçe emirler ýesir alyndy. Ol emirleriň arasynda hajyp Tengir we Ibn Buga hem bardy.

Soltan Mesut olary boşadyp goýberdi. Bu söweşde diňe ýekeje kişi wepat boldy. Soltan Mesut hem Hemedana gaýdyp geldi.

Bu ýylyň baýram aýynda Damaskyň häkimi Şemsilmülk Ysmaýyl ibn Täjilmülk Hama şäherini we galasyny eýeledi.

## 528-NJI HIJRI ÝYLY
*(01.11.1133 — 21.10.1134 ý.)*

## ŞEMSILMÜLKÜŇ ŞAKYF-TEÝRUNY WE ÝEWROPA TOPRAKLARYNY TALAMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda Ysmaýyl Şemsilmülk Damaskdan Şakyf-Teýruna ýöriş etdi.

Şakyf-Teýrun Beýrut we Saýdanyň ýanyndaky belent daglygyň jülgesinde ýerleşýärdi. Jülgedäki bu galanyň häkimligi Zahhak ibn Jendeliň elindedi.

Zahhak ibn Jendel Ysmaýyl Şemsilmülk bilen bolan çaknyşygyndan soňra güýçden gaçdy. Ol goranmak üçin jülgäniň galasyna tarap gitdi. Ýewropalylar ýerli musulman taýpalary bilen birleşip, biri-birine arka durup goradylar. Muňa garamazdan, Şemsilmülk ýöriş eden ýylynyň aşyr aýynda galany basyp aldy.

Bu ýeriň basylyp alynmagy ýewropalylara gaty agyr degdi. Çünki Zahhak öň galanyň daş-töweregindäki goňşy obalaryň we şäherçeleriň içerki işine goşulmaýardy, hiç tarapdan zyýan bermeýärdi. Şemsilmülkden gorkusyna ýewropalylar öz goşunlaryny bir ýere jemläp başladylar. Leşgerlerini jemlänlerinden soň, Huran diýen şäherçä tarap rowana boldular we şol şäherçäniň mes ýerlerini weýran etdiler we köp talaň saldylar.

Şemsilmülk bularyň bir ýere jemlenişip, taýýarlyk görüp ýörenini eşidensoň, ol hem leşger jemläp, nyzamly hatarlary düzdi. Duşman goşunynyň golaýragyna baryp, garşysynda durdular. Şemsilmülküň goşunynyň bir bölegi türkmenlerden, galanlary bolsa beýleki milletlerden düzülipdi. Şeýle düzgün-nyzam bilen ýewropalylara garşy durup, hüjüme girdiler.

Iki tarapyň arasynda birnäçe günläp gazaply uruş boldy. Iki tarap köp ýitgilere sezewar boldy. Şemsilmülk ýewropalylaryň garşysyna urşup duran goşunynyň bir bölegini taşlap, birnäçe leşgerini alyp, başga bir tarapa gitdi. Ýewropalylaryň goşuny bu ýagdaýdan bihabar galypdy.

Şemsilmülk goňşy şäherler bolan Tabaryýa, Nasyra we Akka tarap ýöriş etdi. Şäherçeleri we galalary ýakyp, ýandyryp, külüni göge sowurdy. Erkek adamlarynyň köpüsini gyryp, aýal-ebtat, çaga-çugalary ýesir-gyrnak aldylar. Şeýle-de göze görnüp duran ähli zatlary olja aldylar. Bu wakalaryň habary ýewropalylara baryp ýetende, olar howsala düşdüler. Olar aljyrap, bitakat bolup, ogul atasyny, atasy ogluny tanaman, talaň salnan ýerlere tarap ugradylar.

Emma Şemsilmülk ýewropalylaryň gelýän ýolundan däl-de, başga bir ýol bilen öz leşgergähine sag-salamat gelip gowuşdy. Ýewropalylar öz şäherçelerine gelip ýetdiler, görseler, şäherleri weýran edilip, gyrgynçylyk köp bolupdyr. Olar güýç-gurbatdan gaçyp, çar tarapa pytradylar.

Ýaraşyk gazanmak üçin bir adamy ilçi hökmünde Şemsilmülküň ýanyna iberipdirler. Bu hadysa şol ýylyň boş aýynda bolup geçipdi.

## MÄLIK TOGRULYŇ JEBELE GAÝDYP GELMEGINIŇ WE MÄLIK MESUDYŇ ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Mälik Togrul ibn Muhammet ibn Mälik şa Jebel sebitiniň ähli ýerine häkim boldy we dogany soltan Mesudy ol ýerden çetleşdirdi. Onuň sebäbi şeýledi:

Mesut dogany bilen bolan söweşden gaýdyp gelensoň, dogany soltan Mahmydyň ogly Mälik Dawudyň Genjede gozgalaň turzandygyny eşitdi we onuň üstüne ýöriş edip, ony Ruindiz galasyna gabady. Dawut bu galada goranýardy. Mesut ony gabaýarka, Mälik Togrul goşun toplady. Şol mahal soltan Mesudyň golastyndaky käbir emirler Mälik Togrulyň tarapyna geçdiler. Mälik Togrul şäherleri ele geçirmegi dowam etdi. Ep-esli esger ýygnady we Mälik Mesudyň üstüne ýöriş etdi. Ol Kazwyna ýakynlaşanda, Mesut hem onuň üstüne çozdy. Iki tarapyň esgerleri biri-birlerini görensoňlar, Togrulyň öz tarapyna çeken emirleri Mesutdan aýryldylar. Şeýdip, Mesut az sanly esger bilen galdy we oraza aýynyň soňlarynda ýeňlip, derbi-dagyn bolup gaçdy. Ol halypa Müsterşit Billä habar ýollap, Bagdada gitmek isleýändigini aýtdy. Halypa oňa rugsat berdi. Mälik Mesudyň Yspyhandaky naýyby Alpguş Sylahydy. Mälik Seljuk şa hem onuň ýanyndady. Mesudyň ýeňlendigini eşidip, ol hem Bagdada gitdi. Seljuk şa soltanyň köşgünde düşledi. Halypa ony gowy garşylady. Hormat-sylag etdi. Oňa on müň  dinar iberdi.

Soň Mesut hem Bagdada gitdi. Onuň adamlarynyň köpüsi münmäge at tapmansoň, düýelere münüpdiler. Ýolda kynçylyklara duçar boldy. Halypa hem oňa at, çadyr, gerek zatlary we lybaslary iberdi. Mesut baýram aýynyň on bäşine Bagdatdaky soltanlyk köşgüne girdi. Togrul bolsa Hemedanda galdy.

## ATABEG ZEŇŇINIŇ AMYDY GABAMAGYNYŇ, DAWUT BILEN ARASYNDA BOLAN SÖWEŞIŇ WE ZEŇŇINIŇ SUR GALASYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Mosulyň häkimi atabeg Zeňňi bilen Mardiniň häkimi Demirdaş bileleşip, Amydyň üstüne ýöriş etdiler we şäheri gabadylar. Amydyň häkimi Hysny Keýfanyň häkimi Dawut bilen Sökmen ibn Artyga habar iberip, kömek sorady. Dawut ibn Sökmen ýygnap bilen esgerini ýygnap, atabeg Zeňňi bilen Demirdaşy ol ýerden kowmak üçin Amyda tarap ugratdy. Iki goşun Amydyň eteginde duşuşdylar we dört tirkeşigiň dördünji aýynda söweşe girişdiler. Dawut ýeňildi we yza tarap gaçdy. Şonda köp esgeri öldürildi. Zeňňi bilen Demirdaş Amydyň eteginde durup, şäheri gabadylar. Agaçlary kesdiler, şähere zyýan ýetirdiler, emma hiç hili netije gazanyp bilmän, yza gaýtdylar. Zeňňi soň Sur galasyna tarap hereket etdi we Diýarbekir sebitinde bolan bu galany gabady. Rejep aýynda galany eýeledi. Bu söweşe Zyýaeddin Abu Sagyt ibn Kefertugny hem Zeňňiniň tarapynda gatnaşypdy. Zeňňi ony wezir belledi.

## ZEŇŇINIŇ HAMYDYÝELI KÜRTLERIŇ GALALARYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Ymadeddin Zeňňi hamydyýeli kürtleriň Akr, Şuş we beýleki galalaryny golastyna geçirdi.

Mosulyň basylyp alynmagy bilen ol şäheriň emiri edip, Isa Hamydyýe diýen bir adamy belledi. Müsterşit hem Mosuly gabanda, Isa birnäçe kürt leşgerleri bilen Müsterşidiň ýanyna gelip, ýardam sorap, onuň tarapyna geçipdi. Şeýdip Isa ýene öňki ýerinde galdy. Müsterşit Mosuldan çykyp giden badyna Zeňňiniň emri bilen Mosul galasyny gabady. Bu gabaw örän köp güne çekip, uly gyrgynçylyk bilen gutardy.

Bu ýyl Mosulyň doly eýelenmegi goňşylykda ýaşaýan kowumlara, tire-taýpalara rahatlyk we dynçlyk getirdi. Sebäbi kürtler hemişe daş-töwereklerindäki tire-taýpalara talaň salyp, mallaryny alyp, azar berip ýörýärdiler.

## HAKKARY WE KEWÄŞI GALALARYNYŇ EÝELENMEGINIŇ BEÝANY

Atabeg Zeňňiniň Hamydyýe galalaryny eýelemegi barada kürt danalarynyň aýtmaklaryna görä, atabeg Zeňňi käbir galalary basyp alyp, kürtleri kowup çykypdyr. Eşep, Jezire, Nuşy galalarynyň häkimi bolan Abu Heýja ibn Abdylla gorkup, ylalaşyk sözüni almak üçin bir ilçini köp mal-mülk bilen atabeg Zeňňiniň dergähine ugradypdy.

Gelen ilçi Mosulda atabeg Zeňňiniň ýanynda birnäçe gün bolanyndan soň ýogaldy. Ony Temiş Tuba diýen obanyň gonamçylygynda jaýladylar.

Atabeg Zeňňi Mosuldan çykyp, Eşep galasyna gaýtdy. Şol bada Abylheýja atabeg Zeňňi gelse, galalarymyzy basyp alar diýen gorky bilen ogly Ahmedi ony garşy almaga ugradyp, Nuşy galasyny atabeg Zeňňä peşgeş berýändigini habar berdi.

Abylheýja ogly Ahmedi Eşep galasyndan ugradanyndan soň, Baw Urjy diýen bir kürti özüne naýyp edip belledi. Şondan kän wagt geçmän, Abylheýja ýogaldy. Ogly Ahmet bu habary eşidip, Nuşy galasyndan Eşep galasyna häkim bolmak

üçin gaýtdy. Baw Urjy Ahmede häkimligi bermän, hökümdarlygy kiçi dogany Aly üçin saklaýandygyny aýtdy.

Atabeg Zeňňi goşun jemläp, Eşebe ýöriş edip, galany basyp aldy. Basyp almagynyň sebäbi galanyň içindäki adamlar atabeg Zeňňiniň gelýändigini eşidip, hemmesi uruşmak üçin öňünden çykdylar.

Atabeg Zeňňi bularyň galadan çykyp gaýdanyny gördi. Olaryň hemmesi galadan çykyp, özlerine golaýlan wagty oýlanyşykly hüjüm etdi we eşeplileriň köpüsini ýesir alyp, galanyny hem gylyçdan geçirdi. Derrew galany eýeledi. Kürtleriň emeldarlarynyň hemmesi jezalandyrylyp öldürildi. Zeňňi öz naýyby Nasyreddin Çakyr diýen adama yzyndaky diri galanlary öldürmegi tabşyryp, özi Mosula gaýtdy. Kuheýje, Nuşy, Ymadiýe taýpalarynyň Jellap atly galasyny eýeledi. Atabeg Zeňňi Mähranyýe taýpasynyň Feryh, Nuşy, Zagpyran, Elki, Nir hem-de Şagbany atly galalaryna goşun iberdi. Goşun ol galalary basyp aldy. Kürtleriň içinde men diýip kellesini galdyryp biljek taýpa galmady. Töwerekdäki etraplaryň tire-taýpalary kürtleriň azap bermeginden dynyp, asuda ýaşamaga başladylar. Ymadyýe taýpasynyň galasynyň häkimi Garaja kürtleriň Hakkary taýpasynyň Zeňňiniň basyp almadyk Jellisur, Herur, Melasi, Mäberema, Babuna, Bakiz, Nisbäs galalaryny Zeňňiniň ölüminden köp wagt geçenden soň, basyp alnypdyr diýen maglumatlar hem bar.

## 529-NJY HIJRI ÝYLY
*(22.10.1134 — 10.10.1135 ý.)*

## MÄLIK TOGRULYŇ ÖLÜMINIŇ WE MESUDYŇ JEBELE HÄKIM BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Mesudyň dogany Mälik Togruldan ýeňlendigini we Bagdada gidendigini ýokarda aýdypdyk. Soltan Mesut Bagda-

da baransoň, halypa ony gowy garşy alyp, gerek zatlaryny tapyp berdi. Soň oňa Hemedana gitmegini we esger ýygnap dogany Togrula garşy soltanlyk we häkimiýet ugrunda göreşmegini emr etdi. Mesut bolsa wada berýärdi we wagt utýardy. Halypa ony herekete geçirmek üçin höweslendirýärdi, hatda özüniň hem ýörişe gitjekdigini aýdýardy. Soň halypa oňa çadyrlaryny halypalyk köşgüniň öňünde gurmagyny emr etdi.

Emir Alpguş Sylahy we başga emirler hem halypa goşulmak we onuň hyzmatynda durmak islediler. Halypa olary hyzmata aldy we olar bilen ylalaşdy. Şol mahal bir adam tutuldy we onuň ýanyndan Togrulyň bu emirlere ýazan haty çykdy. Togrul hatynda olara yktalar wada berýärdi. Halypa haty görüp emirlerden Agal begi tussag etdi we emläklerini talady. Beýleki emirler muny görüp gorkup, soltan Mesudyň ýanyna gaçdylar. Halypa soltana habar iberip, olaryň yzyna berilmegini talap etdi. Ýöne Mesut muny kabul etmedi we öz taraplaryny öňe sürdi. Halypanyň bu ýagdaý göwnüne ýaramady we aralarynda düşünişmezlik ýüze çykdy. Halypa onuň bilen bilelikde gitmejekdigini aýtdy. Mesut oňa özi bilen bile gitmelidigini duýdurdy. Şol mahal dogany Togrulyň ýogalandygynyň habary geldi. Togrul bu ýylyň aşyr aýynda ýogaldy.

Mesut bu habary eşiden dessine Hemedana tarap ýola düşdi. Ähli esgerleri hem ýanyna aldy. Anuşirwan ibn Halydy wezir belledi. Anuşirwan maşgala agzalary bilen bilelikde soltanyň ýanyndady. Mesut Hemedany eýeledi, halk oňa tabyn boldy.

## ŞEMSILMÜLKÜŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ WE DOGANYNYŇ HÖKÜMDAR BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynyň on dördüne Damaskyň häkimi Şemsilmülk Ysmaýyl ibn Täjilmülk Böri ibn Tugtegin öldürildi. Onuň öldürilmeginiň sebäbi alyp barýan

ýolunyň ýaramaz bolup, ilata her ýeten emeldaryň zulum etmegidi. Adamlardan, şol sanda daýhanlardan zor bilen zatlaryny alýardy. Talaň salmak üçin her hili jeza bermeden gaýtmaýardy. Adamkärçiligi pesdi we göripdi. Şunuň ýaly pes we ýaramaz häsiýetiniň bolandygy sebäpli ony kowum-garyndaşlary we raýatlar halamaýardylar. Şemsilmülk Damask şäherini çalt eýelemek üçin Ymadeddin Zeňňä hat ýazypdy.

Ol şäheri mal-mülkden boşadyp, hemme zatlary Sarhada çekdi. Şemsilmülk Zeňňiniň ýanyna: «Eger sen howlukmasaň, onda ýewropalylara tabşyraryn» diýen sözler bilen ikinji gezek ilçi iberdi. Zeňňi bu habary eşidip, Damaska tarap ýöriş etdi.

Damasklylar Zeňňiniň ýörişini bildiler. Şemsilmülküň atasy, kakasy we dost-ýarlary gaharlanyp, näme etjegini bilmän, bikarar boldular. Bu wakany onuň ejesine ýetirdiler, ol hem öz oglundan geçdi we olara oglundan dynjagyna wada berdi.

Şondan soň ejesi Şemsilmülküň hyzmatçy gullarynyň ýok wagtyna garaşyp gezdi. Ahyr şeýle pursada gabat gelip, öz hyzmatkärlerini iberip, ogluny öldürtdi: «Goý, ony hemmeler görsün» diýip, köçä taşlatdy. Şemsilmülküň ölendigini dost-ýarlary görüp: «Uly şerden dyndyk» diýip begendiler.

Şemsimülküň doglan ýyly 506-njy ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynyň ýedisine gabat gelýär.

Şemsilmülk öldürilensoň, ýerine dogany Şyhabeddin Mahmyt ibn Täjilmülk Böri geçdi. Ilat oňa tabyn boldy we ol Damask atabegliginiň tagtynda oturdy.

## ATABEG ZEŇŇINIŇ DAMASKY GABAMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynyň birine atabeg Zeňňi Damasky gabady. Gabamagynyň sebäbini öň aýdyp geçipdik. Zeňňi gelmezden öň, Şemsilmülk öldürilipdi, Zeňňi Fy-

rat derýasyndan geçip, ilçisini ugratdy. Boýun bolmaklygy düzgünleşdirmek üçin, ilçiler baryp gördüler. Olara hiç hili zat edilmedi. Ýagşy sylag-hormat edip, ýagşy sözler bilen yzyna ugratdylar.

Zeňňi öz ilçilerinden habaryny alanyndan soň, Şemsilmülkyň ölendigine we häkimiýetiň hem-de güýjüň Şyhabeddiniň elindedigine göz ýetirdi. Zeňňi bu habara üns bermän, Damaska tarap ýöriş etdi. Töwerekdäki obalaryň adamlary gyssagly Damaska baryp uruşmak üçin taýýarlandylar. Zeňňi ilki bilen demirgazyk tarapdan başlap, soňra gabawyň köpräk ýerine tarap süýşdi. Aralarynda aýylganç söweş başlandy.

Zeňňi olaryň uly güýç bilen, ägirt batyrlyk bilen bir adam ýaly bolup uruşýandyklaryny gördi. Onuň atasy Tugteginiň guly Mugyneddin Iner şu söweşde has erjellik görkezip, at gazandy. Mugyneddiniň uruş tälimlerini, ýollaryny gowy bilýänligi şu söweşde doly ýüze çykdy.

Zeňňiniň Damasky gabap duran wagty halypa Müsterşit Billäniň Jeziret ibn Omar ýarym adasyndan bolan ilçisi Abu Bekr ibn Beşer gelip, Zeňňiniň wezipesinden boşadylandygyny, onuň ýerine Zeňňiniň ýanyndaky Alp Arslan Mahmydyň bellenendigini, onuň hem Damaskyň häkimi bilen ýaraşyk baglaşmalydygyny habar berdi. Şol ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynyň dolmagyna iki gün galanda, Zeňňi yzyna gaýtdy.

## HALYPA MÜSTERŞIT BILLÄNIŇ SOLTAN MESUT BILEN SÖWEŞMÄGE GITMEGINIŇ WE ÝEŇLIP YZYNA GAÝDYP GELMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň oraza aýynda halypa Müsterşit Billä bilen soltan Mesudyň arasynda söweş bolup geçdi. Onuň sebäbi şeýledi: soltan Mesut dogany Togrulyň ölüminden soň, Bagdatdan Hemedana gidip, ol ýeri eýelänsoň, emirleriň bir topary ondan aý-

ryldylar. Olaryň arasynda Ýaranguş, Bazdar, Gyzyl Ahyr, Hemedanyň häkimi Sungur ibn Humartegiň, Abdyrahman ibn Togaýürek we beýleki emirler bardy. Bular soltandan gorkandyklary üçin ýanlaryna köp sanly esger alyp, ondan aýryldylar. Olara Dubeýs ibn Sadaka hem goşuldy. Olar halypa habar ýollap, hyzmatyna girmek islediler we aman dilediler. Halypa: «Bu hiledir, sebäbi olaryň arasynda Dubeýs bar» diýip olara ynanmadylar. Emirler hem Huzystana gidip, Porsuk ogly Porsuk bilen ylalaşdylar. Şundan soň halypa hem Sedideddöwläni ilçi hökmünde emirleriň üstüne iberip, olaryň öz ýanyna gelmelidikleri hakynda hat ýazdy.

Ýaňky emirler Dubeýsi tutup, halypa alyp gitmekçi boldular. Dubeýs muny eşidip, soltan Mesudyň ýanyna gaçdy. Emirler rejep aýynda Bagdada bardylar. Halypa olara gowy garşy aldy we olara halat-serpaý ýapyp, sowgat iberdi. Bagdatda soltan Mesudyň adyna hutba okamak ýatyryldy. Halypa rejep aýynyň ýigrimisine Mesut bilen söweşmek üçin herekete başlady. Şol mahal Basranyň häkimi halypa garşy baş göterdi we Basra gaçdy. Halypa oňa ilçi iberip, günäsini geçjekdigine wada berse-de, ol razy bolmady.

Soltan Mesut bu habary eşidip, çaltlyk bilen olaryň üstüne ýöriş etdi. Oraza aýynyň onuna Daýy-Merçde olaryň üstüne çozdy. Halypanyň çep ganatynyň goşuny gizlinlikde soltan Mesudyň tarapyna göçdi. Halypanyň sag ganat goşuny bilen soltanyň çep ganat goşunynyň arasynda kiçeňräk söweş boldy. Soltanyň esgerleri halypanyň daş-töweregini gabadylar. Esgerler derbi-dagyn bolupdy. Halypa bilen birnäçe adam: wezir Şerefeddin ibn Tarrat Zeýnebi, kazylar kazysy, hazynadary, Ibn Talha, Ibn Anbary, hutbaçylary, fykh alymlary we beýlekiler ýesir alypdy. Halypa bir çadyrda tussag edildi we ähli zady oljalandy. Wezir, kazylar kazysy Ibn Anbary, hazynadar we beý-

leki emirler Serjahan galasyna alnyp gidildi. Galanlaryny bolsa satdylar. Bu söweşde ýekeje adam hem öldürilmedi.

Soltan Hemedana gaýdyp geldi: «Bagdatlylardan kim biziň yzymyza düşse, ony öldüreris» diýip, jar çekdirdi. Bagdatlylar örän gynançly ýagdaýda yza gaýtdylar. Olar ýola beletdiler, emma ulaglary ýokdy. Soltan Mesut soltan Mahmydyň emirlerinden bolan Beg Abany Bagdada şihne belledi. Beg Aba ýanyndaky hyzmatkärleri bilen oraza aýynyň iň soňky güni Bagdada bardy, halypanyň ähli emlägini aldy.

## HALYPA MÜSTERŞIT BILLÄNIŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ WE REŞIT BILLÄNIŇ HALYPA BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Ýokarda aýdylyşy ýaly, halypa Müsterşit Billä Abylapbas Ahmet tutulansoň, soltan Mesut ony bir çadyrda tussaglykda saklady. Onuň daşynda gözegçileri goýdy, oňa edilmeli hyzmatlary hem ýerine ýetirdi. Öz aralarynda ylalaşyk gazanmak ýolyny, halypanyň pul tölemegi, mundan beýläk esger ýygnamazlygy we köşgüň daşyna çykmazlygy ýaly şertleri ylalaşmak üçin ilçiler ikarada gatnady. Soltan bu şertleri kabul etdi. Halypa ata mündürildi. Halypa Bagdada gitjek bolup durka, soltan Sanjaryň ilçisi emir Kuran han hökmünde geldi. Şonuň üçin halypa Müsterşidi ýola salmak soňa goýuldy. Soltan Mesut ilçini garşy almaga çykypdy. Halypany goraýan goragçylaryň biri hem onuň ýanyndan gaýdypdy. Halypanyň çadyry goşun duşlegden aýry ýerdedi. Şol mahal ýigrimi dört sany batyny halypanyň üstüne hüjüm edip, ony öldürdiler. Onuň ýigrimi ýerinden ýaraladylar, burnuny we gulaklaryny kesip, çuw-ýalaňaç ýagdaýda goýdular. Halypa boş aýynyň on ýedisine sogap güni Maraganyň eteginde öldürildi.

Müsterşit öldürilensoň, halypa hökmünde ogly Abu Japar Mansury ykrar etdiler we ony halypa saýlap, «Raşyt Billä» di-

ýen ady berdiler. Müsterşit dirikä, ogluny mirasdüşer şazada yglan edipdi.

## SOLTAN SANJARYŇ GAZNA GITMEGINIŇ WE ONDAN DOLANMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Sanjar 529-njy ýylyň boş aýynda Horasandan Gazna ýöriş etdi. Munuň sebäbi, Gaznanyň häkimi bolan Bähram şanyň soltan Sanjara boýun bolmazlygy we raýatlara zulum edip, olaryň emläklerini zorluk bilen alýanlygy baradaky habarlaryň gelip ýetmegidi. Soltan Sanjar bu habary eşidip, bikarar boldy we Gaznany basyp almak ýa-da ýaraşyk baglaşmak üçin ýola düşdi.

Soltan Sanjaryň ýöriş eden wagty gyşyň aýazly günlerine gabat geldi, gar kän ýagyp, adamlara azyklaryny we haýwanlara iýmlerini tapmak kyn boldy. Esgerler soltan Sanjaryň ýanyna gelip, şikaýat etdiler we hemme zatlaryň kyndygyny bolşy-bolşy ýaly edip düşündirdiler. Emma soltan Sanjardan: «Diňe öňe gitmeli» diýen sözden başga jogap almadylar.

Sanjar Gazna golaýlap ugranda, Gaznanyň hökümdary Bähram şa öz günäsini geçmegini haýyş edip, bir ilçini soltan Sanjaryň ýanyna ugratdy. Soltan Sanjar ilçiniň habary aldy. Onuň ýurduny dolandyranda, soltan Sanjara boýun bolmaga razy bolsa, günäsiniň geçiljekdigini aýdyp, emirleriniň içinde ulusy bolan Hadym Mukarrep Jöwheri ilçi edip ugratdy. Ilçi Bähram şanyň huzuryna baryp, soltan Sanjaryň jogabyny aýtdy. Bähram şa özüniň düzgünden çykmajakdygyna hem-de salgyt töläp, soltan Sanjaryň ýanyna barjakdygyny aýtdy. Jöwher Bähram şa bilen yzyna dolanyp gaýtdylar.

Jöwher ondan öňürti gaýtdy. Ol: «Ol ertir ir bilen seniň dergähiňde bolar» diýip, Bähram şanyň gelýändigini soltan Sanjara habar berdi.

Soltan Sanjar hem öz emirlerini we goşunyny alyp, ony garşy almak üçin ýola çykdy. Bähram şa daşdan soltan Sanjaryň köplük bolup gelýänine gözi düşüp: «Ol meni tutup, ýurdy basyp aljakdyr» diýen pikir bilen, gorkup yzyna öwrülip gaçdy. Emirleri hem goşuny onuň yzyna düşdi. Olar şol gaçyşyna Gaznada hem saklanman, başga tarapa ýüz urup, gaçyp gitdiler.

Soltan Sanjar Gazna ýöriş edip, oňa girip, hemme ýerini eýeledi. Ol Bähram şanyň bu eden işi üçin oňa: «Men seniň ýurduňy tama edip gelemok. Men ýagşylyk eden adamlara ýamanlyk edýän adamlardan däl. Men basyp almak üçin däl-de, seniň bilen ýaraşyk hem düşünişmek üçin gelipdim» diýen mazmunly haty ýazyp iberdi. Bähram şa-da soltan Sanjardan ötünç sorap, jogap hatyny ýazdy. Ol hatynda şeýle diýdi: «Meniň gorkym seniň dergähiňe barmakdan gaýtardy. Siz kimin haýbatly soltandan heý gorkulmazmy? Ýene ýagşylyk bilen yzyma dolanmagyma rugsat bermegiňizi haýyş edýärin».

Soltan Sanjar ýagşylyk edip, Bähram şany ýene-de Gaznanyň hökümdary edip belledi. Bähram şa şeýdip öňki ýerine geldi. Soltan Sanjar bolsa ýurduna dolandy we 530-njy ýylyň sapar aýynda Balha bardy.

Gazna hökümdarlygy ýene-de Bähram şa berildi. Bähram şa hökümdar hökmünde Gazna gaýdyp geldi.

## 530-NJY HIJRI ÝYLY
*(11.10.1135 — 28.09.1136 ý.)*

## HALYPA REŞIT BILLÄ BILEN SOLTAN MESUDYŇ GOŞUNLARYNYŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda Ýaranguş Zekewi soltan Mesudyň ýanyndan halypanyň ýanyna geldi we Müsterşit Billäniň töle-

meli dört ýüz müň dinaryny yalap etdi. Halypa özüniň hiç hili pulunyň ýokdugyny, ähli pullaryň Müsterşit Billäniň ýanyndadygyny, öňki söweş mahaly talanandygyny aýtdy. Halypa Reşit Ýaranguşyň halypalyk köşgüne hüjüm edip, puly almak üçin köşgüň içini dökjek bolýandygyny eşitdi. Köşgüň içine girilmegine garşy durmak üçin goşun ýygnady we Gyç Abany esgerleriň baştutanlygyna belledi.

Ýaranguş muny eşidip, Bagdat şihnesi Beg Aba bilen ylalaşdy. Beg Aba soltanyň emiridi. Ikisi anna güni halypalyk köşgüne çozmaga niýetlendiler. Reşit Billä muny eşidip, olara garşy durmak üçin işe girişdi. Muhammet ibn Aker bilen bilelikde bäş müň atly bolup ýola çykdy. Halypanyň Gyç Aba serkerdeligindäki goşuny olary garşy aldy we aralarynda söweş başlandy. Ilat söweşde soltanyň esgerlerine garşy bolup, halypanyň esgerlerine kömek etdi. Olary soltanyň köşgüne tarap gysyp çykardy. Soltanyň goşuny hem gije düşensoň, Horasan ýoluna gitdi. Beg Aba hem Wasyta çekildi. Ýaranguş hem Bendenişine gaýtdy. Bagdadyň ilaty soltanyň köşgüni talady.

## TÖWEREKDÄKI ŞÄHERLERIŇ HÄKIMLERINIŇ WE EMIRLERINIŇ MESUDA GARŞY SÖWEŞMEK ÜÇIN BAGDADA ÝYGNANYŞMAKLARYNYŇ WE SOLTANA GARŞY ÇYKMAKLARYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl köp sanly emirler we häkimler soltan Mesuda garşy gozgalaň etmek üçin ýygnandy. Mälik Dawut ibn soltan Mahmyt hem muny eşidip, Genje esgerleri bilen bilelikde Bagdada tarap hereket etdi we sapar aýynyň dördüne Bagdada baryp, soltanlyk köşgünde düşledi. Onuň yz ýany bilen atabeg Ymadeddin Zeňňi Mosuldan geldi. Soň Kazwynyň häkimi Ýaranguş Bazdar, Yspyhanyň häkimi Alpguş Kebir we Hilläniň häkimi Sadaka ibn Dubeýs dagylar geldiler. Sadakanyň ýanynda

onuň işlerini ýöredýän we çagalygyndan bar bolan kemçiliklerini dep edýän Anter ibn Abylesger Jawany hem bardy. Şeýle hem gelip emirleriň arasynda Porsuk ogly we Ibn Ahmedil bardy. Bagdat esgerleriniň arasyndan Gyç Aba Toruntaý we beýleki käbir emirler olary garşylamaga çykdylar. Mälik Dawut Bagdat şihneligine Ýaranguş Bazdary belledi. Halypa Reşit Billä ussatdar bolan Nasyheddöwle Abu Abdylla Hasan ibn Juheýri tussag etdi. Ýogsam Reşidiň halypa bolmagyna ol sebäp bolupdy.

Şol mahal soltan Mesudyň ilçileri gelip, soltanyň halypa tabyn we boýun bolandygyny habar berdiler. Halypanyň ýanyndaky ýygnananlara haýbat atdylar. Halypa bu haty olara görkezdi, olaryň hemmesi soltan bilen bilelikde söweşmäge isleg bildirdiler. Halypa hem: «Men bu meselede siziň bilen bile» diýdi.

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynyň ýigrimi ikisine Damaskyň häkimi Şyhabeddin Mahmyt Humus şäherini we galasyny eýeledi.

Zeňňiniň Halap we Hamadaky esgerleri Humusyň ellerinden gidendigini görüp, Humus şäherini talamaga başladylar we birnäçe ýeri eýelediler, aralarynda birnäçe gezek çaknyşma boldy. Şyhabeddin Zeňňi bu mesele bilen baglanyşykly ilçi iberdi we soňunda ylalaşyk gazanyldy. Iki tarap hem biri-birleriniň üstüne çozmakdan el çekdiler.

## ATABEGIŇ ESGERLERINIŇ HAÇLYLARYŇ GOLASTYNDAKY ŞÄHERLERE EDEN GAZAWATLARYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynda Halabyň we Hamanyň häkimi atabeg Zeňňiniň esgerleri atabegiň Halapdaky naýyby emir Sawaryň serkerdeliginde ýygnanyşdylar. Sawar haçlylaryň garaşma-

dyk, gapyl mahallarynda topraklaryna ýöriş etdi we Lazykyýa töweregindäki ýerlere eýe bolmak üçin öňe süýşdi. Ilat hem ol ýerden gaçyp ýetişmedi we hiç hili çäre görüp bilmedi. Şeýdip sansyz-sajaksyz olja eýe boldular, ilatyň köpsanlysyny gyryp, ençemesini ýesir aldylar. Munuň özi henize çenli haçlylaryň şäherlerinde edilmedik işdi.

Ýesirleriň sany erkek göbekliler, aýal-ebtat, çaga-çugalar bilen bilelikde ýedi müň adamdy. Şeýle-de ýüz müň baş goýun, sygyr, eşek, gatyr we gysrak olja alyndy. Bulardan başga-da sanap bolmajak derejede köp mata, altyn, kümüş, göwher we bezeg zatlary ele salyndy. Lazykyýa we daş-töweregini ýykyp-ýumurdylar. Örän az kişi halas boldy. Zeňňiniň goşuny rejep aýynyň on bäşine uly oljalar bilen sag-salamat Şeýzere gaýdyp geldi.

## SOLTAN MESUDYŇ YRAGA BARMAGYNYŇ, HÄKIMLERIŇ WE EMIRLERIŇ DAGAMAGYNYŇ, REŞIT BILLÄNIŇ MOSULA GITMEGINIŇ WE BOŞADYLMAGYNYŇ BEÝANY

Soltan Mesut emirleriň we häkimleriň özüne baş götermek üçin Bagdatda ýygnanjakdyklaryny we hutbanyň dogany soltan Mahmydyň ogly Mälik Dawudyň adyna okalýandygyny eşidip, dessine goşun toplap, Bagdada tarap hereket etdi we mälikiýe diýen ýerde düşledi. Esgerleriň bir bölegi Mälik Dawudyň goşunynyň ýanyna bardylar, käbir emirleri ondan aýryldyrdylar. Bularyň arasynda atabeg Zeňňiniň emirlerinden Zeýneddin Aly hem bardy. Bu goşun soň yzyna gaýdyp geldi. Soltan Bagdadyň etegine baryp düşledi we şäheri gabady. Ähli esgerler şäheriň içindediler.

Garakçylar Bagdadyň içinde we beýleki mähellerinde aýaga galyp, şäheri talap başladylar, ilaty gyrgyna berdiler. Hatda ata-

beg Zeňňiniň Bagdada hat getiren bir ilçisini öldürdiler. Şol ýerdäki bir topar ynsan atabeg Zeňňiniň ýanyna gelip, Bagdadyň günbatar tarapyna çozmagy maslahat berdiler. Ol ýerde diňe garakçylar we çapawulçylar bardy. Ýöne Zeňňi muny kabul etmedi.

Ymaddedin Zeňňi şäheriň günbatar tarapyndady. Halypa Reşit Billä onuň ýanyna geçdi we onuň bilen bilelikde Mosula gaýtdy. Onuň ýanynda az sanly adam bardy. Soltan Mesut Zeňňi bilen halypanyň Bagdatdan çykyp gidendigini eşidip, Bagdada girdi. Esgerlerine ilata degmezligi we mallaryny talamazlygy tabşyrdy. Soltan boş aýynyň on bäşine Bagdada gelipdi.

Soltan soň halypa Reşit Billäniň halypalykdan boşadylmagyny we onuň ýerine mynasyp birini bellemegi emr etdi. Reşit Billäniň agasy Muktefi Liemrillä onuň ýerine halypa saýlandy.

## 531-NJI HIJRI ÝYLY
*(29.09.1136 — 18.09.1137 ý.)*

## ESGERLERIŇ SOLTAN MESUDYŇ ÝANYNDAN GITMEKLERINIŇ BEÝANY

Soltan Mesut bu ýylyň aşyr aýynda Reşit Billäniň Zeňňiniň ýanyndan Mosuldan gidendigini eşidip, Bagdadyň töweregindäki esgerlerine ülkelerine gitmäge rugsat berdi. Sebäbi ol Reşit Billäniň üstüne çozup, Bagdadyň eýelemeginden heder edýärdi. Şonuň üçin esgerlerini saklaýardy. Hilläniň häkimi emir Sadaka ibn Dubeýse hem gyzyny durmuşa çykardy. Maksady ony ýanynda saklamakdy.

Şol mahal Mälik Dawudyň hatarynda bolan we soltan Mesuda garşy söweşde Alpguş Sylahy, Tusteriň häkimi Porsuk ogly Porsuk we Hemedan şihnesi Sungur Humarteginiň hem aralarynda bolan birnäçe emir soltan Mesudyň ýanyna geldiler.

Soltan olary bagyşlady we olara aman berdi. Alpguşy Bagdat şihnesi edip belledi. Alpguş ilata zulum we jebir-jepa berdi.

Töwerekdäki esgerler gideninden soň, soltan Mesudyň ýanynda müň atly galdy. Rejep aýynda halypa soltan Mesudyň aýal dogany Patma Hatyja öýlendi. Onuň galyň ýüz müň dinar boldy.

## ZEŇŇINIŇ HUMUS ŞÄHERINI GABAMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynda atabeg Zeňňi Humus şäherine tarap hereket etdi we ýanyndaky iň uly emir Salaheddin Muhammet Ýagysyýany öňe saldy. Salaheddin mekir we hüşgär ýigitdi. Atabeg ony şäherdäkiler bilen ylalaşyp, ol ýeri eýelemegi üçin iberipdi. Salaheddin ol ýere bardy. Şäheriň häkimi Mugyneddin Iner atly bir adamdy. Mugyneddin hem Damaskdaky uly emirleriň biridi we Humus onuň ykta ýerlerine degişlidi. Şonuň üçin Salaheddiniň mekirligi oňa täsir etmedi. Salaheddin Inere birnäçe gezek habar ýollap, kämahal wada berip, kämahal hem haýbat atyp, şäheri almakçy boldy. Ýöne Iner bu ýeriň eýesiniň Şyhabeddindigini we onuň ýeridigini, güýç bilen alaýmasa, öz ygtyýaryna bermejekdigini aýtdy. Zeňňi hem baýram aýynyň ýigrimisine çenli ol ýerde bolup, hiç zat edip bilmän, Barin galasyny eýelemek üçin ol ýere gidip, Barini gabady.

Bu ýylyň baýram aýynda Zeňňi Mosuldan Siriýa gitdi we Hamanyň ýakynlaryndaky Barin galasyny eýeledi we haçlylary derbi-dagyn etdi.

## 532-NJI HIJRI ÝYLY

*(19.09.1137 — 07.09.1138 ý.)*

## ATABEG ZEŇŇINIŇ HUMUSA WE DAMASKA DEGIŞLI KÄBIR ÝERLERI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda atabeg Zeňňi Hama baryp, şol ýerden Baalbege tarap ýöriş edip, Mejdel galasyny basyp aldy. Bu gala Damask şäheriniň häkiminiňkidi. Häkim şol wagt Banis galasynyň häkimi Zeňňi bilen hat alşyp, oňa boýun sunjakdygy hakda habar berdi. Zeňňi Humusa tarap ýöriş etdi. Ol Humusy gabady we söweşe başlady. Söweş köp wagt dowam etdi.

Rum hökümdary Halaba çozanda, Zeňňi Humusy taşlap, Selimiýa tarap ugrady. Şol wagt Rumda käbir azgynçylyklaryň başlandygynyň habarlary Rum hökümdaryna gelip ýetdi. Ol hem Halaby taşlap gaýtdy. Zeňňi muny eşidip, täzeden Humusa geldi.

Ol Damaskyň häkimi bolan Şyhabeddine ýüzlenip: «Men seniň ejeňi aýalym hökmünde aljak» diýdi. Ol aýalyň ady Zümerret Hatyn bolup, Çawlynyň gyzydy. Zeňňi şeýdip, ony özüne aýal edip aldy, netijede, Humusy we onuň galalaryny hem eýeledi.

Oraza aýynda Zümerret Hatyny Zeňňiniň ýanyna kejebeläp getirdiler. Zeňňiniň Zümerrede öýlenmeginiň sebäbi ähli harby güýjüň we hökümdarlygyň şol aýalyň elindedigi bilen baglanyşyklydy.

Emma onuň arzuw edişi ýaly bolmady. Şol sebäbe görä, ol Humusdan ýüz dönderip, yzyna dolandy.

## SOLTAN MESUT BILEN MÄLIK DAWUDYŇ WE ÝANYNDAKY EMIRLERIŇ ARASYNDA ÝÜZE ÇYKAN SÖWEŞIŇ BEÝANY

Halypa Reşit Billä atabeg Zeňňiniň ýanyndan Mosuldan çykyp, Genjä gitdi we Maraga bardy. Parsyň häkimi emir Meňňibars, Huzystandaky naýyby emir Boz Aba, Halhalyň häkimi Abdyrahman Togaýürek we Mälik Dawut ibn soltan Mahmyt soltan Mesutdan gorkýardylar. Şonuň üçin olar Reşidi özlerine goşup, güýçlenmek we ony ýene-de halypa etmek kararyna geldiler. Reşit bu teklibi kabul etdi, ýöne olar bilen birleşmedi.

Bagdatda bolan soltan Mesut olaryň birleşýändiklerini eşidip, meret aýynda Bagdatdan olaryň üstlerine hereket etdi. Iki goşun Benjen-Keştde duşuşyp, tutluşdylar. Soltan Mesut olary derbi-dagyn etdi. Emir Meňňibarsy ýesir aldy, soň bolsa öldürtdi. Mesudyň esgerleri talaňçylyk etmek we gaçan goşuny kowalamak üçin bölündiler.

Boz Aba bilen Abdyrahman Togaýürek beýigräk bir ýerde durdular. Olar soltan Mesudyň esgerleriniň onuň ýanyndan gidendiklerini görensoňlar, soltanyň üstüne çozdular. Soltan Mesut olaryň öňünde durup bilmedi we ýeňildi. Boz Aba soltanyň köp sanly emirini ýesir aldy. Olaryň arasynda Hilläniň häkimi Sadaka ibn Dubeýs, Genjäniň häkimi atabeg Gara Sunguryň ogly Anter ibn Abylesger hem bardy. Boz Aba olary ýanynda saklady. Hojaýyny Meňňibarsyň öldürilendigini eşidip, ol hem emirleriň hemmesini öldürdi. Iki tarapyň esgerleri hem dagady.

Soltan Mesut Genjä, Mälik Dawut bolsa Hemedana gaýtdy. Reşit hem bu söweşden soň Hemedana geldi. Köpçüligiň arasynda düşünişmezlik ýüze çykdy. Käbirleri Yraga ýöriş edip, ol ýeri eýelemegi, käbirleri bolsa soltan Mesutdan halas bolmak üçin oňa tabyn bolmagy maslahat berdiler. Ýöne iň köp tarapdary bolan Boz Aba bu garaýyşlara goşulmady. Onuň maksady

Pars ýurduna gitmek we ol ýeriň häkimi Meňňibarsyň öldürilmeginden soň, kimdir biriniň bu ýeri eýelemeginden öňürti bu ýeri ele geçirmekdi. Şonuň üçinem beýlekileriň düşünjelerini we pikirlerini kabul etmedi. Parsyň üstüne ýöräp, ol ýeri eýeledi. Şeýdip Huzystan bilen bilelikde Pars hem onuň golastyna geçdi.

Soltan Muhammediň ogly Seljuk şa Bagdady eýelemek üçin gitdi, ýöne Bagdadyň şihnesi we haj emiri hadym Nazar Seljuk şanyň garşysyna çykyp, onuň bilen söweşdi we ony Bagdada salmady. Seljuk şa ejizdi we güýji azdy. Sadaka ibn Dubeýs öldürilensoň, soltan Mesut Hilläni onuň dogany Muhammet ibn Dubeýse berdi. Öldürilen Anteriň dogany Muhelhil ibn Abylesgeri işlerini ýöretmek üçin onuň ýanyna iberdi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl soltan Berkýarygyň soltan Mesuda çykan gyzy Zübeýde Hatyn ýogaldy. Soň soltan dört tirkeşigiň üçünji aýynda Dubeýs ibn Sadakanyň gyzy Seferi Hatyna we seljuk neberesinden Gurduň gyzyna öýlendi. Gurt gije-gündiz şerap içýärdi, şonuň üçin ady-sory ýitdi.

Bu ýyl soltan Mesut Bagdat şihnesi Alpguş Silahyny öldürdi. Alpguş ilata zulum edýärdi. Şonuň üçinem soltan ony tussag etdi. Ony Tikrite iberdi we Mujahidedden Buhruzyň ýanynda tussaglykda saklady. Soň hem onuň öldürilmegini emr etdi. Öldürjek bolanlarynda, ol özüni Dejle deryasyna oklady we gark boldy.

Bu ýyl soltan Müjireddin Bähruzy Yrak şihneligine belledi. Bähruz örän adalatlydy we gowy işleri amala aşyrdy.

## 533-NJI HIJRI ÝYLY
*(08.09.1138 — 27.08.1139 ý.)*

## SOLTAN SANJAR BILEN HOREZM ŞASYNYŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynda soltan Sanjar Horezmşa Atsyz ibn Muhammediň üstüne ýöriş etdi. Sebäbi Atsyzyň indiden beýläk soltan Sanjara boýun bolman, özbaşyna häkimlik ýöretjek bolýandygy, onuň emirleriniň, dost-ýarlarynyň hem şeýle pikir edýändigi baradaky habar soltan Sanjara gelip ýetipdi. Bu ýagdaý hem soltan Sanjaryň olaryň elinden häkimligini almaga we olaryň kasdyna çykmaklygyna getirdi.

Soltan Sanjar goşun jemläp, Horezme tarap ýörişe ugrady. Horezme golaýlaberende, Horezmşa Atsyz öz leşgerlerini alyp, jeň etmek üçin öňünden çykdy. Iki tarap hem öz leşgerlerini nyzama düzüp, söweşe taýýarlyk gördüler. Söweş başlandy. Horezmliler soltanyň goşunynyň garşysynda durardan öz güýçleriniň olar bilen deň däldigine göz ýetirdiler. Olar ýeňlip, yza öwrülip gaçdylar. Bu gazaply jeňde iki tarapdan hem köp adam gyryldy. Şol söweşde Horezmşanyň ogly hem wepat boldy. Horezmşa bu hadysa gaty hapa boldy. Soltan Sanjar şeýle ýagdaýda Horezmi basyp aldy. Tagta dogany Muhammediň ogly Gyýaseddin Süleýman şany oturtdy we hökümdarlygy oňa tabşyrdy. Oňa atabeg we wezir belledi.

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda soltan Sanjar Horezmden Merwe geldi. Soltan Sanjaryň Horezmden çykyp gaýdanyndan peýdalanyp, Horezmşa Atsyz ýene Horezme geldi. Horezmliler soltan Sanjaryň goýup giden az sanly leşgerini ýigrenýärdiler. Olar Horezmşa Atsyzyň gelmegine intizar bolup garaşýardylar. Horezmşa gelip, urşa başlanda, horezmliler oňa bir adam ýaly bolup kömek berdiler. Süleýman şa we onuň

egindeşleri Horezmden kowlup çykaryldy. Olar soltan Sanjaryň yzyndan Merwe tarap rowan boldular. Şeýdip soltan Sanjar bilen Horezmşa Atsyzyň arasy bozuldy.

## DAMASK HÄKIMI MAHMYDYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ WE DOGANY MUHAMMEDIŇ DAMASKA HÄKIM BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň baýram aýynda Damaskyň häkimi Şyhabeddin Mahmyt ibn Täjilmülk Böri ibn Tugtegin düşeginde ýatyrka, bir dildüwşik netijesinde öldürildi. Onuň janyna kast eden üç sany hyzmatkär gije-gündiz onuň ýanynda gezýän iň ýakyn adamlarydy. Olar gije onuň ýanynda ýatýardylar. Olar Mahmydy öldürip, galadan çykyp gaçdylar. Biri halas boldy, ikisi bolsa tutulyp öldürildi.

Damasklylar Baalbekde bolan we ol ýeriň häkimi bolan dogany Jemaleddin Muhammet ibn Börä hat ýazyp, ýagdaýy beýan etdiler. Jemaleddin dessine gelip, şäherde doganynyň ýasyny tutdy. Esgerler we şäheriň emirleri oňa tabyn bolup, ant içdiler. Ilat rahatlyga gowuşdy. Jemaleddin döwlet işlerini atasynyň guly bolan Mugyneddöwle Inere ynandy. Onuň mertebesini has hem beýgeltdi, ähli zatlara ony jogapkär belledi. Iner akylly, ýagşy ahlakly, gowy emirdi. Onuň saýasynda döwletiň işleri dogry ýola girdi.

## ZEŇŇINIŇ BAALBEGE EÝE BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň boş aýynda Ymadeddin Zeňňi ibn Aksungur Baalbege gidip, ol ýeri gabady we ony eýeledi. Munuň sebäbi şeýledi: Damaskyň häkimi Mahmyt öldürilensoň, ejesi Zümerret Hatyn Halapda atabeg Zeňňiniň ýanyndady. Zeňňi oňa öýlenipdi. Oglunyň öldürilmegi sebäpli ol gaty gynandy. Jezire sebi-

tinde bolan Zeňňä habar ýollap, şu hadysany habar berdi. Damaskyň üstüne çozup, oglunyň aryny almagyny haýyş etdi. Zeňňi bu hadysany eşiden dessine Damaska ýöriş etdi. Onuň niýeti Damasky eýelemekdi. Damaska gitmek üçin Fyratdan geçdi. Damasklylar muny eşidip, gerekli işleri edip, taýýarlyk görüp başladylar. Zeňňiniň gelerine garaşdylar. Mundan habarly Zeňňi olary goýbolsun edip, Baalbegiň üstüne ýöriş etdi.

Atabeg Zeňňi Baalbege gelip, gurban aýynyň ýigrimisine esgerleri bilen baryp, şäheri gabady. On dört sany manjanyk gurdy, gije-gündiz şähere daş ýagdyrdy. Şäherdäkiler aman diläp, şäheri Zeňňä berdiler. Diňe galada galan birnäçe türkmen esgeri bilen söweşdi. Ýöne olar hem uzak söweşip bilmän, aman dilediler. Zeňňi olara aman berdi we galany eýeledi. Ýöne Zeňňi galany eýelänsoň sözünde durmady we olaryň hemmesini gyrdy. Ilat Zeňňiniň bu hereketini ýazgardy. Munuň oňa gelişmeýän zatdygyny aýtdylar. Beýlekiler hem, aýratyn-da damasklylar Zeňňiden çekindiler. Damasklylar: «Eger Damasky eýelän bolsa, olara eden işini bize hem ederdi» diýdiler. Şonuň üçin Zeňňiden daşda durdular we onuň bilen söweşmek üçin köp güýç-gaýrat sarp etdiler.

Zeňňi Baalbege eýe bolansoň, Ineriň ol ýerdäki gyrnagyny alyp, Halapda oňa öýlendi. Zeňňi tä öldürilýänçä, Halapda boldy. Zeňňi ölensoň, ogly Nureddin Mahmyt ony Inere iberdi. Bu gyrnagy oňa ibermegi Nureddin bilen Ineriň arasyndaky dostlugyň nyşanydy.

## GARA SUNGURYŇ PARS SEBITINI EÝELEMEGINIŇ WE YZYNA GAÝTMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Genjäniň häkimi atabeg Gara Sungur köp sanly esger ýygnady we öldürilen kakasynyň aryny almak üçin Boz Abanyň üstüne ýöriş etdi. Soltan Mesuda ýakyn bir ýere gelen-

de, ondan weziri Kemaleddini öldürmegini talap etdi. Soltan Mesut hem onuň talabyny berjaý edip, weziri Kemaleddini öldürdi. Wezir öldürilensoň, Gara Sungur Pars ýurduna gaýtdy. Ol ýere ýakynlaşanda, Boz Aba ondan gorkup, Beýza galasyna gaçdy. Gara Sungur Pars ýurdunda öz göwün islän zadyny amala aşyrdy, onuň öňünde päsgel boljak güýç ýokdy. Ýöne ol durmady we Parsdaky beýleki şäherleri eýeledi. Bu şäherleri Mälik Seljuk şa tabşyrdy we oňa: «Bu ýerler seniňki bolsun, men galan ýerleri eýelejek» diýdi. Soň Genjä gaýdyp geldi. Boz Aba hem 534-nji (1139-1140-njy) ýylda galadan aşak düşdi, Seljuk şany ýeňip, sebiti eýeledi. Seljuk şany ýesir alyp, Parsdaky galalaryň birinde zyndana saldy.

## 534-NJI HIJRI ÝYLY
*(28.08.1139 — 16.08.1140 ý.)*

## ATABEG ZEŇŇINIŇ DAMASKY GABAMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl atabeg Zeňňi Damasky iki gezek gabady. Birinji gezek dört tirkeşigiň birinji aynda Baalbekdäki işlerini birýüzli edensoň, Damasky gabamak üçin Baalbekden gitdi. Ol Bika jülgesine baryp, Damaskyň häkimi Jemaleddine ilçi iberip, islän ýerini oňa berjekdigini habar berdi. Damasky özüne boýun egdirmegini isledi. Ýöne Jemaleddin muny kabul etmedi. Zeňňi hem Bikadan aýrylyp, Damaska gitdi, dört tirkeşigiň birinji aýynyň on üçüne Daraýanyň eteginde düşledi. Iki tarapyň öňhatar goşunlary çaknyşdylar. Zeňňiniň esgerleri gelip ýetdi we Damask esgerleri ýeňlip, yzyna gitdiler, köpüsi hem gyryldy.

Soň Zeňňi Damaska tarap gitdi we ol ýerde düşledi. Damask esgerlerinden we Gutadan gelen pyýada esgerlerden ybarat goşun Zeňňi bilen duşuşyp, söweşe girdiler. Ýöne damasklylar ýeňlip, derbi-dagyn boldular. Köpüsi gyryldy, ençemesi

bolsa ýesir alyndy. Şäher tas eýelenipdi. Ýöne Zeňňi söweşmegi goýbolsun etdi we birnäçe günlük söweşi ýatyrdy. Damaskyň häkimine ilçi iberdi. Zeňňi oňa Baalbek, Humus we beýleki ýerlerden islänini berjekdigine söz berdi. Jemaleddin muňa razy boldy, ýöne ýanyndakylar oňa garşy çykdylar we munuň netijesinden çekinýändiklerini aýtdylar. Baalbegiň ilatyna beren wadasynda durmaýşy ýaly, oňa hem beren wadasynda durmaz diýdiler. Zeňňi şäheriň özüne berilmejekdigine göz ýetirip, täzeden gabawa başlady we hüjüme geçdi.

Soň Damaskyň häkimi Jemaleddin syrkawlady we meret aýynyň sekizine ýogaldy. Mundan soň Zeňňi ýene şähere göz dikdi. Zeňňi onuň ölüminden soň, emirleriň arasynda dawa-jenjel ýüze çykar we şondan peýdalanyň diýip çaklapdy. Ýöne onuň pikir edişi ýaly bolmady. Jemaleddiniň ýerine ogly Müjireddin Abak geçdi. Döwlet işlerini Mugyneddine Inere tabşyrdy. Duşmanlaryň şäheriň eteginde garaşýandyklaryna garamazdan, kakasynyň ölümi zerarly hiç hili dawa-jenjel ýüze çykmady. Iner Zeňňiniň Damaskdan aýrylmandygyny we gabawy dowam etdirýändigini görüp, haçlylar bilen habarlaşdy, olary kömege we Zeňňini Damaskdan kowmak üçin ylalaşyga çagyrdy. Olara käbir zatlary wada berdi. Banýasy gabamaga we eýeläp, olara bermegi boýun aldy. Haçlylar onuň sözüne ynandylar, eger Zeňňi Damasky eýelese, özlerine Siriýany galdyrmajakdygyna göz ýetirdiler. Haçlylar şu pikirde jemlenişdiler, Damaskyň häkimi we esgerleri bilen ylalaşyp, Zeňňä garşy söweşmek üçin Damaska gitmek kararyna geldiler. Muny eşiden Zeňňi oraza aýynyň bäşine Hawrana gaýtdy. Haçlylar damasklylar bilen birleşmänkä, olar bilen söweşmek isleýärdi.

Haçlylar muny eşidip, ülkelerinden aýrylmadylar. Zeňňi ýene-de Damaska gaýtdy. Baýram aýynyň altysyna Damaskyň demirgazygynda bolan Azra diýen ýerde düşledi. Şol mahal ol ýerdäki we Gutadaky birnäçe ýeri we ekerançylygy oda berensoňlar, Zeňňi öz ülkesine gaýtdy.

Haçlylar soň Damaska geldiler we şäheriň häkimi bilen birleşdiler. Damaskyň häkimi Mugyneddin Banýasy gabady. Onuň ýanynda harçlylar hem bardy. Netijede, Mugyneddin Banýasy eýeläp, haçlylara berdi.

Zeňňiniň ikinji gezek Damasky gabaýşy hakynda aýtsak, Zeňňi Banýasyň gabalandygyny eşidip, olary kowmak üçin Baalbege geldi. Olaryň Banýasy eýeläp, haçlylara berendigini eşidip, esgerlerini Hawranyň we Damaskyň daş-töweregini talamak üçin iberdi. Özi hem ýakyn adamlaryndan ybarat atly goşun bilen Damaskyň gabawyna başlady. Ilat hiç zatdan bihabardy. Säher bilen ilat bu goşuny görüp gorkdy. Şäheriň esgerleri daşyna çykyp, Zeňňi bilen söweşdiler. Zeňňiniň esgerleriniň söweşmäge güýçleri azdy, sebäbi esgerleriň köpüsi talaň üçin gidipdiler. Zeňňiň olaryň öz üstlerine çozmagynyň öňüni almak üçin özi olaryň üstüne hüjüm etdi. Şol gün söweşde Zeňňiniň esgerleriniň bir topary gyryldy. Zeňňi esgerlerini ýygnap, goşun duşlegine gaýtdy. Ol ýerden hem Merji Rahite baryp, esgerlerine garaşdy. Zeňňiniň esgerleri uly olja bilen geldiler. Esgerleri gelensoň, Zeňňi olar bilen ülkesine gaýtdy.

## ZEŇŇINIŇ ŞÄHRIZURY WE ONUŇ DAŞ-TÖWEREGINI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl atabeg Zeňňi Şährizury we oňa degişli obalary we galalary eýeledi. Bu ýerler türkmen emiri Gypjak ibn Arslandaşyň elindedi. Gypjak ýakyn töwerekdäki ähli türkmenlere sözi geçýän adamdy. Onuň sözüne hiç kim garşy çykmaýardy. Türkmenler oňa tabynlygy özleri üçin parz hasaplaýardylar. Hökümdarlar onuň üstüne çozmakdan gorkýardylar. Onuň ülkesine çozmaýardylar. Şeýle hem onuň welaýaty örän berk we örän dar geçelgelerden geçilip barylýan ýerdedi. Şonuň üçin Gypjagyň ady, şany köp ýerlere ýaýrady, tarapdarlary, adamlary köpeldi. Türkmenler uzak ýerlerden onuň ýanyna gelýärdiler.

Bu ýyl atabeg Zeňňi onuň üstüne goşun iberdi. Gypjak adamlaryny ýygnap, onuň garşysyna çykdy. Söweş nyzamyna girip, çaknyşyga başladylar. Gypjak ýeňildi we onuň esgeriniň ganyna galmaga rugsat berildi. Atabeg esgerleri olaryň yzyndan kowalap, galany gabadylar, soň hem hemmesini tutdular. Gypjaga aman berdiler. Ol hem olaryň tarapyna geçdi we esgerleriniň arasyna goşuldy. Gypjak we onuň nebereleri 600-njy (1204-nji) ýyla çenli atabeg Zeňňiniň nesilşalygyna çyn ýürekden hyzmat etdiler, soň bolsa olardan aýryldylar.

## 535-NJI HIJRI ÝYLY
*(17.08.1140 — 05.08.1141 ý.)*

## ÇARDANYGYŇ YRAGA GITMEGINIŇ WE OL ÝERDE EDEN IŞLERINIŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Mesut Çardanyk atly emir Ysmaýyl bilen Alpguş Günhary Huzystana we Parsyň üstüne ýöriş edip, bu ýerleri Boz Abanyň elinden almaklary üçin iberdi. Bagdada çenli olaryň azyklaryny üpjün etdi. Alpguş bilen Ysmaýyl ýanlaryndaky esgerler bilen Bagdada gelip ýetdiler. Ýöne Mujahideddin Bähruz olary şähere salmady. Olar Mujahideddin Bähruzyň bu hereketine boýun egmediler. Mujahideddin adamlaryny iberip, geçelgeleri ýykdy we suwlaryň içinde goýdy. Diwarlary has hem berkitdi. Baby Zaferiýe, Baby Kelwaz we beýleki derwezeleri ýapdyrdy. Derwezeleriň üstüne ýarag asyp, söweşijiler üçin çadyr gurdurdy.

Emir Ysmaýyl bilen Alpguş bu habary eşidip, Sarsara geçdiler we ol ýerden Hillä gitdiler. Ýöne olary Hillä salmadylar. Olar soň Wasyta gitdiler. Emir Toruntaý olaryň garşysyna çykyp, olar bilen söweşdi, ýöne ýeňildi. Emir Ysmaýyl bilen Alpguş Wasyta girdiler we şäheri taladylar. Fersan bilen Nugmanyýany hem taladylar. Toruntaý Batihanyň häkimi bolan Ham-

mat ibn Abyjebre goşuldy. Basralylar hem olar bilen ylalaşdylar. Ysmaýyl bilen Alpguş käbir esgerlerinden aýrylyp, Toruntaýyň hataryna geçdi. Netijede, olar has hem ejiz ýagdaýa düşdiler. Toruntaý Tustere gitdi we Ysmaýyl üçin soltandan şepagat diledi. Soltan ony bagyşlady.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl soltan Sanjaryň ilçisi Resulallanyň hyrkasyny we hasasyny apbasy halypasy Muktefä getirdi. Bular öň Müsterşitden alnypdy. Bu ýyl soltan Sanjar olary Muktefä gaýtaryp berdi.

Bu ýyl Genjäniň we Arranyýanyň häkimi bolan atabeg Gara Sungur Erdebilde inçekeselden ýogaldy.

Bu ýyl atabeg Zeňňi bilen Hysny Keýfanyň häkimi Dawut ibn Sökmen ibn Artygyň arasynda örän aýylganç söweş bolup geçdi. Dawut ibn Sökmen ýeňildi. Zeňňi onuň ülkesindäki Behişrut galasyny eýeledi. Zeňňi soň gyş düşendigi zerarly Mosula gaýtdy.

## 536-NJY HIJRI ÝYLY
*(06.08.1141 — 26.07.1142 ý.)*

## SOLTAN SANJARYŇ HYTAÝ TÜRKLERINDEN[1] ÝEŇILMEGINIŇ WE HYTAÝLARYŇ MAWERANNAHRA EÝE BOLMAKLARYNYŇ BEÝANY

Taryhçylar bu hadysa bilen baglanyşykly dürli rowaýatlary getiripdirler. Biz jogapkärçilikden halas bolmak üçin olaryň hemmesini görkezip geçýäris.

[1] Metinde hytaý türkleri diýlip agzalýar, ylmy edebiýatda bulara garahytaýlar diýilýär.

Bu ýylyň aşyr aýynda soltan Sanjar gaýry musulman türklerden ýeňildi. Öň hem beýan edişimiz ýaly, soltan Sanjar Horezmşa Atsyz ibn Muhammediň iki ogluny öldürdipdi. Horezmşa Mawerannahrda bolan hytaýlara habar ýollap, ol ýeri eýelemekleri üçin ýola çykyp, dessine ýöriş etmäge höweslendirdi. Olar bilen ýakyn garyndaşlyk gurup, soltan Sanjaryň ülkesine ýöriş etmäge küşgürdi. Hytaýlylar hem üç ýüz müň atly bilen ýola çykdylar. Soltan Sanjar hem goşuny bilen olaryň üstüne ýöriş etdi. Olar Mawerannahrda garşy geldiler we aralarynda elhenç söweş başlandy. Soltan Sanjar bu söweşde ýeňildi. Onuň ýüz müň töweregi adamsy gyryldy. Bularyň on müňüsi din we ylym adamlarydy, dört müňüsi hem aýaldy. Soltan Sanjaryň aýaly hem ýesirleriň arasyndady. Soltan Sanjar derbidagyn bolup, Termeze geldi, soň bolsa Balha gaýtdy.

Soltan Sanjar ýeňlensoň, Horezmşa Merwiň üstüne ýöriş etdi we soltan Sanjara duşmançylyk edip, şähere girdi, ilatyň bir bölegini gyrdy. Hanapy fykh alymy Abylfazl Kermany bilen birnäçe alymlary we şäheriň emeldarlaryny tussag etdi.

Soltan Sanjar ol güne çenli mydama bagtly we bagtyýardy. Hiç haçan ýeňliş ýüzüni görmändi. Ol bu ýeňlişden soň, soltan Mesuda ilçi iberip, Reý şäherini we beýleki ýerleri oňa berýändigini habar berdi we esgerleri bilen birlikde Reýde garaşmagyny haýyş etdi. Reýiň häkimi Apbas hem bu maksat bilen esgerlerini alyp Bagdada gitdi we soltan Mesuda hyzmat etdi. Soltan Mesut hem agasy (kakasynyň dogany) soltan Sanjaryň haýyşy bilen Reýe tarap gaýtdy.

Aýdylyşyna görä, Türküstan şäherleri şulardyr: Kaşgar, Balasagun, Hotan, Taraz we Mawerannahr sebitiniň daş-töweregindäki garahanly türkmen hökümdarlarynyň elinde bolan beýleki käbir şäherlerdir. Garahanlylar asly türkmen bolan Afrasyýabyň neslinden bolan musulmanlardy. Ýöne olaryň aralarynda düşünişmezlikler bardy.

Garahanlylaryň ilkinji atasy Satyk Gara hanyň yslamy kabul etmeginiň sebäbi şeýledi: Satyk Gara Han bir gije düýşünde asmandan bir ynsanyň inýändigini gördi. Ol adam oňa türkmençeläp: «Musulman bol, dünýäde we ahyretde sag-salamat bolarsyň» diýdi. Ol ukuda musulman boldy. Ertir ir bilen hem musulman bolandygyny yglan etdi. Satyk Gara han ölensoň, ýerine ogly Musa ibn Satyk geçdi. Onuň nesli hem Arslan han Muhammet ibn Süleýman ibn Dawut Bugra han ibn Ybraýym Tamgaç han ibn Ilik Nasr Arslan ibn Aly ibn Musa ibn Satyka çenli ol sebite hökmürowan boldular. Kadyr han oňa garşy gozgalaň turzup, hökümdarlygy onuň elinden aldy. Bu wakadan soň soltan Sanjar hem Kadyr hany öldürdi. Bular 494-nji ýylda bolup geçipdi. Soltan Sanjar tagta ýene-de Arslan hany çykardy. Oňa garşy çykan wagtlarynda bolsa, Arslan han soltan Sanjardan kömek sorady. Soltan Sanjar oňa kömek berdi.

Arslan hanyň goşunynda garlyklar we oguzlar bardy. Horasany sorap oturan oguzlaryň bu işleri barada soň aýdyp geçeris. Oguzlar hem iki gola bölünýärdiler. Biri üç ok bolup, bularyň başynda emir Toty ibn Daz beg, ikinjisi bolsa boz ok bolup, olaryň başynda emir Karut ibn Abdylhamyt bardy. Şerip ibn Eşrep ibn Muhammet ibn Abu Şujag Alawy Samarkandy «Nasyr Han» ady bilen tanalýan Arslan hanyň ogluny kakasyndan hökümdarlyk soramaga höweslendirdi. Muhammet han bu habary eşidip, Arslan han Nasryň ogly bilen Şerip ibn Eşrepi öldürdi.

Arslan han bilen goşunyň içindäki garlyklaryň arasynda ýüze çykan düşünişmezlik olary Arslan hana garşy gozgalaňa getirdi we tagtyny eýelemeklerine sebäp boldy. Arslan han ýene-de soltan Sanjardan kömek sorady. 524-nji ýylda soltan Sanjar esgerleri bilen Jeýhundan geçdi. Arslan han bilen soltan Sanjaryň arasynda garyndaşlyk bardy. Soltan Sanjar Samarkanda baransoň, garlyklar onuň öňünden gaçdylar.

Soltan Sanjar şol ýerde bir gezek awa çykypdy. Bir atly goşun bölegini gördi we olary tutdy. Bular özlerini Arslan hanyň ony öldürmek üçin iberendigini boýun aldylar. Mundan soň soltan Sanjar Samarkanda geldi we Arslan hany galada gabawa aldy. Galany eýeläp, ony ýesir etdi we Balha iberdi. Arslan han ol ýerde ýogaldy. Başga bir rowaýatda bolsa, soltan Sanjar oňa haýynlyk edip, ony ejizledip, düşürip, ülkäni eýeledi, soň bolsa özünden bu wakany toslap tapdy diýilýär.

Soltan Sanjar Samarkandy eýelänsoň, Arslan hanyň ýerine Hasan Tegin ady bilen tanalýan Gylyç Tamgaç Abylmagaly Hasan ibn Aly ibn Abdylmömini hökümdar edip belledi. Hasan Tegin garahanly neberesiniň atly-abraýly adamlarynyň biridi. Ýöne Arslan han ony özünden daşlaşdyrypdy. Hasan Tegin Samarkandyň hökümdary boldy, emma köp wagt geçmezden ýogaldy. Mundan soň soltan Sanjar Mälik Mahmyt ibn Arslan han Muhammet ibn Süleýman ibn Dawut Bugra hany tagta çykardy. Mälik Mahmyt soltan Sanjaryň Samarkandy elinden alan Arslan hanyň ogludy. Mälik Dawut şeýle hem soltan Sanjaryň gyz doganynyň ogludy. Mundan biraz möhlet öň 522-nji ýylda hem Awer Sini, sanyny diňe Allanyň bilýän uly goşuny bilen Kaşgaryň serhetlerine çenli gelipdi. Kaşgar Hany Ilhan Ahmet ibn Hasan onuň garşysyna çykdy. Iki tarap söweşe başladylar. Awer Sini ýeňildi, tarapdarlarynyň köpüsi gyryldy. Soň Awer Sini öldi, ýerine bolsa Kuhan Sini geçdi.

«Ku» sözi hytaý dilinde olaryň iň uly hökümdarlaryna berilýän atdyr. «Han» bolsa türkmen hökümdarlarynyň lakamydyr. Manysy hem «Hökümdarlaryň iň ulusy» diýmekdir. Olar kellelerini mata we ýaglyk bilen örtüp, hytaý hökümdarlary ýaly geýinýärdiler. Olar maniheizm dinine uýýardylar.

Kuhan Hytaýdan çykyp, Türküstana barýarka, Hytaý türkleri hem oňa goşuldylar. Hytaýlar olardan öňürti Hytaýdan çy-

kypdylar we Türküstan hökümdarlary bolan garahanlylaryň hyzmatyndadylar.

Arslan han Muhammet ibn Süleýman her ýyl on müň çadyr iberip, olary Hytaý araçägindäki geçelgelere ýerleşdirýärdi. Olar haýsydyr bir hökümdaryň garahanly ülkesine aýak basmagyna päsgel berýärdiler. Şonuň üçin olara yktalar, halatlar we sowgatlar iberilýärdi. Bu ýyl Arslan han olara gaharlandy we çaga-çuga edinmesinler diýip, aýallaryna ýakynlaşmagyny gadagan etdi. Bu olara gaty agyr degdi. Ýöne nädip çözüp biljekdiklerini bilmänsoňlar, oňa hiç zat diýmediler. Şol mahal tötänlikden olaryň ýanyna köp mukdarda mally-mülkli we gymmatbaha zatlary getirýän uly bir kerwen geldi. Olar bu kerweni tutup, täjirlerini getirdiler we olara: «Eger mallaryňyzy yzyna almak isleýän bolsaňyz, bize otlykly we giň meýdan görkeziň» diýdiler. Täjirler Balasagunyň olar üçin iň laýyk ýerdigini aýtdylar. Hytaýlar hem olaryň zatlaryny yzlaryna gaýtaryp berdiler. Aýallaryny goramak üçin ýanlaryna goragçylar aldylar, soňra olaryň ellerini daňdylar we aýallaryny hem alyp Balasaguna tarap gitdiler. Arslan han olaryň üstüne ýörişler gurnaýardy we olara garşy köp gazawat edýärdi. Şonuň üçin hytaýlar ondan gaty gorkýardylar.

Bu ýagdaý uzak dowam etdi. Ahyry hytaýly Kuhan gelensoň, oňa goşuldylar. Netijede, olaryň at-abraýlary we täsirleri artdy, sanlary köpeldi we Türküstan ýurduna häkim boldular. Olar eýelän şäherleriniň ilatyna hiç zat diýmeýärdiler. Diňe her şäherden we obadan bir dinar alýardylar. Olaryň ekerançylyk we hasyl ýerleri hem Kuhanyň maşgalasyna degişlidi. Olara tabyn bolan hökümdarlar billerine kümüş tagta meňzeş zat daňýardylar. Bu olara tabyndyklarynyň alamatydy.

Hytaýlar soň Mawerannahra gitdiler. 531-nji ýylyň oraza aýynda Han Mahmyt ibn Muhammet olary Hojandyň eteginde garşylady we söweşe başladylar. Han Mahmyt ibn Muhammet

ýeňildi we Samarkanda yzyna gaýtdy. Samarkandyň ilaty kyn ýagdaýa düşdi, gaty gorkdular we başlaryna geljek bela garaşyp başladylar. Buhara we beýleki Mawerannahr şäherleriniň ilaty hem şeýle ýagdaýdady. Han Mahmyt ibn Muhammet soltan Sanjara habar ýollap, musulmanlaryň düşen ýagdaýlaryny habar berdi we ony kömege çagyrdy.

Soltan Sanjar derrew goşun toplady. Horasanyň, Sistanyň, Guruň hökümdarlary, Gaznanyň soltany, Mazendaranyň şasy we beýlekiler hem soltan Sanjaryň daşynda jemlendiler. Şeýdip soltan Sanjaryň ýanynda ýüz müňden köpräk atly ýygnandy. Goşun alty aý garaşdy we barlag geçirildi.

Soltan Sanjar gaýry musulman türkler bilen söweşmek üçin herekete geçdi. 531-nji ýylyň gurban aýynda Mawerannahra geçdi. Mahmyt ibn Muhammet soltan Sanjara garlyklardan şikaýat etdi. Soltan Sanjar dessine olaryň üstüne ýöriş etdi. Olar gorkup, hytaýly Kuhana we ýanyndaky kapyrlara sygyndylar. Kuhan soltan Sanjara hat ýazyp, garlyklara şepagat etmegini we olary bagyşlamagyny sorady. Ýöne soltan Sanjar olara şepagat etmedi. Ol Kuhana hat ýazyp, ony yslama çagyrdy. Ol: «Eger kabul etmeseň, eýle ederin, beýle ederin» diýip, oňa haýbat atdy. Ol esgerleriniň köplügi we sypatlary bilen öwündi. Olaryň dürli ýaraglary ulanyşlaryny ulaldyp beýan etdi. Hatda: «Olar atan oklary bilen bir gyly hem ikä bölerler» diýdi. Soltan Sanjaryň weziri Tahyr ibn Fahrulmülk ibn Nyzamylmülk beýle hatyň ýazylmagyna garşy boldy. Ýöne soltan Sanjar ony diňlemedi we haty iberdi. Bu hat Kuhana ýetende, ol ilçiniň sakgalynyň ýolunmagyny emr etdi. Soň bolsa ilçä bir iňňe berip sakgalynyň bir gylyny ikä bölmegini teklip etdi. Ilçi muny başarmansoň Kuhan oňa: «Sen iňňe bilen bir gyly ikä bölmekden ejiz geldiň, beýlekiler bir gyly ok bilen nädip ikä aýryp biler?» diýdi.

Kuhan hem söweşe taýýarlanyp başlady. Onuň ýanynda türk, çyn-maçyn, hytaý we beýleki milletlerden ybarat bolan goşun bardy. Ol soltan Sanjaryň üstüne ýöriş etdi. Iki goşun Katwanda duşuşdy. Olar göýä iki sany uly deňiz ýalydy. Kuhan olaryň daşyny gabady. Seljuk güýçleri Dergam jülgesine ýygnandylar. Soltan Sanjaryň sag ganatynda emir Kamaç, çep ganatynda Sistanyň häkimi bardy. Iki goşun 530-njy ýylyň sapar aýynyň bäşine söweşe girdiler.

Sanjardan gorkup gaçan garlyklar ilatyň iň gowy söweşijileridi. Soltan Sanjaryň esgerleriniň arasynda Sistanyň häkiminden has gowy söweşýän ýokdy. Söweş musulmanlaryň ýeňlişi bilen gutarypdy. Soltan Sanjaryň esgerlerinden sansyz-sajaksyz esger gyryldy. Dergam jülgesi müňlerçe ölülerden we ýaralylardan doludy. Soltan Sanjar ýeňlip gaýtdy. Sistanyň häkimi emir Kamaç we soltan Sanjaryň aýaly ýesir düşdi. Soltan Sanjaryň aýaly Arslan Hanyň gyzydy. Kapyrlar ony goýberdiler. Tanymal hanapy fykh alymy Hussam Omar ibn Abdyleziz Buhary hem ölüleriň arasyndady. Yslam taryhynda Horasanda mundan has uly we mundan has köp ynsan gyrlan başga bir söweş bolmandyr.

Hytaýlar we gaýry musulman türkler Mawerannahrda ýerleşdiler. Kuhan 535-nji ýylyň rejep aýyna çenli ýaşady we bu senede ýogaldy. Ol örän gelşikli adamdy. Hytaý ýüpeginden başga lybas geýmezdi. Örän täsirlidi we haýbatlydy. Hiç bir emiri haýsydyr bir ýere musallat bolmaga ýa-da ýer eýelemäge ibermezdi. Olara özi ykta ýerler bererdi. Ol: «Emirler bir ýeri eýelese, halka zulum ederler» diýýärdi. Ol özüne garşy aýaga galyp, gozgalaň turuzmasynlar diýip, hiç bir emiri ýüz müň adamdan köp bolan goşuna serkerde bellemezdi. Adamlaryna serhoşlugy we zulumy gadagan ederdi. Zalymlary we serhoşlary jezalandyrardy. Ýöne zyna päsgel bermeýärdi we ony erbet hasaplamaýardy.

Kuhandan soň onuň ýerine gyzy geçdi, ýöne ol hem köp wagt geçmezden ýogaldy, onuň ýerine ejesi (Kuhanyň aýaly agasynyň gyzydy) geçdi. Mawerannahr tä 612-nji ýylda Alaeddin Muhammet Horezmşa tarapyndan eýelenýänçä, hytaýlaryň elinde galdy.

## HOREZMŞANYŇ HORASANDAKY AMALA AŞYRAN IŞLERINIŇ BEÝANY

Soltan Sanjaryň Horezme eden ýörişini we ol ýeri Horezmşa Atsyzdan alansoň, yzyna gaýdyp gelendigini, Horezmşanyň ogluny öldürendigini we Horezmşanyň Horasana gidendigini öň beýan edipdik.

Bu ýylyň dört tirkeşigininiň birinji aýynda Horezmşa Saragsa tarap hereket etdi. Ol Saragsa baranda, uly din alymy Abu Muhammet Zyýady tarapyndan garşy alyndy. Abu Muhammet hem zahyt, hem alymdy. Horezmşa oňa hormat goýdy we ol ýerden Merwi Şahy Jana[1] gaýtdy. Başga bir din alymy bolan Ahmet Baherzi Horezmşanyň ýanyna gidip, Merwiň ilaty üçin rehim-şepagat diledi we hiç bir esgeriň üstlerine çozmazlygyny haýyş etdi. Horezmşa hem bu teklibi kabul etdi we şäheriň eteginde düşledi. Fakyh Abylfazl Kermany bilen şäheriň beýleki emeldarlaryny çagyrdy. Şol mahal Merwiň ilaty aýaga galyp, Horezmşanyň adamlaryny öldürdiler. Ýarysyny bolsa şäheriň daşyna çykaryp, derwezeleri ýapdylar we şäheri bermezlik üçin çagyryşa başladylar. Horezmşa olar bilen söweşdi we bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynyň on ýedisine Merwe girip, ilatyň köpüsini gyrdy.

Şapygy fakyhy Ybraýym Merwezi we Aly ibn Muhammet ibn Arslan hem öldirilenleriň hataryndady. Aly ibn Muhammet

[1] Merwi Şahy Jan – Mary şäheri. Bu at beýleki nusgalarda Merw, Maru Şahu Jahan, ýaly dürli görnüşlerde gabat gelýär.

hemmetaraplaýyn uly alymdy. Horezmşa pitnäniň başy bolup, erbetlik tohmuny sepeleýän Şerip Aly ibn Yshak Musawyny we käbir beýleki emeldarlary öldürensoň, Horezme gaýdyp geldi. Ol köp sanly alymy hem ýany bilen alyp gaýtdy. Olaryň arasynda Abylfazl Kermany bilen Abu Mansur Abbady, Abu Muhammet Haraky we käbir beýleki alymlar bardy.

Soň bu ýylyň baýram aýynda Horezmşa Atsyz Nyşapura gaýtdy. Şäheriň fakyhlaryndan, alymlaryndan we zahytlaryndan ybarat bir topar ony garşy almaga çykdylar we Merwiň ilatyna edenlerini Nyşapuryň ilatyna etmezligi haýyş etdiler. Horezmşa bu teklibi kabul etdi, ýöne soltan Sanjaryň adamlaryna degişli emläkleri anykladyp, olary öz haýryna geçirdi. 530-njy ýylyň baş aýynyň birine soltan Sanjaryň adyna okalýan hutbany ýatyryp, öz adyna hutba okatdy. Hatyplar soltan Sanjaryň adyny hutbadan aýyrdylar. Horezmşanyň adyna hutba okalyp başlanda, halk gozgalaň turuzdy. Tasdanam söweş başlanypdy. Akylly we dana adamlar bu işiň netijesiniň erbet boljakdygy barada pikirlenip, ilaty bu işden el çekdirdiler. 537-nji ýylyň aşyr aýynyň birine çenli Horezmşanyň adyna okalan hutba soň ýene-de soltan Sanjaryň adyna okalyp başlady.

Horezmşa Atsyz soň Beýhaka degişli ýerlere esger iberdi. Esgerler bäş günläp ilat bilen söweşip, soňra talaňçylyk etmek üçin ol ýerden gitdiler. Olar Horasanda hem şeýle işler etdiler. Soltan Sanjar Mawerannahrda bolan hytaýlaryň Horezmiň we Horasanyň beýleki şäherlerine ýakyn gelendiklerinden gorkup, Horezmşa Atsyz bilen söweşe girmekden çekindi.

## 537-NJI HIJRI ÝYLY
*(27.07.1142 — 15.07.1143 ý.)*

## ATABEG ZEŇŇINIŇ EŞEP GALASY BILEN HAKKARY SEBITINDÄKI BEÝLEKI GALALARY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl atabeg Zeňňi Eşep galasyna goşun iberdi. Eşep galasy Hakkary halkynyň iň beýik we berk galasydy. Mal-mülki ol ýerdedi. Zeňňiniň iberen goşuny bu ýeri gabap, ilaty kyn ýagdaýa saldy we galany eýeledi. Zeňňi bu galanyň ýykylyp, ýerine ymadyýe diýip tanalýan galanyň gurulmagyny emr etdi.

Bu ýyl soltan Mesut halypanyň ýakyn adamlaryndan, öz köşgünde ýetişdiren emirlerinden Türşeki tussag etdi. Bu ýagdaýy halypa halamady. Soň soltan halypanyň göwnüni awlamak üçin ony goýberdi.

## 538-NJI HIJRI ÝYLY
*(16.07.1143 — 03.07.1144 ý.)*

## ATABEG ZEŇŇI BILEN SOLTAN MESUDYŇ YLALAŞYK GAZANMAKLARYNYŇ BEÝANY

Soltan Mesut her ýyl bolşy ýaly, bu ýyl hem Bagdada gitdi we esger ýygnap atabeg Zeňňiniň üstüne çozmak üçin taýýarlandy. Soltan Zeňňä öýke-kinelidi. Onuň sebäbi şeýledi: Ýokarda hem aýdylyşy ýaly, dürli şäherleriň häkimleri soltan Mesuda garşy aýaga galdylar. Soltan bu gozgalaňlardan atabeg Zeňňini jogapkär tutýardy we ol barada: Bu şäheriň häkimleriniň hemmesiniň onuň görkezmelerinden ugur alýandygy üçin: «Bu gozgalaňlary ol höweslendirýär» diýýärdi. Dogrudan hem, Zeňňi muny soltany güýmäp, onuň öz üstüne çozmagyna eliniň degmezligi üçin edýärdi. Soltan beýleki işlerini birýüzli eden-

soň, Zeňňiniň üstüne çozmak üçin esger ýygnady. Zeňňi muny eşidip, merhemet diledi we ony özüne çekmek isledi. Soltan Abu Abdylla ibn Anbaryny ylalaşyk şertlerini anyklamak we ylalaşyk gazanmak üçin Zeňňiniň ýanyna iberdi. Netijede, Zeňňiniň soltana ýüz müň dinar iberilmegi we soltanyň onuň üstüne çozmakdan ýüz öwürýändigi barada ylalaşdylar. Zeňňi soltana ýigrimi müň dinar iberdi. Ýöne soň şertler üýtgedi we soltan Zeňňini golastynda saklamak we onuň bilen gowy gatnaşmak üçin galan bölegi hem oňa bagyşlady. Soltanyň Zeňňiniň üstüne çozmakdan el çekmeginiň esasy sebäbiniň biri Zeňňiniň ülkesiniň, esgerleriniň we emirleriniň köp bolmagydy.

## ATABEGIŇ DIÝARBEKIRIŇ BIR BÖLEGINI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Zeňňi Diýarbekiriň üstüne çozup birnäçe galany we şäheri eýeledi. Ol Tanza, Esgarb we Hyzal şäherleri bilen Rawk, Kablys, Nabasa, Zülkarneýn we beýleki galalaryny ele geçirdi. Mardin sebitinde we haçlylaryň elinde bolan Hamlin, Mawzer, Tel Möwzen we Joskeliniň elinde bolan beýleki galalary eýeledi. Ähli işleri düzgün-tertibe salyp, ady agzalan ýerleri goramak üçin esger iberdi. Soň hem Amyd we Hany şäherini gabady. Eýelän ýerlerinde işleri ýola goýmak üçin we beýleki ýerleri eýelemek üçin harby birlik iberdi.

## SOLTAN SANJARYŇ HOREZMI GABAMAGYNYŇ WE HOREZMŞA BILEN YLALAŞMAGYNYŇ BEÝANY

532-nji ýylyň wakalaryny beýan edenimizde, soltan Sanjaryň Horezme gidenligini we ol ýeri eýeländigini, soň Horezmşa Atsyzyň ýene Horezmi yzyna basyp alandygyny aýdypdyk.

Bu ýyl soltan Sanjar ýene Horezmiň üstüne ýöriş etdi. Muny eşiden Horezmşa esgerlerini ýygnady we şäheriň içinde go-

randy. Söweş üçin şäheriň daşyna çykmady. Sebäbi soltan Sanjaryň öňünde durup bilmejekdigini bilýärdi. Iki tarapyň arasyndaky çaknyşyk diwarlaryň aňyrsynda dowam etdi. Bir gün soltan Sanjaryň emirlerinden Sungur atly bir adam gündogar tarapdan geçip, şähere girdi. Emir ahyr Mysgal Täji hem şäheriň günbatar tarapyndan girmegi başardy. Şeýdip soltan Sanjaryň şäheri güýç bilen almagyndan başga çäre galmady. Mysgal Sungury halamaýanlygy üçin şäherden çykdy. Horezmşa Atsyz hem Sungury ýeňip, ony daşary çykardy. Sunguryň ýeke özi galdy. Atsyz şäheri elinde saklamak üçin uly tagalla etdi. Soltan Sanjar şäheriň berkdigini görüp, Merwe gaýtmaga niýetlendi. Ylalaşykdan başga ýol galmady. Horezmşa ilçi iberip, soltana pul bermegi, hyzmat etmegi we oňa boýun bolmagy teklip etdi. Soltan Sanjar bu teklibi kabul edensoň ylalaşdylar. Soltan Sanjar Merwde, Horezmşa Horezmde galdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl atabeg Zeňňi Fyratyň töweregindäki Any şäherine goşun iberip, ol ýeri eýeledi.

Bu ýyl tefsir we nahuw alymy Abylkasym Mahmyt ibn Omar Zamahşary ýogaldy. Zamahşar Horezme degişli bir obadyr.

## 539-NJY HIJRI ÝYLY
*(04.07.1144 — 23.06.1145 ý.)*

## URFANYŇ WE HAÇLYLARYŇ ELINDE BOLAN JEZIREDÄKI BEÝLEKI ŞÄHERLERIŇ EÝELENMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynyň altysyna atabeg Ymadeddin Zeňňi Urfany haçlylaryň elinden aldy. Şeýle hem

olaryň Jeziredäki beýleki käbir galalaryny eýeledi. Haçlylar ähli Jezire sebitine zyýan ýetirmäge başlapdylar we erbetlikler hemme ýere ýaýrapdy. Jeziräniň iň ýakyn nokadyndan iň çetgyragyna çenli hemme ýerde talaňçylyk edýärdiler. Olaryň zulumy Amyt, Nasibin, Rasulaýn we Rakka çenli ýetýärdi.

Bu ýerleriň häkimiýeti Mardinden Fyrata çenli baryp ýetýärdi. Mysal üçin, Urfa, Serwe, Bira, Sin ibn Ubaýr, Hamlin, Mawz, Karady we beýleki ýerler haçlylaryň golastyndady. Bu ýerler we Fyratyň günbataryndaky beýleki käbir ýerler Joskeline degişlidi. Joskelin ýewropalylaryň öňdengörüji, edermen we mekir serkerdeleriniň biridi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň boş aýynda atabeg Zeňňiniň Mosulyň we Fyratyň gündogaryndaky ähli obalaryň we şäherleriň naýyby Nasyreddin Çakyr öldürildi. Mundan soň Zeňňi Mosula Zeýneddin Aly Kiçini[1] iberdi, ol hem ol ýeri eýeledi.

Bu ýyl soltan Mesut weziri Berujerdini tussag etdi. Onuň ýerine Merzuban ibn Ubeýdylla ibn Nasr Yspyhany wezir boldy. Soltan Berujerdini oňa tabşyrdy. Merzuban onuň emlägini döwletiň haýryna geçirdi.

Bu ýyl atabeg Zeňňi haçlylaryň golastynda bolup, Fyratyň gündogar tarapyndan bolan Bira galasyny gabady. Bu ýer örän berk galady. Zeňňi galany gabawa alyp, eýelejek bolup durka, Mosuldaky naýyby Nasyreddin Çakyryň ölüm habary geldi. Ol gabawy aýryp, Mosula bir naýyp iberip, habara garaşdy. Biradaky haçlylar Zeňňiniň yzyna gaýdyp gelmeginden gorkdular. Olar Zeňňiden gorkýardylar. Şonuň üçin Mardiniň häkimi Nej-

---

[1] Golýazmada munuň ady Kuçuk diýilip berilýär we «kiçijik» diýen manyny berýär. Sebäbi Zeýneddin Alynyň boýy kelte bolupdyr.

meddine habar iberip, galany oňa berdiler. Şeýdip musulmanlar ol ýeri eýelediler.

## 540-NJY HIJRI ÝYLY
*(24.06.1145 — 12.06.1146 ý.)*

## BOZ ABA BILEN ABBASYŇ SOLTANA GARŞY BIRLEŞMEKLERINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Parsyň we Huzystanyň häkimi Boz Aba esgerleri bilen bilelikde Kaşana geldi. Soltan Mahmydyň ogly Mälik Muhammet hem onuň ýanyndady. Soltan Muhammediň ogly Mälik Süleýman şa hem olara goşuldy. Emir Boz Aba Reýiň häkimi Apbas bilen birleşip, soltan Mesudyň tabynçylygyndan çykmak kararyna geldiler we ülkelerindäki birnäçe ýerleri ellerine geçirdiler.

Soltan Mesut bu habary Bagdatda mahaly eşitdi. Soltanyň emir hajyby we döwlete häkim adamy emir Abdyrahman Togaýürek hem soltanyň tarapyndady. Ol hem Boz Aba bilen Apbasyň aýdanlaryny goldaýardy. Soltan Mesut oraza aýynda Bagdatdan çykyp gaýtdy. Emir Muhelhel bilen Nazar we Bähruzyň hyzmatkärlerinden bir topar Bagdada geldi. Soltan Abdyrahman bilen birlikde Bagdatdan çykdy. Iki tarapyň esgerleri biribirlerine ýakynlaşdy. Söweşe başlajak bolup durkalar, Süleýman şa dogany Mesuda goşuldy. Abdyrahman öz islän şertlerine görä, ylalaşygyň esaslaryny düzmäge başlady. Abdyrahmana elindäki ýerlerden başga, Genje we Arran hem berildi. Boz Abanyň weziri Abylfath ibn Darest soltan Mesudyň weziri boldy. Şeýdip soltan Mesut olaryň golastyna girdi we onuň hukuklary azaldyldy. Has beg ady bilen tanalýan we soltanyň elmydama ýanynda bolup, onuň terbiýesi bilen meşgul bolan Begarslan ibn Belengirini soltanyň ýanyndan aýyrdylar. Ol hem

öldürilmekden gorkup, Abdyrahmanyň hyzmatyna girdi. Bular, ýagny Abdyrahmanyň topary göräýmäge soltanyň hyzmatynda ýalydy, emma aslynda onuň hyzmatynda däldi. Dogrusyny Alla biler.

Bu ýyl soltan Muhammediň adamlaryndan Mujahideddin Bähruz ýogaldy. Ol otuz ýyl töweregi Yragyň häkimidi.

## 541-NJI HIJRI ÝYLY
*(13.06.1146 — 01.06.1147 ý.)*

## ATABEG YMADEDDINIŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň ikinji aýynyň bäşine atabeg Ymadeddin Zeňňi ibn Aksungur öldürildi. Ol Şamyň we Mosulyň hökümdarydy. Atabeg Jaber galasyny gabawa salan wagtynda gullarynyň birnäçesi ony bir gije aldawa salyp öldürdiler. Olar Jaber galasyna gaçyp bardylar. Ol ýerde gygyryp, atabegiň ölendigini leşgerlerine habar berdiler. Şeýdip bu habar ähli ýere ýaýrady.

Kakam [Ibn Esiriň kakasy – terj.bel.] Zeňňiniň ýakyn adamlaryndan maňa şulary gürrüň berdi: «Ölümi barada meniň kakam käbir zatlary şeýle gürrüň beripdi: «Men atabegiň ölüm ýassygynda ýatan wagty golaýyna barypdym. Şonda ol meni özüni öldürmäge gelendir öýdüp, maňa başam barmagyny çommaldyp bir zatlar diýjek boldy. Men şonda: «Eý hojaýyn, saňa näme boldy? Seni kim beýle güne saldy?» diýdim.

Emma onuň gürlemäge mejaly ýokdy. Goý, Alla oňa rehmet etsin!

Zeňňi görmegeý, bugdaýreňk, gök gözlüdi. Saçyna ak düşüpdi, ýaşy altmyşdan geçipdi. Kakasy öldürilende, ol heniz çagady. Ony Rakkada jaýladylar.

## ZEŇŇINIŇ IKI OGLUNYŇ — SEÝFEDDIN GAZY BILEN NUREDDIN MAHMYDYŇ ATABEGLIGIŇ BAŞYNA GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Atabeg Zeňňi öldürilensoň, ýanynda bolan ogly Nureddin Mahmyt kakasynyň elinden möhüri alyp, Halaba gitdi we şähere eýe boldy.

Şol mahal Zeňňiniň diwan işlerini dolandyrýan adam ulamalardan Jemaleddin Muhammet ibn Aly bolup, döwlete ýeke özi häkimdi. Emir hajyp Salaheddin Muhammet Ýagysyýan hem onuň ýanyndady. Olaryň ikisi döwletiň goralmagyny we dowam etmegini isleýärdiler. Mälik Alp Arslan ibn soltan Mahmyt hem atabeg Zeňňiniň ýanyndady. Ol derrew herekete geçip, käbir işleri ýola goýup başlady. Esgerler onuň daşyna jemlendiler. Jemaleddin bilen Salaheddin hem onuň ýanyna geldiler. Soň ony Rakka alyp gitdiler. Mälik Alp Arslan bu ýerde birnäçe gün boldy, hiç ýere çykmady, soň Makisine gitdi. Şähere girip, ol ýerde birnäçe gün boldy. Jemaleddin şol mahal emirlere Seýfeddin Gazy ibn atabeg Zeňňini goldajakdyklary barada kasam etdirdi we olary Mosula iberdi.

Soň ol Makisinden Sanjara gitdi. Seýfeddin şol mahal Mosula barypdy. Sanjara baran mahallary Jemaleddin Dizdara habar ýollap, ogluna şu habary ýetirmegini haýyş etdi: «Men seniň guluň. Ýöne men Mosula tabyn. Sen haçan Mosula häkim bolsaň, Sanjary saňa bererin». Mälik Alp Arslan hem Mosula gitdi. Jemaleddin ony tutup, Bent şäherine iberdi. Onuň ýanynda örän az sanda esger galypdy. Oňa Dejleden aňry geçmegi maslahat berdi. Ol az sanly goşun bilen derýanyň gündogaryna geçdi.

Seýfeddin Gazy şol mahal yktasy bolan Şährizurdady, kakasynyň Mosuldaky naýyby Zeýneddin Aly Kiçi oňa habar iberip, Mosula çagyrdy. Seýfeddin Mälik Alp Arslandan has öňür-

ti geldi. Jemaleddin Seýfeddiniň Mosula gelendigini eşidip, oňa habar ýollap, Mälik Alp Arslanyň ýanynda az goşunyň bardygyny habar berdi. Seýfeddin özüniň goşunynyň bir bölegini Mälik Alp Arslanyň üstüne iberdi we ony tutdy. Mälik Alp Arslan Mosul galasynda zyndana salyndy. Seýfeddin şeýdip ülkä häkim boldy. Dogany Nureddin öz galasyndaky Halapda galdy. Seýfeddin işlerini dolandyrmak we döwleti goramak maksady bilen Salaheddin Ýagysyýany doganynyň ýanyna iberdi.

## ABDYRAHMAN TOGAÝÜREGIŇ WE REÝ HÄKIMI APBASYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Mesut emir Abdyrahman Togaýüregi öldürdi. Togaýürek Halhal we Genjäniň bir bölegine eýedi. Onuň ýanynda soltanyň sözi ýöremeýärdi.

Soltan ony öldürende, Bagdatdaky Reýiň häkimi emir Apbas hem onuň ýanyndady. Apbasyň emirleri soltanyň esgerlerinden has köpdi. Apbas bu ýagdaý sebäpli gaty geň galdy we biraz howsala düşdi. Ýöne soltan ony hoşamaý sözler bilen höre-köşe etdi. Soltan soň Lihafdan emir Alpguş Gunhary we Haşin Tatary çagyrdy. Soltan olar bilen güýç toplansoň, Apbasy köşgüne çagyrdy. Apbas içeri girensoň, onuň ýanyndakylary içeri salmadylar. Apbasy bir otaga salyp: «Sowudyňy çykar» diýdiler. Emir Apbas hem: «Soltanyň maňa beren kasamlary we wadalary bar» diýdi. Ýöne ony diňlemediler we ony ýençdiler. Ony öldürmek üçin gizlenip duran hyzmatkärler çykansoň, Apbas kelemesini çöwürdi we sowudyny çykardy. Hyzmatkärler Apbasy gylyçladylar we kellesini kesip, adamlarynyň öňüne atdylar. Soň onuň jesedini hem zyňdylar. Apbasyň ähli mal-mülküni taladylar.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl soltan Mesut dogany Süleýman şany Tikritde tussag etdi.

Bu ýyl Arranyýanyň we Genjäniň bir bölegine eýe bolan emir Çawly ýogaldy. Ol Mälik Togrulyň adamlaryndandy. Gozgalaň turuzypdy. Birdenkä öldi.

Damaskyň häkimi Şehit atabeg Zeňňi Aksunguryň öldürilmeginden soň, Baalbek galasyny gabady. Galada goragçy hökmünde Nejmeddin Eýýup ibn Şady bardy. Ol Zeňňiniň perzentleri özüne kömek ibermez öýdüp gorkdy. Onuň bilen ylalaşyp galany oňa berdi. Ondan ykta ýer we mal-mülk aldy. Damaska degişli birnäçe öý hem oňa berildi. Eýýup Damaska geçip, ol ýere ýerleşdi, ol ýerde-de ýaşady.

## 542-NJI HIJRI ÝYLY
*(02.06.1147 — 21.05.1148 ý.)*

## BOZ ABANYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Apbasyň öldürilendigini eşiden emir Boz Aba Parsdan we Huzystandan esger ýygnap, Yspyhana geldi we şäheri gabady. Başga bir harby birligi Hemedana iberdi. Şeýle-de Lihaf sebitindäki Mahyal galasyna üçünji goşuny iberdi. Mahýala giden esgerleriniň üstüne emir Alpguş Günhar ýöriş etdi we olary öz topraklaryndan kowup çykardy. Lihaf onuň ykta ýeridi. Boz Aba soň soltan Mesudy tutmak üçin Yspyhana ýola çykdy. Soltan onuň bilen ylalaşmak üçin habar ýollady. Ýöne Boz Aba ony kabul etmedi we çaltlyk bilen ýoluny dowam etdirdi. Olar Gara Tegin (Merji Gara Tegin) diýen ýerde söweşe başladylar. Soltan Mesudyň sag we çep ganaty ýeňildi. Iki tarapyň merkezi güýçleri hem örän aýylganç ýagdaýda söweşdiler. Iki tarap

hem berk durýardy. Söweş ep-esli wagtlap dowam etdi. Söweş mahaly atylan bir ok Boz Aba degdi. Başga bir rowaýatda bolsa aty ony ýere ýykypdyr. Netijede, Boz Aba ýesir alnyp, soltanyň ýanyna getirildi we soltanyň gözüniň alnynda öldürildi. Boz Aba ýesir düşensoň, esgerleri hem derbi-dagyn boldular.

Soltanyň dargan sag we çep ganat goşuny Hemedana bardy. Iki tarapdan hem köp sanly adam gyryldy. Bu söweş ajamlaryň arasynda bolup geçen iň uly söweşleriň biridir.

## NUREDDIN MAHMYT IBN ZEŇŇINIŇHAÇLYLARYŇ ELINDÄKI BIRNÄÇE ÝERI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Halabyň häkimi Nureddin Mahmyt ibn Zeňňi haçly häkimligindäki topraklara aralaşdy. Ol Artah şäheriniň gylyjyň güýji bilen eýeläp talady. Şeýle-de Mabula, Busrafun we Kefertasa galalaryny eýeledi. Haçlylar kakasy öldürilensoň, Nureddiniň topraklaryna göz dikipdiler we Zeňňiden soň onuň alan topraklaryny yzyna aljakdyklary barada pikir edipdiler. Nureddiniň şeýle uly güýç we tagalla bilen iş alyp barýandygyny görensoňlar, bu pikirlerinden örän daşdyklaryna göz ýetirdiler.

## HILLÄNIŇ ALY IBN DUBEÝSDEN ALYNMAGYNYŇ WE ALYNYŇ HILLÄ GAÝDYP BARMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Aly ibn Dubeýsiň adamlary Hillede we onuň töwereginde bozgunçylyk çykarmaga başladylar. Şonuň üçin Aly hakyndaky arzy-şikaýatlar köpeldi. Soltan Mesut Hilläni emir Salargirde ykta hökmünde berdi. Salargirt esgerler bilen bilelikde Hemedandan Hillä tarap gaýtdy. Bagdat esgerlerinden bir

topar hem Salargirde goşuldy. Hemmesi Hillä tarap gitdiler. Aly hem goşun ýygnady. Iki tarap Matyrabatda duşuşdylar. Aly ýeňildi. Salargirt Hillä häkim boldy. Alynyň maşgala agzalaryny gözastyna aldy. Esgerler yzlaryna gaýtdylar. Salargirt hyzmatkärleri we adamlary bilen Hillede galdy. Aly ibn Dubeýs soň Alpguş Günharyň ýanyna gaýtdy. Alpguş şol mahal yktasy bolan Lihada gezip ýördi. Alpguşa soltan birada erbet günäleýji sözleri aýtdy we ondan kömek isledi. Alpguş hem Aly bilen bilelikde Wasyta gitdi we Toruntaý bilen ylalaşdy. Olar bilelikde Hillä gitdiler. Olar gurban aýynda Hilläni Salargirdiň elinden aldylar. Salargirt Hilleden Bagdada gaýtdy.

## 543-NJI HIJRI ÝYLY
*(22.05.1148 — 10.05.1149 ý.)*

## ÝEWROPALYLARYŇ DAMASKY GABAMAGYNYŇ WE SEÝFEDDIN GAZY IBN ZEŇŇINIŇ EDEN IŞLERINIŇ BEÝANY

Bu ýyl german hökümdary köp sanly ýewropaly goşun bilen yslam ülkelerini basyp almak üçin ülkesinden ýola çykdy. Ol sanlarynyň köpdügine, ýaraglarynyň we ätiýaç zatlarynyň ýeterligine daýanyp, yslam ülkelerini aňsatlyk bilen eýelejekdigine, şübhelenmeýärdi ýokdy. Siriýa baransoň, ol ýerdäki ýewropalylar hem olaryň ýanyna geldiler we hyzmatyna girdiler. German hökümdary olary Damasky gabamak üçin ýanyna gelmeklerine emr berdi. Siriýadaky ýewropalylar hökümdar bilen ýola çykdylar we Damaskyň etegine gelip, şäheri gabadylar. Damaskyň häkimi Mujyreddin Abak ibn Böri ibn Tugtegindi. Ýöne sözi ýöremeýärdi. Şäherde at-abraý we hökümdarlyk atasy Tugteginiň guly Mugyneddin Ineriň emiriň elindedi. Mugy-

neddin akylly-adalatly, haýyrsöýer, ýagşy ahlakly emirdi. Ol esger ýygnap, Damasky gorady.

Haçlylar Damasky gabap başladylar. Dört tirkeşiginiň birinji aýynyň altysyna atly pyýada goşun bilen hüjüme geçdiler. Şäher ilaty olara garşy çykdy we olar bilen söweşdi.

Haçlylar güýçlenýärdiler, musulmanlar bolsa ejizleýärdiler. German hökümdary öňe gidip, Meýdanyl-Ahdara ýetdi we ol ýerde düşledi. Mugyneddin Seýfeddin Gazy ibn atabeg Zeňňä ilçi iberip, musulmanlary kömege çagyrdy. Ol hem esgerlerini ýygnap, Siriýa tarap ýöredi. Halapdan dogany Nureddin Zeňňini hem aldy. Olar bilelikde Humusa girdiler.

Kenardan gelen haçlylar German hökümdary bilen duşuşyp, Seýfeddiniň köp sanly esgeriniň bardygyny, oňa yzygiderli kömek gelýändigini aýtdylar. German hökümdary Damaskyň gabawyny taşlap, yzyna gaýtdy.

Ýewropalylar Damaskdan aýrylansoňlar, Nureddin Uraýma galasyna ýöriş gurap, ýewropalylaryň elinde bolan bu galany eýeledi.

## SOLTAN MESUT BILEN BIR EMIR TOPARYNYŇ ARASYNDAKY DÜŞÜNIŞMEZLIGIŇ BEÝANY

Bu ýyl uly emirleriň bir bölegi soltan Mesudyň toparyndan aýryldylar. Genjeli bolan bu emirleriň arasynda Genje we Arran şäherleriniň häkimi Ildeňiz Mesudy, emir Kaýsar, Jebelden Alpguş Günhar we soltan Mesudyň gullaryndan bolan hajyp Tatar, Wasytyň şihnesi Toruntaý Mahmydy, Ildeňiz Garkup we ibn Togaýürek dagylar bardy.

## HAÇLYLARYŇ ÝAGRADA ÝEŇILMEKLERINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Nureddin Mahmyt ibn Zeňňi Siriýanyň Ýagra diýen ýerinde haçlylary ýeňdi. Haçlylar talaňçylyk etmek maksady bilen Halabyň üstüne ýöremek islediler. Nureddin muny eşidip, esgerleri bilen haçlylaryň üstüne ýöriş etdi. Iki goşun Ýagrada duşuşyp, söweşe başladylar. Söweş haçlylaryň ýeňlişi bilen gutardy. Köp adam gyryldy. Haçly serkerdeleriň köpüsi ýesir alyndy. Haçlylardan az adam halas boldy. Nureddin alan oljalaryny we ýesirleri dogany Seýfeddine, halypa, soltan Mesuda we beýlekilere iberdi.

## GURLULARYŇ GAZNANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Gur hökümdary Sury ibn Hüseýin Gaznanyň üstüne ýöriş etdi we şäheri eýeledi.

Bähram şa şol mahal Hindistana gidipdi. Soň Bähram şa gaýdyp geldi we Gazna häkim boldy. Gur hökümdaryny dardan asdy.

## 544-NJI HIJRI ÝYLY
*(11.05.1149 — 29.04.1150 ý.)*

## SEÝFEDDIN GAZYNYŇ ÖLÜMINIŇ WE DOGANY KUTBEDDINIŇ ATABEGLIGIŇ BAŞYNA GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Mosulyň häkimi Seýfeddin Gazy ibn atabeg Zeňňi syrkawlap ýogaldy. Keseli barha erbetleşensoň, Bagdada habar iberip hekim Ewhaduz-Zamany çagyrdy. Ol Seýfeddiniň ýanyna gelip, em etdi. Emma em oňa peýda bermedi we ol dört tir-

keşigiň dördünji aýynyň ahyrlaryna ýogaldy. Ol Mosulda 3 ýyl 1 aý 20 gün häkim boldy.

Seýfeddin Gazy ýogalanda, dogany Kutbeddin Mosulda ýaşaýardy. Wezir Jemalledin we goşun serkerdesi Zeýneddin Aly ony atabegligiň başyna geçirmekçi boldular. Kutbeddini getirip, onuň kasam etmegini islediler, özleri hem oňa wepaly boljakdygy barada ant içdiler. Kutbeddini hökümet köşgüne getirmek üçin ata mündürdiler. Zeýneddin Aly hem onuň ýanyndady. Mosul, Jezire we Siriýa ýaly dogany Seýfeddine degişli bolan ýerler Kutbeddine tabyn boldular.

## NUREDDINIŇ SANJARY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Kutbeddin Mewdut dogany Seýfeddin Gazydan soň Mosula häkim bolansoň, beýleki dogany Nureddin Mahmyt Siriýadady. Halap we Hama onuň elindedi. Emirleriň bir topary hat ýazyp, ony atabegligiň başyna geçirmek islediler. Oňa hat ýazanlaryň arasynda Şemseddin Muhammediň kakasy Abdylmälik Mukaddem hem bardy. Abdylmälik Sanjaryň goragçysydy. Ol Nureddin Mahmyda ilçi iberip, ony Sanjary eýelemek üçin çagyrdy. Nureddin emirlerden düzülen ýetmiş atly bilen ýola çykdy we Makisine bardy.

Abdylmälik Sanjary Nureddin Mahmyda berdi. Nureddin hem Sanjary dogany Kutbeddine berdi we özi Siriýa gaýdyp geldi.

## ANTAKYÝANYŇ HÖKÜMDARYNYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ WE HAÇLYLARYŇ DERBIDAGYN EDILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Nureddin Mahmyt ibn Zeňňi Antakyýa sebitindäki haçly topraklaryna gazawada çykdy. Harym galasyna bardy we

haçly häkimiýetindäki bu galany gabady. Galanyň ähli ýerini ýykyp-ýumurdy, obalary talady. Soň Innip galasyna gidip, ol ýeri hem talady. Haçlylar Antakyýa we Harym bilen ol töwerekdäki ýerleriniň häkimi bolan patrigiň töweregine ýygnanyşyp, Nureddini Innipden çykarmak üçin üstüne ýöriş etdiler. Nureddin olaryň garşysyna çykdy we olar söweşde tutluşdylar. Nureddiniň söweşe hut özi gatnaşdy. Haçlylar erbet ýagdaýda derbi-dagyn boldular. Köpüsi gyryldy, ençemesi hem ýesir alyndy. Öldürilenleriň arasynda Antakyýa patrigi hem bardy. Ol haçlylaryň iň uly hökümdarydy. Onuň ýerine ogly Bohemunt geçdi. Bohemunt heniz ýaşdy, şonuň üçinem ejesi patrikligiň işlerini ýöretmek üçin başga bir patriga durmuşa çykdy. Ol patrik hem Antakyýada galdy.

Soň Nureddin olara garşy ikinji ýöriş geçirdi. Haçlylar ýene ýygnanyşyp, söweşe girdiler. Nureddin ýene-de ýeňdi. Köpüsi gyryldy, ençemesi hem ýesir alyndy. Ýesirleriň arasynda Bohemundyň öweý atasy patrigi hem bardy. Ol ýesir düşensoň, Bohemunt Antakyýa häkim boldy.

## 545-NJI HIJRI ÝYLY
*(30.04.1150 — 19.04.1151 ý.)*

## EFAMYÝE GALASYNYŇ EÝELENMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Nureddin Mahmyt ibn atabeg Zeňňi Şeýzer we Hama töweregindäki beýik bir depäniň üstünde ýerleşen we mäkäm galalaryň biri bolan Efamyýe galasyny haçlylardan aldy. Nureddin galanyň üstüne çozup, ol ýeri gabady. Haçlylar galanyň içindedi. Nureddin olar bilen söweşdi we olary gysyp ugrady. Muny eşiden Siriýadaky haçlylar hem Nureddiniň üstüne ýöriş etdiler. Ýöne haçlylar Nureddiniň galany eýeläp, içini azyk we adamlaryndan dolduransoň geldiler. Nureddin olaryň

gelýändigini duýup, olaryň üstüne ýöriş etdi. Haçlylar galanyň eýelenendigini we Nureddiniň öz üstlerine gelýändigini bilip, yzlaryna gitdiler. Nureddine habar ýollap, ylalaşyk gazandylar. Nureddin ýeňiş bilen we sag-salamat yzyna gaýtdy.

## GUR HÖKÜMDARYNYŇ HYRATY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Gur hökümdary Hasan ibn Hüseýin Hyrat şäherin eýeledi. Ol soltan Sanjara tabyndygyny yglan etdi.

## 546-NJY HIJRI ÝYLY
*(20.04.1151 — 07.04.1152 ý.)*

## NUREDDINIŇ JOSKELINDEN ÝEŇILMEGINIŇ WE JOSKELINIŇ ÝESIR DÜŞMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Nureddin Mahmyt goşun toplap, Joskeliniň Halabyň demirgazygynda bolan topraklaryna çozdy. Tel Başyr, Aýntap, Agzaz we beýleki şäherler Joskeliniň golastyndady. Nureddin Joskeliniň ýerlerini gabawa salyp eýelemek maksady bilen gaýtdy. Joskelin haçlylaryň iň uly gysarydy. Örän edermen adamdy. Nureddiniň gelýändigini eşidip, köp sanly ýewropaly esgerleri ýygnap, onuň öňünden çykdy. Söweşe başladylar. Netijede, musulmanlar ýeňildi. Köpüsi gyryldy, ençemesi hem ýesir düşdi. Ýesirleriň arasynda Nureddiniň silahdary[1] bardy. Joskelin silahdary tutup, Nureddiniň ýaraglary bilen birlikde Konýanyň we Aksaraýyň häkimi bolan Mesut ibn Gylyç Arslana iberdi we oňa: «Bu seniň giýewiň ýaragydyr. Onuň başyna gelenler seniň hem başyňa geler» diýdi. Nureddin bu habary eşi-

[1] Silahdar – ýaraglara jogapkär emir.

dip namys etdi. Joskelinden aryny almak üçin hiç dynç almady. Türkmen emirlerinden bir topary çagyryp, eger Joskelini ýeňip, ony ýesir ýa-da öli ýagdaýda getirseler, olara uly sylag berjekdigini wada berdi. Sebäbi eger Nureddiniň özi olaryň üstüne ýörese, Joskeliniň galalaryna girip sygynjakdygyny bilýärdi. Şonuň üçinem türkmen emirleri iberdi.

Joskelin bir gün awa çykdy. Pursat arlap ýören türkmenler ony derrew tutdular. Joskelin olara köp möçberde pul hödürledi. Olar hem razy boldular. Joskelin pul getirmek üçin adamlaryny iberdi. Şol mahal türkmenleriň biri Nureddiniň Halapdaky naýyby Abu Bekr ibn Daýanyň ýanyna gidip, ýagdaýy habar berdi. Abu Bekr hem onuň bilen bir harby birlik iberdi. Bular Joskelin bilen türkmenleriň üstüne çozup, olary ýesir aldylar we Abu Bekriň ýanyna getirdiler. Joskeliniň ýesir alynmagy uly ýeňişleriň biridi, sebäbi ol näletsiňen şeýtan musulmanlara rehimsizdi. Onuň ýesir düşmegi hristianlara uly urgy boldy.

Joskelin ýesir alnansoň, Nureddin onuň üstüne ýöriş etdi we galalaryny eýeledi. Bu galalaryň arasynda Tel Başyr, Aýntap, Agzaz, Tel Halyt, Kuris, Rawendan, Burjy Rasas, Hysny Bare, Kefersut, Keferlasa, Duluk, Maraş, Nehril Jöwz we beýleki ýerler bardy.

## 547-NJI HIJRI ÝYLY
*(08.04.1152 — 28.03.1153 ý.)*

## SOLTAN MESUDYŇ ÖLÜMI WE MÄLIK ŞA MUHAMMET IBN MAHMYDYŇ HÖKÜMDAR BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň rejep aýynyň birine soltan Mesut ibn Muhammet ibn Mälik şa Hemedanda ýogaldy. Ol erbet keselläp, gyzdyryp, bir hepdeläp ýatdy. Soltan Mesut 502-nji ýylyň boş aýynda

dünýä inipdir. Soltan Mesut bilen bilelikde seljuk neberesiniň ykbaly we bagtyýarlygy hem gutardy. Ondan soň seljuk tagtyna ýerini tutup biljek, atly-abraýly we ynamdar hökümdar geçip bilmedi.

Şygyr:

Bilseňiz, ýönekeý däl, Kaýsyň[1] ölümi,
Ölümi bilen heläk boldy kowumy.

Merhum soltan Mesut ýagşy ahlakly, degişgen, ilat bilen bile bolmagy söýýän adamdy. Bir mysal:

Mosulyň häkimi atabeg Zeňňi kazy Muhammet Şähriuryny ilçi hökmünde Soltan Mesudyň ýanyna iberipdi. Kazy Kemaleddin baryp, soltanyň ýanynda oturdy. Bir gün agşam namazynyň azanyna çenli weziriň çadyrynyň öňünde garaşdy. Soň bolsa çadyryna gaýtdy. Ýolda çadyrlaryň birinde bir alym gördi we oňa myhman bolup, onuň bilen agşam namazyny okady. Kemaleddin onuň nirelidigini sorady. Onda ol alym:

— Men pylan şäherden — diýdi.

Kemaleddin:

— Kazylar üç topardyr. Ikisi jähennemlikdir, sen we men ikimiz bu topardandyrys. Jenneti bolmaýan kazylar, bu zalymlaryň gapylaryny görmeýänlerdir we olar hem kazylary görmeýänlerdir — diýdi.

Soltan ertesi gün Kemaleddine habar ýollap, ony ýanyna çagyrdy. Kemaleddin gelensoň, soltan ony görüp, gülümjiräp:

— Kazylar üç topardyr — diýdi.

Kemaleddin:

[1] Kaýs – Leýli-Mejnun dessanyndaky Mejnunyň çyn ady.

— Hawa, eý soltanym, dogry aýdýarsyň. Bizi görmeýän we biziň hem olary görmeýän adamlarymyz nähili bagtlydyr — diýdi.

Soň Kemaleddiniň işlerini bitirip, ony şol gün yzyna iberdi.

Ol örän jomartdy. Ilatyň malyna göz dikmezdi. Ahlak-sypat taýdan soltanlaryň iň gowusy, iň ýumşagydy, merhemetlidi, mylaýymdy.

Soltan bir gezek Bagdadyň daş-töwereginde aýlanyp ýördi. Bir aýalyň başga bir aýala: «Gel bärik, soltana seret» diýendigini eşitdi we durup: «Bu aýal gelsin-de, bize seretsin» diýdi.

Ol örän abraýly soltandy. Dogany soltan Mahmydyň ogly Mälik şany şazada belläpdi. Ol ýogalansoň, Emir has beg ibn Belengeri soltan hökmünde Mälik şanyň adyna hutba okatdy. Işleri ýola goýdy we onuň adyndan döwlet işlerini ýöretdi. Ähli esgerler soltan Mälik şa tabyn boldular.

## HAÇLYLAR BILEN NUREDDIN MAHMYDYŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýyl haçlylar atly we pyýada goşunlaryny ýygnap, Nureddiniň üstüne ýöriş etdiler. Nureddiniň şol mahal Joskeliniň topraklaryndady. Haçlylar ony ol ýerden kowmak isleýärdiler. Olar Dulukda Nureddiniň yzyndan ýetdiler. Haçlylar ýakynlaşanlarynda, Nureddin hem olaryň garşysyna çykdy we olar bilen söweşe girdi. Söweş Dulugyň ýakynlarynda bolup geçdi. Örän elhenç söweş boldy. Netijede, haçlylar ýeňildi, köpüsi gyryldy, ençemesi hem ýesir alyndy. Nureddin Duluga gaýdyp geldi we şähere doly häkim boldy.

## SOLTAN SANJAR BILEN GURLULARYŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Sanjar bilen gurlularyň arasynda söweş boldy. Gurly döwletiniň döreýşi şeýledi: Gurlylaryň ilkinji hökümdary Hüseýin ibn Hüseýin bolup, ol Gur daglaryna we Firuzkuh şäheriniň häkimidi. Firuzkuh Gaznanyň golaýynda ýerleşýärdi. Ol Hüseýin Alaeddin lakamy bilen tanalýardy.

Şeýlelik bilen, ol uly goşun jemläp, Hyrat şäherine tarap ýöriş etdi. Ýol ugrundaky Nap, Öbe, Marbat ýaly şäherleri taladylar we Balhy gabadylar. Emir Kamajyň baştutanlygynda oguzlar bilen bilelikde gurlularyň garşysyna agyr söweş boldy. Ýöne soň oguzlar Kamajy taşlap, gurlularyň tarapyna geçdiler. Şeýdip gurlular Balhy eýelediler. Soltan Sanjar bu habary eşidip, şol bada Balha, söweş bolup duran ýere gitdi. Alaeddin oňa garşylyk görkezdi. Agyr gyrgynçylykly uruş bolup, ahyry gurlular ýeňildiler. Alaeddin bolsa ýesir alyndy.

Ony soltan Sanjaryň ýanyna getirdiler. Soltan Sanjar ondan:

— Eger-de men seniň ornuňa ýesir bolan bolsam, sen maňa nähili jeza bererdiň? – diýip sorady.

Onda ol:

— Eliňize zynjyr baglap, Firuzkuh şäherine äkiderdim – diýip, jogap berdi.

Soltan Sanjar ony bu sözi üçin azat edip, ýesirlikden boşatdy we Firuzkuha tarap ýola saldy.

## GURLY GYÝASEDDIN BILEN ŞYHABEDDINIŇ HÖKÜMDAR BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Alaeddin Hasan ibn Hüseýin güýçlenensoň, dürli şäherlere häkim we serkerdeler belledi. Doganynyň ogullarly Gyýaseddini we Şyhabeddini Gur ülkesindäki Sanjar şäherine häkim bel-

ledi. Olaryň ikisi hem häkim bolansoňlar, adalatly hökümdar boldular, ilata gowy garadylar. Şonuň üçin ilat olary söýýärdi.

Alaeddin ýogalansoň, onuň ýerine Gyýaseddin hökümdar boldy. Ol Gur ülkesinde we Gaznada hökümdar hökmünde öz adyna hutba okatdy. Alaeddiniň ölüminden soň oguzlar Gaznany eýeleýänçäler, ol bu ýerde boldy. Alaeddin ýogalansoň, oguzlar Gaznany eýelediler. Netijede, Gazna on bäş ýyllap oguzlaryň häkimiýetinde galdy. Oguzlar ähli ýerlerinde edişleri ýaly, Gazna ilatyna hem zulum etdiler. Eger oguzlar ilat bilen gowy gatnaşsadylar, häkimiýetleri has uzak dowam ederdi. Şol mahal Gyýaseddin hem ýagdaýyny gowulandyrýardy, ilaty gowy görýärdi. Şonuň üçin halk ony goldaýardy we tarapyna geçýärdiler.

## GYÝASEDDINIŇ GAZNANY WE TÖWEREGINDÄKI ŞÄHERLERI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Gyýaseddiniň ýagdaýy gowulanan, dogany Şyhabeddiniň serkerdeligindäki uly goşuny Gaznanyň üstüne iberdi. Goşunda gurlular, halaçlar we horasanly esgerler bardy. Esgerler Gaznanyň üstüne ýöriş etdiler. Oguzlar hem olaryň garşysyna çykyp, söweşe girişdiler. Gurlular ýeňildi, ýöne Şyhabeddin sabyr bilen söweşýärdi. Oguzlardan gaçyp gidip, Şyhabeddiniň ýanynda söweşen esgerler bilen bilelikde oguzlaryň baýdakdarynyň üstüne çozdular we ony öldürip, baýdagy ele aldylar. Şol mahal oguzlar yzlaryna gaýdyp geldiler, ýöne Şyhabeddiniň eden işlerinden bihabardylar. Olar baýdaklaryny almak üçin geldiler. Şyhabeddin oguzlardan gelen her bir taýpanyň adamlarynyň köpüsini gyrdy. Soň Gazna gelip, şäheri eýeledi.

Şyhabeddin Gaznadan Kermana we Şenerwana gitdi, şäherleriň ikisini hem ele saldy, soň Lahora tarap gaýtdy. Ol ýerde gaznaly soltan Hysrow şa ibn Bähran şa bardy. Hysrow şa mu-

ny eşidip, Sind derýasyna bardy we onuň derýadan geçmegine böwet boldy. Şyhabeddin ol ýeri goýbolsun edip, Nyşapura tarap ýöredi. Ol ýeri we töweregindäki Hint daglaryny we Owgan şäherlerini eýeledi. Dogrusyny Alla biler.

## ŞYHABEDDINIŇ LAHORY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Şyhabeddin Hint daglaryna eýe bolansoň, has hem güýçlendi. Gyş möwsümi gutaryp, 579-njy ýyl gelensoň, uly goşun bilen Lahor taraplaryna goşdy we Lahory gabady.

Şäheriň häkimi Hysrow şa we ilatyna habar ýollap: «Eger gaýtawul berseler, şeýle-şeýle ederin» diýip, haýbat atdy we tä şäheri eýeleýänçä, gabawy dowam etjekdigini, Hysrow şanyň özüne degmejekdigini, oňa aman berjekdigini aýtdy. Şeýle hem eger Hysrow şa ykta ýerler berjekdigini, dogany Gyýaseddiniň adyna hutba okatsa, gyzyny Hysrow şanyň ogluna berjekdigi hakynda habar ýollady. Emma Hysrow şa muny kabul etmedi. Şyhabeddin şäheri gabamagyny dowam etdirdi. Ilat we esgerler bu ýagdaýy görüp, Hysrow şany goldamagy bes etdiler. Netijede, onuň bir özi galdy. Hysrow şa bu ýagdaýdan soň, şäheriň kazysy bilen hatybyny Şyhabeddiniň ýanyna iberip, özüne aman diledi. Şyhabeddin sözünde durjakdygyna ant içdi. Hysrow şa hem Şyhabeddiniň ýanyna bardy. Şeýdip gurlular şäheri eýelediler. Hysrow şa bu ýagdaýda iki aýlap Şyhabeddiniň ýanynda boldy. Soň Gyýaseddiniň ilçisi Şyhabeddiniň ýanyna gelip, Hysrow şanyň onuň ýanyna iberilmegini aýtdy.

## SÖBÜKTEGIN (GAZNALY) DÖWLETINIŇ ÝYKYLYŞYNYŇ BEÝANY

Şyhabeddin doganynyň haýyşy boýunça Hysrow şany Gyýaseddiniň ýanyna iberdi. Gyýaseddin olar bilen görüşmedi we

olary bir galada tussag etdi. Mundan soň Hysrow şadan hiç hili habar bolmady.

Hysrow şa Söbüktegin ogullarynyň (Gaznaly döwletiniň) iň soňky hökümdarydy. Söbüktegin döwleti 366-njy ýylda esaslandyrylypdy. Olar iki ýüz on üç ýyllap höküm sürdüler.

Horasanly taryhçylar Hysrow şanyň Gaznalylaryň iň soňky hökümdardygyny tekrarlasalar, beýlekiler onuň hökümdar mahaly ölendigini, ýerine ogly Mälik şanyň geçendigini aýdýarlar.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Şyhabeddin Lahory eýelänsoň, hutba Gyýaseddiniň adyna okaldy. Bu ýyl Gyýaseddin Hyraty we Horasanyň beýleki şäherlerini hem eýeledi.

Bu ýyl Şyhabeddin Hindistandaky Ajura şäherini hem eýeledi.

## 548-NJI HIJRI ÝYLY
*(29.03.1153 — 17.03.1154 ý.)*

## SOLTAN SANJARYŇ OGUZLARDAN ÝEŇILMEGINIŇ WE HORASANA HEM-DE TÖWEREGINDÄKI ETRAPLARA TALAŇ SALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Sanjar oguz türkmenlerinden ýeňildi. Oguzlar musulman bir taýpa bolup, Mawerannahrda ýaşaýardylar. Öň hytaýlar ol ýeri eýeläp, oguzlary kowdular. Mundan soň oguzlar Horasana göçdüler. Olar Balhyň töwereginde ýaşap, mallaryny bakýardylar. Oguzlaryň ýolbaşçylary Dinar, Bagtyýar, Toty, Arslan, Jagar we Mahmyt atly emirlerdi. Balhyň ykta eýesi olary kowjak boldy. Ýöne oguzlar oňa sylag-serpaý berip, onuň bilen ylalaşdylar. Emir Kamaç hem olary öz ygtyýar-

laryna goýdy. Oguzlar namazlaryny okap, orazalaryny tutup, hiç kime zyýan ýetirmediler.

Ýöne emir Kamaç soňra olaryň üstüne çozdy, olaryň öz ýurdundan çykyp gitmeklerini isledi. Oguzlar birleşip, oňa garşy çykdylar. Oguzlardan beýleki türkmen taýpalary hem olara goşuldylar. Kamaç on müň atly bilen olaryň üstlerine çozdy. Oguz begleri gelip, onuň özlerine degmezligini, otluk ýerlerinde galmaklaryna ygtyýar bermegini haýyş etdiler. Her maşgala oňa iki ýüz dirhem kümüş berýärdi. Ýöne emir Kamaç bu teklipleri kabul etmedi we olary has hem gysyp ugrady. Oguz begleri ýygnanyşdylar we onuň bilen söweşe girdiler. Kamaç ýeňildi, oguzlar onuň we esgerleriniň mal-mülklerini taladylar. Aýal-ebtat, çaga-çuga köp adam ýesir alyndy. Hatda alymlary hem öldürip, medreseleri ýykdylar.

Kamajyň ýeňlendigi baradaky habar Merwe gelip ýetdi. Soltan Sanjar Merwdedi. Kamaç ýagdaýy dessine soltana habar berdi. Soltan oguzlara habar ýollap, olara haýbat atdy. Olaryň ülkesinden gitmeklerini emr etdi. Oguzlar ötünç soradylar. Özlerine degmezligi we otluk meýdanlaryň özlerinde galdyrylmagy üçin soltana köp möçberde altyn-kümüş teklip etdiler. Ýöne soltan Sanjar bulary kabul etmedi. Ülkesiniň ähli ýerlerinden esger ýygnady. Esgerleriniň sany ýüz müň atla ýakyndy. Soltan Sanjar bu goşun bilen oguzlaryň üstüne çozdy. Aralarynda söweş başlady. Soltan Sanjaryň esgerleri derbi-dagyn boldy, soň özi hem ýeňildi. Oguzlar olary kowalap, köpüsini öldürdiler, köpüsini hem ýesir aldylar. Öldürilen esgerleriň jesetlerinden depe emele geldi. Söweşde emir Kamaç hem öldürildi. Soltan Sanjar we birnäçe emir hem ýesir düşdi. Ýesir düşen emirleriň kellesini kesdiler. Soň oguz begleri soltan Sanjaryň ýanyna gelip, oňa: «Biz seniň gullaryň, saňa tabynlykdan çykmarys. Biz seniň biz bilen söweşmek üçin gelmändigiňizi bilýäris. Seni söweşe iterdiler. Sen soltansyň, biz bolsa seniň gullaryň» diýdiler.

Aradan iki-üç aý geçdi. Oguzlar soltan Sanjar bilen bilelikde Horasanyň paýtagty Merwe gitdiler. Bagtyýar soltan Sanjardan Merwi özüne ykta bermegini sorady. Soltan Sanjar oňa: «Bu ýer paýtagtdyr, hiç kime ykta berilmez» diýdi. Oguz begleri bu söze gülüşdiler. Bagtyýar hem dodagyny çommaldyp, onuň üstünden güldi. Soltan Sanjar bu ýagdaýy görüp, tagtyndan düşdi we Merwiň hanakasyna girip, hökümdarlykdan el çekdi.

Oguzlar bütin ýurdy basyp aldylar. Henize çenli eşidilmedik zulum-ezýet berdiler. Olar Nyşapura bir häkim bellediler. Ol hem ilata agyr salgytlar saldy, olara zulum etdi. Ol bazarda üç sany halta açyp goýup «Bularyň içine altyn bilen dolduryň» diýdi. Halk gozgalaň turzup, ony we ýanyndakylary öldürdiler. Muny eşiden oguzlar atlaryna münüp, Nyşapura çenli geldiler we şäheri ýer bilen ýegsan etdiler. Uly-kiçi hemmeleri gyrdylar. Şäheriň içindäki alymlaryň hemmesini öldürdiler. Şäheri hem ýakdylar.

Oguzlaryň ol ýerlerde eden işlerini sanamak mümkin däldir. Horasanda Hyratdan we Dehistandan beýleki ýerler oguzlar tarapyndan talandy. Bu iki şäheriň örän berkdigi üçin oguzlar olary eýeläp bilmediler.

## MUEÝÝIDIŇ NYŞAPURY WE BEÝLEKI ÝERLERI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Soltan Sanjaryň Aý Aba atly bir guly bardy, lakamy Mueýýitdi. Onuň abraýy uludy, şan-şöhraty beýikdi. Emirleriň köpüsi oňa tabyn boldular. Ol Nyşapury, Tusy, Nusaýy, Abywerdi, Şähristany we Damgany eýeläp, oguzlary bu ýerlerden kowup çykardy. Olaryň köpüsini öldürdi. Ilat bilen gowy gatnaşdy, adalatlydy. Ilaty öz tarapyna çekdi. Ilat hem oňa tabyn boldy. Tarapdary köpeldi. Han Mahmyt ibn Muhammet oňa habar ýollap, ady agzalan ýerleri özüne bermegini we öz ýanyna gel-

megini teklip etdi. Ýöne ol muny kabul etmedi. Olaryň aralarynda ilçiler gatnady. Netijede, Mueyyediň Mahmyt hana belli bir möçberde salgyt tölemelidigi barada karara geldiler. Han soň oňa degmedi. Şeýdip olaryň ikisi ylalaşdylar.

## YNANÇ BEGIŇ REÝI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Ynanç soltan Sanjaryň gullarynyň biridi. Oguzlaryň gozgalaňy mahaly ol Horasandan gaçyp, Reýe bardy we ol ýeri eýeledi. Hemedanyň, Yspyhanyň we beýleki ýerleriň eýesi bolan soltan Muhammet şa ibn Mahmyda hyzmatkärler we sowgatlar iberip, ony razy etdi, oňa tabyn boldy.

## GAZNANYŇ SOLTANY BÄHRAM ŞANYŇ ÖLÜMINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň rejep aýynda Gaznanyň hökümdary soltan Bähram şa ibn Mesut ibn Ybraýym ibn Mesut ibn Mahmyt ibn Söbüktegin Gaznada ýogaldy. Ýerine ogly Nyzameddin Hysrow geçdi. Bähram şa otuz alty ýyl bäri hökümdardy. Adalatly we gözel ahlaklydy. Alymlary söýýärdi, olara haýyr-yhsan edýärdi.

## 549-NJY HIJRI ÝYLY
*(18.03.1154 — 06.03.1155 ý.)*

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň sapar aýynda Nureddin Mahmyt ibn Zeňňi Damask şäherini Müjireddin Abagyň elinde basyp aldy.

Bu ýyl ol Tel Başyr galasyny hem eýeledi. Tel Başyr Halabyň demirgazygynda bolan berk galady.

## 550-NJI HIJRI ÝYLY

*(07.03.1155 — 24.02.1156 ý.)*

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl oguzlar Nyşapuryň üstüne çozdular we ol ýeri gylyç bilen eýelediler. Şähere girip otuz müň töweregi adamy gyrdylar. Olaryň arasynda şapygy fykh alymy Muhammet ibn Ýahýa hem bardy. Soltan Sanjar sözde soltandy. Tussag bolandygy üçin hiç kim onuň sözüne gulak asmaýardy. Hatda atyna münüp, gezmelemäge çykanda ýaragyny hem özi göterýärdi, hyzmatkäri ýokdy.

Soltan Sanjar özüne berilýän naharyň ýarysyny iýip, ýarysyny soňa goýardy. Sebäbi oňa wagtly-wagtyna nahar bermeýärdiler.

## 551-NJI HIJRI ÝYLY

*(25.02.1156 — 12.02.1157 ý.)*

## HOREZMŞA ATSYZYŇ WE BEÝLEKI KÄBIR HÖKÜMDARLARYŇ ÖLÜMINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynyň dokuzyna Horezmşa Atsyz ibn Muhammet ibn Anuştegin ýogaldy. Ol ysmaz bolupdy. Ol ölüm düşeginde ýatyrka: «Mal-mülküm maňa hiç hili peýda bermedi, soltanlygym elimden gitdi» diýdi. Ol 490-njy ýylyň rejep aýynda dünýä inipdi.

Atsyz ýogalansoň, ýerine ogly Arslan geçdi. Arslan soň oguzlaryň elinden gaçan soltan Sanjara tabyn boldy. Soltan Sanjar hem Horezmi oňa berýändigi barada oraza aýynda bir perman ýazdy. Netijede, Horezm ýurdy asudalyk içinde ýaşady.

Atsyz ýagşy ahlakly, ilatyň zadyna göz dikmeýän, merhemetli, haýyr-sahawatly hökümdardy. Onuň zamanasynda ilat asuda we parahat ýaşady.

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynyň on ýedisine Kermanyň hökümdary Abylfawarys ibn Muhammet Arslan şa ýogaldy. Onuň ýerine ogly Seljuk şa geçdi.

Şeýle hem bu ýyl Konýanyň we Anadolynyň beýleki şäherleriniň häkimi Mesut ibn Gylyç Arslan ibn Süleýman ibn Gutalmyş ýogaldy. Onuň ýerine ogly Gylyç Arslan geçdi.

## SOLTAN SANJARYŇ OGUZLARYŇ ELINDEN GAÇMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň oraza aýynda soltan Sanjar ibn Mälik şa Oguzlaryň elinden gaçyp, Termez galasyna geldi. Ol ýerde oguzlary ýeňdi. Horezmşa Atsyz bilen Mahmyt hanyň golastyndaky bileleşen goşun oguzlar bilen söweşýärdiler. Kämahal Horezmşa ýeňýärdi, kämahal hem oguzlar ýeňýärdiler. Oguzlardan we horasanlylardan kim Horasanyň haýsydyr bir ýerini eýelese, ol ýeriň hasylyny we girdejisini özi alýardy. Şonuň üçin olary bir ýere jemläp biljek ýolbaşçylary ýokdy.

Soltan Sanjar Horasana aşmak üçin Termezden Jeýhuna gaýtdy. Şol mahal garlyklaryň hökümdary Aly beg ýogaldy. Aly beg bilen soltan Sanjaryň arasy ýokdy, ol pitne turzardy. Ol ýogalansoň, garlyklar we goňşy ülkeleriň ilaty soltan Sanjaryň ýanyna geldiler. Soltan Sanjar oraza aýynda Merwdäki tagtyna geldi. Ol 548-nji ýylyň dört tirkeşiginiň üçünji aýynyň 6-syndan 551-nji ýylyň oraza aýyna çenli oguzlaryň elinde bolup, ýesirlikde ýaşapdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Mosulyň häkimi Kutbeddin Mewdut ibn Zeňňiniň naýyby Zeýneddin Kiçi Aly soltan Muhammediň ogly Mälik Süleýmen şany tussag etdi we ony Mosulda zyndana saldy.

Bu ýyl Nureddin Mahmyt ibn Zeňňi haçlylaryň elindäki Harym galasyny gabady. Soň haçlylar ol ýeriň ýarysyny berensoňlar, olar bilen ylalaşdy we yzyna gaýtdy.

Bu ýylyň gurban aýynda soltan Muhammet Bagdady gabady. Sebäbi ol halypa ilçi iberip, öz adyna hutba okalmagyny isläpdi, halypa bolsa muny ret etdi...

Netijede 552-nji ýylda ol niýeti amala aşmansoň, yzyna gaýtdy.

## 552-NJI HIJRI ÝYLY

*(13.02.1157 — 01.02.1158 ý.)*

## JEZIRAT IBN OMARYŇ HÄKIMI DUBEÝSIŇ ÖLÜMI WE KUTBEDDIN MEWDUDYŇ OL ÝERI EÝELEMEGI

Jeziret ibn Omar atabeg Zeňňä degişlidi. 541-nji ýylda atabeg Zeňňi öldürilensoň, ogly Seýfeddin Gazy bu ýeri emir Abu Bekr Dubeýsä ykta beripdi. Abu Bekr Zeňňiniň uly emirleriniň biridi. Şäher bu ýyla çenli onuň häkimliginde galdy. Abu Bekr bu ýere ýerleşip, gowy güýç toplapdy. Şonuň üçin Kutbeddin ol ýeri onuň elinden alyp bilmeýärdi. 551-nji ýylyň gurban aýynda Abu Bekr ýogaldy. Onuň yzynda perzent galmady. Gul beg atly bir gul ondan soň şähere häkim boldy. Esgerler oňa tabyn boldular. 553-nji ýylyň sapar aýynda Kutbeddin Mewdut üç aý gabawdan soň, Jeziret ibn Omary onuň elinden aldy, öwezine hem başga birnäçe ýer berdi.

## SOLTAN SANJARYŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşigininiň birinji aýynda soltan Sanjar ibn Mälik şa ibn Alp Arslan wepat boldy. Soltan Sanjara aşgazan agyrysy sataşdy. Soň içgeçme keseli degdi, şondan hem ýogaldy. Soltan Sanjar 477-njy ýylyň rejep aýynda Jeziredäki Sanjar şäherinde doglupdy. Ol Horasanda ýaşady. Merw şäherini özüne mesgen tutundy. Soltan Sanjar dogany soltan Muhammet bilen halypa Mustazhyr Billäniň ýanyna bardy. Şol ýerde Muhammet «Soltan», Sanjar bolsa «Mälik» diýlip yglan edilipdi.

Muhammet wepat bolandan soň, soltan Sanjara soltan hökmünde hutba okaldy. Hemme işler onuň häkimi bilen amala aşyryldy. Soltanlar oňa tabyn boldular. Soltanlykdaky yslam münberlerinden onuň adyna hutba okaldy. Ondan öň oňa ýigrimi ýyllap «mälik» hökmünde hutba okalypdy. Ol tä oguzlara ýesir düşýänçä, işleri oňuna bolup, şöhraty äleme ýaýrady. Biz muny öň hem belläp geçipdik.

Birnäçe wagtdan soň ol ýesirlikden halas boldy. Merwe gelensoň, hemmeler ýene-de onuň daş-töweregine üýşdüler. Soltan Sanjaryň ähli mal-mülki yzyna gaýdyp geldi.

Ol örän jomartdy, sahydy. Ilat bilen ýumşak gatnaşykda bolardy. Onuň şalyk süren wagtynda ýurt rahatdy. Ol ölensoň, ýörite özi üçin gurduran «Darul-ahyra»[1] atly gümmezine getirilip jaýlanyldy. Onuň ölüm habary Bagdada ýetenden soň, soltan Sanjaryň adyna hutba okalmagy kesildi. Diwanda onuň üçin ýas hem tutulyp oturylmady.

Soltan Sanjar öz öljegine gözi ýetende, Horasana ýegeni Mälik Mahmyt ibn Muhammet ibn Bugra hany hökümdar belledi. Ol soltan Sanjaryň ýegenidi. Ol oguzlardan gorkup, Horasanda ýaşaýardy.

---

[1]Ahyret öýi.

Ol Gürgene tarap gaýtdy. Oguzlar bolsa Merwe gitdiler. Horasan esgerlerinden birnäçe esger soltan Sanjaryň emiri Mueýýit Aý Aba gelip goşuldy. Ol hem Horasanyň bir bölegini eýeledi. Horasan 554-nji ýyla çenli bulam-bujarlyk içinde galdy.

Oguzlar ilçi iberip, özlerine hökümdar bolmagy teklip edip, Mahmydy çagyrdylar. Emma Mahmyt oguzlardan gorkusyna muňa razy bolmady. Soň bu çakylyga öz ogluny iberdi. Oguzlar oňa tabyn boldular. Soň Mälik Mahmyt hem gelip, olara goşuldy.

## MUEÝÝIT BILEN EMIR AÝTAGYŇ ARASYNDA BOLUP GEÇEN SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Sanjaryň emiri Mueýýit Aý Aba bilen emir Aýtak ikisi söweşdi. Mueýýidiň abraýy artyp, ady ýaýrap başlansoň emirleriň köpüsi oňa göriplik edip ugradylar. Olaryň arasynda emir Aýtak hem bardy. Emir Aýtak Mueýýit Aý Abadan aýryldy. Ol kämahal Horezmşanyň, kämahal hem Mazendaran şasynyň ýanyna gidýärdi. Özi hem içinden, bildirmän, Mueýýit Aý Aba tabyn ýaly bolup görünýärdi.

Ol bu ýyl on müň esger bilen Mazendarandan çykyp, Horasana Nusaý we Abywert taraplaryna ugratdy. Mueýýitden aýrylanlaryň hemmesi onuň hataryna goşuldylar. Emma ol henizem özüniň Mueýýide garşydygyny bildirmeýärdi, özüni onuň tarapdary ýaly alyp barýardy. Içinden bolsa oňa kine saklaýardy.

Mueýýit onuň bilen habarlaşmak isledi we atly topar bilen onuň üstüne ýöredi. Onuň ýanyndakylar dagadylar. Aýtak öz janyny zordan halas etdi. Mueýýit Aýtagyň ähli zatlaryny talady.

## MUEÝÝIT BILEN SUNGUR EZIZINIŇ ARASYNDAKY BOLUP GEÇEN SÖWEŞIŇ BEÝANY

Sungur Ezizi hem soltan Sanjaryň emirleriniň biridi. Ol hem Mueýýide garşydy. Mueýýit Aý Aba emir Aýtak bilen sö-

weşip ýörkä, ol soltan Mahmydyň goşun duşleginden aýrylyp, Hyrata gaýtdy. Köp möçberde türkmen ýaşaýan bu şäherde oturdy. Oňa Gur hökümdary mälik Hüseýin bilen ýaranlyk meselesinde ylalaş diýseler-de, kabul etmedi. Ýeke başyna galdy. Ol emirleriň soltan Mahmyda garşydyklaryny bilýärdi. Ol özüniň güýjüne buýsanyp, Mueýýidiň üstüne çozdy. Hyrada baransoň, esgerleri biraz wagt söweşdiler. Emma soň türkmen esgerleri Mueýýidiň tarapyna geçip, oňa tabyn boldular.

Bu seneden soň Sungurdan hiç hili habar-hatyr bolmady, käbirleri onuň atdan ýykylyp ölendigini, başgalar bolsa türkmenleriň ony öldürendigini aýdýarlar.

## NUREDDIN MAHMYDYŇ BAALBEGI EÝELEMEGI

Bu ýyl Nureddin Mahmyt Baalbek şäherini we galasyny eýeledi. Baalbek Dahhak Bikaýy atly bir adamyň elindedi. Ony Damaskyň häkimi belläpdi. Nureddin Damasky eýelänsoň, Dahhak ol ýere gaçyp geldi. Nureddin hem haçlylara ýakyndygy üçin ony gabawa alyp bilmändi. Şu wagta çenli oňa degmedi, bu ýyl bolsa ony eýeledi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Nureddin Mahmyt Şeýzer galasyny eýeledi. Gala örän beýikde bolup, oňa diňe bir ýol barýardy. Gala öňden bäri kenanylardan[1] nunkyz ogullaryna degişlidi.

[1] Arap taýpasynyň ady.

## 553-NJI HIJRI ÝYLY
*(02.02.1158 — 22.01.1159 ý.)*

## SUNGUR BILEN ÄRGUŞYŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýyl Sungur Hemedany bilen Müsterşidiň emiri Ärguşyň arasynda aýylganç söweş ýüze çykdy. Munuň sebäbi Sungur Hemedany Bagdadyň Horasana gidýän ýollaryna talaň salmagydy. Ol töweregine köp sanly adam ýygnansoň, dört tirkeşigiň üçünji aýynda halypa Muktefi Billäniň hut özi onuň ugruna çykdy. Halypa Lyhaf şäherine gelip ýetende, emir Hatalbars oňa: «Bu wezipäni seniň adyňdan özüm ýerine ýetirerin» diýdi.

Sungur bilen Hatalbarsyň arasynda dostluk bardy. Hatalbars ony halypanyň tabynlygyndan çykandygy üçin ýazgardy. Ahyrsoňy Sungur halypa tabynlyga razy boldy. Hatalbars hem yzyna dönüp, halypa bilen Sunguryň arasyny sazlady. Halypa oňa we emir Ärguşa Lyhaf şäherini ykta berdi.

Hatalbars bilen Ärguş Lyhafa gelenlerinde, Sungur bilen aralarynda düşünişmezlik boldy. Sungur Ärguşy tussag etmek isledi. Sungur bilen Ärguşyň arasynda aýylganç çaknyşyk başlandy. Ärguş derbi-dagyn bolup, adamlary bilen Bagdada yzyna gaçyp gaýtdy. Sunguryň ýeke özi Lyhafda galdy. Sungur Lyhafda Mälik Muhammediň adyna hutba okatdy.

Hatalbarsyň öňhatar goşunlary Sungur bilen söweşmek üçin Bagdatdan çykyp gaýtdylar. Olaryň arasynda elhenç söweş boldy we Sungur ýeňlip, derbi-dagyn edildi. Sunguryň adamlarynyň köpüsi gyryldy. Mallary talandy. Sungur Mahek galasyna gidip, ol ýeri basyp aldy. Mahekde birnäçe kişini goýup, özi Hemedana gaýtdy. Hemedan hökümdary Mälik Muhammet şa ähmiýet bermedi we ol yzyna Mahege gelip ýerleşdi.

## OGUZLARYŇ HORASANDA TÄZEDEN PITNE TURUZMAGYNYŇ BEÝANY

Oguz türkmenleri Balhda ýaşap, ol ýeri özlerine watan edinipdiler. Olaryň Horasandaky talaňçylyklary, söweşleri ýatyşypdy. Horasanda hemmeler soltan Han Mahmyt ibn Arslanyň tabynlygyna boýun bolupdylar. Soltanlygyň işlerini alyp barýan Mueýýit Aý Abady. Han Mahmyt onuň diýeni bilen ýöreýärdi.

Bu ýylyň meret aýynda oguzlar Balhdan Merwe hüjüm etdiler. Soltan Mahmyt esgerleri bilen Saragtda gezip ýördi. Mueýýit Aý Aba birnäçe esger bilen oguzlaryň üstüne ýöriş etdi. Mueýýit olar bilen garpyşdy, olary ýeňip, oraza aýynyň başynda gelip, Merwe girdi. Oguzlaryň mal-mülklerini talap, köpüsini öldürip, Saragta gaýdyp geldi.

Mueýýit Aý Aba bilen soltan Mahmyt ikisi birleşip, oguzlaryň üstüne çozmak üçin goşun toplap başladylar. Soň oguzlaryň üstüne çozdular. Bu ýylyň baýram aýynyň altysyna olaryň arasynda uzaga çeken söweş boldy. Söweşde oguzlar üç gezek derbi-dagyn boldular, emma ýene-de birleşip, söweşe girýärdiler.

Sogap gününiň daňy atanda, Horasan esgerleriniň ýeňilýändigi göründi we olar dargap ugradylar. Oguzlar olary ýeňdiler. Köpüsini gyrdylar. Emma ýaralylar we ýesirler olardan hem köpdi.

Mueýýit Aý Aba ýanyndaky sag galanlary bilen Tusa gaýtdy. Oguzlar Merwi eýelediler. Ilata hiç hili azar bermediler. Alymlara, ymamlara we beýlekilere sylag-hormat goýdular. Ol ymamlaryň we alymlaryň arasynda Täjeddin Abu Sagyt Semgany we Şyhylyslam Aly Balhy dagylar bardylar. Soň oguzlar Saragta çozdular. Obalary weýran edip, Saragtyň ilatyndan on

müň kişini öldürdiler. Soň Tusy talap, birnäçe kişini öldürip, Merwe gaýdyp geldiler.

Soltan Mahmyt ibn Muhammet han we onuň ýanyndaky esgerleri oguzlardan ýaňa Horasanda oturyp bilmediler. Soltan esgerleri bilen Gürgene gaýtdy. 554-nji ýylda oguzlar soltan Mahmyda hat ýazyp, özlerine hökümdar bolmagyny haýyş etdiler. Emma soltan özünden gorkup, razy bolmady. Oguzlar soňra ogly Jelaleddin Muhammediň özlerine hökümdar bolmagyny hem teklip etdiler. Soltan ikirjiňlendi. Soň ogluny Gürgenden Horasana ugratdy. Onuň gelýändigini eşidip, oguz emirleri Merwden onuň öňünden çykyp, garşylamak üçin gitdiler. Ony Nyşapurda garşy alyp, sylag-hormat goýdular. Ol Nyşapura girende, oguz esgerleri hem oňa goşuldylar. Olar 554-nji ýylyň dört tirkeşigiň birinji aýynyň ikisine birleşdiler.

Soltan Mahmyt hem Gürgenden Sanjaryň emirlerinden düzülen uly goşun bilen Horasana ugrady. Mueýýit soltan Mahmytdan yza galypdy. Soltan Mahmyt Nusaýa we Abywerdiň serhetlerine geldi. Nusaýy Omar ibn Hemze Nesewi atly emire ykta berdi. Soltan syrkawlady we tä sagalýança, bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýyna çenli Nusaýda boldy.

Oguzlar bu ýyl Nyşapurdan Tusa hat ýazyp, özlerine boýun bolmaga çagyrdylar. Tuslylar muny kabul etmediler. Özleriniň beýik diwarlaryna, batyrlyklaryna, güýçlerine, sanlaryna, hazynalaryna buýsandylar. Oguzlardan bir topar gidip, Tusy gabap, şäheri eýeledi. Köpüsini öldürdiler, taladylar. Soň Nyşapura gaýdyp geldiler we Jelaleddin Mahmyt bilen Beýhak şäherine gitdiler. Dört tirkeşigiň dördünji aýynyň on ýedisine Sebzewar şäherini gabadylar. Sebzewarlylar Ymadeddin Aly ibn Muhammet ibn Ýahýa Alawy Hüseýniniň töweregine jemlendiler. Ol alawylaryň ýolbaşçysydy. Onuň buýruklaryna boýun bolup, oguzlaryň isleglerini kabul etmediler. Şäheri oguzlardan goradylar. Söweşe taýýar bolup durdular.

Bularyň güýçlerini gören oguzlar olaryň üstlerine ýaraşyk şertnamasynyň baglaşylmagy üçin ilçi iberdiler. Iki tarap ýaraşdy. Sebzewarda ýekeje adam wepat boldy. Jelaleddin we oguzlar dört tirkeşigiň dördünji aýynyň ýigrimi ýedisine Sebzewardan çykyp, Nusaýa we Abywerde ugradylar.

## MUEÝÝIT AÝ ABANYŇ ÝESIR DÜŞMEGINIŇ WE HALAS BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Ýokarda Mueýýit Aý Abanyň Gürgende soltan Mahmyt ibn Muhammetden yza galandygyny aýdypdyk. Ol bu wakalardan soň Horasana gaýtdy. Ýolda Hubuşan diýen ýerdäki Zanek atly bir obada düşledi. Obada bir gala bardy. Oguzlar onuň Zanege barandygyny eşidip, daşyny gabadylar. Mueýýit Aý Aba gorkup gaçdy. Şol mahal oguzlaryň biri ony görüp tutdy. Mueýýit oňa eger ol erkinlige goýberse, onda oňa köp möçberde mal-mülk berjekdigini aýtdy. Ol oguz ondan:

— Zatlaryň nirede? — diýip sorady.

Mueýýit:

— Şu daglaryň birinde bukudaly — diýdi.

Mueýýit we ol oguz ikisi bagly-bakjaly bir oba bardylar. Mueýýit oňa: «Ine, zatlarym şu ýerde» diýip aldap, diwardan böküp gaçdy. Ýöne oguzlaryň hemme ýerde gezip ýörendiklerini görüp, obanyň içinde gizlendi. Obada bir degirmençi ony tanady we obanyň arçynyna habar berdi. Mueýýit arçyndan Nyşapura aşar ýaly ulag haýyş etdi. Ol oňa bu meselede kömek etdi. Mueýýit Nyşapura baransoň, esgerler daşyna jemlendiler. Şeýdip onuň ýagdaýy has hem gowulaşdy. Soň Mueýýit ol degirmençä köp möçberde mal-mülk berdi.

## TÜRKMENLER BILEN YSMAÝYLYLARYŇ ARASYNDA HORASANDA BOLAN SÖWEŞIŇ BEÝANY

Kuhystan töwereklerinde türkmenlerden bir taýpa ýaşaýardy. Galada ýaşaýan ysmaýylylardan birnäçe kişi bu türkmenleriň üstüne çozdular. Olaryň sany müň ýedi ýüzdi. Türkmenler bilen söweşe girdiler. Ýöne türkmenlerde erkeklerden hiç kim galmandy. Türkmenleriň öýlerini ýykyp, goşlaryny taladylar. Aýallaryny, çagalaryny ýesir alyp, göterip bilmedik zatlaryny hem ýakdylar.

Türkmenleriň erkekleri öýlerine dolanyp gelen wagtlary bolup geçen zatlary görüp, ysmaýylylaryň yzlaryndan kowdular. Olaryň yzlaryndan oljalary paýlaşyp otyrkalar ýetdiler. Olaryň üstlerine hüjüm edip, gylyçlaryny çykaryp topuldylar. Olary öz isleýişleri ýaly gyrdylar. Ysmaýylylar derbi-dagyn boldular. Türkmenler olary gyrdylar we ýesir aldylar. Olardan diňe dokuz adam halas boldy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Huzystanyň häkimi Şemle bilen soltanyň emirlerinden bolan Gaýmazyň arasynda Bagdadyň töwereginde söweş bolup geçdi. Söweşde Gaýmazyň kellesi alyndy.

Bu ýyl oguzlar Mälik Muhammet ibn Mahmyt han bilen Nusaýa we Abywerde gaýdyp geldiler. Kakasy soltan Mahmyt han ogluny garşy alamaga çykdy. Soltan Mahmyt golastyndaky horasanly esgerleri bilen ol ýerdedi. Ol oguzlar bilen duşuşdy. Oguzlar oňa tabynlygyny bildirdiler.

Bu ýylyň rejep aýynda Huttalanyň häkimi Abu Şujag Ferruh şa Termezi gabady, şäheri eýeläp bilmedi we yzyna gaýtdy. Ýolda hem keselläp ýogaldy.

Bu ýyl Mueýýit Aý Aba Nyşapura geldi we şäheri weýran etdi. Bu ýyl soltan Mahmydyň ogly Mälik şa Huzystany türkmen emiri Şemläniň elinden aldy.

## 554-NJI HIJRI ÝYLY
*(23.01.1159 — 11.01.1160 ý.)*

## SUNGUR HEMEDANYNYŇ LYHAFA GAÝDYP GELMEGINIŇ WE ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Sungur Hemedany öz ykta ýerlerine, ýagny Mahek galasyna we Lyhaf şäherine gaýdyp geldi. Bu ýerleri halypa emir Gaýmaz Amyda ykta beripdi. Gaýmazyň dört müň sany atlysy bardy. Sungur emir Gaýmaza ilçi iberip: «Meniň şäherimden çyk» diýdi. Gaýmaz muny kabul etmedi. Sungur hem onuň üstüne hüjüm etdi. Olaryň arasynda aýylganç söweş başlandy. Emir Gaýmaz ýeňlip, erbet halda Bagdada geldi.

Muny eşiden halypa esgerleri bilen Sunguryň üstüne çozdy. Halypa Nugmaniýe şäherine çenli geldi we emir Türşegi esgerlere baş edip, özi Bagdada gaýtdy. Türşek hem Sunguryň üstüne tarap ýöredi. Türşegiň gelýändigini eşiden Sungur daga gaçyp gitdi. Türşek onuň zatlaryny, ok-ýaraglaryny olja edindi. Sunguryň wezirini ýesir aldy. Sunguryň adamlaryndan görenini öldürdi. Soňra Mahek galasyna çozup, ol ýeri gabady. Soň Bendenejin şäherine gaýtdy. Halypa buşluk habaryny ýollady.

Sungur gidip, Mälik şadan kömek sorady. Mälik şa oňa bäş müň atly goşun berdi. Sungur öz galasyna gaýdyp geldi. Onuň adamlary şäherde bozgakçylyk etmäge başladylar. Türşek Bagdada habar ýollap, kömek sorady. Oňa kömek geldi. Sungur Türşegiň üstüne çozmaga hyýallanypdy. Muny eşidensoň çekindi, ýaraşyga howlukdy. Türşege ilçi iberip, halypa bilen öz arasyny düzetmegini haýyş etdi. Türşek Sunguryň ilçisini tussag edip, Sunguryň üstüne gije çozdy. Sungury ýeňip, adamla-

ryny derbi-dagyn edip, köpüsini öldürdi. Türşek onuň mallaryny talady. Sungur ýaralanyp, zordan halas boldy.

## MÄLIK MUHAMMET IBN MAHMYT IBN MUHAMMET IBN MÄLIK ŞANYŇ WEPAT BOLMAGYBYŇ BEÝANY

Bu ýylyň gurban aýynda soltan Muhammet aradan çykdy. Ol Bagdady özüne soltanlygyň berilmegi üçin gabapdy we yzyna gaýdyp gelensoň inçekesele sataşdy. Bu keseli örän uzaga çekdi we ol Hemedanyň gapysynda aradan çykdy. Ol 522-nji ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda doglupdy.

Ölüm pillesi golaýlanda esgerlerine mal-mülklerini, altyn-kümüşlerini, gul-gyrnaklaryny bir ýere ýygnamaklaryny emr berdi. Onuň aýdanyny ýerine ýetirdiler. Soltan Muhammet beýigräk bir ýere çykyp, olary synlady, soň bolsa: «Bu görünýän esgerler, altyn-kümüşler, gul-gyrnaklar menden aýra düşýärler, olaryň ýekeje pursat hem meniň ömrümi uzaltmaga güýçleri ýok» diýdi.

Ol ýumşak häsiýetli, jomart, ýagşy ahlakly we hüşgär nökümdardy. Onuň ýaşajyk ogly bardy. Ony Aksungur Ahmedile berdi we: «Men bu esgerleriň bu çaga tabyn bolmajakdyklaryny bilýärin. Muny saňa amanat edýärin. Ony öz ýurduňa alyp git» diýdi. Aksungur ony Maraga alyp gaýtdy. Soltan ýogalansoň, emirler özara düşünişmediler. Bularyň ýarysy soltanyň dogany Mälik şany, beýleki ýarysy Süleýman şany goldaýardylar. Olaryň sany köpdi. Bir topary bolsa Ildeňiziň ýanynda bolan Arslany goldaýardylar. Mälik şa Parsyň häkimi Dekla Şemle we beýleki käbir emirler bilen bilelikde Huzystandan ýola çykdy we Yspyhana geldi.

Ol Yspyhany Ibn Hojanda ynandy, oňa mal-mülk berdi. Hemedana habar ýollap, esgerleri tabynlyga çagyrdy. Olar muňa razy bolmadylar. Olar Süleýman şany goldaýardylar.

## HARRANYŇ ALYNMAGYNYŇ WE NUREDDINIŇ HARRANY YZYNA GAÝDYP ALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Halabyň häkimi Nureddin Mahmyt ibn Zeňňi erbet syrkawlady. Onuň haly diýseň erbetleşdi. Ol Halabyň galasynda ýatyrdy. Ýanynda bolsa kiçi dogany Emir Emiran bardy. Ynsanlaryň hemmesi gala ýygnandylar. Uly emirleriň biri bolan Şirkuh Humusda gezip ýördi. Oňa Nureddiniň ölüm habary geldi. Ol Damasky basyp almak üçin ýöredi. Ol ýerde dogany Nejmeddin Eýýup bardy. Eýýup oňa muny gadagan edip: «Sen bizi heläk etdiň. Iň gowusy sen yzyňa git. Eger dogrudan hem Nureddin diri bolsa, git-de oňa hyzmat et. Eger ölen bolsa, onda biz Damaskda öz islänimizi ederis» diýdi.

Ol hem Halaba howlukmaç gelip, gala çykdy. Nureddin penjireden adamlara seredip, gürrüňleşip otyrdy. Şirkuh onuň diridigini görüp, onuň dogany Emir Emirandan aýryldy. Emir Emiran hem Harrana gitdi we ol ýeri eýeledi.

Nureddin gutulansoň, Harrany halas etmek üçin ýola çykdy. Dogany onuň gelýändigini eşidip gaçdy, ogullaryny bolsa Harran galasynda goýdy. Nureddin Harrany eýeläp, Zeýneddin Ala berdi. Zeýneddin Aly dogany Kutbeddiniň naýybydy, Mosulyň häkimidi. Nureddin Harrandan soň Rakka gaýtdy. Ol ýerde Emirek Jandaryň ogullary bardy. Ol abraýly emirleriň biridi. Emirek wepat bolansoň, ol ýeri ogullaryna galypdy. Nureddin ol ýere hüjüm etdi. Şäheriň birnäçe emirleri gelip, ondan şepagat dilediler, ol hem muňa gaharlanyp: «Siz näme üçin doganymyň ogullaryna Harrany alanymda şepagat islemediňiz. Men hem olara şepagat etmegi isläpdim» diýdi.

Şeýle diýip, olara şepagat etmedi we şäheri basyp aldy.

## 555-NJI HIJRI ÝYLY
*(12.01. — 30.12.1160 ý.)*

## SÜLEÝMAN ŞANYŇ HEMEDANA ÝÖRIŞINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň başynda Süleýman şa Mosuldan çykyp, Hemedana soltanlyga eýe bolmak üçin ýöredi.

Munuň sebäbi, Mälik Muhammet ibn Mahmyt ibn Muhammet ibn Mälik şa wepat bolanda, emirleriň Mosulyň häkimi atabeg Kutbeddin Mewdut ibn Zeňňä hat ýazyp, Mälik Süleýman şa ibn soltan Muhammet ibn Mälik şany özlerine soltan bolmak üçin ibermeklerini soramaklarydy. Netijede, olar şeýle karara geldiler. Süleýman şa soltan, Kutbeddin onuň atabegi, Jemaleddin hem weziri, Zeýneddin Aly Süleýmanşanyň öňhatar goşuny bolan Mosul esgerleriniň emiri bolmalydy. Bular hakynda bir karara geldiler.

Olar Jebele ýakyn gelenlerinde, esgerler onuň daşyna üýşüp başladylar. Şeýdip uly goşun Süleýman şanyň daşyna jemlendi. Zeýneddin Aly bu ýagdaýdan gorkdy, Süleýman şa özüne zyýan ýetirer öýdüp çekindi we Mosula yzyna gaýtdy. Zeýneddin gidensoň, Süleýman şanyň işleri başa barmady. 556-njy ýylyň baýram aýynda esgerleri ony tussag etdiler, Mälik Togrulyň ogly Arslan şanyň adyna hutba okatdylar.

## HOREZM ESGERLERI BILEN BARAZIÝÝE TÜRKLERINIŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşigininiň birinji aýynda Horezm esgerleri Ýagmyr han ibn Ödegiň we onuň tarapynda bolan Barazyýýe türkleriniň üstüne hüjüm etdiler. Olar bilen çaknyşdylar. Köpüsini gyrdylar. Ýagmyr han derbi-dagyn bolup, soltan Mahmyt

ibn Muhammet handan we onuň ýanyndaky oguz türkmenlerinden kömek sorady. Ýagmyr han öz üstüne Horezmlileri Aýtak iberendir öýdüp şübhelendi. Şonuň üçin oguzlardan kömek sorady.

## MAZENDARAN ŞASY BILEN ÝAGMYR HANYŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Ýagmyr han oguzlaryň ýanyna gelip, özüne kömek etmeklerini haýyş etdi. Ol horezmlileri öz üstüne Aýtak iberendir öýdüp pikir edýärdi. Oguzlar oňa kömek etjekdiklerine söz berdiler. Nusaý we Abiwert ýoly bilen gidip, emir Aýtaga ýetdiler. Emir Aýtak olara garşy güýç toplap bilmedi we Mazendaran şasyndan kömek sorady. Mazendaran şasynyň goşunynda Abeskun töwereklerinde ýaşaýan kürtler, deýlemliler, türkler we türkmenler bardy. Iki goşunyň arasynda söweş başlandy.

Oguz we Barazyýe türkleri Mazendaran şasyndan bäş gezek ýeňildiler, emma söweşi dowam etdirýärdiler.

Mazendaran şasynyň sag tarapynda emir Aýtak bardy. Oguzlar onuň üstüne güýçli zarba urdular. Mazendaran şasy ýeňişden tamasyny üzdi. Aýtak derbi-dagyn boldy we galan esgerler hem onuň yzy bilen dyr-pytrak boldular. Mazendaran şasy gaçyp, Sary şäherine gitdi. Onuň esgerleriniň köpüsi gyryldy.

Aýdyşlaryna görä, täjirler bu ölüler üçin kepen berip, ýedi müň sany adama jaýladypdyrlar. Aýtak şol gaçyp gidişine Horezme baryp, şol ýerde ýerleşdi. Oguzlar söweşden soň, Dehistana gitdiler. Dehistanyň ýakyn bir ýerinde söweş boldy. Şäheriň diwarlaryny deşip, ilatyň üstüne çozdular we olary 556-njy ýylyň başynda taladylar. Soň Gürgeni weýran edip, Horasana dolandylar.

## GAZNA HÖKÜMDARY HYSROWŞANYŇ WEPAT BOLUP, ÝERINE OGLUNYŇ GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň rejep aýynda Gazna hökümdary soltan Hysrowşa ibn Bähramşa ibn Mesut ibn Ybraýym ibn Mesut ibn Mahmyt ibn Söbüktegin wepat boldy. Ol örän adalatlydy, halk bilen ýagşy gatnaşyk ederdi. Haýyrsöýer kişidi. Alymlara ýakyn durup, olaryň sözlerini diňleýärdi. Ol dokuz ýyl hökümdarlyk etdi.

Ondan soň ogly Mälik şa hökümdar boldy. Ol hökümdar bolansoň, Gur hökümdary Alaeddin Hüseýin onuň üstüne çozdy. Gaznany gabady. Howa sowukdy, gar ýagýardy. Şonuň üçin ol yzyna, öz ýurduna gaýtmaga mejbur boldy.

## AÝTAK BILEN BUGRA TEGINIŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýylyň meret aýynyň ortasynda emir Aýtak bilen emir Bugra Teginiň arasynda söweş bolup geçdi. Aýtak Jüweýn şäheriniň töwereklerini basyp alansoň, onuň üstüne çozupdy. Onuň hemme mal-mülküni talady. Köp sanda olja edipdi. Bugra Tegin ýeňildi. Aýtak şeýdip güýçlendi we adamlaryň köpüsi oňa goşuldy. Bugra Tegin Nyşapuryň häkimi Mueýýide hat ýazyp, hemme goşun bilen oňa goşuldy. Mueýýit hem ony kabul etdi.

## MÄLIK ŞA IBN MAHMYDYŇ WEPAT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Mälik şa ibn Mahmyt ibn Muhammet ibn Mälik şa ibn Alp Arslan Yspyhanda zäherlenip öldürildi.

Onuň sebäbi şeýledi: Mälik şanyň Yspyhanda tarapdary köpelensoň, Bagdada habar iberip, Süleýmen şanyň adyna okalýan hutbanyň öz adyna okalmagyny, Yrakdaky döwlet dolan-

dyryşynyň öňki ýagdaýyna getirilmegini talap etdi. Onda wezir Awneddin Hubeýra özüniň ýakyn adamlaryndan Agla beg atly, Göwheraýyna degişle hyzmatkärleriniň birini onuň ýanyna iberdi. Agla beg Ajam ýurduna gidip, Hemedanyň kazysyndan müň dinara bir gyrnak satyn aldy we ony Mälik şa satdy. Agla beg oňa soltany zäherlemegi tabşyrdy. Oňa köp zatlary wada berdi. Gyrnak Agla begiň aýdanlaryny ýerine ýetirdi we soltany gowrulan et bilen zäherledi. Ertesi gün irden soltan zäherlenip öldi. Hekim soltanyň zäherlenendigini Deklä we Şemlä habar berdi. Munuň gyrnagyň işidigini bildiler. Gyrnak tutulyp, gyssalansoň, ähli zady gürrüň berdi. Agla beg Bagdada gaçyp gitdi. Wezir hem Agla bege beren wadalaryny ýerine ýetirdi.

Mälik şa öldürilensoň, Yspyhanyň ilaty onuň adamlaryny Yspyhandan çykardylar. Süleýman şa üçin hutba okatdylar. Süleýman şanyň häkimligi hökmürowan boldy. Şemle Huzystana gaýtdy we Mälik şanyň basyp alan ýerlerini yzyna aldy.

## 556-NJY HIJRI ÝYLY
*(31.12.1160 — 21.12.1161 ý.)*

## EMIR TÜRŞEGIŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl türkmenler Bendinejin şäherine çozdular. Halypa hem olaryň üstüne ibermek üçin goşun taýýarlady. Emir Türşegi olaryň serkerdesi belledi. Türşegiň elinde ykta hökmünde Lyhaf şäheri bardy. Halypa emir Türşege hat ýazyp, ony ýanyna çagyrdy. Ol Bagdada gelmedi we biwepalyga ýüz urdy. Esgerler ýygnanyşyp, onuň üstüne ýöriş etdiler. Esgerleriň arasynda birnäçe emirler bardy. Olar üýşüp, emir Türşegi öldürdiler. Kellesini Bagdada iberdiler. Türşegi halypanyň bir guly öldüripdi.

## SÜLEÝMAN ŞANYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ WE ARSLANYŇ ADYNA HUTBA OKALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň ikinji aýynda soltan Süleýman şa ibn soltan Muhammet ibn Mälik şa öldürildi. Ol ähli döwlet işlerini hadym Şerefeddin Kerdebaza ynanypdy. Şerefeddin seljuklaryň hyzmatynda bolan emirdi.

Onuň sebäbi şeýledi: soltan bir gün Hemedanyň eteginde bir köşkde şerap içdi. Şerefeddin hem ony bu işi üçin ýazgardy. Süleýman şa ýanyndaky masgarabazlara onuň bilen oýun etmegini buýurdy. Masgarabazlaryň biri oňa uýat ýerini açyp görkezdi. Şerefeddin muňa öýkeläp, çykyp gitdi. Süleýman şa açylansoň, ondan ötünç sorady, ol hem ötünjini kabul etdi. Ýöne soň onuň ýanyna barmady. Süleýman şa Reýiň häkimi Ynanç bege habar ýollap, özüne bu meselede kömek etmegini sorady. Ilçi gelende, Ynanç hassa ýatyrdy. Ynanç Süleýman şanyň ilçisine: «Eger sagalsam, esgerlerim bilen bararyn» diýdi.

Şerefeddin bu habary eşidip, gorkup başlady. Süleýman şa bir gün oňa habar ýollap, ýanyna çagyransoň, Şerefeddin: «Ynanç gelensoň, men hem bararyn» diýdi, soň hem emirleri ýygnap, özüne tabyn boljakdyklaryna ant içirdi. Emirler Süleýman şany söýmeýärdiler, şonuň üçin oňa wepaly boljakdyklary barada ant içdiler. Şerefeddin öňürti Süleýman şanyň masgarabazlaryny öldürip, işe başlady. Süleýman şa hem: «Men muny diňe seniň hökümdarlygyň berkararlygy üçin edýärin» diýdi. Soň Süleýman şa bilen ýaraşdylar. Şerefeddin uly zyýapat berdi. Muňa soltan we emirler hem gatnaşdylar. Soltan öýüne gelensoň, Şerefeddin ony, weziri Ibn Kasym Mahmyt ibn Abdyleziz Hamydy we onuň adamlaryny tussag etdi. 555-nji ýylyň baýram aýynda wezir bilen soltanyň ýakyn adamlaryny öldürdi. Süleýman şany bir galada tussag etdi, soň bolsa ony bogup

öldürtdi. Başga bir gürrüňe görä, Süleýman şany Hemedanyň reýisi Mejdeddin Alawynyň öýünde tussag edip, şol ýerde hem öldüripdir. Başga bir gürrüňw görä bolsa, ol zäherlenip öldürilipdir. Dogrusyny Alla biler.

Şerefeddin bu wakadan soň Arran we Genjä häkim bolan Ildeňize habar ýollap, Mälik Arslanyň adyna hutba okalmagy üçin ýanyna çagyrdy. Muny eşiden Reýiň häkimi Ynanç Hemedana çenli bolan ähli ýerleri talamaga başlady.

## SOLTAN MAHMYDYŇ AGDARYLYP, TUSUŇ WE BEÝLEKI ÝERLERIŇ TALANMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl dört titkeşigiň dördünji aýynda soltan Sanjaryň gyz doganynyň ogly soltan Mahmyt ibn Muhammet han, öň hem aýdylyşy ýaly, Horasany eýeläpdi.

Ol bu ýyl Nyşapuryň häkimi Mueýýit Aý Abany Şazyýahda gabapdy. Oguzlar soltan Mahmydyň tarapyndady. Bularyň arasyndaky söweş 556-njy ýylyň meret aýynyň ahyryna çenli dowam etdi.

Soň Mahmyt meret aýynyň ahyrynda Şähristana girdi. Oguzlar baýram aýynyň ahyryna çenli Nyşapurda boldular. Soň yzlaryna gaýdyp, obalary taladylar. Tus şäherini kyn ýagdaýa saldylar. Soň Musa ibn Alynyň mazarynyň ýanyndakylaryň köpüsini öldürdiler, ýöne mazara degmediler.

Soltan Mahmyt Nyşapura girende, Mueýýit tä oraza aýy gelýänçä garaşdy, soň ony tutup, gözlerine çiş sokup, kör etdi. Onuň hemme mal-mülküni aldy. Oguzlardan gorkýandygy üçin bu işi gizlin saklady. Soň Nyşapurdan we beýleki ýerlenden onuň adyna hutba okadylmagyny bes etdirdi. Hutbany halypadan soň, öz adyna okatdy. Soltan Mahmydyň ogly, oguzlaryň hökümdary bolan Jelaleddin Muhammedi hem tussag etdi. Onuň hem goşlaryny talady. Olaryň ikisi hem uzak gitmedi.

Soltan Mahmyt aradan çykdy. Kakasynyň ölümine gaty gynanan ogly hem köp wagt öçmänkä ýogaldy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Ibn Aksungur bilen Ildeňiziň arasynda söweş bolup geçdi. Söweşde Ibn Aksungur ýeňdi. Şeýle hem bu ýyl Ildeňiz bilen Ynanjyň arasynda söweş boldy, netijede, ikisi ylalaşdylar.

Bu ýyl dört tirkeşigiň birinji aýynda Gur hökümdary Mälik Alaeddin Hüseýin ibn Hüseýin Gury Gaznadan çykan ýerinde ýogaldy. Onuň ýerine Alaeddin Muhammet geçdi.

Bu ýyl Mueýýit Aý Aba Nyşapuryň golaýynda bolan Şarystany gabady we ol ýeri ele geçirdi.

## 557-NJI HIJRI ÝYLY
*(21.12.1161 — 09.12.1162 ý.)*

## MUEÝÝIT AÝ ABANYŇ TUSY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň sapar aýynyň ýigrimi ýedisine Mueýýit Aý Aba Abu Bekr Jandary Tusa degişli Westgere-Hüweý galasynda gabawa saldy. Abu Bekr bu galada goranýardy. Mueýýit onuň bilen söweşdi. Tusuň ilaty hem özlerine örän köp zulum eden Abu Bekre garşy durup, Mueýýidi goldadylar. Abu Bekr Mueýýidiň gabawy dowam edýändigini we söweşiň dowam etjekdigini aňansoň, oňa tabyn boldy. Ol dört tirkeşigiň birinji aýynyň ýigrimisine galadan çykdy. Mueýýit ony zynjyr bilen baglap, zyndana atdy.

Mueýýit şeýle hem Kurystany, Kuhendizi basyp aldy. Şeýdip, Mueýýidiň häkimiýeti Nyşapuryň ähli ýerine ýaýrady.

## NUREDDIN ZEŇŇINIŇ HARYMY GABAMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Şamyň häkimi Nureddin Mahmyt ibn Zeňňi ibn Aksungur Halap esgerlerini ýygnap, Harym galasyna ýöriş etdi. Ol ýer Halabyň günbatary bolup, ýewropalylaryňkydy. Galany gabady we söweşe girdi. Galanyň berkdigi, ýewropalylaryň güýjüniň köpdügi zerarly galany alyp bilmedi. Galanyň içinde edermen rysarlar we esgerler bardy.Galadakylar oňa berk gaýtawul berdiler. Muny eşiden beýleki haçlylar hem ýygnanyşyp, Nureddiniň üstüne çozdular. Olar Nureddine golaýlaşansoň, Nureddin habar ýollap, olary söweşe çagyrdy. Ýöne haçlylar muny kabul etmediler we söweşmekçi däldiklerini mälim etdiler. Nureddin hem galany alyp bilmejekdigine gözi ýetensoň, söweş goýbolsun edip, yzyna öwrüldi.

## 558-NJI HIJRI ÝYLY
*(10.12.1162 — 29.11.1163 ý.)*

## MUEÝÝIDIŇ KUMYSY WE ONUŇ TÖWEREKLERINI EÝELEMEGINIŇ WE HORASANDA SOLTAN ARSLANA HUTBA OKADYLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Nyşapuryň häkimi Mueýýit Aý Aba Kumys şäherine gidip, Bestamy we Damgany eýeledi. Kumysda gullaryndan bolan Deňizi goýdy. Deňiz Bestamda ýerleşdi. Deňiz bilen Mazendaran şasynyň arasynda dawa ýüze çykyp, söweşe çenli baryp ýetdiler. Iki tarap hem esger ýygnap, gurban aýynda çaknyşdylar. Söweşe girişdiler we Mazendaran şasy ýeňildi. Köp sanda adam gyryldy.

Mueýýit Kumys şäherini eýelänsoň, soltan Arslan ibn Togrul ibn Muhammet ibn Mälik şa oňa halat ýapyp, sylag-serpaý

iberdi. Öz adyna hutba okadylmagyny isledi. Mueýýit lybaslary geýip, öz golastynda bolan ýerlerde oňa hutba okatdy.

Muňa atabeg Şemseddin Ildeňiz sebäp bolupdy. Çünki ol Arslanyň ülkesinde hökmürowandy we sözi geçýärdi. Arslanyň diňe ady bardy. Öň hem aýdyşymyz ýaly, Mueýýit bilen Ildeňziň arasy gowudy. Mueýýit soltan Arslana tabyn bolup, Kumysda, Nyşapurda, Tusda we Nusaýdan Tabes Kilaka çenli bolan ýerlerde onuň adyna hutba okatdy. Ol soltan Arslandan soň öz adyna hutba okadýardy. Gürgende we Dehistanda bolsa, hutba Horezmşa Il Arslan ibn Atsyz, yzyndanam emir Aýtaga okalýardy. Merw, Saragt, Balh we Hyrat bolsa oguzlaryň tabynlygyndady, hutba olara degişlidi. Ýöne Hyrat emir Aýteginiň elindedi. Aýtegin bilen oguzlar parahatçylykda ýaşaýardylar. Oguzlar soltan Sanjara hutba okadýardylar. Olar hutbada: «Eý Allam! Bagtyýar we mübärek soltan Sanjary musulmanlara bagyş et» diýýärdiler. Sanjardan soň ol ýerlerde häkim bolan emirlere hutba okaldy.

## OGUZLARYŇ GUR HÖKÜMDARYNY ÖLDÜRMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň rejep aýynda Gur hökümdary Seýfeddin Muhammet ibn Hüseýin Gury öldürildi. Onuň sebäbi şeýledi: Gur hökümdary köp sanly esger ýygnap, Balhdaky oguzlar bilen hasaplaşmak üçin Gur daglaryndan çykyp gaýtdy. Oguzlar hem onuň garşysyna çykdylar. Aralaryndaky bolup geçen söweşde Gur hökümdary öldürildi. Esgerleriniň köpüsi ýesir alyndy.

Ony oguzlar öldürdiler. Gur hökümdary öldürilen wagty 20 ýaşyndady. Ol örän adalatly we ýagşy gylyk-häsiýetli kişidi.

## NUREDDIN MAHMYDYŇ ÝEWROPALYLARDAN ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Nureddin Mahmyt ibn Zeňňi Hysny Ekrat diýen ýerde ýewropalylardan ýeňildi. Bu waka Bakyga diýen at bilen meşhurdyr. Munuň sebäbi, Nureddiniň esgerlerini ýygnap, ýewropalylaryň şäherine girip, Hysny Ekradyň eteginde bolan Bakygada düşlemegidir. Onuň niýeti Trablusy gabamakdy. Şol wagt haçly ýewropalylar dagyň aňyrsyndan duýdansyz üstlerine çozdular. Musulmanlar derbi-dagyn bolup gaçdylar.

Ýewropalylar soň Nureddin bilen ýaraşyk şertnamasyny baglaşmak islediler. Nureddin muny kabul etmedi. Ýewropalylar Hysny Ekradyň ýanynda birnäçe esger goýup, öz ýurtlaryna gitdiler.

## 559-NJY HIJRI ÝYLY
*(30.11.1163 — 17.11.1164 ý.)*

## ŞIRKUH BILEN NUREDDINIŇ ESGERLERINIŇ MÜSÜR DIÝARYNA GITMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň üçünji aýynda Nureddin Mahmyt ibn Zeňňi Müsüre agyr goşun iberdi. Goşunyň başyna hem Esededdin Şirkuh ibn Şadyny belledi. Şirkuh Nureddiniň goşun serkerdesidi, iň uly emiridi.

Şeýle hem bu ýylyň oraza aýynda Nureddin Zeňňi Harym galasyny haçlylaryň elinden aldy.

## NUREDDINIŇ ÝEWROPALYLARDAN BANÝAS GALASYNY BASYP ALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň gurban aýynda Nureddin Mahmyt Banýas galasyny eýeledi. Ol ýeri Damaska ýakyn ýer bolup, 543-nji ýyldan bäri ýewropalylaryň elindedi. Nureddin Harym galasyny

eýeländen soň, Mosul we Diýarbekir esgerlerine öz ýurtlaryna gaýtmaga rugsat beripdi. Özüniň Tabaryýa şäherine gitjekdigini hem mälim etdi. Nureddine Banýasda az sanly ýewropaly esgeriň bardygyny emir Mahmyt habar berdi. Nureddin hem gelip, galanyň üstüne hüjüm etdi we Banýas galasyny eýeledi.

## TÜRKMENLERIŇ GAZNANY MÄLIK ŞADAN ALMAGYNYŇ WE ÝENE-DE YZYNA GAÝDYP BERMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl oguzlar diýlip atlandyrlan türkmenler Gazna tarap hüjüm edip, ol ýerleri taladylar we weýran etdiler. Ol ýerde Mälik şa ibn Hysrowşa hökümdardy. Mälik şa Lahor şäherine gaçyp gitdi. Oguzlar hem Gaznany eýelediler. Gaznanyň işlerini emir Zeňňi ibn Aly ibn halypa Şeýbany ýöredýärdi. Mälik şa soň goşun ýygnap, Gazna hüjüm etdi. Zeňňi şäheri taşlap gitmäge mejbur boldy we Mälik şa 557-nji ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda Gazna girip, öz mülküne eýe boldy.

## SUNGURYŇ TALIKANY WE GARŞYSTANY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl emir Salaheddin Sungur Talykan şäherini eýeledi we Garşystanyň serhetlerine çenli gelip ýetdi. Ol Sanjaryň gullaryndandy. Ol Garşystana birnäçe gezek hüjüm edip, ol ýeri hem eýeledi. Iki welaýat hem onuň golastyna geçdi. Bu welaýatlarda berk galalar bardy. Oguz emirleri hem oňa ýylda salgyt tölemäge mejbur boldular.

## HYRAT HÖKÜMDARYNYŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Hyrat hökümdary Aýtegin bilen oguzlaryň arasynda ýaraşyk şertnamasy bardy. Gur hökümdary Muhammet wepat bo-

lansoň, Aýtegin gurlaryň ýurtlaryna göz dikdi. Birnäçe gezek üstlerine çozuş edip, olary talady. Bu ýylyň oraza aýynda Aýtegin goşun jemläp, gurlaryň ýurtlaryna ýöredi. Ol Bamýan, Bust, Ruhhaç şäherlerine hüjüm etdi. Gurlularyň tarapynda Togrul Tegin Ýaranguş Feleki söweşýärdi. Ol Bamýany özi elde saklap, Bust bilen Ruhhaja bolsa käbir Gur mäliklerini belledi. Aýtegin gurlularyň içine mazaly aralaşdy, emma söweşde ýeňildi. Özi hem öldürildi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň meret aýynda Mosulyň häkimi Kutbeddiniň weziri Jemaleddin Abu Japar Muhammet zyndanda ýogaldy. Ol 558-nji ýylda tutulypdy we bir ýyldan bäri tussagdady.

Bu ýyl garlyklara Mawerannahrdan, ýagny Buhara we Samarkanda degişli ýerlerden çykyp, Kaşgara gitmekleri we ýaraglaryny taşlap, ekerançylyk we daýhançylyk bilen meşgullanmaklary emr edildi. Garlyklar muny kabul etmediler. Netijede, olaryň üstüne goşun çekildi. Köpüsi öldürildi, mal-mülkleri talandy.

Bu ýyl Mazendaran şasy Kumys we Bestam şäherlerini eýeledi.

## 560-NJY HIJRI ÝYLY
*(18.11.1164 — 06.11.1165 ý.)*

## MAZENDARANYŇ ŞASYNYŇ ÖLÜMINIŇ WE ÝERINE OGLUNYŇ GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynyň sekizine Mazendaran şasy Rüstem ibn Aly ibn Şähriýar ibn Karyn ýogaldy. Onuň ýerine ogly Alaeddin Hasan geçdi.

## MUEÝÝIDIŇ NUSAÝY GABAMAGYNYŇ WE YZYNA GITMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň üçünji aýynda Mueýýit goşunlary bilen Nusaý şäherine geldi we şäheri gabady. Horezmşa Il Arslan ibn Atsyz hem goşuny bilen Nusaýa tarap hereket etdi. Ol Nusaý şäherene ýakynlaşanda, Mueýýit ol ýerden gaçyp gitdi we Nyşapura dört tirkeşigiň üçünji aýynda geldi.

Horezm esgerleri Nyşapura tarap gaýdansoň, Mueýýit olaryň üstüne çozdy. Mueýýidiň öňhatar goşunlary horezmlilere gaýtawul bermek üçin geldi. Horezm esgerleri bu ýagdaýy eşidensoňlar, yzlaryna öwrülip gaýtdylar. Nusaýyň häkimi hem Horezmşanyň golastynda bolup, oňa hutba okatdy.

Horezm esgerleri soň Dehistana geldiler. Dehistanyň häkimi emir Aýtak Nyşapuryň häkimi Mueýýidiň ýanyna gaçyp gitdi. Olaryň arasynda duşmançylyk bardy. Emma Mueýýit ony kabul etdi we oňa uly goşun berdi. Aýtak Nyşapurda galyp, Tabarystan tarapdan geljek howp gorady.

Dehistany bolsa horezmli esgerler eýelediler we ol ýer horezmlileriň welaýatyna öwrüldi.

## MUEÝÝIDIŇ HYRATY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

559-njy ýylda Hyrat hökümdarynyň öldürilendigini aýdypdyk. Onuň öldürilendigini eşidip, oguz begleri Hyratyň üstüne ýöriş etdiler we ol ýeri gabadylar. Hyrat Esireddin atly bir adamyň elindedi. Ol oguzlar bilen söweşýän ýaly görünse-de, olar bilen habarlaşýardy. Şonuň üçinem ilat ony öldürip, ýerine Abylfutuh Aly ibn Fazlalla Tugraýy geçdi. Halk Mueýýit Aý Aba habar iberip, oňa tabynlyklaryny beýan etdiler. Mueýýit olaryň üstüne Seýfeddiniň serkerdeliginde bir goşun iberdi. Şeýle hem başga bir goşuny Saraýa we Merwe iberdi. Bular hem

oguzlaryň mal-mülklerini olja alyp, yzlaryna sag-salamat geldiler. Muny eşiden oguzlar Hyratdan aýrylyp, Merwe geldiler.

## GYLYÇ ARSLAN BILEN IBN DANYŞMENDIŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýyl Konýanyň häkimi Gylyç Arslan bilen Ýagy Arslan ibn Danyşmendiň arasynda söweş bolup geçdi. Ibn Danyşment Malatyýa we onuň töwereklerindäki Rum ýurtlarynyň hökümdarydy. Bularyň arasynda aýylganç söweş boldy.

Gylyç Arslan ýeňildi we Rum hökümdarynyň ýanyna gaçdy. Ondan kömek sorady. Rum hökümdary hem oňa uly goşun berdi. Şol günlerde Ýagy Arslan ibn Danyşment aradan çykdy. Gylyç Arslan onuň käbir ýerlerini eýeledi. Soň Gylyç Arslan bilen Mälik Ybraýym ibn Muhammet ibn Danyşment ylalaşdylar. Sebäbi agasy Ýagy Arslandan soň ol hökümdar bolupdy.

## NUREDDIN BILEN GYLYÇ ARSLANYŇ ARASYNDA BOLUP GEÇEN WAKALARYŇ BEÝANY

Bu ýyl Şamyň häkimi Nureddin Mahmyt ibn Zeňňi bilen Rumuň häkimi Gylyç Arslanyň arasynda dawa-jenjel ýüze çykdy. Bu ýagdaý tas ikisini söweşe alyp barypdy. Müsüriň häkimi Salyh ibn Ruzeýk bu habary eşidip, Gylyç Arslana habar ýollap, bu işi oňa gadagan etdi we ylalaşmagy tabşyrdy.

## 561-NJI HIJRI ÝYLY
*(07.11.1165 — 27.10.1166 ý.)*

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Nureddin Mahmyt Siriýadaky Munytyra galasyny eýeledi. Gala haçlylaryň elindedi.

Bu ýyl Wasytyň ykta eýesi Hatalbars Huzystanyň häkimi Şemläniň doganynyň ogly tarapyndan öldürildi.

## 562-NJI HIJRI ÝYLY
*(28.10.1166 — 16.10.1167 ý.)*

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Esededdin Şirkuh Müsüre gaýdyp geldi. Ol Babeýnde müsürlileri we haçlylary ýeňdi. Soň ol Isgenderiýäni hem eýeledi we Siriýa gaýdyp geldi.

Bu ýyl Nureddin Mahmyt esger ýygnap, haçlylardan Safisa we Uraýma şäherlerini aldy.

Bu ýyl Huzystanyň häkimi Şemle Bagdadyň üstüne ýöriş etdi we halypadan üstün çykyp bilmejegine gözi ýetensoň yzyna gaýtdy.

## 563-NJI HIJRI ÝYLY
*(17.10.1167 — 04.10.1168 ý.)*

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Mosulyň häkimi Kutbeddin Mewdut ibn Zeňňiniň naýyby Zeýneddin Aly ibn Begtegin hojaýynynyň hyzmatyndan çykyp, Erbile gaýtdy. Döwletiň işleri onuň elindedi.

Ol tä ýogalýança, Erbilde ýaşady. Zeýneddin Mosuldan çykyp gaýdanda ol ýeri Fahreddin Abdylmesihe berdi. Abdylmesih atabeg Ymadeddin Zeňňiniň gullaryndandy.

Bu ýyl Ildeňiziň ogly Pälwan bilen Maraganyň häkimi Aksungur Ahmediliň arasynda söweş bolup geçdi. Sebäbi Aksunguryň soltan Muhammet şanyň adyna hutba okatjak bolmagydy.

## 564-NJI HIJRI ÝYLY
*(05.10.1168 — 24.09.1169 ý.)*

### NUREDDINIŇ JABER GALASYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Nureddin Mahmyt Jaber galasynyň häkimi Şahabeddin Mälik ibn Aly ibn Mälik Ukaýlynyň elinden aldy. Gala soltan Mälik şanyň döwründen bäri onuň nebereleriniň elindedi. Jaber galasy örän berk gala bolup, gündogar tarapyndan Fyrat derýasy bardy we ol sebiti golastynda saklaýardy.

### ESEDEDDINIŇ MÜSÜRE HÄKIM BOLMAGYNYŇ WE ONUŇ ÖLDÜRILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynda Esededdin Şirkuh ibn Şady Müsür ýurduna ýörişe çykdy we sebiti eýeledi. Nureddiniň esgerleri hem onuň ýanyndady.

Esededdin Müsüre gowy ýerleşip, işini bir ýüzli edip başlan we özüne garşy çykyp biljek hiç kim ýokdur öýden mahaly ajaly onuň ýakasyndan tutdy. Ol 564-nji ýylyň dört tirkeşiginiň üçünji aýynyň ýigrimi ikisine ýogaldy. Häkimligi iki aý bäş gün boldy.

### SALAHEDDINIŇ MÜSÜRE HÄKIM BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Esededdin Şirkuh wepat bolanda, ýanynda dogany Eýýubyň ogly Salaheddin Ýusup hem bardy. Ol islemese-de, onuň bilen Kerhe ýörişe gitmeli bolupdy.

Onuň wepatyndan soň ýerine Salaheddin häkim saýlandy. Salaheddin ilatyň söýgüsini gazandy. Salaheddin soň Nureddi-

ne hat ýazyp, maşgalasyny özüniň ýanyna ibermegini haýyş etdi. Ol Salaheddine boýun bolmagy, gerek ýerinde kömek bermeli edip şert goýdy. Şeýle hem edildi. Salaheddin müsürli emirleriň ellerindäki ýerleri alyp, olary öz ýakynlaryna berdi. Olaryň ykta ýerlerini köpeltdi.

Men (Ibn Esir) taryhdaky bolup geçen wakalara syn saldym we mümkin bolan çeşmelerde haýsydyr bir yslam döwletini ilkinji bolup esaslandyranyň nebereseniň elinden gidip, onuň ýakyn garyndaşlaryna geçýändigini gördüm. Muňa yslam tarynyndan ilkinji mysal: Mugawyýa ibn Abu Sufýan öz neberesinden döwlet esaslandyran ilkinji şahsyýet we hökümdar boldy. Ýöne soň hökümdarlyk onuň neberesiniň elinden gidip, agasynyň ogullary bolan Merwan ogullaryna geçdi. Seffah apbaslylaryň ilkinji halypasydyr. Ondan soň halypalyk ogluna däl-de, doganyna geçdi. Nasr ibn Ahmet samanlylaryň başyna geçen ilkinji adamdyr. Emma ondan soň hökümdarlyk onuň perzentlerine däl-de, dogany Ysmaýyl ibn Ahmediň we soňra onuň neberesine geçdi. Saffarylaryň ilkinji hökümdary Ýakup ib Saffardyr, emma hökümdarlyk dogany Amra we onuň neberesine geçdi. Buweýhliler döwletini esaslandyryjy Ymadeddöwle ibn Buweýhdi. Ondan soň doganlary Rukneddöwle bilen Yzzeddöwle hökümdar boldular. Seljukly döwletini esaslandyryjy soltan Togrul begdir. Emma ondan soň hökümdarlyk onuň dogany Dawut Çagry begiň perzentlerine [Alp Arslana] nesip etdi. Ýokarda hem aýdylyşy ýaly, Şirkuhdan soň hökümdarlyk onuň dogany Salaheddine geçdi.

Salaheddin eýýuplylar döwletini has hem giňeltdi, ony uly döwlete öwürdi. Göýä döwleti ol esaslandyran ýaly boldy. Ondan soň hökümdarlyk dogany Adylyň eline geçdi. Salaheddiniň neberesine diňe Halap welaýaty galdy.

## ILDEŇZIŇ REÝI EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Ildeňiz Reýi we Ynanjyň elindäki ýerleri eýeledi. Sebäbi Ildeňiz Ynanç bilen baglaşan şertnamasyna görä, her ýylda ondan mal salgyt almalydy. Ynanç iki ýylyň salgydyny tölemelidi. Ynanç şol iki ýylyň salgydyny tölemedi. Ildeňiz ondan iki ýylyň malyny talap edende, Ynanç birnäçe bahana tapdy. Ildeňiz goşun ýygnap, Reýe tarap ýöriş etdi. Ynanç bilen garşylaşdy, aralarynda uly söweş boldy. Ynanç ýeňlip, derbidagyn boldy. Ol Taberek galasyna gidip gizlendi. Ildeňiz hem galany gelip gabady we gullaryndan birnäçesini gizlin ýagdaýda gala iberdi. Eger Ynanjy öldürseler, ykta ýerlerini bermegi we uly nygmatlary wada berdi.

Olar Ynanjy öldürdiler. Ilat hem şäheri Ildeňize berdi. Ildeňiz ol ýere Omar ibn Aly Ýagy häkim belläp, Hemedana gaýtdy. Ildeňiz Ynanjy öldüren gullaryna beren sözünde tapylmady we olar hem ondan uzaklaşdylar. Her haýsy bir ýere gitdi. Ynanjy öldüren kişi bolsa Horezmşanyň ýanyna gaýtdy. Horezmşa öz dostuna eden etmişleri üçin ony haça çüýledi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Huzystanyň häkimi Şemle Pars sebitini eýeledi, ýöne soň ol ýerden çykaryldy.

## 565-NJI HIJRI ÝYLY
*(25.09.1169 — 13.09.1170 ý.)*

## NUREDDINIŇ ESGERLERINIŇ GAZASYNYŇ BEÝANY

Şyhabeddin Ylýas ibn Ilgazy ibn Artyk Bira galasynyň häkimidi. Ol iki ýüz atly goşuny we esgerleri bilen Aşterada ge-

zip ýören Nureddiniň ýanyna gaýtdy. Ol Baalbegiň töwereklerinde ýerleşen Lebwe obasyna ýetende, baýram aýynyň on ýedisine yslam ýurduna ýörişe barýan üç ýüz atly ýewropaly bilen çaknyşdy. Aýylganç söweş başlandy. Iki tarap mertlerçe söweşýärdiler. Iki tarapdan hem ölýänler bardy. Ýewropalylar ýeňildiler. Köpüsi öldürildi we ýesir alyndy.

Şyhabeddin ölüleriň kellelerini we ýesirler bilen Nureddiniň ýanyna gaýtdy. Nureddin hem esgerleri bilen onuň öňünden çykyp garşylady. Nureddin ölüleriň arasynda Hysny Ekradyň häkiminiň kellesini gördi. Ol musulmanlary köp gyrypdy.

## KUTBEDDIN MEWDUT IBN ZEŇŇINIŇ ÖLÜMINIŇ WE ÝERINE OGLY SEÝFEDDIN GAZYNYŇ GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň gurban aýynda Mosulyň häkimi Kutbeddin Mewdut ibn Zeňňi Mosulda ýogaldy. Ol erbet gyzzyrma keseline ýolukdy. Hassalygy erbetleşensoň, ýerine uly ogly Ymadeddin Zeňňiniň geçmegini wesýet edipdi, emma soň dänip, beýleki ogly Seýfeddin Gazyny wesýet etdi. Netijede, Seýfeddin Gazy onuň ýerine geçdi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda Nureddin haçlylaryň topraklaryna girdi we Kerek galasyny gabady. Soň ol ýeri alyp bilmän gitdi.

Bu ýyl Kermanyň mäligi Togrul ibn Gurt ýogaldy. Ogullarynyň arasynda dawa çykdy. Netijede, ogly Bähram şa hökümdar boldy.

## 566-NJY HIJRI ÝYLY

*(14.09.1170 — 03.09.1171 ý.)*

## NUREDDINIŇ MOSULY EÝELEMEGINIŇ WE OL ÝERI ÝENE SEÝFEDDIN GAZA BERMEGINIŇ BEÝANY

Nureddin Mahmyt dogany we Mosulyň häkimi bolan Kutbeddin Mahmydyň ölüm habaryny, şeýle hem ogly Seýfeddin Gazynyň Mosula we kakasynyň elindäki beýleki ýerlere häkim bolandygyny eşidip gazaplandy. Ol aşyr aýynyň ilkinji güni az sanly goşun bilen çykyp, Jaber galasynyň ýanynda Fyrat derýasyndan geçip, Rakka şäherini gabady we eýeledi.

Soň bolsa Mosuly gabady we ol ýeri eýeledi. Ol ýere Sagdeddin Kümüştegin atly bir adamy naýyp belledi. Seýfeddini hem ol ýere häkim belledi. Oňa ähli işlerde naýyp bilen maslahatlaşmagyny tabşyrdy. Sanjar şäherini Kutbeddiniň ogly Ymadeddine ykta berdi. Nureddin Mosulda ýigrimi dört gün boldy.

## SALAHEDDINIŇ ÝEWROPALYLAR BILEN SÖWEŞINIŇ WE EÝLE ŞÄHERINI BASYP ALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Salaheddin Müsürden çykyp, ýewropalylaryň üstüne çozdy. Askalan we Ramla şäherlerine hüjüm edip, Gazzany talady. Ýewropalylar az sanly goşun bilen öňünden çykyp, özleriniň şäherlerini goradylar, söweşdiler. Netijede, ýewropalylar ýeňildi.

Salaheddin soň Eýle şäherini suwdan we gury ýerden baryp gabady. Ol dört tirkeşigiň ikinji aýynyň birinji on günlüginde Eýläni basyp aldy we Müsüre gaýdyp geldi.

## 567-NJI HIJRI ÝYLY
*(04.09.1171 — 22.08.1172 ý.)*

## MÜSÜRDE APBASLYLARYŇ ADYNA HUTBA OKALMAGYNYŇ WE FATYMY-ŞAÝY DÖWLETINIŇ ÝYKYLMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynyň ikinji anna güni fatymy-şaýy halypasy Adyt Lidinillä Abu Muhammet Ymam Abdyllanyň adyna okalýan hutba ýatyryldy. Bu nebereden «emiril-möminin» lakamy bilen ilkinji bolup hutba okalan şahsyýet Mäti Billä Abu Muhammet Ubeýdylladyr.

Netijede, Salaheddin fatymy-şaýy döwletini syndyrdy. Soň apbaslylaryň adyna hutba okalyp başlady.

## HYTAÝLYLARYŇ JEÝHUNDAN GEÇMEKLERINIŇ WE HOREZMŞA BILEN ARALARYNDA BOLAN SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýyl hytaýlylar Horezmi eýelemek üçin Jeýhun derýasyndan geçdiler. Muny eşidip Horezmşa Arslan ibn Atsyz esger ýygnap söweşmek we olary yzyna serpikdirmek üçin Amywyýa şäherine gaýtdy. Ýöne ol ýerde syrkawlady. Goşunyň uly bölegini hytaýlylara garşy iberdi. Olar hytaýlylar bilen söweşe girişdiler. Horezmliler ýeňildiler we serkerdeleri ýesir alyndy. Hytaýlylar ýesir alnan serkerde bilen Mawerannahra gaýtdylar. Horezmşa syrkawlap, Horezme gaýtdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Nureddin bilen Salaheddiniň arasynda käbir meseleler boýunça gizlin duşmanlyk döredi. Ýöne hiç hili söweş ýüze çykmady, ikisi ýene-de ylalaşdylar.

## 568-NJI HIJRI ÝYLY
*(23.08.1172 — 11.08.1173 ý.)*

## HOREZMŞA ARSLANYŇ ARADAN ÇYKYP, HÄKIMLIGINIŇ ONUŇ OGLY SOLTANŞA, SOŇ BEÝLEKI OGLY TEKEŞE GEÇMEGINIŇ WE MUEÝÝIDIŇ ÖLDÜRILIP, ÝERINE ONUŇ OGLUNYŇ TAGTA GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Horezmşa Arslan ibn Atsyz ibn Muhammet ibn Anuştegin aradan çykdy. Ol hytaýlylar bilen söweşdi. Soň syrkawlady we soňra ýogaldy. Ondan soň ýerine Soltanşa Mahmyt geçdi. Onuň ejesi ýurdy dolandyrýardy we esgerlere höküm ýöredýärdi.

Horezmşa Arslanyň uly ogly Alaeddin Tekeş Jentde ýaşaýardy. Ol ýeri kakasy oňa ykta beripdi. Kakasynyň ölendigini we kiçi doganynyň ýerine geçendigini eşiden Tekeş muňa razy bolmady. Hytaý hökümdarynyň ýanyna gaýtdy. Olardan öz doganyna garşy kömek sorady. Ol Horezmiň hazynalaryna, malmülküne göz dikipdi. Soň uly goşun bilen Horezme hüjüm etdi. Soltanşa bilen ejesi Mueýýidiň ýanyna gitdiler. Oňa köp sowgat berip, Horezmi goramagyny islediler. Ol razy boldy. Horezmden ýigrimi parsah uzaklykda bolan Suberneý şäherçesinde duşuşdylar. Mueýýit ýeňildi, özi hem ýesir düşdi. Ony Horezmşa Tekeşiň ýanyna getirdiler. Ol hem ony öldürmekligi buýurdy. Ony şol ýerde öldürdiler. Soltanşa gaçyp, Dehistana

gaýtdy. Tekeş onuň yzyndan kowdy. Dehistany güýç bilen basyp aldy. Soltanşa ol ýerden hem gaçdy. Tekeş Soltanşanyň ejesini tutup öldürtdi we Horezme gaýdyp geldi.

Mueýýidiň esgerleri Nyşapura ýeňlen ýagdaýda gelensoňlar, onuň ogly Doganşa Abu Bekir ibn Mueýýit Nyşapura eýe çykdy.

Soltanşa olara gelip goşuldy. Soň Soltanşa ol ýerden Gur hökümdary Gyýaseddiniň ýanyna gaýtdy. Ol hem oňa sylag-hormat etdi.

## ILDEŇZIŇ ARADAN ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl atabeg Ildeňiz Hemedanda aradan çykdy. Ondan soň ýerine ogly Muhammet Pälwan geçdi. Hiç kim oňa närazy bolmady. Ildeňiz soltan Mahmydyň weziri Kemal Sumeýramynyň gullaryndandy.

Öň hem belleýşimiz ýaly, Kemal öldürilensoň, Ildeňiz soltan Mahmydyň ýanyna gidipdi. Soltan Mesut soltanlyga eýe bolansoň, ony Arrana häkim belläpdi.

Ildeňiz örän akylly we ahlaklydy. Elmydam ilat bilendi. Ilatyň arz-şikaýatyny diňlärdi.

## SALAHEDDINIŇ MÜSÜRDEN ÇYKYP, KEREGE GITMEGINIŇ WE YZYNA DOLANMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň baýram aýynda Salaheddin Ýusup ibn Eýýup Müsürden esgerleri bilen ýewropalylaryň ýurduna gaýtdy. Ol Kerek şäherini gabamak isleýärdi. Nureddin Mahmyt hem oňa goşuldy. Olar şeýdip iki tarapdan esger bilen hüjüm etdiler. Salaheddin Müsürden, Nureddin bolsa Damaskdan çykmalydy.

Salaheddin Müsürden çykyp, Kerege geldi we Keregi gabady. Nureddin hem Kerege tarap gaýdyp, Rakyma geldi. Kerek bilen Rakymyň arasy iki merhele[1] bardy. Salaheddin soň yzyna Müsüre dolandy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl haçlylar Hawrana, musulmanlar hem haçlylaryň ýerlerine çozup, talaňçylyk etdiler.

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň üçünji aýynda Salaheddiniň agasy Şemseddöwle Turan şa ibn Eýýup Müsürden Nube şäherine ýöriş etdi we birnäçe olja bilen gaýdyp geldi.

Bu ýyl emir Şemläniň esgerleri Nihawendi taladylar.

Bu ýyl Nureddin Mahmyt ibn Zeňňi Yzzeddin Gylyç Arslan ibn Mesut ibn Gyzyl arslanyň ülkesine, Malatýa, Siwasa, Aksaraýa we beýleki käbir şäherlere ýöriş etdi. Maksady ol ýerleri eýelemekdi.

Ýöne Gylyç Arslan ondan aman diledi we ikisi ylalaşdylar.

## 569-NJY HIJRI ÝYLY
*(12.08.1173 — 01.08.1174 ý.)*

## NUREDDIN MAHMYT IBN ZEŇŇINIŇ ARADAN ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Nureddin Mahmyt ibn Zeňňi ibn Aksungur aradan çykdy. Ol Şamyň, Jeziräniň we Müsüriň häkimidi. Ol baýram aýynyň on birine sogap güni ýogaldy we ony Damask galasynda jaýladylar. Soň ol ýerden Damaskda guran medresesine alnyp gidildi. Medrese Hawasyn bazarynyň ýanyndady.

---

[1] Merhele – bir günlük ýola deň bolan uzaklyk ölçegi.

Nureddin bugdaýreňk, uzyn boýludy. Onuň diňe eňegi sakgallydy, maňlaýy giňdi. Ýüz keşbi nuranady. Gözleri tegelekdi. Oňa Mekge-Medinede we Ýemende hutba okalýardy. Ol 511-nji ýylda dünýä inipdi.

## NUREDDINIŇ OGLY MÄLIK SALYHYŇ HÖKÜMDARLYGY

Nureddin aradan çykandan soň, ýerine ogly Mälik Salyh Ysmaýyl hökümdarlyga geçdi. Ol şol wagt on bir ýaşyndady. Damaskdaky emirler we emeldarlar oňa kasam etdiler. Ol Damaskda ýerleşdi. Şamlylar oňa tabyn boldular. Salaheddin hem Müsürde oňa tabyn bolup, hutba okatdy. Onuň adyna zikge kakylyp başlandy. Onuň atabegi hökmünde Şemseddin Muhammet ibn Abdylmälik bellendi. Ol Ibn Mukaddam diýlip tanalýardy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Şemseddöwle Zebit, Aden we Ýemendäki birnäçe ýerleri eýeledi.

Bu ýylyň oraza aýynýň ikisine Salaheddin şaýy-fatymy halypalygynyň adamlaryndan bolup, özüne garşy gozgalaň turuzmak isleýän bir topary Müsürde dara çekdi.

Bu ýyl Mosulyň häkimi Seýfeddin Gazy Jezire sebitini eýeledi.

Bu ýyl haçlylar Banýas şäherini gabadylar we eýeläp bilmänsoňlar, yza çekilmäge mejbur boldular.

# 570-NJI HIJRI ÝYLY
*(02.08.1174 — 21.07.1175 ý.)*

## SALAHEDDINIŇ DAMASKY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň birinji aýynyň ahyrynda Salaheddin Ýusup ibn Eýýup Damask şäherini eýeledi.

Salaheddin Damaskda ýerleşensoň, ol ýere dogany Seýfulyslam Tugtegin ibn Eýýuby belledi. Özi bolsa Humus şäherine gitdi. Humus, Hama, Bagryn galasy, Selemiýe galasy, Tel Halyt we Urfa şäherleri emir Fahreddin Mesut Zagpyrana ykta berlipdi. Salaheddin Humusyň ilatyna aman berip, şäheri basyp aldy. Soň ol ýerden Hama tarap gitdi. Hamalylar Nureddiniň ogly Salyha tabyndylar. Salaheddin bu ýeri hem dört tirkeşigiň dördünji aýynda aňsatlyk bilen eýeledi.

Salaheddin Hamany eýelänsoň, Halaba gitdi we dört tirkeşigiň dördünji aýynyň üçüne Halaby gabady. Tä dört tirkeşigiň dördünji aýynyň ahyryna çenli Halaby gabawda saklady. Soň rejep aýynyň başynda ol ýerden gaýtdy.

Salaheddi Hamany eýelänsoň, Baalbege bardy we oraza aýynyň dördüne ol ýeri hem eýeledi.

## SEÝFEDDINIŇ DOGANY YMADEDDINI SANJARDA GABAMAGYNYŇ BEÝANY

Salaheddin Damasky, Humusy we Hamany eýelänsoň, Mälik Salyh Ysmaýyl ibn Nureddin agasy Seýfeddin Gazy ibn Kutbeddin Mewduda hat ýazyp, Salaheddine garşy özüne kömek bermegini sorady Öz ýanyna gelip, Salaheddiniň elinden basyp alan ýerlerini alyp bermegini haýyş etdi.

Seýfeddin esger ýygnap, Sanjaryň häkiminiň dogany Ymadeddin Zeňňä hat ýazyp, özüne Şama gitmek üçin goşmaça esger bermegini haýyş etdi. Emma ol bu haýyşy kabul etmedi.

Sebäbi Salaheddin öň Ymadeddine hat ýazyp, onuň iň uluLary bolany üçin Mälik bolmaga iň laýykdygyny bildiripdi. Bu ýagdaý hem oňa doganynyň haýyşyny ret etmäge sebäp bolupdy.

Seýfeddin uly goşun ýygnap, dogany Yzzeddin Mesudy Şama iberdi. Seýfeddiniň özi oraza aýynda gelip, Sanjary gabady we söweşdi. Söweş gyzyşdy. Ymadeddin şäheri goraýardy. Şol wagt Seýfeddiniň dogany Yzzeddin Mesudyň Salaheddinden ýeňlendigininiň habary gelip ýetdi.

Seýfeddin dogany Ymadeddine ilçi iberip, onuň bilen ýaraşdy. Soň ol ýerden Mosula gitdi. Bu ýeňişden soň Salaheddiniň abraýy has-da artdy. Salaheddin bilen Seýfeddiniň arasy bolsa has-da erbetleşdi.

Soň bu ýyl Seýfeddin doganlary Yzzeddin Mesut we Yzzeddin Mahmyt Zülfindary bilen Halaba geldi. Olara Halapdaky esgerler hem goşuldy. Olar birleşip hemmesi Salaheddin bilen söweşmek üçin ugradylar.

Salaheddin Seýfeddine ilçi iberip, Humus we Hama şäherlerini yzyna bermäge razydygyny, ýöne Damaskyň özünde galmalydygyny mälim etdi. Damaskda hem Mälik Salyhy naýyp goýjakdygyny aýtdy. Emma Seýfeddin muny kabul etmedi we oňa: «Sen Şamda basyp alan hemme ýerleriňi berersiň we yzyňa Müsüre gidersiň» diýdi.

Salaheddin esger ýygnap, söweşe taýýarlanyp başlady. Seýfeddin onuň islegine garşy çykansoň, Salaheddin Yzzeddin Mesut bilen Zülfindaryň üstüne çozdy. Olar oraza aýynyň on dokuzyna Hama şäheriniň ýanynda Kurun Hama diýen ýerde duşuşdylar. Zülfindar söweş tärlerini we harby usulyny gowy bilmeýärdi.

Netijede, iki dogan ýeňlip gaçdylar. Salaheddin olaryň yzyndan kowdy. Köp olja aldy. Olar gaçyp, Halaba ýetdiler. Salaheddin gelip, Halaby gabady. Halapda Mälik Salyhyň adyna hutba kesilip, pullardaky zikge onuň adyndan aýryldy. Gabaw uzaga çekensoň, olar ilçi iberip, ylalaşyk islediler. Ylalaşyga görä, Salaheddiniň Şamdaky ýerleri we beýleki ýerler oňa galýardy. Salaheddin muňa razy boldy. Ylalaşyga gol goýlanson, Salaheddin baýram aýynyň birinji on günlüginde Halapdan gidip, Hama bardy. Halypa hem oňa sylag goýup, halat we ilçi iberdi.

Soň bu ýylyň baýram aýynda Salaheddin Şamda Bagryn galasyny hem eýeledi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Pälwan ibn Ildeňiz Aksungur Ahmediliň golastynda bolan Töwriz şäherini eýeledi.

Bu ýyl Huzystanyň häkimi türkmen emiri Şemle ýogaldy. Şemläniň asly owşar taýpasyndandy. Ýerine ogly geçdi.

## 571-NJI HIJRI ÝYLY
*(22.07.1175 — 09.07.1176 ý.)*

## SEÝFEDDINIŇ SALAHEDDINDEN ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň baýram aýynyň onuna Seýfeddin Gazy ibn Mewdut bilen Salaheddiniň arasynda soltanlyk üçin çaknyşyk bolup geçdi. Söweş Halapdan bir merhele uzaklykda, Hama ýolunda boldy. Seýfeddin ýeňlip, derbi-dagyn boldy.

Seýfeddin derbi-dagyn bolansoň, Halaba geldi, soň hem Mosula gaýtdy. Ol Halapda dogany Yzzeddin Mesudy birnäçe esgere ýolbaşçy edip, Mälik Salyha kömek hökmünde goýdy.

Salaheddin köp sanly Halap esgerlerine eýe çykdy. Güýji köpeldi. Soň Buzýaga galasyny gabady we galadakylar bilen söweşip, ony eýeledi. Soň baýram aýynyň ahyrynda Menbej şäherini gabady we eýeledi. Diňe içi ýaragly adamlardan we hazynalardan doly bir gala galdy. Salaheddin ony hem gabady we galadakylary kyn güne saldy. Soň böwsüjiler galanyň diwarlaryny ýykyp, güýç bilen galany eýeläp, galanyň häkimi Ýynaly hem ýesir alyp, Salaheddiniň ýanyna getirdiler. Onuň hemme zadyny alyp, garyp goýdular. Salaheddin ony goýberdi, özi bolsa Mosula gaýtdy.

Salaheddin bu ýeňişden soň Mälik Salyh ibn Nureddinden Menbiç şäherini we Agzaz galasyny eýeledi.

Salaheddin Agzaz galasyny eýelänsoň, Halap şäherini gabady. Ýöne soň Mälik Salyh bilen Halap meselesinde ylalaşdylar.

## 572-NJI HIJRI ÝYLY
*(10.07.1176 — 29.06.1177 ý.)*

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Salaheddin ysmaýylylaryň üstüne ýöriş etdi we olara tabyn ýerleri talady.

Bu ýyl Şährizuryň häkimi Şyhabeddin Muhammet ibn Bozan özüniň hökümdary Seýfeddin Gaza garşy çykyp, tabynlykdan çykdy. Soň ýene onuň tabynlygyna girmäge razy boldy.

# 573-NJI HIJRI ÝYLY
*(30.06.1177 — 18.06.1178 ý.)*

## SALAHEDDINIŇ RAMLADA ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň üçünji aýynyň ahyrynda Salaheddin Ýusup ibn Eýýup Müsürden çykyp, ýewropalylar bilen söweşmek üçin Şamyň deňiz kenarlaryna gitdi. Onuň ýanynda köp sanly goşun bardy. Ol Askalana baryp, ol ýeri talady we weýran etdi. Soň Salaheddin Remlä gidip, ol ýeri eýelemek isledi. Ol deňze gelip ýetdi. Esgerler derýadan geçmekde kynçylyk çekdiler. Salaheddiniň öňhatar goşunlarynyň ýolbaşçysy Salaheddiniň doganynyň ogly Takyýeddin Omardy. Ýewropalylar bilen söweşde onuň köp esgerleri gyryldy. Takyýeddiniň Ahmet atly ogly bardy. Takyýeddin oňa ýewropalylara hüjüm etmegi sargady. Ol zarba urup, ýewropalylar bilen söweşdi we sag-aman yzyna dolandy. Kakasy oňa ikinji gezek zarba urmagy sargady. Ikinji gezek zarba uranda, Ahmet şehit boldy. Bu söweşde musulmanlar ýeňildiler. Hatda Salaheddiniň özüni hem tas öldüripdiler. Musulmanlaryň birnäçesi ýesir alyndy.

Salaheddin dört tirkeşigiň dördünji aýynyň ortasynda Müsüre geldi.

Men [Ibn Esir] Salaheddiniň öz eli bilen Damaskdaky dogany Şemseddöwle Turan şa üçin ýazylan bir hat gördüm. Hatynda: «Ant içýärin, birnäçe gezek ölüm bilen ýüzbe-ýüz bolduk. Ýöne Allatagala diňe amala aşmagy hökman bolan bir iş üçin meni halas etdi»[1] diýen setirler bardy.

[1] Bu ýerde Kudus şäheriniň haçlylaryň elinden alynmagy göz öňünde tutulýan bolmaly. Bu waka Salaheddiniň bihal adam bolmandygynyň delilidir.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl dört tirkeşigiň üçünji aýynda haçlylar Hama şäherini gabadylar. Ýöne hiç hili netije gazanyp bimediler we yzlaryna gitdiler.

Bu ýyl Mälik Salyh Sagdeddin Kümüştegini tussag etdi. Döwletiň ähli işleri onuň elindedi. Ol tussagda ýogaldy.

## 574-NJI HIJRI ÝYLY
*(19.06.1178 — 07.06.1179 ý.)*

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl haçlylar ýene-de Hamany gabadylar. Olar ýene-de ýeňlip, yza çekilmäge mejbur boldular.

Bu ýyl Baalbegiň häkimi Şemseddin Muhammet ibn Mukaddem Salaheddine garşy baş göterdi. Salaheddin şäheri gabady we onuň elinden aldy.

Bu ýyl haçlylar musulmanlaryň üstüne çozup, olaryň şäherlerini taladylar.

## 575-NJI HIJRI ÝYLY
*(08.06.1179 — 27.05.1180 ý.)*

## SALAHEDDINIŇ ESGERLERI BILEN GYLYÇ ARSLANYŇ ESGERLERINIŇ ARASYNDAKY SÖWEŞIŇ BEÝANY

Bu ýyl Salaheddiniň öňhatar goşunlary bilen Gylyç Arslanyň arasynda söweş ýüze çykdy. Gylyç Arslan Konýanyň we Aksaraýyň hökümdarydy.

Söweşiň sebäbi, bir wagtlar Nureddin Mahmyt Gylyç Arslanyň elinden Ragban galasyny alan eken. Şu wagta çenli ol ýer Şemseddiniň elinde bolupdyr. Gylyç Arslan şol ýerlere göz dikip, Mälik Salyh bilen Salaheddiniň arasyndaky dawadan peýdalanmak isläpdir. Ol ýigrimi müň adamlyk goşun bilen gelip, Ragbany gabapdyr. Salaheddin onuň üstüne müň sany atly bilen Takyýeddini iberipdir. Bular garşylaşyp çaknyşdylar. Salaheddiniň esgerleri olaryň goşunyny ýeňdi we bu welaýatyň ýagdaýy düzeldi. Takyýeddin soň Salaheddiniň ýanyna gaýdyp geldi. Ol gala hiç hili zeper ýemändi. Ol: «Müň esger bilen ýigrimi müň esgeri derbi-dagyn etdim» diýip öwünýärdi.

## 576-NJY HIJRI ÝYLY
*(28.05.1180 — 16.05.1181 ý.)*

## MOSUL HÄKIMI SEÝFEDDINIŇ ÖLÜMINIŇ WE ÝERINE DOGANY YZZEDDINIŇ GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň sapar aýynyň üçüne Jezire sebitiniň we Mosulyň häkimi Seýfeddin Gazy ibn Mewdut ibn Zeňňi inçekeselden we meningit keselinden ýogaldy. Seýfeddin ýogalansoň, ýerine Mosula we beýleki ýerlere dogany Yzzeddin hökümdar boldy.

## SALAHEDDINIŇ GYLYÇ ARSLANYŇ ÜSTÜNE SÖWEŞE GITMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Salaheddin Ýusup ibn Eýýup Şamdan Gylyç Arslanyň ýurduna ýöredi. Gylyç Arslanyň ýurdy Konýa, Malatyýa, Siwas we bularyň arasyndaky ýerlerdi.

Netijede, ikisi ylalaşdylar we ýaraşdylar. Salaheddin Siriýa gaýtdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Salaheddin Ermeni Leon oglunyň topraklaryna girdi. Sebäbi Leon ogly türkmenleri bir toparyny öldürip, aýal-ebtat, çaga-çugalary ýesir alypdy. Netijede, Leon ogly Salaheddinden gorkdy we ýesirleri boşadyp, musulmanlaryň ýerlerinden çekilmäge razy boldy.

Bu ýyl Salaheddiniň agasy Şemseddöwle Turan şa ibn Eýýup Isgenderiýede ýogaldy.

## 577-NJI HIJRI ÝYLY
*(17.05.1181 — 06.05.1182 ý.)*

## SALAHEDDINIŇ ŞAMDAKY KEREGE SÖWEŞE GITMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Salaheddiniň naýyby Ferruh şa Damaskdan çykyp, Kerege we onuň töwereklerine ýöriş etdi we ol ýerleri talady.

Munuň sebäbi, Keregiň häkimi şazada Arnold goşun ýygnap, gury ýer bilen Teýma şäherine, ol ýerden hem Muhamet pygamberiň şäheri bolan Medinä barmagy niýetlenipdi. Ol ýewropalylaryň şeýtanlarynyň biridi, musulmanlaryň ganym duşmanydy. Onuň päli bu mukaddes ýerleri basyp almakdy. Yzzeddin Ferruh şa muny eşidip, Goşun ýygnap, Damaskdan onuň üstüne gaýdypdy we ony talap, weýran edipdi. Soň yzyna gaýdyp gelip, Arnoldyň yslam ýurtlaryna girmegine böwet bolmak üçin onuň ýolunda oturdy.

Muny gören Arnold öz niýetiniň başa barmajagyny duýup, ol ýerlere ýöremekden el çekdi. Ferruh şa yzyna Damaska gaýtdy.

Salaheddin bu ýyl Ýemene esger iberdi.

## MARDIN HÄKIMINIŇ BIRA GALASYNY GABAMAGYNYŇ WE GALANYŇ EÝESINIŇ SALAHEDDIN BILEN BIRLEŞMEGINIŇ BEÝANY

Bira galasy Fyratyň ýakasyndaky, Jezirededi. Gala Şyhabeddin Artygyňkydy. Ol Mardiniň häkimi Kutbeddin Ilgazynyň agasynyň ogludy. Ol Şamyň häkimi Nureddin Mahmydyň tabynlygyndady. Şyhabeddin wepat bolansoň, ýerine ogly geçdi. Ol Mosulyň häkimi Yzzeddin Mesudyň tabynlygyna girdi.

Bu ýyl Mardiniň häkimi Yzzeddine hat ýazyp, Bira galasyny eýelemäge rugsat bermegini sorady. Yzzeddin rugsat berdi. Ol esgerleri bilen Sumeýsat galasyna gitdi. Sumeýsat onuň öz galasydy. Soň ol ýerden esgerleri bilen Bira gidip, ony gabady. Gabaw örän uzaga çekdi. Galanyň häkimi Salaheddine ilçi iberdi. Ol Müsürden çykypdy. Olar Salaheddinden özlerine kömek soradylar. Mardin goşunlarynyň özlerinden aýrylmagyny we onuň hyzmatynda boljakdyklaryny mälim etdiler. Salaheddin Mardiniň häkimine ilçi iberip, Biradan gitmeklerini haýyş etdi. Onuň bu haýyşyny kabul etmediler.

Salaheddin şol wagt ýewropalylar bilen söweşýärdi. Mardiniň häkimi köp wagtlap gabawda bolan Birany alyp bilmedi we yzyna gaýtmak üçin perman berdi. Esgerler Mardine gaýtdylar. Galanyň häkimi hem Salaheddiniň ýanyna gaýtdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň rejep aýynda Mälik Salyh Ysmaýyl ibn Nureddin Mahmyt dokuz ýaşlarynyň içinde ýogaldy. Ondan soň agasy Yzzeddin Mesut Halap şäherini eýeledi. Yzzeddin Halaby eýelänsoň, dogany Ymadeddin ikisi Halap bilen Sanjary çalyşdy.

## 578-NJI HIJRI ÝYLY
*(07.052.1182 — 25.04.1183 ý.)*

## SALAHEDDINIŇ ŞAMA GITMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň aşyr aýynyň bäşine Salaheddin Müsürden Şama gaýtdy. Ol ýolda Eýle şäherine ýetende, ýewropalylaryň birleşip, söweş üçin ýygnanandyklaryny eşitdi we dogany Täjülmülk Böri bilen Damaska rowana boldy. Esgerleri hem ýanyndady. Ol bu ýylyň sapar aýynyň on birine Damaska geldi.

## SALAHEDDINIŇ GAWRA WE BEÝLEKI ÝEWROPA ŞÄHERLERINE ÇOZMAGYNYŇ BEÝANY

Öň hem belleýşimiz ýaly, Salaheddin Damaska gelensoň, birnäçe gün dynç aldy. Soň dört tirkeşigiň birinji aýynda ýewropalylaryň üstüne ugrady. Ol ilki Tabaryýýa bardy we Tabaryýýäniň ýakynlarynda düşledi. Ýewropalylar hem Tabaryýýa gelip, ýygnanyşyp başladylar. Salaheddin doganynyň ogly Ferruh şany Beýsana iberdi. Ol agzalan ýeri güýç bilen basyp aldy we olja edindi. Soň Gawra tarap gidip, ol ýeriň ilatyny gyrdy we ýesir etdi.

Ýewropalylar Tabaryýeden çykyp, Köwkep dagynyň ýanynda düşlediler. Salaheddin olaryň üstüne hüjüm etdi. Doganynyň iki ogly Takyýeddin Omara we Yzzeddin Ferruh şa ýewropalylaryň üstüne zarba urmak üçin buýruk berdi. Olaryň ikisi hem birden zarba urdular. Aýylganç söweş başlandy. Soň ýewropalylar yzlaryna gaçyp, Gafarbala şäherine geldiler. Salaheddin örän ýadaw bolansoň, yzlaryndan gitmän, Damaska gaýdyp geldi.

Soň Salaheddin Fyrat derýasyny geçip, Jezire ýurduny eýeledi.

## SALAHEDDINIŇ MOSULY GABAMAGYNYŇ BEÝANY

Salaheddin Nasibin şäherine eýe bolandan soň, emirler bilen maslahatlaşdy. Indi haýsy şäheri basyp almak barada pikirlerini sorady. Mosuldanmy, Sanjardanmy, ýa-da Ibn Omar adasyndan başlamalymy diýip, maslahat etdiler. Soň emir Muzaffareddin Köwkebi ibn Zeýneddin oňa: «Diňe Mosuldan başlamak gerek. Sebäbi ol ýer güýçsüz ellerde. Eger biziň gelýändigimizi eşitse, Yzzeddin we Mujahideddin Mosuly terk edip, dagdaky galalara gaçyp gider» diýdi.

Bu pikir Nasyreddin Muhammet tarapyndan hem goldandy we ony Salaheddin kabul etdi.

Salaheddin Mosula ýöriş etdi. Mosulyň häkimi Yzzeddin we Mujahideddin hem Mosulda köp sanly atly we pyýada goşun ýygnap taýýarlandylar. Ellerindäki beýleki ýerlerden Jezire, Sanjar we Erbilden hem mal-mülk, ýarag we kömek aldylar. Salaheddin Mosula ýakynlaşanda, şäheriň berk goralýandygyny görüp, alyp bilmerin öýdüp, yzyna gaýdarman boldy. Emirler muňa razy bolmadylar.

Soň çozmaly diýen pikire geldiler we hüjüm edip, Mosuly gabadylar. Yzzeddin we Mujahydeddin söweşe ýekeje esgerini hem çykarmady, diňe şäheriň diwarlaryny goradylar.

Soň Yzzeddin we Mujahideddin ylalaşyk teklip etdiler. Yzzeddin öz elinden alan ýerlerini yzyna gaýdyp bermegi haýyş etdi. Salaheddin hem özüne Halabyň berilmegini şert goýup, razy boldy. Yzzeddin we Mujahydeddin muňa razy bolmadylar.

Şol wagt Genjäniň hökümdary Gyzyl Arslanyň ilçisi geldi. Ahlatyň häkimi Ermenşanyň ilçisi hem geldi. Şeýdip şertnama başa barmady. Mosuly alyp bilmejekdigine gözi ýeten Salaheddin Mosul esgerleriniň Sanjarda onuň adamlarynyň ýoluny kesýändigini eşidip, Mosuldan Sanjara gaýtdy.

## SALAHEDDINIŇ SANJARY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Salaheddin Mosuldan Sanjara gidensoň, Mujahideddin Sanjara goşan iberdi. Muny eşiden Salaheddin olaryň öňünden çykyp, şähere girmeklerine böwet boldy. Sanjaryň häkimi Şerefeddin Emir Emirandy. Ol Yzzeddiniň doganydy. Salaheddin Sanjary gabady. Şol wagt Zerzariýe kürtlerinden bir emir Salaheddine gizlin hat ýazyp, Sanjary basyp almak üçin özüniň duran ýerinden gelmegini teklip etdi. Salaheddin gije ol ýere gitdi we Zerzariýeli emir öz ornuny oňa berdi. Şeýdip Salaheddin gorag diwarlaryny ele saldy. Şerefeddin Salaheddine boýun bolup, aman diledi. Salaheddin oňa aman berip şäheri eýeledi.

Salaheddin soň ol ýere Sagdeddin ibn Mugyneddin Ineri naýyp belledi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Salaheddin dogany Seýfylyslam Tugtegini Ýemene iberdi. Ol ýeriň ähli işlerini oňa ynandy. Özi hem Beýruty gabady we ony talady.

Bu ýyl Mosulyň häkimi atabeg Yzzeddin bilen Ahlatyň häkimi şa Ermen Salaheddine garşy söweşmek üçin birleşdiler.

## 579-NJY HIJRI ÝYLY
*(26.04.1183 — 13.04.1184 ý.)*

## SALAHEDDINIŇ AMYDY EÝELÄP, ONY HYSNY KEÝFA HÄKIMINE BERMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň gurban aýynyň on ýedisine Salaheddin Amyt şäherini gabady.

Amyt Bahaweddin ibn Nisanyň elindedi we şäheriň häkiminiň sözüne gulak asmaýardy. Amyt örän berk şäherdi. Soň Amydyň häkimi aman diläp, şäheri Salaheddine berdi. Salaheddin Amydy Hysny Keýfanyň häkiminiň golastyna berdi.

Bu ýyl Salaheddin Siriýadaky Tel Halydy we Aýntaby hem ele geçirdi.

## SALAHEDDINIŇ HALABY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Salaheddin Aýntapdan Halaba gidip, aşyr aýynda şähere ýöredi we Meýdanyl Ahbarda düşledi. Iki tarapyň esgerleriniň arasynda her gün çaknyşyk bolýardy. Halabyň häkimi Ymadeddin Zeňňi Nureddinden galan esgerler bilen söweşi dowam etdirýärdi.

Soň Ymadeddin Halaby bermäge boýun boldy, ýöne ýerine başga ýerler berilmelidi. Salaheddin muňa razy boldy. Ymadeddin Halabyň öwezine berlen ýerleri aldy, Salaheddin hem Halaba eýe boldy. Şertnama görä, Ymadeddin Salaheddiniň hyzmatynda bolup, gerek ýerinde esger güýjüni hem bermelidi.

Salaheddin Halapdan soň Harym şäherini eýeledi.

## BAÝSAN SÖWEŞI

Salaheddin Halap işlerini biryüzli edensoň, kiçi ogly Mälik Zahyr Gazyny ol ýere belledi. Esededdiniň emirlerinden Seýfeddin Ýazguşy hem onuň ýanynda goýup, Damaska gidip, jyhada[1] taýýarlandy. Diýarbekir, Siriýa we Jezire esgerleri hem onuň ýanyndady. Ol ýerden haçlylaryň golastyndaky ýerlere dört tirkeşigiň dördünji aýynyň dokuzyna ýörişe gitdi we Iýordan derýasyndan geçdi.

[1] Jyhat – din ugrunda mukaddes söweş.

Ilat gorkudan ýaňa ol ýerleri terk edipdi. Soň Baýsana gidip, ol ýeri ýakyp-ýumurdy we mallaryny talady. Ýewropalylar ýygnanyşyp, Salaheddiniň garşysyna çykdylar. Ýöne Salaheddiniň esgerleriniň köpdügini görüp, söweşmäge milt edip bilmediler. Ýewropalylar töweregine garym gazyp, bir daga çykdylar. Musulman esgerleri olary ok ýagşyna tutup, söweşe çykarmak isleýärdiler. Emma olar duran ýerinden daşyna çykmadylar. Ahyrsoňy musulmanlar dört tirkeşigiň dördünji aýynyň on ýedisine ol ýeri taşlap gitdiler.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Mosulyň häkimi Yzzeddin Mesut naýyby Mujahideddin Gaýmazy tussag etdi.

## 580-NJI HIJRI ÝYLY
*(14.04.1184 — 03.04.1185 ý.)*

## SALAHEDDINIŇ KEREGE ÝÖRIŞ ETMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň dört tirkeşiginiň dördünji aýynda Salaheddin söweş niýeti bilen Damaskdan çykdy. Esgerlerini ýygnady. Hemme ýerden esger gelmäge başlady. Gelenleriň arasynda Hysny Keýfanyň häkimi Nureddin Muhammet ibn Gara Arslan hem bardy. Müsür esgerleriniň hem Keregiň öňünde ýygnamaklary üçin habar iberdi. Özi Keregiň öňünde düşledi we şäheri gabap, içindäkileri kyn güne saldy. Gala garşy manjanyklar guruldy.

Galadakylar öz hökümdarlaryna habar ýollap, kömek soradylar. Ýewropalylar derrew kömege howlukdylar. Olaryň gelýändigini eşiden Salaheddin söweşmek üçin Kerekden aýryldy. Emma olar bir ýere girip gizlendiler. Salaheddin olaryň çyk-

maklaryna garaşdy. Ahyrsoňy olary goýup, Nablus şäherine gidip, ol ýeri talady we ilatyny gyryp, ýesir aldy.

## MARDIN HÄKIMINIŇ ARADAN ÇYKYP, ÝERINE OGLUNYŇ GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýyl Mardiniň häkimi Kutbeddin Ilgazy ibn Nejmeddin ibn Alp beg ibn Demirdaş ibn Ilgazy ibn Artyk aradan çykdy we ýerine ogly Husameddin Ýawlak Arslan geçdi.

Ýöne ol ýaş çaga bolansoň, döwletiň işlerini kakasynyň guly Nyzameddin Alpguş ýerine ýetirýärdi. Soň Ahlatyň häkimi şa Ermen döwleti onuň elinden aldy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýylyň aşyr aýynda Mosulyň häkimi atabeg Yzzeddin Mujahydeddin Gaýmazy tussaglykdan boşatdy.

## 581-NJI HIJRI ÝYLY
*(04.04.1185 — 23.03.1186 ý.)*

## SALAHEDDINIŇ MIÝAFARYKYNY EÝELEMEGINIŇ BEÝANY

Salaheddin Ahlada gidip barýarka, Maýýafarykyny basyp almak niýeti bilen ýüzüni şol tarapa öwürdi. Sebäbi bu ýere hem häkimlik eden Mardiniň häkimi, ýokarda belleýşimiz ýaly, aradan çykypdy. Onuň ýerine kiçi ogly geçipdi we şa Ermen döwleti ýöredýärdi. Şa Ermeniň esgerleri Maýýafarykyndady. Kutbeddin ýogalansoň, Salaheddin ol ýeri eýelemek isledi. Salaheddin dört tirkeşigiň üçünji aýynyň birine Maýýafarykyny gabap başlady.

Maýýafarykyndaky esgerleriň serkerdesi emir Esededdin Ýaranguşdy. Ol edermen, akylly emirdi. Şäheri gowy goraýardy. Çaknyşyklar güýçlendi. Salaheddiniň niýeti başa barmady.

Edil şol wagt Ahlatyň häkiminiň ilçisi gelip, Ahlatyň Salaheddine tabyndygyny beýan etdi. Muny eşiden Ýaranguşyň sussy peselip, şäheri mejbur ýagdaýda bermeli boldy. Ol Salaheddine habar iberip, özüne ykta we pul haýyş etdi. Salaheddin muny kabul etdi. Ýaranguş dört tirkeşigiň üçünji aýynyň soňunda şäheri berdi.

## JEZIREDE WE MOSULDA TÜRKMENLER BILEN KÜRTLERIŇ ARASYNDA ÝÜZE ÇYKAN WAKALARYŇ BEÝANY

Bu ýyl Jezirede, Mosulda, Diýarbekirde, Ahlatda, Siriýada, Şährizurda we Genjede kürtler bilen türkmenleriň arasynda ilkinji gezek uly hadysalar boldy, köp ynsan gyryldy. Çaknyşyklar birnäçe ýyllap dowam etdi, ýollar talandy, gan döküldi.

Onuň sebäbi şeýledi: Bir türkmen gyzy bir türkmen ýigidine durmuşa çykypdy. Olar ýolda Zowzan galasyna bardylar. Galanyň ilaty türkmenlerden toý sowgadyny haýyş etdi. Türkmenler sowgat bermediler we aralarynda dawa döräp, bu ýagdaý söweşe sebäp boldy. Galanyň häkimi öýlenýän ýigidi tutup öldürensoň, pitne turdy. Türkmenler namys edip, köp sanly kürdi öldürdiler. Kürtler hem aýaga galyp, birnäçe türkmeni öldürdiler. Çaknyşyklar şeýdip ulalyp gitdi.

Soňra Mujahideddin Gaýmaz türkmenleriň we kürtleriň ýolbaşçylaryny çagyryp, olary ýaraşdyrdy. Olara halatlar, lybaslar berip, köp pul harçlady. Netijede, pitne sowuldy. Halk ýene-de rahat ýaşap başlady.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Salaheddin ikinji gezek Mosuly gabady. Ýöne soň dört tirkeşigiň ikinji aýynyň dokuzyna Ahlatyň häkimi şa Ermeniň ölüm habaryny eşidip, ol ýeri eýelemek isledi we gabawy goýbolsun etdi.

Bu ýyl Hysny Keýfanyň we Amydyň häkimi Nureddin Muhammet ibn Gara Arslan ibn Dawut ýogaldy.

Bu ýyl Salaheddin bilen Yzzeddiniň arasynda ylalaşyk gazanyldy.

## 582-NJI HIJRI ÝYLY

*(24.03.1186 — 12.03.1187 ý.)*

## PÄLWANYŇ ÖLÜMINIŇ WE DOGANY GYZYLYŇ HÖKÜMDARLYGYNYŇ BEÝANY

Bu ýylyň başynda Jebeliň, Reýiň, Yspyhanyň, Genjäniň, Arranyň we beýleki ýerleriň häkimi bolan Pälwan Muhammet ibn Ildeňiz ýogaldy. Ol adalatly, ýagşy ahlakly, ýumşak gylykhäsiýetli kişidi.

Pälwan aradan çykansoň, ýerine dogany Gylyç Arslan Osman hökümdar boldy. Soltan Togrul ibn Arslan şa Togrul ibn Muhammet ibn Mälik şa Pälwanyň ýanyndady. Onuň hiç hili abraýy ýokdy. Ýurt, emirler we hazyna Pälwanyň elindedi. Pälwan ýogalansoň, soltan Togrul, Gyzyl Arslanyň tabynlygyndan çykdy we köp sanly esgerler hem emirler soltan Togrula goşuldy. Köp ýerlere eýe boldy.

## SIRIÝADA ÝEWROPALYLARYŇ ARASYNDA ÝÜZE ÇYKAN DÜŞÜNIŞMEZLIGIŇ WE TRABLUS GRAFYNYŇ SALAHEDDINIŇ TARAPYNA GEÇMEGINIŇ BEÝANY

Trablus grafy Raýmond Taberiýýäniň grafinýasyna öýlenip, onuň ýanynda ýaşaýardy. Siriýada ýewropalylaryň hökümdary wepat boldy. Ol öz ýerine gyz doganynyň ýaş ogluny geçirmegi wesýet etdi. Trablus grafy Raýmond hem oňa kepil bolup, ülkäni öz eline aldy. Ol şeýdip özi hökümdar bolmak isleýärdi. Şol wagt ýaňky oglan hem ýogaldy we hökümdarlyk onuň ejesine geçdi. Raýmondyň niýetleri puja çykdy.

Ol hökümdar aýal bir ýewropala durmuşa çykdy we hökümdarlygy oňa tabşyrdy. Ol hem Raýmontdan hasap sorap başlady. Raýmond gaçyp, Salaheddine goşuldy we onuň tarapyna geçdi.

Raýmondyň musulmanlaryň tarapyna geçmegi bilen Kudusyň eýelenmegi has ýakynlaşdy.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Salaheddin ogly Afzal Alyny Müsürden Damaska iberdi. Damasky oňa ykta berdi. Halaby dogany Adyldan aldy. Ony ogly Eziz Osman bilen bilelikde Müsüre iberdi we özüne naýyp belledi. Takyýeddini hem ol ýerden yzyna çagyrdy.

## 583-NJI HIJRI ÝYLY
*(13.03.1187 — 01.03.1188 ý.)*

## SALAHEDDINIŇ KEREGI GABAMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Salaheddin hemme ülkelere hat ýazyp, ilaty jyhada çagyrdy. Mosula, Jezirä, Erbile, Müsüre we Siriýa hat iberip,

olary jihada höweslendirdi. Soň hem aşyr aýynyň ahyrlarynda esgerleri bilen Damaskdan çykyp, Rasulma şäherine ugrady. Siriýa esgerleri hem olara goşuldy. Täze ýygnanjak goşunlara ogly Mälik Efdal Alyny serkerde belläp, özi Basra gitdi. Soň Kerege geldi we şäheri gabady. Müsür goşuny gelip ýetensoň, Keregi talap, ýykyp ýumurdy.

Salaheddin ogly Efdala hat ýazyp, esgerleri bilen Akka gitmegini we ol ýeri talap, ýykyp-ýumurmagyny emr etdi. Efdal ol ýere Harranyň we Urfanyň emiri Muzaffareddin Gökbörini iberdi.

## AKKA ŞÄHERINIŇ TALANMAGYNYŇ BEÝANY

Salaheddin ogly Afzalya habar iberip, saýlama goşun bilen Akkanyň üstüne çozmagy we ol ýeri talamagy emr etdi. Ol hem Harranyň we Urfanyň häkimi Muzaffareddin Gökbörini iberdi.

Netijede, musulmanlar köp sanly ýesirler we olja bilen gaýdyp geldiler. Salaheddiniň özi hem Kerekden soň goşun düşlegine geldi haçlylara garşy söweşe ugrady.

## SALAHEDDINIŇ TABARYÝANY BASYP ALMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl Salaheddin Tabaryýýani basyp alyp, Hyttynda ýewropalylary derbi-dagyn etdi. Soň Akka, Mejdelýaba, Ýafa, Tybnin, Saýda, Jubeýl Beýrut şäherlerini we Nasyra, Kaýsaryýe, Haýfa, Saffuriýýe, Malatyýa, Şakyf, Fula galalaryny basyp aldy. Bulardan soň Salaheddin Askalany we onuň töweregini eýeledi.

Salaheddin Askalany basyp alansoň, şäheriň eteginde düşledi, ol ýerlerdäki şäherlere goşun iberdi. Bu goşunlar Ramla,

Darum, Gazza, Maşady Halyl Ybraýym, Ýubna, Beýtullahm, Beýtuljibril, Nazarun we templiýerlere[1] degişli ýerleriň hemmesini basyp aldy.

## KUDUSYŇ HAÇLYLARYŇ ELINDEN ALYNMAGYNYŇ BEÝANY

Ýokarda hem aýdylyşy ýaly, Salaheddin Askalany we töweregindäki ýerleri eýelänsoň, Müsüre habar ýollap, ol ýerdäki deňiz güýçleriniň ähli söweşijileri bilen deňze çykmagyny emr edipdi. Deňiz güýçleriniň serkerdesi hajyp Husameddin Luludy. Lulu edermenligi we ukyplylygy bilen meşhurlyk gazanypdy. Deňiz güýçleri ol ýerde durup, ýewropalylaryň ýoluny kesýärdi. Olara degişli ýolagçy gämisini görse talaýardy, söweş gämilerini basyp alýardy. Deňiz güýçleri gelensoň, ol ýerden hiç hili gaýgysy galmadyk Salaheddin Askalandan Kudusa tarap ugrady.

Ýewropalylaryň iň uly patrikleri Kudusdady. Patrik koroldan has ýokardady. Remläniň häkimi Balýan ibn Barzan hem Kudusdady. Ýewropalylar ony hem korol derejesinde görýärdiler. Hyttynda halas bolan rysarlar hem ol ýerdedi. Hemmesi ol ýere ýygnanyşypdylar. Askalanyň we beýleki şäherleriň ilaty hem Kudusda ýygnanypdy. Netijede, ol ýerde uly goşun jemlenipdi. Hemmesi hem Kudusy musulmanlara berenlerinden ölenlerini gowy görýärdiler. Kudusy goramak üçin gerek bolsa janlaryny, mallaryny we çaga-çugalaryny pida etmäge taýýardylar. Ellerindäki ähli zatlary Kudusy berkitmek üçin harçlaýardylar. Ähli güýçlerini bir ýere jemläp, diwaryň üstüne çykdylar we şäheri goramak üçin taýýar bolup durdular. Ähli güýçlerini sarp edip, Kudusy goramagy niýet edinýärdiler. Şä-

---

[1] Templiýer – haçly söweşijiler toparynyň ady.

here ýakynlaşmak we şäheriň öňünde düşlemek isleýänleri kowmak maksady bilen diwarlaryň üstüne manjanyk gurdular.

Salaheddin Kudusa ýakynlaşansoň, emirleriň biri bir topar adam bilen gorkman öňe gitdi. Şol mahal Kudusdan çykan bir ýewropaly topar bilen söweşe girdi. Ýewropalylar ony we ýanyndakylaryň köpüsini öldürdiler. Onuň öldürilmegi musulmanlary gynandyrdy, ony ýitirendiklerine gaty gynandylar. Rejep aýynyň on bäşine Kudusyň eteginde düşleýänçäler, öňe gitdiler. Musulmanlar Kudusyň eteginde düşlänsoňlar, diwarlaryň üstündäki adamlary görüp, gorkup başladylar, şäheriň içinden gelýän goh-galmagallar we perýatlar ilatyň san taýdan has köpdügini aňladýardy. Salaheddin bäş günläp şäheriň daşyna aýlandy we hüjüme geçmek üçin ýer gözledi, sebäbi şäher dogrudan hem berk we mäkämdi. Şonuň üçinem Amuda gapysy we Sihýun buthanasy tarapyndaky demirgazyk böleginde söweşe amatly ýer tapmady. Rejep aýynyň ýigrimisine beýleki tarapa geçip düşledi we dessine şol gije manjanyklar gurdy. Daň atanda, manjanyklaryň gurulma işleri gutardy we şäheri daş ýagyşyna tutdular.

Ýewropalylar hem şäheriň diwarlaryna manjanyklar gurup, örän berk durup söweşdiler. Iki tarap hem bu söweşi dini taýdan buýruk we ýerine ýetirilmelisi hökmany bolan borç hasaplaýardy. Şonuň üçinem soltan Salaheddiniň haýsydyr bir buýruk bermegine hajat ýokdy. Hatda öz hereketleriniň öňünde durjak bolýany hem diňlemeýärdiler.

Ýewropaly atly esgerler her gün şäheriň daşyna çykyp söweşýärdiler we ýekme-ýek söweşe girýärdiler. Iki tarapdan hem köp adam ölýärdi. Musulmanlaryň uly emirlerinden emir Yzzeddin Isa ibn Mälik hem şehitleriň arasyndady. Emir Yzzeddiniň kakasy Jaber galasynyň häkimidi. Her gün gelip, hut özi söweşe goşulýardy. Ol hem öldürilip, ylahy rehmete gowuşdy. Ony hemmeler söýýärdi. Onuň ýere ýykylandygyny görüp

gynandylar. Dessine bir göwre ýaly bolup, hüjüme geçdiler. Ýewropalylary duran ýerlerinden yza serpikdirip, şähere dykdylar. Musulmanlar hendege çenli bardylar. Hatda hendekden geçip, diwary deşmäge başladylar. Okçular olary goraýardy.

Manjanyklar yzygiderli daş ýagdyryp, ýewropalylaryň yza çekilmegine we musulmanlaryň diwary deşmeklerine kömek edýärdiler. Ýewropalylar musulmanlaryň örän gaýduwsyz söweşýändiklerini, manjanyklaryň yzly-yzyna daş atýandygyny we diwar deşijileriň güýjüni görensoň, aljyrap başladylar. Olaryň ýolbaşçylary näme etjekdikleri barada maslahatlaşdylar. Soň aman dilemek we Kudusy Salaheddine bermek kararyna geldiler. Emeldarlardan düzülen bir topary aman dilemek üçin iberdiler. Isleglerini soltana aýdan mahallary, ol kabul etmek islemedi we olara: «Siz 491-nji ýylda şäheri eýelän mahalyňyz halka näme eden bolsaňyz, men hem size ony ederin. Siz nädip olary öldürip, ýesir alan bolsaňyz, we erbetlik eden bolsaňyz men hem şeýle etjek» diýdi. Ilçiler elleri boş gelensoňlar, Balýan ibn Barzam adam iberip, bu meseläni ara alyp maslahatlaşmak we ýazuwa geçirmek üçin Salaheddiniň ýanyna barmak üçin özüne aman diledi. Onuň bu talaby kabul edildi we Balýan Salaheddiniň ýanyna geldi. Salaheddinden aman diledi, emma soltan aman bermedi. Balýan merhemet we şepagat diledi, ýöne soltan ret etdi.

Balýan aman almakdan umyty kesensoň, soltana: «Eý soltan! Bilip goý, biz bu ýerde Alladan başga hiç kimiň bilmeýän sanyna eýe. Halkymyz aman almak umydy bilen söweşiň arasyny kesdi. Seniň beýleki şäherleriň ilatyna aman berşiň ýaly, olara hem aman berersiň öýtdüler. Olar ýaşamak isleýärler, ölmek islemeýärler. Eger ölümden başga çäräniň ýokdugyny görsek, Alladan ant içýäris, çaga-çugalarymyzy we aýal-gyzlarymyzy öldüreris, mal-mülklerimizi ýakarys. Size emläklerimizden bir dinar ýa-da bir dirhem hem peýdalanmaga bermeris.

Hiç erkek ýa-da aýaly ýesir bir alyp bilmersiňiz. Bu işleri gutaranymyzdan soň, Kubbetus-sährany, Metjidi-Aksany we beýleki ýerleri weýran ederis. Soň elimizdäki ýesir musulmanlary öldüreris. Olar bäş müň sanydyr. Özümize ýekeje mal-gara hem goýman, hemmesini öldüreris, janyny we ganyny goramak üçin söweşýän ynsanlar ýaly söweşeris. Şonda siziň öldürenleriňiz ýaly köp adam gyrarys. Ýa abraý bilen öleris, ýa-da abraýly görnüşde ýeňiji bolarys» diýdi.

Mundan soň Salaheddin adamlary bilen maslahat etdi. Hemmesi ýewropalylara aman berilmegine we olary daşary çykaryp, olary soňy belli bolmadyk işlere ugramaklaryna mejbur etmek kararyna gelip: «Olary elimize düşen ýesirler hökmünde kabul ederis we janlarynyň bahalaryny kesgitläp, pula satarys» diýdiler. Salaheddin hem ýewropalylara aman bermegi kabul etdi. Soň baý bolsun, garyp bolsun erkek göbekliden on dinar, gyz we erkek çagalardan iki dinar, aýallardan bäş dinar almaly edildi. Kim bu tölegi kyrk günüň içinde tölese, ol halas bolan hasaplanýardy. Kim kyrk günüň içinde bu möçberi tölemese, ol gul bolýardy. Onda Balman ibn Barzan garyplardan otuz dinar alynmagyny haýyş etdi. Muňa razy boldular.

Kudus rejep aýynyň ýigrimi ýedisine anna güni eýelendi. Ol güni görmäge göz gerekdi. Yslamyň baýdaklary şäheriň diwarlarynda pasyrdady. Salaheddin şäheriň gapylaryna ynamly emirleri goýdy. Bular şäher ilatyndan bellenilen möçberde pul almalydylar, ýöne ýewropalylar haýynlyk etdiler we kesgitlenen puly tölemediler. Ynamly emirler hem mallary böldüler. Eger berlen söz ýerine ýetirilsedi, gürrüňsiz hazynalar dolardy. Ilat baý bolardy. Sebäbi şäherde aýal-ebtat, çaga-çugadan başga altmyş müň atly we pyýada bardy. Bu san sizi geň galdyrmasyn, sebäbi şäher örän uludy. Üstesine-de Askalan we beýleki şäherleriň ilaty bilen Darum, Ramla, Gazza we beýleki obalardan hem birnäçe ynsan bu ýere ýygnanypdy. Şonuň üçin

ýollar we buthanalar doludy, ynsanlar dyknyşyklykdan ýaňa ýollarda ýöräp bilmeýärdiler. Olaryň köpdügini aňladýan bir ýagdaý hem kesgitlenen tölegiň möçberidi. Balýan ibn Barzan otuz müň dinar töläp on sekiz müň adamy boşatdy. Töleg puluny töläp bilmedikler ol ýerde galdylar. Aýal-ebtat, çaga-çugany goşmak bilen on alty müň ýesir alyndy. Bu waka hut göz bilen görlüp, ýazga geçirilendir.

Soň emirleriň birnäçesi halkdan käbirleriniň Kudusda ykta ýeri bolup, ol ýerde ýaşaýandyklaryny delil edip, olary goýberdiler we kesgitlenen töleg puluny özleri aldylar. Käbir emirler ýewropalylara musulman esgerleriniň eşigini geýdirip, olary daşary çykarýardylar we kesgitlenen puly özleri alýardylar. Käbirleri hem hersine bir ýewropalynyň bagyş edilmegini haýyş etdi. Salaheddin muny kabul etdi. Netijede, olaryň bermeli pullaryny özleri aldylar we şol sebäpli Salaheddiniň hazynasyna az mukdarda pul tölendi.

Rum hökümdarlarynyň biriniň aýaly Kudusda ýaşaýardy. Ol ruhbanlygy[1] saýlap alyp, ol ýerde galypdy. Ýanynda birnäçe hyzmatkäri we gyrnagy bardy. Onuň köp möçberde maly, gymmatbaha göwherleri bardy. Ol özi we ýanyndakylar üçin aman diledi. Salaheddin aman berdi.

Salaheddin ýesir alan Kudus şazenanynyň ýanýoldaşyny hem goýberdi. Korol bu şazenanyň saýasynda korol bolupdy we oňa wekil hökmünde bu taýda oturýardy. Soltan şazenana we golastynda näme bar bolsa hemmesini berdi. Şazenan ýoldaşynyň ýanyna gitmek üçin rugsat sorady, korol şol mahal Nablus galasynda tussaglykda ýatyrdy. Soltan oňa rugsat berdi. Ol hem ýoldaşynyň ýanyna gidip, ol ýerde galdy.

Keregiň häkimi şazada Reýnaldyň aýaly soltanyň huzuryna geldi. (Salaheddin Hyttyn söweşinde Reýnaldy özi öldüripdi)

[1] Ruhbanlyk – buthanada ýeke-ýalňyz bolup, ilatdan üzňe ýaşamak.

we ýesir ogly üçin şepagat etmegini haýyş etdi. Soltan oňa: «Eger sen Keregi berseň, men hem ony goýbererin» diýdi. Ol aýal Kerege gitdi, ýöne ýewropalylar onuň sözüni diňlemediler we Keregi boýun etmediler. Soltan ogluny goýbermedi, ýöne oňa degişli näme bar bolsa hemmesini berdi. Ýewropalylaryň iň uly patrigi dürli ybadathanalara degişli zatlar bilen daşary çykdy. Bularyň arasynda Kubbetus-sähra, Aksa metjidi we Kumama buthanasynyň zatlary hem bardy. Olardan başga öz zatlary hem bardy. Salaheddin oňa degmedi. Soltanyň patrigiň ýanyndaky zatlary alsa, munuň musulmanlaryň peýdasyna boljakdygy aýdyldy. Emma Salaheddin: «Men ähdimi bozup, oňa haýynlyk etmerin» diýdi we on dinardan başga zat almady.

Kubbetus-sähranyň üstünde uly we altyn çaýylan bir haç bardy. Musulmanlar anna güni şähere girensoň, olardan bir topar haçy sökmek üçin gupbanyň üstüne çykdylar. Haç sökülip, ýere ýykylanda, şäheriň içindäki we daşyndaky musulmanlar bilen ýewropalylar bilelikde gygyryşdylar. Musulmanlar begençleri sebäpli tekbir aýtdylar, ýewropalylar bolsa başlaryna gelen bu bela sebäpli gynançlaryndan peryat edýärdiler.

Indiki hepdäniň anna güni meret aýynyň dördüne musulmanlar Aksa metjidinde juma namazyny okadylar. Salaheddin olar bilen biledi. Olar Kubbetus-sährada namaz okadylar. Juma namazynda Damask kazysy Muhýiddin ibn Zeki ymam boldy we hutba okady. Salaheddin soň bäş wagt namaz üçin bir ymam we wagyzçy belledi. Aksa metjidi üçin bir münber gurulmagyny buýurdy. Oňa Nureddin Mahmydyň Halapda bir münber gurdurandygyny, ony ýasan ussalaryň hem örän gowy edip ýasamaklaryny tabşyryp: «Biz muny Kudusa goýmak üçin ýasatdyk» diýendigini aýtdylar. Ussalar ony birnäçe ýylyň dowamynda ýasapdylar we onuň deňi-taýy ýokdy. Salaheddin ony getirmeklerini tabşyrdy we münber Halapdan Kudusa getirildi. Münber gurlup, Kudusa getirilýänçä ýigrimi ýyldan hem

köpräk wagt geçdi. Munuň özi Nureddiniň keramatlarynyň we ýagşy maksatlarynyň biri boldy. Goý, Alla oňa rehmet etsin!

## SOLTAN TOGRULYŇ GYZYLDAN ÜSTÜN ÇYKMAGYNYŇ BEÝANY

Bu ýyl soltan Togrulyň ýagdaýy has gowulaşdy. Adamlarynyň sany köpeldi, köp ýeri eýeledi. Emir Gyzyl ondan çekinip, halypa habar iberdi we ondan kömek isledi. Togruldan habardar bolmagyny we özüne tabyn boljakdygyny beýan etdi. Togrul hem Bagdada ilçi iberip: «Bagdada gelen mahalym hökümet köşgüniň diwan tarapyndan bejerilmegini isleýärin» diýdi. Halypa Gyzylyň ilçisine hormat-sylag etdi, oňa kömek bermäge söz berdi. Emma soltan Togrulyň ilçisine hiç hili jogap bermedi. Üstesine-de hökümet köşgüniň ýykylmagyny buýurdy. Netijede, hökümet köşgi ýykyldy.

## HINDISTANDAKY SEREŞTINIŇ WE BEÝLEKI ÝERLERIŇ BASYLYP ALYNMAGYNYŇ WE MUSULMANLARYŇ ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY

Bu ýylyň soňunda Gazna hökümdary Şyhabeddin Hindistana ýöriş etdi. Ajmir we Sewalik welaýatyna girdiler. Bu ýeriň häkimi Kula örän edermen we batyr kişidi. Musulmanlar onuň ülkesine girip, Tebrende galasyny, Sereşti we Kuwwaty Ramy basyp aldylar.

Muny eşiden hökümdar köp sanly esger ýygnap, musulmanlaryň üstüne çozdy. Iki goşun çaknyşyp, aýylganç söweş boldy. Hindilerde on dört pil bardy. Söweş gyzyşansoň, musulmanlaryň sag we çep ganaty bozuldy. Söweşde Şyhabeddin hem ýaralandy, adamlary ony atyna mündürdiler, yza tarap gaçdylar we Gazna tarap çekildiler.

Hindiler onuň yzyndan gitmediler. Hadysa bolan ýerinden bir parsah uzaklaşansoňlar Şyhabeddin köp gan ýitirip, özünden gitdi. Adamlary ony elleri bilen öz eginlerinde göterip, ýigrimi dört parsah ýol geçdiler. Soltan Lahora baransoň, gurly emirlerini tussag etdi. Bu emirler söweş mahalynda gowy söweşmän, yzyna gaçypdyrlar. Ol bulara gaharlandy we olaryň üstüne gygyryp: «Siz emir däl, mal» diýdi we Gazna gitdi. Käbirlerine buýruk berip, Gazna çenli ýöredi. Gazna baransoň, esgerleriň dynç almagy üçin ol ýerde düşledi.

## BU ÝYLDA BOLUP GEÇEN WAKALAR

Bu ýyl Arafatda[1] Ibn Mukaddem diýlip tanalýan Şemseddin Muhammet ibn Abdylmälik öldürildi. Ol Salaheddiniň uly emirleriniň biridi.

Bu ýylyň içinde Bagdadyň obalarynyň birinde bir aýal diş çykan bir çaga dogurdy.

Bu ýyl hanbeli fykh alymy Nasr ibn Fitýan ibn Matar Abylfutuh ibn Menni ýogaldy. Hanbalylarda onuň ýaly alym henize çenli dünýä gelen däldir. Goý, Alla oňa rehmet etsin!

---

[1] Mekgede bir dag.

## MAZMUNY


**451-nji hijri ýyly**

Gaznaly hökümdary Ferruhzadyň öliminiň we dogany Ybraýymyň hökümdar bolmagynyň beýany ........................................ 8

Soltan Ybraýym bilen Çagry beg Dawudyň arasynda gazanylan ylalaşygyň beýany ........................................................... 9

Çagry beg Dawudyň öliminiň we ogly Alp Arslanyň hökümdar bolmagynyň beýany........................................................... 9

Soltanyň Wasyta gitmeginiň, esgerleriniň amala aşyran isleriniň we Dubeýs bilen arasynyň düzelmegimiň beýany .... 11

**452-nji hijri ýyly**

Bu ýylda bolup geçen wakalar................................................ 12

**454-nji hijri ýyly**

Soltan Togrul begiň halypanyň gyzy bilen nikalaşmagynyň beýany...................................................................................... 12

Bu ýylda bolup geçen wakalar................................................ 16

**455-nji hijri ýyly**

Soltanyň Bagdada gelmeginiň we halypanyň gyzy bilen örük öýüne girmeginiň beýany ..................................................... 16

Soltan Togrul begiň wepat bolmagynyň beýany ..................... 18

Soltan Togrul beg barada beýleki käbir maglumatlar ............. 19

Soltan Alp Arslanyň hökümdar bolmagynyň beýany.............. 20

**456-njy hijri ýyly**
Amydylmülküň tussag edilmeginiň we öldürilmeginiň beýany ........ 21
Alp Arslanyň Huttalan, Hyrat we Saganyýan şäherlerini eýelemeginiň beýany ........ 23
Halypanyň gyzynyň bagdada gaýdyp gelmeginiň we Bagdatda soltan Alp Arslanyň adyna hutba okalmagynyň beýany ......... 24
Soltan Alp Arslan bilen Gutalmyşyň arasyndaky söweşiň beýany ........ 26
Alp Arslanyň any we beýleki hristian şäherlerini eýelemeginiň beýany ........ 28
**457-nji hijri ýyly**
Soltan Alp Arslanyň Jent we Saýran şäherlerini eýelemeginiň beýany ........ 32
**458-nji hijri ýyly**
Soltan Alp Arslanyň ogly Mälik şany mirasdüşer diýip yglan etmeginiň beýany ........ 33
**459-njy hijri ýyly**
Kerman hökümdaryýň Alp Arslana garşy çykmagynyň we ýene-de tabyn bolmagynyň beýany ........ 33
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 35
**460-njy hijri ýyly**
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 36
**462-nji hijri ýyly**
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 36
**463-nji hijri ýyly**
Halapda soltanyň we halypa Kaýym Biemrilläniň adyna hutba okalmagynyň beýany ........ 37
Soltan Alp Arslanyň Halaby eýelemeginiň beýany ........ 38

Wizantiýa imperatorynyň Ahlata ýörişiniň we ýesir alynmagy-nyň beýany ........ 39
Atsyzyň remlä we Kudusa häkim bolmagynyň beýany .......... 43
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 43
**464-nji hijri ýyly**
Sagdeddöwle Göwheraýynyň Bagdada şihne bellenilmeginiň beýany ........ 44
Mirasdüşer halypanyň soltanyň gyzyna öýlenmeginiň beýany ........ 44
Soltan Alp Arslanyň Fazlunyň Parsdaky galasyny eýelemeginiň beýany ........ 45
**465-nji hijri ýyly**
Soltan Alp Arslanyň öldürilmeginiň beýany ........ 46
Soltan Alp Arslana degişli beýleki käbir maglumatlar ........ 48
Soltan Mälik şanyň hökümdar bolmagynyň beýany ........ 50
Samarkant hökümdarynyň Termezi eýelemeginiň beýany ..... 51
Gazna hökümdarynyň Çimkendiň üstüne ýöriş etmeginiň beýany ........ 52
Soltan Mälik şa bilen agasy Gurt begiň arasyndaky söweşiň beýany ........ 52
Döwlet işleriniň Nyzamylmülke ynanylmagynyň beýany ...... 53
**466-njy hijri ýyly**
Soltan Mälik şanyň soltanlygynyň tassyklanmagynyň we halatlar berilmeginiň beýany ........ 54
Soltan Mälik şanyň Termezi eýelemeginiň we Samarkant hökümdary bilen ylalaşygynyň beýany ........ 55
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 56
**468-nji hijri ýyly**
Atsyzyň Damasky eýelemeginiň beýany ........ 56

Bu ýylda bolup geçen wakalar................................................ 57
**469-njy hijri ýyly**
Atsyzyň Müsüri gabamagynyň we yzyna gaýdyp gelmeginiň beýany.................................................................................... 58
**471-nji hijri ýyly**
Tutuşyň Damasky eýelemeginiň beýany ................................ 59
**472-nji hijri ýyly**
Gazna hökümdary Ybraýymyň Hindistandaky ýeňişleriniň beýany...................................................................................... 60
Serefeddöwle Müslimiň Halap şäherini eýelemeginiň beýany.................................................................................... 61
Mälik şanyň Kermanyň üstüne ýöriş etmeginiň beýany ......... 62
**473-nji hijri ýyly**
Tekeşiň Horasanyň bir bölegini eýelemeginiň we ýene-de elinden alynmagynyň beýany ...................................................... 62
**474-nji hijri ýyly**
Halypanyň soltan Mälik şanyň gyzyna söz aýtmagynyň beýany.................................................................................... 63
Bu ýylda bolup geçen wakalar................................................ 64
**475-nji hijri ýyly**
Şyh Abu Yshagyň soltanyň ýanyna ilçi hökmünde gitmeginiň beýany.................................................................................... 65
**476-njy hijri ýyly**
Amydeddöwle ibn Juheýriň halypanyň wezirliginden boşadylmagynyň we kakasy Fahreddöwläniň Diýarbekire gitmeginiň beýany.................................................................................... 66
Harran halkynyň Şerefeddöwlä garşy aýaga galmagynyň we Harranyň eýelenmeginiň beýany ............................................ 66
**477-nji hijri ýyly**

Fahreddöwle ibn Juheýriň, Ibn Merwanyň we Şerefeddöwläniň arasynda bolup geçen söweşiň beýany .................................. 67
Amydeddöwläniň Mosuly eýelemeginiň beýany .................... 68
Tekeşiň dogany soltan Mälik şa garşy çykmagynyň beýany .. 69
Süleýman ibn Gutalmyşyň Antakyýany eýelemeginiň beýany ..................................................................................... 70
Şerefeddöwläniň öldürilmeginiň we dogany Ybraýymyň hökümdar bolmagynyň beýany................................................. 70
**479-njy hijri ýyly**
Süleýman ibn Gutalmyşyň öldürilmeginiň beýany ................. 71
Soltanyň Halaby we käbir başga ýerleri eýelemeginiň beýany ..................................................................................... 73
Soltanyň Bagdada girmeginiň beýany.................................... 74
**480-nji hijri ýyly**
Soltanyň gyzynyň halypanyň köşgüne alnyp gidilmeginiň beýany.......................................................................................... 75
Bu ýylda bolup geçen wakalar................................................ 76
**481-nji hijri ýyly**
Türkmenleriň halypalyk köşgüniň haremhanasyndan çykarylmaklarynyň beýany............................................................... 77
Gazna hökümdary Ybraýymyň wepat bolmagynyň we onuň ogly Mesudyň hökümdarlygynyň beýany ............................... 77
Bu ýylda bolup geçen wakalar................................................ 78
**482-nji hijri ýyly**
Soltan Mälik şanyň Mawerannahry basyp almagynyň beýany ..................................................................................... 79
Samarkant halkynyň garşy çykmagynyň beýany .................... 81
Samarkandyň ikinji gezek basylyp alynmagy ........................ 81

Soltanyň halypanyň aýaly bolan gyzynyň kakasynyň ýanyna gaýdyp gelmeginiň beýany ..... 83
**484-nji hijri ýyly**
Soltanyň Bagdada gelmeginiň beýany ..... 84
**485-nji hijri ýyly**
Tutuşyň Humusy we Siriýanyň kenarlaryndaky beýleki şäherleri eýelemeginiň beýany ..... 84
Soltan Mälik şanyň Ýemeni eýelemeginiň beýany ..... 86
Nyzamylmülküň öldürilmeginiň beýany ..... 86
Soltan Mälik şanyň ölüminiň beýany we oňa degişli käbir beýleki maglumatlar ..... 89
Mälik şanyň ogly Mahmydyň hökümdarlygynyň beýany we onuň uly ogly Berkýarygyň hökümdarlygyna çenli bolan hadysalar ..... 93
Täjilmülküň öldürilmeginiň beýany ..... 95
**486-njy hijri ýyly**
Yzzylmülk ibn Nyzamylmülküň Berkýaryga wezir bolmagy. 96
Tutuş ibn Alp Arslanyň ýagdaýynyň beýany ..... 96
Tutuşyň Diýarbekiri, Genjäni eýeläp, Şama gaýdyp gelmeginiň beýany ..... 97
Bu ýylda bolup geçen wakalar ..... 97
**487-nji hijri ýyly**
Berkýaryga hutba okalmagynyň beýany ..... 98
Kasymeddöwle Aksunguryň öldürilmeginiň we Tutuşyň Jezirä, Diýarbekire, Genjä, Hemedana eýe bolup, Bagdatda oňa hutba okalmagynyň beýany ..... 98
Berkýarygyň agasy Tutuş tarapyndan derbi-dagyn edilmeginiň we Yspyhany eýelemeginiň beýany ..... 100
Bu ýylda bolup geçen wakalar ..... 101

**488-nji hijri ýyly**
Samarkandyň hökümdary Ahmet hanyň öldürilmeginiň beýany ............ 102
Ýusup ibn Abak Bagdatda Berkýaryk bilen Tutuşyň arasyndaky söweşiň we Tutuşyň öldürilmeginiň beýany ...... 103
Kakalarynyň ölüminden soň ogullary, Mälik Ryzwan bilen dogany Dukagyň ýagdaýlarynyň beýany ............ 103
Bu ýylda bolup geçen wakalar ............ 104
**489-njy hijri ýyly**
Ýusup ibn Abak bilen Mijen Halabynyň öldürilmeginiň beýany ............ 106
Kürbuganyň Mosuly eýelemeginiň beýany ............ 107
**490-njy hijri ýyly**
Arslan Argunyň öldürilmeginiň beýany ............ 108
Berkýarygyň Horasany eýelemeginiň we ol ýeri dogany Sanjara bermeginiň beýany ............ 109
Emir Emiranyň Horasanda baş galdyrmagynyň beýany ....... 110
Emir Kudanyň we Ýarykdaşyň soltana garşy çykmagynyň we Emir Hebeşiniň Horasana häkim bellenmeginiň beýany ...... 110
Horezmşalar döwletiniň başlanyşynyň beýany ............ 112
Ryzwan bilen dogany Dukagyň arasynda bolup geçen söweşiň beýany ............ 113
**491-nji hijri ýyly**
Sanjar bilen Döwletşanyň arasyndaky söweşiň beýany ........ 114
Bu ýylda bolup geçen wakalar ............ 115
**492-nji hijri ýyly**
Emir Ineriň gozgalaňy we onuň öldürilmeginiň beýany ....... 115
Lagnat siňen ýewropalylaryň (haçlylaryň) Kudusy eýelemeginiň beýany ............ 116

Soltan Muhammet ibn Mälik şanyň tanalyp başlanmagynyň beýany ... 117
Bagdatda muhammede hutba okalmagynyň beýany ... 120
**493-nji hijri ýyly**
Hutbanyň bagdatda ýene-de berkýarygyň adyna okalmagynyň beýany ... 120
Iki soltanyň, ýagny berkýaryk bilen muhammediň arasyndaky söweşiň we hutbanyň bagdatda ýene-de muhammediň adyna okalmagynyň beýany ... 121
Soltan Berkýarygyň ýeňlişden soňky, şeýle hem dogany Sanjardan hem ýeňlip, derbi-dagyn bolanyndan soňky ýagdaýynyň beýany ... 122
**494-nji hijri ýyly**
Iki soltanyň — Berkýarygyň we Muhammediň aralaryndaky bolup geçen söweşiň we Mueýýidilmülküň öldürilmeginiň beýany ... 124
Soltan Muhammediň ýeňlişinden soň dogany Sanjar bilen birleşmeginiň beýany ... 125
Soltan Berkýarygyň ýagdaýynyň we onuň Bagdada girmeginiň beýany ... 126
Sadaka ibn Mezbediň Berkýaryga garşy çykmagynyň beýany ... 126
Soltan Muhammediň Bagdada gelmeginiň we soltan Berkýarygyň ol ýerden gitmeginiň beýany ... 127
Batyny bolan Kerman häkiminiň öldürilmeginiň we ýerine başga biriniň hökümdar bolmagynyň beýany ... 127
Emir Bozguşyň Kuhystany we Tabesi gabamagynyň beýany ... 128
Bu ýylda bolup geçen wakalar ... 128

**495-nji hijri ýyly**
Soltan Berkýaryk bilen soltan Muhammediň arasyndaky söweşiň we olaryň ýaraşygynyň beýany ........................................ 129
Soltan Berkýaryk bilen Muhammediň arasyndaky söweşiň (şertnamanyň bozulmagy) beýany ......................................... 130
Soltan Muhammediň Yspyhanda gabawa alynmagynyň beýany ........................................................................................ 131
Ilgazy bilen Bagdat ilatynyň arasynda ýüze çykan hadysanyň beýany ........................................................................................ 132
Kürbuganyň ölümi, türkmen Musanyň, soň Çökermişiň Mosula eýe bolmaklarynyň beýany .................................................. 132
Samarkandyň häkimi Kadyr hanyň öldürilmeginiň beýany .. 133
Muhammet hanyň Samarkanda hökümdar bolmagynyň beýany ........................................................................................ 135
**496-njy hijri ýyly**
Ýynalyň Reýi eýelemeginiň beýany ..................................... 135
Kümüştegin Kaýsarynyň Bagdada şihne bellenilmeginiň beýany ............................................................................................ 136
Berkýaryk bilen Muhammediň arasyndaky söweşiň beýany ........................................................................................ 136
tutuşyň ogly Dukagyň Rahba şäherini basyp almagynyň beýany ............................................................................................ 137
Bu ýylda bolup geçen wakalar ............................................ 137
**497-nji hijri ýyly**
Bilge ibn Bähram ibn Artygyň Any şäherini eýelemeginiň beýany ........................................................................................ 138
Soltan Berkýaryk bilen soltan Muhammediň ýaraşygynyň beýany ........................................................................................ 138

Dukagyň wepat bolmagynyň we ýerine oglunyň geçmeginiň beýany ........ 139
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 139
**498-nji hijri ýyly**
Soltan Berkýarygyň wepat bolmagynyň beýany ........ 141
Soltan Muhammediň Bagdada gelip, doganynyň ogly we emir Aýaz bilen ýaraşygynyň beýany ........ 142
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 143
**499-njy hijri ýyly**
Meňňibarsyň soltan Muhammediň garşy çykmagynyň beýany ........ 143
Tugteginiň Basrany eýelemeginiň beýany ........ 144
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 145
**500-nji hijri ýyly**
Çawly Sakawynyň Mosuly gabamagynyň, şäheriň häkimi Çökermişi ýesir almagynyň we Çökermişiň ölüminiň beýany .. 145
Gylyç Arslanyň Mosuly eýelemeginiň beýany ........ 146
Gylyç Arslanyň öldürilip, Çawlynyň Mosuly eýelemeginiň beýany ........ 146
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 147
**502-nji hijri ýyly**
Mewdudyň we soltanyň esgerleriniň Mosuly eýelemeginiň we Mewdudyň hökümdarlygynyň beýany ........ 147
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 148
**503-nji hijri ýyly**
Muhammet han bilen Sagyr begiň arasynda bolup geçen söweşiň beýany ........ 148

**505-nji hijri ýyly**
Yslam esgerleriň jemlenip, ýewropalylaryň üstüne ýöriş etmeginiň beýany.......... 149
Haçlylaryň Sur şäherini gabamaklarynyň beýany.......... 149
**507-nji hijri ýyly**
Ýewropalylar bilen söweşiň, olaryň ýeňilmeginiň we Mewdudyň öldürilmeginiň beýany.......... 150
Soltan Sanjar bilen Muhammet hanyň arasynda dawanyň ýüze çykmagynyň we ýaraşmagynyň beýany.......... 151
**508-nji hijri ýyly**
Aksungur Porsugyň ýewropalylar bilen söweşmek üçin Şama gitmeginiň beýany.......... 152
Porsuk bilen Ilgazynyň söweşmeginiň we Ilgazynyň ýesir düşmeginiň beýany.......... 153
Alaeddöwle ibn Söbükteginiň wepat bolmagynyň we ýerine oglunyň geçmeginiň beýany.......... 154
**509-njy hijri ýyly**
Soltanyň esgerleriniň ýewropalylardan ýeňilmeginiň beýany.......... 158
**510-njy hijri ýyly**
Ahmedil ibn Wehsuzanyň öldürilmeginiň beýany.......... 159
**511-nji hijri ýyly**
Soltan Muhammediň wepat bolup, ýerine ogly Mahmydyň geçmeginiň beýany.......... 160
Halap häkiminiň öldürilmeginiň we Ilgazynyň halaby eýelemeginiň beýany.......... 160
**512-nji hijri ýyly**
Soltan Mahmydyň Yrakdaky ýagdaýynyň we Porsugyň Bagdat şihneligine bellenmeginiň beýany.......... 161

**513-nji hijri ýyly**
Mälik Togrulyň dogany soltan Mahmyda garşy çykmagynyň beýany ........ 161
Soltan Sanjar bilen soltan Mahmydyň arasyndaky bolup geçen söweşiň beýany ........ 162
Ilgazynyň haçlylar bilen söweşmeginiň beýany ........ 167
Meňňibarsyň öldürilmeginiň beýany ........ 168
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 169
**514-nji hijri ýyly**
Mälik Mesudyň dogany soltan Mahmyda garşy çykmagynyň we söweşmeginiň beýany ........ 169
Ilgazynyň bu ýylky söweşleri ........ 169
**515-nji hijri ýyly**
Mosulyň Porsuga ykta berilmeginiň beýany ........ 170
Süleýman ibn Ilgazynyň kakasyna garşy çykmagynyň beýany ........ 170
**516-njy hijri ýyly**
Soltan Mahmydyň weziri Sumeýriniň we emir Juýuş begiň öldürilmeginiň beýany ........ 171
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 171
**517-nji hijri ýyly**
Soltan Mahmydyň gürjülerden üstün çykmagynyň beýany .. 172
**518-nji hijri ýyly**
Bilge ibn Bähramyň öldürilip, ýerine Demirdaşyň Halaba häkim bolmagynyň beýany ........ 173
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 173
**519-njy hijri ýyly**
Mälik Togrul bilen Dubeýs ibn Sadakanyň Yraga gitmeginiň we yzlaryna gaýdyp gelmeginiň beýany ........ 174

Porsugyň Kefertaby eýelemeginiň we ýewropalylardan ýeňilmeginiň beýany ........ 174
**520-nji hijri ýyly**
Porsugyň öldürilip, ýerine ogly Mälik Yzzeddiniň geçmeginiň beýany ........ 175
Halypa Müsterşit Billä bilen soltan Mahmydyň tersleşmeginiň beýany ........ 175
Atabeg Tugtegin bilen ýewropalylaryň Şamda söweşmeginiň beýany ........ 176
**521-nji hijri ýyly**
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 176
**522-nji hijri ýyly**
Soltan Sanjaryň Reýe gelmeginiň beýany ........ 177
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 178
**523-nji hijri ýyly**
Soltan Mahmydyň Bagdada gelmeginiň beýany ........ 178
Dubeýsiň Yrakdaky etmişleriniň we soltanyň Bagdada gaýdyp gelmeginiň beýany ........ 179
Ýewropalylaryň Damasky gabamagynyň we ýeňilmeginiň beýany ........ 180
**524-nji hijri ýyly**
Soltan Sanjaryň Samarkant şäherini Muhammet handan almagynyň we Mahmyt ibn Muhammet hanyň hökümdar bolmagynyň beýany ........ 180
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 182
**525-njy hijri ýyly**
Dubeýsiň tussag edilip, Ymadeddin Zeňňä gowşurylmagynyň beýany ........ 182

Soltan Mahmydyň wepat bolmagynyň we ogly Dawudyň hökümdarlygynyň beýany ........ 183
**526-njy hijri ýyly**
Soltan Mesudyň we iki mälik, ýagny Seljuk şa bilen Dawudyň ýagdaýlarynyň we Yrakda soltanlygyň Mesuda geçişiniň beýany ........ 183
Soltan Sanjar bilen soltan Mesudyň arasyndaky çaknyşygyň beýany ........ 184
Ymadeddin Zeňňiniň bagdada eden ýörişiniň we ýeňilmeginiň beýany ........ 186
Damask häkimi Täjilmülk böriniň wepat bolmagynyň beýany ........ 186
Soltan Togrul bilen Mälik Dawudyň söweşmeginiň beýany 187
**527-nji hijri ýyly**
Şemsilmülküň Banýasy eýelemeginiň beýany ........ 188
Musulmanlar bilen ýewropalylaryň arasyndaky söweşiň beýany ........ 188
Soltan Mesudyň soltanlyga dönüşiniň we mälik Togrulyň ýeňilmeginiň beýany ........ 189
**528-nji hijri ýyly**
Şemsilmülküň Şakyf-Teýruny we ýewropa topraklaryny talamagynyň beýany ........ 190
Mälik Togrulyň Jebele gaýdyp gelmeginiň we mälik Mesudyň ýeňilmeginiň beýany ........ 192
Atabeg Zeňňiniň Amydy gabamagynyň, Dawut bilen arasynda bolup geçen söweşiň we Zeňňiniň Sur galasyny eýelemeginiň beýany ........ 193
Zeňňiniň Hamydyýeli kürtleriň galalaryny eýelemeginiň beýany ........ 193

Hakkary we Kewäşi galalarynyň eýelenmeginiň beýany...... 194
**529-njy hijri ýyly**
Mälik Togrulyň ölüminiň we Mesudyň Jebele häkim bolmagynyň beýany.......................................................... 195
Şemsilmülküň öldürilmeginiň we doganynyň hökümdar bolmagynyň beýany.......................................................... 196
Atabeg Zeňňiniň Damasky gabamagynyň beýany ................ 197
Halypa Müsterşit Billäniň soltan Mesut bilen söweşmäge gitmeginiň we ýeňlip yzyna gaýdyp gelmeginiň beýany........... 198
Halypa Müsterşit Billäniň öldürilmeginiň we Reşit Billäniň halypa bolmagynyň beýany ................................................. 200
Soltan Sanjaryň Gazna gitmeginiň we ondan dolanmagynyň beýany................................................................... 201
**530-njy hijri ýyly**
Halypa Reşit Billä bilen soltan Mesudyň esgerleriniň arasyndaky söweşiň beýany ................................................... 202
Töwerekdäki şäherleriň häkimleriniň we emirleriniň Mesuda garşy söweşmek üçin Bagdada ýygnanyşmaklarynyň we soltana garşy çykmaklarynyň beýany ......................................... 203
Atabegiň esgerleriniň haçlylaryň golastyndaky şäherlere eden gazawatlarynyň beýany ................................................... 304
Soltan Mesudyň Yraga barmagynyň, häkimleriň we emirleriň dagamagynyň, Reşit Billäniň Mosula gitmeginiň we boşadylmagynyň beýany.......................................................... 205
**531-nji hijri ýyly**
Esgerleriň soltan Mesudyň ýanyndan gitmekleriniň beýany................................................................... 206
Zeňňiniň Humus şäherini gabamagynyň beýany.................. 207

**532-nji hijri ýyly**
Atabeg Zeňňiniň Humusa we Damaska degişli käbir ýerleri eýelemeginiň beýany ........ 208
Soltan Mesut bilen mälik Dawudyň we ýanyndaky emirleriň arasynda ýüze çykan söweşiň beýany ........ 209
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 210
**533-nji hijri ýyly**
Soltan Sanjar bilen Horezm şasynyň arasyndaky söweşiň beýany ........ 211
Damask häkimi Mahmydyň öldürilmeginiň we dogany Muhammediň Damaska häkim bolmagynyň beýany ........ 212
Zeňňiniň Baalbege eýe bolmagynyň beýany ........ 212
Gara Sunguryň Pars sebitini eýelemeginiň we yzyna gaýtmagynyň beýany ........ 213
**534-nji hijri ýyly**
Atabeg Zeňňiniň Damasky gabamagynyň beýany ........ 214
Zeňňiniň Şährizury we onuň daş-töweregini eýelemeginiň beýany ........ 216
**535-nji hijri ýyly**
Çardanygyň Yraga gitmeginiň we ol ýerdäki eden işleriniň beýany ........ 217
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 218
**536-njy hijri ýyly**
Soltan Sanjaryň hytaý türklerinden ýeňilmeginiň we hytaýlaryň Mawerannahra eýe bolmaklarynyň beýany ........ 218
Horezmşanyň horasandaky amala aşyran işleriniň beýany ... 225
**537-nji hijri ýyly**
Atabeg Zeňňiniň Eşep galasy bilen Hakkary sebitindäki beýleki galalary eýelemeginiň beýany ........ 227

**538-nji hijri ýyly**
Atabeg Zeňňi bilen soltan Mesudyň ylalaşyk gazanmaklarynyň beýany .......... 227
Atabegiň Diýarbekiriň bir bölegini eýelemeginiň beýany .... 228
Sanjaryň Horezmi gabamagynyň we Horezmşa bilen ylalaşmagynyň beýany .......... 228
Bu ýylda bolup geçen wakalar .......... 229
**539-njy hijri ýyly**
Urfa bilen haçlylaryň elinde bolan Jeziredäki beýleki şäherleriň eýelenmeginiň beýany .......... 229
Bu ýylda bolup geçen wakalar .......... 230
**540-njy hijri ýyly**
Boz Aba bilen Abbasyň soltana garşy birleşmekleriniň beýany .......... 231
**541-nji hijri ýyly**
Atabeg Ymadeddiniň öldürilmeginiň beýany .......... 232
Zeňňiniň iki oglunyň — Seýfeddin Gazy bilen Nureddin Mahmydyň atabegligiň başyna geçmeginiň beýany .......... 233
Abdyrahman Togaýüregiň we Reý häkimi Apbasyň öldürilmeginiň beýany .......... 234
Bu ýylda bolup geçen wakalar .......... 235
**542-nji hijri ýyly**
Boz Abanyň öldürilmeginiň beýany .......... 235
Nureddin Mahmyt ibn Zeňňiniň haçlylaryň elindäki birnäçe ýeri eýelemeginiň beýany .......... 236
Hilläniň Aly ibn Dubeýsden alynmagynyň we Alynyň Hillä ýene-de gaýdyp barmagynyň beýany .......... 236
**543-nji hijri ýyly**
Ýewropalylaryň Damasky gabamagynyň we Seýfeddin Gazy ibn Zeňňiniň eden işleriniň beýany .......... 237

Soltan Mesut bilen bir emir toparynyň arasyndaky düşünişmezligiň beýany ........ 238
Haçlylaryň Ýagrada ýeňilmekleriniň beýany ........ 239
Gurlularyň Gaznany eýelemeginiň beýany ........ 239
**544-nji hijri ýyly**
Seýfeddin Gazynyň ölüminiň we dogany Kutbeddiniň atabegligiň başyna geçmeginiň beýany ........ 239
Nureddiniň Sanjary eýelemeginiň beýany ........ 240
Antakyýanyň hökümdarynyň öldürilmeginiň we haçlylaryň derbi-dagyn edilmeginiň beýany ........ 240
**545-nji hijri ýyly**
Efamyýe galasynyň eýelenmeginiň beýany ........ 241
Gur hökümdarynyň Hyraty eýelemeginiň beýany ........ 242
**546-njy hijri ýyly**
Nureddiniň Žoskelinden ýeňilmeginiň we Žoskeliniň ýesir düşmeginiň beýany ........ 242
**547-nji hijri ýyly**
Soltan Mesudyň ölümi we Mälik şa Muhammet ibn Mahmydyň hökümdar bolmagynyň beýany ........ 243
Haçlylar bilen Nureddin Mahmydyň arasyndaky söweşiň beýany ........ 245
Soltan Sanjar bilen gurlularyň arasyndaky söweşiň beýany . 256
Gurly Gyýaseddin bilen Şyhabeddiniň hökümdar bolmagynyň beýany ........ 246
Gyýaseddiniň Gaznany we töweregindäki şäherleri eýelemeginiň beýany ........ 247
Şyhabeddiniň Lahory eýelemeginiň beýany ........ 248
Söbüktegin (gaznaly) döwletiniň ýykylyşynyň beýany ........ 248
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 249

**548-nji hijri ýyly**
Soltan Sanjaryň oguzlardan ýeňilmeginiň we Horasana hem-de töweregindäki etraplara talaň salmagynyň beýany................ 249
Mueýýidiň Nyşapury we beýleki ýerleri eýelemeginiň beýany.................................................................................. 251
Ynanç begiň Reýi eýelemeginiň beýany .............................. 252
Gaznanyň soltany Bähram şanyň ölüminiň beýany .............. 252
**549-njy hijri ýyly**
Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................. 252
**550-nji hijri ýyly**
Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................. 253
**551-nji hijri ýyly**
Horezmşa Atsyzyň we beýleki käbir hökümdarlaryň ölüminiň beýany.................................................................................. 253
Soltan Sanjaryň oguzlaryň elinden gaçmagynyň beýany...... 254
Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................. 255
**552-nji hijri ýyly**
Jeziret ibn Omaryň häkimi Dubeýsiň ölümi we Kutbeddin Mewdudyň ol ýeri eýelemeginiň beýany.............................. 255
Soltan Sanjaryň wepat bolmagynyň beýany......................... 256
Mueýýit bilen emir Aýtagyň arasynda bolup geçen söweşiň beýany.................................................................................. 257
Mueýýit bilen Sungur Ezeziniň arasyndaky bolup geçen söweşiň beýany ........................................................................ 257
Nureddin Mahmydyň Baalbegi eýelemegimiň beýany ......... 258
Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................. 258
**553-nji hijri ýyly**
Sungur bilen Ärguşyň arasyndaky söweşiň beýany ............. 259
Oguzlaryň Horasanda täzeden pitne turuzmagynyň beýany . 260

Mueýýit Aý Abanyň ýesir düşmeginiň we halas bolmagynyň beýany ........ 262
Türkmenler bilen ysmaýylylaryň arasynda Horasanda bolan söweşiň beýany ........ 263
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 263
**554-nji hijri ýyly**
Sungur Hemedanynyň Lyhafa gaýdyp gelmeginiň we ýeňilmeginiň beýany ........ 264
Mälik Muhammet ibn Mahmyt ibn Muhammet ibn Mälik şanyň wepat bolmagybyň beýany ........ 265
Harranyň alynmagynyň we Nureddiniň Harrany yzyna gaýdyp almagynyň beýany ........ 266
**555-nji hijri ýyly**
Süleýman şanyň Hemedana ýörişiniň beýany ........ 267
Horezm esgerleri bilen baraziýýe türkleriniň arasyndaky söweşiň beýany ........ 267
Mazendaran şasy bilen Ýagmyr hanyň arasyndaky söweşiň beýany ........ 268
Gazna hökümdary Hysrow şanyň wepat bolup, ýerine oglunyň geçmeginiň beýany ........ 269
Aýtak bilen Bugra teginiň arasyndaky söweşiň beýany ........ 269
Mälik şa ibn Mahmydyň wepat bolmagynyň beýany ........ 269
**556-njy hijri ýyly**
Emir Türşegiň öldürilmeginiň beýany ........ 270
Süleýman şanyň öldürilmeginiň we Arslanyň adyna hutba okalmagynyň beýany ........ 271
Soltan Mahmydyň agdarylyp, Tusuň we beýleki ýerleriň talanmagynyň beýany ........ 272
Bu ýylda bolup geçen wakalar ........ 273

**557-nji hijri ýyly**
Mueýýit Aý Abanyň Tusy eýelemeginiň beýany .................. 273
Nureddin Zeňňiniň Harymy gabamagynyň beýany............... 274
**558-nji hijri ýyly**
Mueýýidiň Kumysy we onuň töwereklerini eýelemeginiň we Horasanda soltan Arslana hutba okadylmagynyň beýany..... 274
Oguzlaryň gur hökümdaryny öldürmeginiň beýany.............. 275
Nureddin Mahmydyň ýewropalylardan ýeňilmeginiň beýany.................................................................................. 276
**559-njy hijri ýyly**
Şirkuh bilen Nureddiniň esgerleriniň Müsür diýaryna gitmeginiň beýany........................................................................ 276
Nureddiniň ýewropalylardan Banýas galasyny basyp almagynyň beýany........................................................................ 276
Türkmenleriň Gaznany Mälik şadan almagynyň we ýene-de yzyna gaýdyp bermeginiň beýany ...................................... 277
Sunguryň Talikany we Garşystany eýelemeginiň beýany..... 277
Hyrat hökümdarynyň öldürilmeginiň beýany....................... 277
Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................. 278
**560-njy hijri ýyly**
Mazendaranyň şasynyň ölüminiň we ýerine oglunyň geçmeginiň beýany ............................................................ 278
Mueýýidiň Nusaýy gabamagynyň we yzyna gitmeginiň beýany.................................................................................. 279
Mueýýidiň Hyraty eýelemeginiň beýany ............................. 279
Gylyç Arslan bilen Ibn Danyşmendiň arasyndaky söweşiň beýany.................................................................................. 280
Nureddin bilen Gylyç Arslanyň arasynda bolup geçen wakalaryň beýany........................................................................ 280

**561-nji hijri ýyly**
Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................. 280
**562-nji hijri ýyly**
Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................. 281
**563-nji hijri ýyly**
Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................. 281
**564-nji hijri ýyly**
Nureddiniň Jaber galasyny eýelemeginiň beýany ................. 282
Esededdiniň Müsüre häkim bolmagynyň we onuň öldürilmeginiň beýany.......................................................................... 282
Salaheddiniň Müsüre häkim bolmagynyň beýany................. 282
Ildeňziň Reýi eýelemeginiň beýany ...................................... 284
Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................. 284
**565-nji hijri ýyly**
Nureddiniň esgerleriniň gazasynyň beýany........................... 284
Kutbeddin Mewdut ibn Zeňňiniň ölüminiň we ýerine ogly Seýfeddin Gazynyň geçmeginiň beýany ..................................... 285
Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................. 285
**566-njy hijri ýyly**
Nureddiniň Mosuly eýelemeginiň we ol ýeri ýene Seýfeddin Gaza bermeginiň beýany ..................................................... 286
Salaheddiniň ýewropalylar bilen söweşiniň we Eýle şäherini basyp almagynyň beýany..................................................... 286
**567-nji hijri ýyly**
Müsürde apbaslylaryň adyna hutba okalmagynyň we fatymyşaýy döwletiniň ýykylmagynyň beýany ................................ 287
Hytaýlylaryň Jeýhundan geçmekleriniň we Horezmşa bilen aralarynda bolan söweşiň beýany ......................................... 287
Bu ýylda bolup geçen wakalar............................................. 288

**568-nji hijri ýyly**

Horezmşa Arslanyň wepat bolup, häkimliginiň onuň ogly Soltanşa, soň beýleki ogly Tekeşe geçmeginiň we Mueýýidiň öldürilip, ýerine onuň oglunyň tagta geçmeginiň beýany ........ 288

Ildeňiziň wepat bolmagynyň beýany ................................... 289

Salaheddiniň Müsürden çykyp, Kerege gitmeginiň we yzyna dolanmagynyň beýany ........................................................ 289

Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 290

**569-njy hijri ýyly**

Nureddin Mahmyt ibn Zeňňiniň wepat bolmagynyň beýany..................................................................................... 290

Nureddiniň ogly Mälik Salyhyň hökümdar bolmagynyň beýany..................................................................................... 291

Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 291

**570-nji hijri ýyly**

Salaheddiniň Damasky eýelemeginiň beýany ....................... 292

Seýfeddiniň dogany Ymadeddini Sanjarda gabamagynyň beýany .......................................................................................... 292

Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 294

**571-nji hijri ýyly**

Seýfeddiniň Salaheddinden ýeňilmeginiň beýany................. 294

**572-nji hijri ýyly**

Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 295

**573-nji hijri ýyly**

Salaheddiniň Ramlada ýeňilmeginiň beýany ........................ 296

Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 297

**574-nji hijri ýyly**

Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 297

**575-nji hijri ýyly**
Salaheddiniň esgerleri bilen Gylyç Arslanyň esgerleriniň arasyndaky söweşiň beýany.......... 297
**576-njy hijri ýyly**
Mosul häkimi Seýfeddiniň ölüminiň we ýerine dogany Yzzeddiniň geçmeginiň beýany.......... 298
Salaheddiniň Gylyç Arslanyň üstüne söweşe gitmeginiň beýany.......... 298
Bu ýylda bolup geçen wakalar.......... 299
**577-nji hijri ýyly**
Salaheddiniň Şamdaky Kerege söweşe gitmeginiň beýany .. 299
Mardin häkiminiň Bira galasyny gabamagynyň we galanyň eýesiniň Salaheddin bilen birleşmeginiň beýany.......... 300
Bu ýylda bolup geçen wakalar.......... 300
**578-nji hijri ýyly**
Salaheddiniň Şama gitmeginiň beýany.......... 301
Salaheddiniň Gawra we beýleki ýewropa şäherlerine çozmagynyň beýany.......... 301
Salaheddiniň Mosuly gabamagynyň beýany.......... 302
Salaheddiniň Sanjary eýelemeginiň beýany.......... 303
Bu ýylda bolup geçen wakalar.......... 303
**579-njy hijri ýyly**
Salaheddiniň Amydy eýeläp, ony Hysny Keýfa häkimine bermeginiň beýany.......... 303
Salaheddiniň Halaby eýelemeginiň beýany.......... 304
Baýsan söweşi.......... 304
Bu ýylda bolup geçen wakalar.......... 305
**580-nji hijri ýyly**
Salaheddiniň Kerege ýöriş etmeginiň beýany.......... 305

Mardin häkiminiň wepat bolup, ýerine oglunyň geçmeginiň beýany.......................................................................... 306
Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 306
**581-nji hijri ýyly**
Salaheddiniň Maýýafarykyny eýelemeginiň beýany............ 306
Jezirede we Mosulda türkmenler bilen kürtleriň arasynda ýüze çykan wakalaryň beýany...................................................... 307
Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 308
**582-nji hijri ýyly**
Pälwanyň wepat bolmagynyň we dogany Gyzylyň hökümdarlygynyň beýany........................................................... 308
Siriýada ýewropalylaryň arasynda ýüze çykan düşünişmezligiň we Trablus grafynyň Salaheddiniň tarapyna geçmeginiň beýany ........................................................................................ 309
Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 309
**583-nji hijri ýyly**
Salaheddiniň Keregi gabamagynyň beýany ......................... 309
Akka şäheriniň talanmagynyň beýany.................................. 310
Salaheddiniň Tabaryýany basyp almagynyň beýany............ 310
Kudusyň haçlylaryň elinden eýelenmeginiň beýany............ 311
Soltan Togrulyň Gyzyldan üstün çykmagynyň beýany......... 317
Hindistandaky Sereşti şäheriniň we beýleki ýerleriň basylyp alynmagynyň we musulmanlaryň ýeňilmeginiň beýany ....... 317
Bu ýylda bolup geçen wakalar.............................................. 318

# Ibn Esir

# KÄMIL TARYH

## II jilt

**Teh redaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Korrektor G. Mämmedowa**

Çap etmäge rugsat edildi 03.01.2005 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 21,5.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 2 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №_____.
A-21501

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.